# ÝeHHG
Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy
**ÝeHHG-niň Aşgabatdaky merkezi**


# KANUNÇYKARYJYLYK TEHNIKASY

## OKUW GOLLANMASY

Aşgabat-2011ý.

© 2011ý., ÝeHHG-niň Aşgabatdaky merkezi

TDNG №93
“Gündogar ýyldyzy” çaphanada neşir edildi.
Tiraž 350. Dekabr 2011.

Bu okuw gollanmasy ÝeHHG-niň Aşgabatdaky merkeziniň tabşyrygy boýunça şu aşakdaky awtorlar tarapyndan taýyarlandy:

**Çuhwiçew Daniil Wiktorowiç,** Intellektual eýeçiligiň Russiýa döwlet akademiýasynyň hukuk nazaryýeti we jemagat-hukuk dersleri kafedrasynyň professory

**Aşyrow Begenç Saparmämmedowiç,** ÝeHHG-niň Aşgabatdaky merkeziniň hukuk meseleleri boýunça milli geňeşçisi

**Jogapkärçiligi çäklendirmek barada beýannama:**
Şu neşiriň awtorlarynyň pikirleri ÝeHHG-niň Aşgabatdaky merkeziniň resmi garaýşyny suratlandyrmaýar.

**MAZMUNY**

GIRIŞ………………………………………………………………………………..

1 BAP. KANUNÇYLYGYŇ DÜŞÜNJESI, ÄHMIÝETI WE ELEMENTLERI

1.1. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň düşünjesi ………………………………………...
1.2. Kanunçylygyň düşünjesi we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny hukuk taýdan kadalaşdyrylmagynda onuň ähmiýeti ......................................................................
1.3. Kanunçylygyň gurluşy. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň toparlara bölünişi....
1.4. Kanunçylyk ulgamyndaky kanunlar. Kanunlaryň görnüşleri we formalary…
1.5. Kanuna tabyn kadalaşdyryjy hukuk namalar.............................................................
2 BAP. KANUNDÖREDIJILIK IŞI: UMUMY HÄSIÝETI

2.1. Kanundöredijilik işiniň düşünjesi we düýp mazmuny..............................................
2.2. Kanunçykaryjylyk işiniň esasy ýörelgeleri................................................................
3 BAP. KANUNDÖREDIJILIKLI AŇ ÝETIRMEKLIK

3.1. Kanundöredijilikli aň ýetirmekligiň düşünjesi we ähmiýeti………………………..
3.2. Kanundöredijilikli aň ýetirmekligiň tapgyrlary we usulýeti………………………
4 BAP. KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMALARYŇ TAÝÝARLANYLYŞY WE KABUL EDILIŞI. (KANYNÇYLYK IŞI)

4.1. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taýýarlanyşy……………………………………..
4.2. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň kabul edilmegi we olaryň hukuk güýjüne eýe bolmagy........
4.3. Kanun asty kadalaşdyryjy hukuk namalary taýýarlamak we kabul etmek işiniň aýratynlyklary.............................................................................................................................

5 BAP. KANUNDÖREDIJILIGIŇ NETIJELERINI SELJERMEK WE OLARA BAHA BERMEK

5.1. Kanundöredijiligiň netijelerine baha bermekligiň düşünjesi we ähmiýeti......................
5.2. Döredilen kadalaşdyryjy hukuk nama bolan talabyna we ýerine ýetirijiligine baha bermek.........................................................................................................................
5.3. Täze döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň hukuk häsiýetini seljermek....................
5.4. Kanunçylyk ulgamynda täze namanyň ornuny öwrenmek. Döredilen namanyň tehniki häsiýetnamalaryny seljermek..........................................................................................

6 BAP. KANUNDÖREDIJILIK IŞINE TÄSIR EDÝÄN ÝAGDAÝLAR

6.1.Kanundöredijilikde raýatlaryň gatnaşmagy.........................................................................
6.2.Kanundöredijilige maglumat taýdan täsir etmek………………………………………...

7 BAP. KANUNYŇ LOGIKASY, ÝAZYLYŞ USULY WE DILI

7.1. Kanunyň logikasyna bildirilýän talaplar……………………………………………….
7.2. Kanunyň ýazylyş usulyna bildirilýän talaplap…………………………………………
7.3. Kanunyň diline bildirilýän talaplar…………………………………………………...

8 BAP. KANUNDÖREDIJILIGIŇ TEHNIKI DÜZGÜNLERI

8.1. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň gurluşy………………………………………………

8.2. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň manylaýyn ulgamy (mazmuny)…………………………
8.3. Hukuk kadalaryň düzgünlerini kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddalarynda beýan etmegiň usullary we tärleri…………………………………………………………………………….
8.4. Kadalaşdyryjy hukuk namalarda salgylanmalary resmileşdirmegiň düzgünleri……………..
8.5. Kadalaşdyryjy hukuk namalara üýtgetmeleri girizmegiň düzgünleri we kadalaşdyryjy hukuk namalary ýatyrmagyň düzgünleri…………………………………………………………..

9 BAP. KODIFIKASIÝA GEÇIRMEKLIGIŇ USULYÝETI

9.1. Kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň düşünjesi, ähmiýeti we görnüşleri………………
9.2. Kodifikasiýanyň düşünjesi we ähmiýeti……………………………………………………
9.3. Kodifikasiýa geçirmekligiň ýörelgeleri………………………………………………….
9.4. Kodifikasiýa geçirmekligiň esasy tapgyrlary…………………………………………….
9.5. Kanunçylygyň kodifikasiýasyny geçirmekligiň esasy tärleri we usullary. Kodifikasiýanyň görnüşleri…………………………………………………………………………
9.6. Häzirki döwrüň dürli hukuk ulgamlarynda ulanylýan kodifikasiýanyň esasy usulyýetlerindäki tapawutlyklar…………………………………………………………..
9.7. Kodifikasiýanyň netijeleriniň aýratynlyklary. Kodifikasiýa bilen baglanyşykly esasy tehniki meseleler……………………………………………………………………………..

NETIJE..........................................................................................................................

## GIRIŞ

Ýurtda 2007-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan başlanan we yzygiderli durmuşa geçirilýän hemmetaraplaýyn özgertmeler syýasaty, Türkmenistanyň durmuşynyň ähli ugurlarynyň täzelenişlerine güýçli itergi berdi we Türkmenisanyň häzirkizaman we özbaşdak döwlet hökmünde köp babatda ösüşini kesgitleýän düýpli özgerişleriň başyny başlady. Şu babatda, göz öňünde tutulan ähli meýilnamalaryň we reformirlemegiň maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegini ygtybarly üpjün edilmegine çagyrýan milli kanunçylygynyň hukuk esaslarynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi, Türkmen döwletiniň we jemgyýetiniň üstünlikli yzygiderli ösüşiniň we berkemeginiň esasy faktorlarynyň biri bolup durýar. Şeýlelikde, dünýäniň iň gowy ülňelerine we özüni gowy tarapdan görkezen daşary ýurt tejribesine laýyk gelmeli kanundöredijilik işiniň hiline bolan talaplar hem ösýär.

Dürli ýurtlardaky kanundöredijiligiň we kanun ulanmalaryň tejribesini öwrenip, kanundöredijilik işiniň gatnaşyjylary tarapyndan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamyny döretmek we kämilleşdirmek işine bildirilýän belli talaplarynyň ulgamyny ele alynmagy, kanunçylygy netijeli kämilleşdirmekligiň iň wajyp şertleriniň biri diýlen netijä gelip bolar. Bu talaplar ýörelgeleriň, tärleriň we usullaryň ýeke-täk ulgamy hökmünde **kanunçykaryjylyk tehnikasy** diýlip atlandyrylýan bilimler pudagynda amala aşyrylýar.

*Bu gollanmanyň esasy maksady geljekki hukukçylara, şeýle-de kanunçylyk ulgamynyň döredilmegi barada doly we ulgamlaýyn bilimlere, hukuk kadalarynyň talaplarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda görkezmekligiň tärleriniň we usullarynyň çylşyrymly bilimlerini ele almakda mümkin bolan kömege mätäç beýleki adamlara, öz hünär kämilliginiň derejesini ýokarlandyrmaga kanundöredijilik işine potensial gatnaşyjylaryna mümkinçilik bermeklik, onuň ýeke-täk ylmy esasyny düzmeklik bolup durýar.*

Kanundöredijilik we kanunçykaryjylyk tehnikasy bilen meşgullanýan daşary ýurtly hukukçy-alymlaryň işleri şu gollanmanyň ylmy esasy boldular. Kanundöredijilik işini kadalaşdyrýan Türkmenistanyň käbir kadalaşdyryjy hukuk namalary hem gollanmada göz öňünde tutuldy.

Kanunçykaryjylyk tehnikasyny gönüden-göni öwrenmäge başlamazdan öň, onuň nämedigini göz öňüne getirmek üçin ony öňünden kesgitlemek hökmandyr.

Ylym hökmünde kanunçykaryjylyk tehnikasy – bu ***kanunlary we kanunasty namalary döretmekligiň tärleri, düzgünleri, usullary, kadalary we ýörelgeleri baradaky bilimleriň ulgamy we olaryň ulgamlaşdyrylmagydyr***. Hukuk bilimleriniň ulgamynda kanunçykaryjylyk tehnikasy örän wajyp orun tutýar we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalaşdyryjy mehanizmi hökmünde kanunçylyk ulgamynyň düýp mazmunyny we funksional wezipesini häsiýetlendirýär.

“Kanunçykaryjylyk tehnikasy” diýen düşünjä köp kesgitlemeler berip bolar. Bu dürlüligi alymlaryň kanynçylygyň düýp esasyny, hukuk kadalaşdyrmany amala aşyrmakda onuň ähmiýetini, şahsyýetiň özüni alyp barşynda we umuman jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kanuny täsiriniň manysyny we görnüşlerini dürliçe aň ýetirýändikleri bilen düşündirip bolar. Emma, kanunçykaryjylyk tehnika düşünjesi usulyýet hökmünde öwrenmekde biz üçin uly ähmiýeti bardyr.

**Kanunçykaryjylyk tehnikasyny kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamyny döretmekligiň we üýtgetmekligiň tärleriniň, düzgünleriniň, usullarynyň we ýörelgeleriniň ulgamy** hökmünde kesgitläp bolar. Bu giň kesgitleme kanunçykaryjylyk ulgamynyň emele getirmekligiň bütin prosesini kanunçykaryjylyk tehnikasy düşünjesine goşmaklyga mümkinçilik berýär: kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň kesgitleniş usullary we olaryň tekst görnüşinde beýany, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taslamalarynyň işläp taýýarlamaklyk prosesi, olary kabul etmekligiň tertibi, olary kämilleşdirmekligiň ýollary, olary öz aralarynda laýyklyga getirýän usulyýeti we olaryň ulgamlaşdyrylmagy, kanunçykaryjylyk prosesine täsir edýän sosial faktorlar we beýlekiler. Şeýle ulgamlaýyn garaýyş jemgyýetiň hukuk ulgamynyň aýrylmaz düzüm bölegi bolup durýan kanundöredijiligi, jemgyýetçilik gatnaşyklary bir ýeke-täk özara bagly we özara şertli bölekleriň kanunçylyk kadalaşdyrylmagyny öwrenmäge mümkinçilik

berýär. Bu kanunlary we kanunasty namalary döretmekligiň tehnologiýasynyň ähli ýagdaýlaryny hasaba almaklyga, bu prosese täsir edýän ýagdaýlaryň hiç birini ünsden çykarmazlyga mümkinçilik berýär we ylmy barlaglaryň dolulygynyň we ygtybarlylygynyň we şu barlaglaryň esasynda gelnen netijeleriň dogrudygynyň kepilidir.

**Kanunçykaryjylyk tehnikasyna kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň maddalarynda hukuk kadasynyň görkezmesiniň manysyny beýan etmekligiň tärleriniň we usullarynyň ulgamy** hökmünde başgaça, dar kesgitlemesini bermek hem bolar. Şeýle kesgitleme kanunçykaryjylyk tehnikasyna diňe anyk kadalaşdyryjy hukuk namasynyň emele getirmeklik usulyýetini, onuň gurluşyny, onuň tekstiniň awtorlarynyň işine täsir edýän ýagdaýlar bilen gatnaşyklardan daşary beýanyny degişli edýär. Bu garaýyş anyk kadalaşdyryjy hukuk namasyny kesgitlemegiň tehnikasyny has jikme-jik öwrenmäge, kanunçylygyň anyk namasynyň dörewdilişini öwrenmäge mümkinçilik berýär, emma, kanundöredijiligiň bütin prosesini toplumda öwrenmäge mümkinçilik berenok, kanunçylygyň ulgamlylygyna üns berenok, kanun çykaryjynyň işine täsir edýän ýagdaýlary öwrenilýän meseleleriň arasyndan aýyrýar. Bölekleri özbaşdak bolup we hereket edip bilmeýän işi diňe kanunçylygyň ýeke-täk ulgamyny emele getirmekligiň çylşyrymly ulgamynyň düzüm bölegi bolup durýan kanundöredijilik işine gatnaşyjysynyň işiniň kämilleşdirilmegine kanunçykaryjylyk tehnikasynyň dar kesgitlemesi, dar garaýşy laýyk gelmeýän bolup görünýär.

**Kanundöredijilik** ýaly döredijilik, oýlanyşykly we sosial taýdan ähmiýetli işiň aýratyn görnüşi, kanunçykaryjylyk tehnikanyň durmuşa ukyplylyk çägi üçin teklip edýän usullaryň ulgamy, usulyýet ýaly kanunçykaryjylyk tehnika täsir edýän esasy predmetidir.

Kanundöredijiligi **hukuk kadalarynyň daşky görnüşinde we kadalaşdyryjy hukuk namalarynda formal taýdan berkidilmeginde aňladylýan kanunçylyk ulgamyny emele getirmekligiň işi hökmünde kesgitläp bolar.** Bu iş **kanundöredijilik aň ýetirmekligi, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň döredilmegi we ulgamlaşdyrylmagy (kanunçykaryjylyk işi) we bu namalaryň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsiriniň netijelerini öwrenmekligi** öz içine alýar.

Kanundöredijilik (islendik beýleki döredijilik işi ýaly) kanunçykaryjylyk tehnika ylmynyň öwrenýän onuň esasy üç böleginiň organiki bitewiligi hökmünde häsiýetlendirilýär:

*aň ýetirme* – hukuk kadalaşdyrylyşyň esasynda ýerleşen obýektiw sosial zerurlyga aň ýetirmeklik, kadalaşdyryjy hukuk kadalaşdyrylyşyň maksady bolmaly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň özüni alyp barmaklygyň jemgyýetçilik zerur görnüşine düşünmek, kanunçylykda öz beýanyny tapmaly hukuk kadasynyň esasyny aýdyňlaşdyrmakdyr;

*iş* - kanunçykaryjylyk prosesi, kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp taýyarlamak, olary kabul etmek, üýtgetmek we ulgamlaşdyrmak boýunça düzgünler ulgamy, şeýle-de ol düzgünler bilen baglanyşykly gatnaşyklar;

*netijeleriň seljermesi* – ugrukdyryjy mümkinçiliklerine we işlenilip taýýarlanylan kanunçylygyň ähmiýetine baha bermek, obýektiw sosial zerurlyk nukdaýnazardan onuň netijeleriniň seljermesi.[1]

Bu üç bölek özleriniň dialektik özara geçişlerinde kanundöredijiligiň diýseň gutarnykly we logiki taýdan bütewi döwüri emele getirýär. Obýektiw hereket edýän hukuk kadalarynyň, jemgyýetde bolup geçýän prosesleriň kanunçylykda barabar şöhlelendirmek üçin bu prosesleri ugrukdyrýan obýektiw kanuna laýyklyklary yzygiderli tapmak, öwrenmek we amatly ulanmak gerek. Şol sebäpli ugrukdyryjylyk nukdaýnazardan obýektiw zerurlyga, jemgyýetçilik durmuşy we ösüşi kesgitleýän çylşyrymly şertlere, faktorlara we ýagdaýlara aň ýetirmeklik netijeli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamyny doretmek üçin zerurdyr we şol sebäpli hukuk kadalaşdyrylmagyna degişli bolýar. Bu aň ýetiriş hukuk kadalaşdyrmanyň maksadyny bellemekligi, döredilmeli kadalaşdyryjy hukuk namanyň manysyny kesgitlemekligi öz içine alýar. Şu tapgyrda hukuk kadasynyň düýp esasyna, hukuk görkezmeleriniň manysyna aň ýetirilýär we olara düşünilýär.

---

[1] Ser. Керимов. Д.А. Законодательная техника. М., 2000. sah.9.

Aň ýetirmeklikden soň, onuň logiki dowamy bolan iş gelýär. Aň ýetirmeklikden işe geçmeklik kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bilimleriň köp zähmeti talap edýän, köpbasgançakly ýaýbaňlandyrmaklygy we anyklaşdyrmaklygy göz öňünde tutýar. Öz gezeginde birnäçe döwürlere bölünýän kanuny (ýa-da kanunasty namany) işläp taýýarlamaklygyň tapgyry başlaýar. Kadalaşdyryjy hukuk nama kanun döredijilik işiniň netijesi, onuň gutarnykly önümi bolýar.

Kanunçylyk namalaryny işläp taýýarlamaklyk işiniň netijelerine baha bermeklik we onuň seljermesi, kanun döredijilik işiniň netijeleriniň kanunçykaryjylaryň maksatlaryna laýyklygyny (ýa-da laýyk däldigini) kesgitlemeklik kanundöredijiligiň soňky döwri bolup durýar.

Kanunçykaryjylyk tehnikasy obýektiw görnüşde - döwlet häkimiýet edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalary - jemgyýetçilik durmuşynyň we ösüşiniň obýektiw zerurlygynyň beýany bolan abstrakt hereket edýän hukuk kadasy görnüşinde usulyýetiň beýanydyr.

Gurluşy boýnça kanunçykaryjylyk tehnikasy 3 kiçi ulgamy öz içine alýar:

- **aň ýetirmekligiň kanundöredijilik tehnikasy** – döwlet we hukuk nazaryýeti we hukuk filosofiýasy ýaly umumynazaryýet hukuk ylymlary bilen has baglanyşykly, hukuk kadalaşdyrmaklygyň esasynda ýatan obýektiw sosial zerurlygyna aň ýetirilmeginiň usulyýeti, kadalaşdyryjy hukuk namalar ulgamynyň, onuň kämilleşdirmeklik mümkinçilikleriniň, ugurlarynyň we görnüşleriniň kämil däldigininiň faktlaryny kesgitlemeklik;
- **kadadöredijilik tehnikasy** – anyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp taýýarlamak tärleriniň we usullarynyň, olary resmi taýdan kabul etmek we tassyklamak boýunça proseduralar, şeýle-de olary bir bitewi ulgama birleşdirmekligiň (ulgamlaşdyrmaklygyň) ulgamy;
- **kanun döredijiligiň netijelerini seljermek tehnikasy** – ilkibaşdaky maksatlara laýyklygynyň derejesi barada netije çykarmak üçin prosesiň ilkibaşdaky maksatlaryna kanun döredijilik netijeleriniň laýyklygyna baha bermeklik tehnikasy.

Kadadöredijilik tehnikasy olaryň iň möhümidir, ol kanunçykaryjylyk tehnikasynyň many esasy, özenidir. Emma, bu beýleki galan ikisiniň ähmiýetini peseltmeýär, sebäbi ylym hökmünde kanunçykaryjylyk tehnikasy dine şu üç bölegiň ulgamy hökmünde hereket edip biler. Olaryň hersi aýratynlykda bilimler ulgamy hökmünde bolup we hereket edip bilmez.

Usulyýet hökmünde kanunçykaryjylyk tehnikasy kanundöredijilik prosesini kesgitleýän tärleriň we usullaryň bütin toplumyny öz içine alýar:

- kadalaşdyryjy hukuk namasyny döretmek zerurlygyny kesgitlemek (ýa-da eýýäm hereket edýän kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek);
- sosial durmuşyň we osüşiň esasy talaplar toplumyndan düzülen hukuk kadasynyň formal taýdan beýan edilmeli hakyky manysyny takyk kesgitlemek;
- hukuk görkezmesiniň beýan ediliş we berkidiliş görnüşini we usulyny kesgitlemek;
- tekstual görnüşde (logiki, stilistiki we dil tärleri) kanunçykaryjynyň isleginiň takyk we adekwat beýany;
- kanun döredijilik işine ähli gatnaşyjylaryň işiniň hukuk häsiýetini üpjün etmeklige gönükdirilen gözegçilik, jemgyýetçilik durmuşyň we jemgyýetçilik ösüşiň hakyky obýektiw talaplarynygörkezmeýän (ol ýa-da beýleki sebäplere görä) döredilýän kanunçylygyň kadalaşdyryjy hukuk, hukuk däl meýyillerini kesgitleýän ýagdaýlaryň içinden kadadan çykmalary;
- kadalaşdyryjy hukuk görkezmeler arkaly kanunçylykda hukuk kadalarynyň mazmunyny düzmek we beýan etmek;
- kadalaşdyryjy hukuk namalaryny düzmek we taýýarlamak, ony mazmun we gurluş taýdan ulgamlaşdyrmak;
- kanun taslamalary (kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taslamalaryny) işläp taýýarlamak, maslahatlaşmak we kabul etmek düzgünleri;

- hukugy durmuşa geçirmekligi ýeňilleşdirmek maksady bilen (anyk ýagdaýlarda) kanunçylygy ulgamlaşdyrmak, kadalaşdyryjy hukuk materialy belli bir tertibe getirmek;
- hereket edýän kanunçylygyň kimter ýerleriniň öwezini dolmaklyk, şeýle-de kadalaşdyryjy hukuk namalaryň arasyndaky kolliziýalary düzetmek;
- kanundöredijiligiň netijelerini öwrenmek, kanundöredijilik işine gatnaşyjylaryň öz iş maksatlaryna ýetmekligiň derejesini kesgitlemek.

Kanunçykaryjylyk tehnikasy hukuk kadalaşdyrmaklyk mehanizminiň işi bilen baglanyşykly ýeke-täk usulyýeti däldir. Munuň bilen baglylykda, öwrenilýän kanunçykaryjylyk tehnikasy we häzirki döwrüň hukuk bilimlerinde köplenç gabat gelýän "hukuk tehnikasy"düşünjesiniň gatnaşygy baradaky soraga seredip geçmeklik derwaýys bolup durýar.

Ilki bilen, häzirki wagtda hukukçy alymlaryň arasynda hukuk tehnikasy babatynda ýeke-täk nukdaýnazaryň ýokdugyny bellemek zerurdyr. Hukuk tehnikasynyň giň manysynyň nazarýetine laýyklykda *"hukuk tehnikasy hukuk işi alyp barmaklygyň tärleriniň we usullarynyň jemi"* diýen konsepsiýasy hukuk ylymlary üçin has gyzykly we wajypdyr.[2] Döretmek, kämilleşdirmek we ulgamlaşdyrmak tärlerinden we usullaryndan daşary, seredip geçilýän konsepsiýanyň tarapdarlary interpretasion (düşündiriş) tehnikasy diýlip atlandyrylýan düşünjäni (kadalaşdyryjy hukuk namalaryny düşündirýän usulyýeti), hukugy durmuşa geçirýän tehnikany (hukuk kadalarynda bar bolan görkezmeleri durmuşa geçirmektärleriniň we usullarynyň ulgamy, mysal üçin, dürli şertnamalary baglaşmak), şeýle hem hukuk ulanmaklyk tehnikasyny (kanuna laýyklykda we kanuny ýerine ýetirmek üçin hukuk gatnaşyklarynyň anyk şahslaryna aýdyň subýektiw hukuklary we borçlary berýän kazyýet edaralary we ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan hukuk ulanyjylyk namalary çykarmaklyk) goşýarlar.[3] Şeýle düşünjede hukuk tehnikasy, iş ýüzünde, döwletiň hukuk ulgamynyň funksional böleginiň esasy bolup çykyş edýär. By usulyýet daşky aňlatmanyň tärlerini we usullaryny we hukuk kadasynyň elementleriniň ýazmaça berkidilmegi bilen bilelikde olaryň durmuşa geçirilmegini hem birleşdirýär. Ony öwrenmeklik bolsa, ilki bilen, öwrenijilerde hukuk kadalaşdyryş ulgamy we onuň aýry-aýry elementleriniň arasyndaky özara baglanyşygy baradaky ýeke-täk we bütewi garaýşy emele getirmekligi özüne maksat edinýär.

Kanunçykaryjylyk tehnikasy bu usulyýet ulgamynda öňdebaryjy ähmiýete eýedir. Hakykatda, interpretasion usulyýeti hem hukugy durmuşa geçirmekwe hukugy ulanmak usulyýeti hem kömekçi elementler hökmünde seredilip bilner, kanunçykaryjylyk tehnikasy adamlaryň özüni alyp barmaklygyň hukuk taýdan kadalaşdyryş mehanizminiň täsirliligini üpjün etmekde has görnüp duran orna eýedir.

---

[2] Кашанина. Т.В. Юридическая техника. М. 2007.sah.80.

[3] Şol ýerde.

# 1 BAP. KANUNÇYLYGYŇ DÜŞÜNJESI, ÄHMIÝETI WE ELEMENTLERI

Kanundöredijiligiň düzgünlerini, ýörelgelerini, tärlerini we usullaryny öwrenmeklige başlamazdan öň, kanunçylyk ulgamynyň – kanundöredijiligiň ahyrky netijesi we kanunçykaryjylaryň hünär işi hökmünde kämilleşdirmekligiň hemişelik predmetiniň nämedigini has jikme-jik öwrenmek zerurdyr. Kanundöredijilik usulyýetini has doly we takyk özleşdirmek üçin esasy ünsi kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň formalarynyň we görnüşleriniň aýratynlyklyklaryna jemläp, olary ulgamda jikme-jik öwrenilmegini we toparlara bölünişini kesgitlemeli we geçirmeli.

## 1.1. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň düşünjesi

Hukugyň funksional wezipesi hukuk ylmynyň aksiomasydyr. Hukuk sosio-medeni fenomen hökmünde jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak, belli-bir ugra gönükdirmek, olara jemgyýetçilik peýdaly ugur bermek üçin niýetlenendir. Hukuk jemgýýetçilik durmuşa, jemgyýetiň agzalaryna özlerini alyp barmaklaryna, jemgyýetçilik bähbitlerini goramak maksady bilen sosial toparlaryň işine, sosial abadançylyk we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösüşine zerur bolan ösüşe ýardam bermeklige täsir edýän mehanizm bolup hyzmat edýär. Hukuk jemgyýetçilik zerurlygyny gazanmaklygyň guraly hökmünde çykyş edýär.

Jemgyýetçilik gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmagy, olaryň gatnaşyjylarynyň özüni alyp baryşlaryna täsir etmekligiň, şeýle özüňi alyp barmaklygy kesgitlemekligiň üsti bilen amala aşyrylýar. Taryhyň görkezişi ýaly, sosial gatnaşyklary we prosesleri kadalaşdyrmak üçin iň netijeli, iň tejribeli we köp ulanylýan kadalaşdyryjy-häkimiýet görkezmeleri ulanmak bilen kadalaşdyryjy düzgünleşdirme bolup durýar. Kadalaşdyryjy düzgünleşdirme belli-bir ýagdaýlarda, adamlaryň özlerini alyp barmaklygyň belli-bir halatynda hemmelere hökmany häsiýeti berýän kadalaryň, düzgünleriň adamlaryň özlerini alyp barmaklygyna täsir etmek üçin ulanmagyny göz öňünde tutýar.

Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak üçin sosial kadalarynyň uly toplumy ulanylýar: hukuk, ahlak, korporatiw, etiki, estetiki, dini, sosio-tehniki we başgalar. Biri-biri bilen gatnaşykda hereket edip, özara gatnaşykda bolup we biri-birini doldurmak bilen, olar kadalaşdyryjy sosial düzgünleşdirmekligiň çylşyrymly mehanizmini emele getirýärler. Kanunçykaryjylyk tehnikasyny öwrenmekligiň çäklerinde bizi has ähmiýetli, esasgoýujy jemgyýetçilik gatnaşyklary, ýagny kadalaşdyryjy sosial düzgünleşdirmekligiň has möhüm mehanizmi hökmünde kadalaşdyrýanlygy sebäpli dine hukuk namalar gyzyklandyrýar. Biziň maksadymyz sosial kadalarynyň hut şu aýratyn görnüşiniň daşky beýanynyň tärleriniň we usullarynyň aýratyn görkezilmegi we öwrenilmegi bolup durýar.

Iň umumy görnüşde hukuk kadalaşdyrmanyň ryçagy hökmünde ***hukuk kadasy jemgyýetiň ähli agzalaryna (ýa-da olaryň belli-bir kategoriýasyna) belli-bir ýagdaýynda olary ygtyýarly we borçly edýän özüňi alyp barmaklygyň jemgyýetçilik durmuşyň we ösüşiniň esasgoýujy bähbitlerini beýan edýän hemmelere hökmany düzgüni hökmünde kesgitlenip bilner, şonuň bilen bu düzgünler jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ýa-da onuň bir tarapyny kadalaşdyrýan we bu maksatlar üçin öz mazmunyny logiki gurluşa salýar.***[4] Hukuk kadalary (beýleki sosial kadalar ýaly) nusgawy we hil taýdan ýokary dürli hereketleriň we jemgyýetçilik gatnaşyklaryň umumylaşdyrmaklygyň prosesinde we netijesinde döredilýär, bu şol jemgyýetiň durmuşy we ösüşi üçin aýratyn ähmiýetlerini görkezmek üçin edilýär.[5]

Emma, obýektiw sosial zerurlygyň görkezilmesi we beýany bolmak bilen, hukuk kadasy öz-özünden jemgyýetçilik gatnaşyklarynyna täsir edip bilmeýär. Eger şeýle aýtmak mümkin bolsa, ol abstrakt bolup, sosial abadançylyga eltýän belli-bir ýagdaýda jemgyýetçilik

---

[4] Ser. meselem. Керимов Д.А. Проблемы общей теории права и государства. Т.1. Социология права. М.2001. sah. 141.

[5] Ser. Лейст. О.А. Сущность права. М.,2002.sah. 20-21.

gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň belli-bir kategoriýasynyň özüňi alyp barmaklygyň nusgasy bolmak bilen hereket edýär. Onuň social kadalaşdyryjysy hökmünde hyzmat etmek üçin, ýagny, adamlaryň özlerini alyp baryşlaryna täsir edýän sosial kadalaşdyryjy bolmak üçin ol daşky formal taýdan beýan edilmegine mätäçdir, ol bolsa döwlet tarapyndan takyk kesgitlenilmegini we resmi taýdan berkidilmegini güman edýär. Hukuk kadasynyň beýan edilmeginiň belli-bir görnüşi zerurdyr, hukuk çeşmesi zerurdyr.

Kadalaşdyryjy hukuk görkezmesiniň daşky beýanynyň usuly bolup hyzmat edip biljek hukugyň dürli çeşmeleriniň bütin toplumy hukuk ylmyna mälimdir. Öz ösüşiniň dowamynda adamzat hukuk kadany kadalaşdyrmak üçin ýaramly görnüşe geçirmek üçin däp-dessurlarynyň döwlet-häkimiýet tarapyndan rugsat berilmegini, we kazyýet presedentini, we ylalaşyklaryň düzgünlerini we dini kadalaryny ulandy. Seýle-de bolsa, ahyr soňunda, ýurtlaryň köpüsinde hukuk kadasyna döwlet tarapyndan belli-bir ygtyýar edilen görnüşini bermek üçin esasy serişde hökmünde kadalaşdyryjy hukuk namalary ulanyp başladylar.

**Kadalaşdyryjy hukuk nama – bu „muňa ygtyýarlygy bolan döwlet edarasy, ýokary wezipeli işgär tarapyndan ýa-da referendum (sala salnyşyklar) arkaly kabul edilen, hukuk kadalarynyň hemmelere hökmany häsiýetini görkezýän, kesgitleýän, üýtgedýän ýa-da ýatyrýan görkezmeleri özünde jemleýän resmi resminamadyr“.**[6] Häzirkizaman dünýäde kadalaşdyryjy hukuk namalar hukuk kadalaryny beýan edýän iň ýaýran görnüşidir. Olaryň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň düýp mazmunyny, hukuk kadalaşdyryş ulgamynda aýratyn ornuny we olary kabul etmek prosesiniň aýratynlygyny kesgitleýän birnäçe häsiýetli aýratynlyklary bardyr:

- olar ygtyýarly döwlet edaralarynyň (ýa-da wezipeli adamlaryň), we käbir ýagdaýlarda bolsa – ýörite ygtyýarly jemgyýetçilik guramalarynyň oýlanşykly maksatlaýyn işiniň netijeleri;
- olar özüňi alyp barmaklygyň umumy hökmany düzgünleriniň daşky beýany we ýazylan görnüşinde berkidilmegi üçin gulluk edýär, kadalaşdyryjy häsiýete eýedir;
- olar aýratyn tertipde kabul edilýär hem-de amala aşyrylýar we durnukly kesgitlenen görnüşe eýedir, onuň netijesinde, kada bolşy ýaly bütewi köpbasgançakly ulgamy emele getirýär (tötänleýin we ulgamlaşdyrylmadyk anglo-sakson hukuk ulgamynda statutlary muňa degişli däldir);
- olar hemişelik (ýa-da uzak wagtlaýyn) ulanylmaga niýetlenendir we hukuk gatnaşyklaryň ähli gatnaşyjylaryna ýa-da olaryň haýsy hem bolsa bir kategoriýasyna (ýöne belli-bir adamlara däl) salgylanýandyr

Filosofiki-hukuk nukdaýnazardan, hukuk kanunçylyga degişliligi boýunça mazmun hökmünde çykyş edýär, kanunçylyk – hukugyň daşky görnüşleriniň biri, onuň daşky beýanynyň we ýazgy görnüşinde berkidilmeginiň usullary hökmünde çykyş edýär. Kadalaşdyryjy hukuk namalar kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň we özüni alyp barmaklygyň umumy hökmany warianty hökmünde olaryň ýazylan görnüşiniň beýanynyň obýektiw daşky beýanynyň görnüşidir. Kanunlar we kanunasty namalar hukuk kadalaşdyrmaklygyň esasynda ýatan obýektiw talaplary beýan etmeklige çagyrylýar we şonuň güýjüne olardaky bar bolan talaplaryň umumy hökmanlylygy güman edilýär. Bu ýerden biz hut kadalaşdyryjy hukuk namanyň funksional wezipesi onuň ähli daşky häsiýetlerini: görnüşini, derejesini, görnüşini, işläp taýýarlamaklygyň, aýratynlyklaryny, kabul etmekligini we kanuny güýjüne girmekligini, kanunçylygyň ulgamynyň beýleki bölekleri bilen gatnaşygyny kesgitleýär.

---

[6] Türkmenistanyň „Kadalaşdyryjy hukuk namalar barada“ Kanuny (täze neşiri), Madda.1.№ 31-III, 7-nji mart, 2005-nji ýyl, (Türkmenistanyň Mejlisiniň Habarlary, 2005-nji ýyl, № 3-4, madda 30.), soňky üýtgetmeler we goçmaçalar bilen.

## 1.2. Kanunçylygyň düşünjesi we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny hukuk kadalaşdyrylmagynda onuň ähmiýeti.

Häzirki zaman dünýäde kadalaşdyryjy hukuk namalar hukugyň has kämil we has işjeň ulanylýan görnüşidir. Olaryň giňden ulanylmagyna, eger şeýdip aýdyp bolsa, meşhurlygyna **olaryň merkezleşdirilen, maksatlaýyn we güýçli depginler bilen jemgyýetçilik gatnaşyklary kadalaşdyrmaklyk üçin olaryň uýgunlaşanlygy,** şeýle-de olara (olaryň kanunçykaryjylyk tehnikasy üçin kesgitleýji orny bardyr) **hukuk gatnaşyklaryň gatnaşyjylarynyň aňyna hukuk görkezmeleriniň manysyna has aýdyň, elýeterli we dolulygyna ýetirmekligiň bolup biljek mümkinçiliginiň goýulmagy ýardam edýar.** Kadalaşdyryjy hukuk namasy hukuk kadasyny beýan etmekligiň adamlar tarapyndan aň ýetirilmegi üçin has laýyk görnüşidir.

Hut kadalaşdyryjy hukuk namalarynda, olary birleşdirýän kanunçylyk ulgamynda jemgyýetde düzülýän gatnaşyklaryň we olaryň toplumlarynyň hukuk kadalaşdyrylyşyna bolan şeýle takyk aýdyňlyk ýaly zerur talabyň has amatly amala aşyrylmagynyň mümkinçiligi ýüze çykýar. Kanunçylygyň üsti bilen kanuny bolmaly we kanuny mümkin bolaýjak özüňi alyp barmaklygy, şeýle-de şeýle özüni alyp barmaklygyň ähli şertlerini, görnüşlerini we netijelerini has takyk we aýdyň berkidip bolar. Kadalaşdyryjy hukuk namalar ulgamy jemgyýetçilik gatnaşyklaryň gatnaşyjylarynyň özüni alyp baryşlary we olaryň kanun taýdan möhüm hereketleriniň netijelerine degişli ähli zatda aňryçäk anyklylygy berkitmekligi mümkin edýär.

Jemgyýetçilik gatnaşyklarynda tertip-düzgüni döretmeklik, olara belli bir ugry bermeklik <u>kanunçylyk ulgamynyň </u>jemgyýetiň durmuşyna we sosial proseslerine täsir etmekligiň netijesinde mümkin bolýar. Ulgamlylyk we köpbasgançaklylyk - kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ugrukdyryjy täsir etmekligiň netijeliliginiň iň wajyp şertleridir.[7]

<u>**Kanunçylyk döwletde hereket edýän özara baglanşykly, özara hereket edýän we özara kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamy**</u> ýaly kesgitläp bolar. Kadalaşdyryjy hukuk namalary döretmek işini we kanunçykaryjy tehnikasynyň esasy düzgünlerini we tärlerini häsiýetlendirenimizde şeýle kesgitlemeden ugur alarys.

Kanunlaryň we kanunasty namalarynyň tekstini beýan etmek üçin esasy tärler, usullar we ýörelgeler meňzeşdir. Kanunçylyk ulgamynda beýan edilen kadalaşdyryjy umumylaşdyrmalaryň kömegi bilen şu aşakdakylar mümkin bolup biler:

- jemgyýetçilik gatnaşyklaryň gatnaşyjylarynyň özüni alyp baryşlaryna bolan obýektiw taýdan zerur talaplaryň düzgünlerini mazmuny boýunça berk kesgitlenen we düşünmek üçin maksimal elýeterli görnüşinde beýan etmek we ýazmaça berkitmek;
- *hukuk kategoriýalarynyň* ulgamyny işläp taýýarlamak – hukuk kadanyň elementlerini, ýörite hukuk adalgalary özünde jemleýan düşünjeler, onuň netijesinde bolsa **hukuk gurluşlar** – funksional taýdan özara baglanşykly hukuk düşünjeleriniň ulgamlary, hukuk kadalaşdyrmaklygyň ulgamynyň esasynda ýatan hukuk pikirleriniň we ýörelgeleriniň başlangyç bölekleri;
- adamlaryň özüni alyp baryşlaryna, jemgyýetçilik gatnaşyklaryna hukuk taýdan täsir edilşine ulgamlaýyn häsiýet bermek, sebäbi kanunçylyk ähli hukuk görnüşlerinden has uly derejede ulgamlaýyndyr, kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň organiki taýdan ýeke-täk kodifisirlenen häsiýetini göz öňünde tutýar.

Kanunçylyk ulgama esaslanýan hukuk serişdeler, kanun çykaryjy hukuk gurluşlar toplumlaýyn, özara baglanşykly, biri-birini dolýan we özara kesgitleýän häsiýete eýe bolýarlar.[8]

Kanunçylyk häzirki zaman jemgyýetde hukuk kadalaryny beýan etmek üçin has laýyk gelýär. Bu häzirki döwürde ösen döwletleriň aglaba köpüsinde kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ýeke-täk

[7] Anglo-sakson hukuk ulgamynda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň–statuslaryň ikinji derejeli ähmiýeti olaryň ulgamlaşdyrylmazlygy, tertipsizligi, çap etmekligiň tötänleýin häsiýeti bilen şertlendirilýär.
[8] Алексеев. С.С. Право на пороге тового тысячилетия. М., 2000. sah.80.

ulgamy hukugyň esasy çeşmesi hökmünde ulanylýandygy baradaky fakt bilen tassyklanylýar.[9] Hukugyň görnüşi (çeşmesi) hökmünde kanunçylygyň artykmaçlyklary olaryň **ulgamlylyk** ýaly häsiýeti bilen düşündirilýär. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň görkezmeleriniň kadalaşdyryjy güýji, hukugyň sosial fenomeniniň esasy wezipesini ýerine ýetirmek üçin olaryň hukukdaky ähmiýeti hut kanunçylykda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýeke-täk ulgamy hökmünde doly derejede ýüze çykýar. Ýokarda beýan edilenlerden ugur alyp, kanunçylygyň beýleki hukuk çeşmelerinden tapawutlylykda şu aşakdaky artykmaçlyklary görkezmek bolýar:

1.**Ýurduň tutuş maştabynda kanunçylygyň bitewiligi we unifisirlemegi.** Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynda özüni alyp barmaklygyň hukuk

ähmiýetli görnüşi saýlananda, hukuk görkezmesiniň kesgitlemesi bilen kynçylyklar ýüze çykmaýar – olaryň ulgamy bir bitewi we ähli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumlaýyn kadalaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Ne tötänleýin we fragmentar emele gelýän hukuk adatlarynyň ulgamy, ne awtorlaryň garaýyşlaryna garaşly bolmadyk hukuk taglymatlary, ne, hususan-da, anyk iş boýunça kazynyň şahsy garaýşy boýunça kesgitlenilýän kazyýet kararyny, ne jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň anyk böleklerini kadalaşdyrýan hukuk şertnamalary, ne dini kadalar – hiç bir beýleki hukuk çeşmesi hukuk kadalaşdyrmanyň bütewiligi üpjün edip bilmeýär. Hukuk görkezmeleriň ulgamlylygy – ony hukugyň beýleki görnüşlerinden (çeşmelerinden) öňe saýlanýan kanunçylyk ulgamynyň iň wajyp artykmaçlygydyr.2. **Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaklygyň dolulygy.** Kanunçylygyň ulgamlylygy jemgyýetçilik gatnaşyklaryna ulgamlaýyn täsir etmäge mümkinçilik berýär. Netijede, kanunçylyk jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kemçiliklerinden gaçyp (has takygy – olary öz wagtynda dolup) ähli elementlerini bitewi we toplumlaýyn kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Köplenç kanunçylyk tarapyndan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaklygyň doly göwrümi kanundöredijilik işine aň ýetirmekligiň we meýilliginiň netijesidir.

3. **Görkezmeleriň optimal aýdyňlygy we dürsliligi.** Kadalaşdyryjy hukuk namalary hukuk kadalarynyň ähli gurluş elementlerini hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri düşüner ýaly has doly we elýeterli beýan etmek üçin (olaryň döredijileriniň ýokary hünärliligi bar bolan şerti bilen) mümkinçilik döredýär. Beýleki hukuk çeşmelerinden tapawutlylykda, kanunçylyk namalar hemişe örän dürs we takykdyrlar, sebäbi olaryň manysy – adamlarda özüňi alyp barmaklygyň nusgasyny kesgitlemeklik bolup, maksadalaýyk işiň netijesi bolup durýar. Köp babatda muňa kadalaşdyryjy hukuk namalaryň tekstlerini beýan etmekligiň ylmy taýdan işlenip taýýarlanan ýörite usulyýeti, ulanylýan adalgaşynaslygyň we hukuk gurluşlar ulgamynyň bütewiligi we unifisirliligi ýardam berýär.

4. **Kämilleşmekligiň mümkinçiligi.** Kanunçylygyň islendik ulgamy ugrukdyryjy mümkinçiliklerini peseltmezden, ony kämilleşdirip we hukuk däl elementleri aýryp, olara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmäge mümkinçilik berýär. Kanunçylygyň ulgamlylygy we bütewiligi tehniki dogry we sowatly üýtgedilen ýagdaýynda zyýan çekmeýärler. Anyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryna girizilýän üýtgetmeler tertipsizlik we gapma-garşylyk girizmezden kanunçylygyň bitewi ulgamyna organiki suratda utgaşýar, bu ýagdaý bolsa kanundöredijiligiň erkli, aň ýetirilýän, oňa gatnaşyjylarynyň maksatlarynyň bütewiligi bilen kesgitlenýändigidir.

5. **Gapma-garşylyksyzlyk.** Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kanuny kadalaşdyrylmagy kadalaşdyryjy hukuk namalaryň düzgünleriniň arasyndaky kolliziýalary (gapma-garşylyklary) ýeňip geçmekligiň aýratyn mehanizminiň bolmagyny göz öňünde tutýar. Diňe kanunçylyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryň kolliziýasy (gapma-garşylygy) ýagdaýynda haýsy düzgüniň hereket edýändigini anyk kesgitlemäge mümkinçiligi göz öňünde tutýar. Dürli kanuny güýji bolan kanunçylyk namalaryň gapma-garşylyk ýagdaýynda has uly kanuny güýje eýe bolan nama hereket edýär, deň kanuny güýje eýe bolan namalarda bar bolan görkezmeleriň arasynda gapma-garşylyk bolan ýagdaýynda, soňky kabul edilen nama hereket edýär.

[9] Soňky onýyllyklarda kanunçylygyň ýeke-täk ulgamynyň barlygynyň maksadalaýyklygynyň adaty ret edilýän anglo-sakson hukuk ulgamy bolan ýurtlarda hem olary ulgamlaşdyrmaklyga bolan meýiller gyşarnyksyz ösýär we has aýdyň bellenilýär.

Ýokarda beýan edilen artykmaçlyklaryň hemmesi diňe kanunçykaryjy tehnikanyň esasy düzgünleriniň berjaý edilen şertinde bolup biler. Kanunçylygyň bütewi mehanizmini emele getirmekde göýberilen tehniki ýalňyşlyklar, ulgamlylygyň ýörelgesi bozulan halatynda doly göwrümli hukuk kadalaşdyrma üçin ýaramazdyr. Kanundöredijilik tehnikanyň düzgünleriniň we ýörelgeleriniň bozulmalary netijesi bolup durýan kanunçylyk ulgamynyň kämil dälligi, onuň ähli artykmaçlyklaryny, onuň bütin kadalaşdyryjy güýjüni jemgyýete garşy öwürýär, ýagny, hukukda beýan edilmeli jemgyýetçilik bähbitlerine zyýan ýetirýär. Kada döredijiligiň esasy talaplarynyň we düzgünleriniň bozulan ýagdaýynda hukuk borçlulygy beýan etmäge mümkinçilik berýän kadalaşdyryjy hukuk namalar ulgamynyň formallylygy hukuk maksatlara kanuny täsir etmeklige laýyk dälligine, has howply zat hem, ýagdaýy wagtynda operatiw düzetmekligiň mümkin dälligine (ýa-da uly kynçylyklar bilen), kanuny (ýa-da kanunasty namany) obýektiw taýdan sosial zerurlygyň talaplaryna laýyk getirmeklige eltýär.

Kanunçykaryjylyk tehnikasynyň ýörelgelerini we düzgünlerini ýatdan çykarýan, hukuga dahylsyz başga bir gyzyklanmalardan ugur alýan kanundöredijilik işine gatnaşýanlaryň tagalallary sosial institut hökmünde kanunçylygyň ähli oňyn kadalaşdyryjy häsiýetleri, onuň hukuk talaplarynyň we görkezmeleriniň maksimal anyklylygyny ýetmäge bolan ukyby, adamlaryň özüni alyp barşyna täsir edip bilmek mümkinçiligi jemgyýetiň durmuşynyň zerurlygyna we gyzyklanmalaryna jogap berip bilmeýän häsiýete eýe bolup bilmekligine getirip biler. Netijede, birinjiden, kadalaşdyryjy hukuk namalaryny jemgyýetçilik gatnaşygyna täsir etmekligi hukuga garşy häsiýete eýe bolýar (iň bolmanda bölekleýin), ikinjiden, näme-de bolsa, kanunçylykda öz beýanyny tapan hukuk kadalary öz ugrukdyryjy wezipesini ýerine ýetirip bilmeýärler. Iş ýüzünde, şu ýagdaýda kanunçylygyň ähli oňyn hilleri we häsiýetleri ýaramazlara ösüp geçýärler, bolup biläýjek artykmaçlyklar diňe durmuşa geçirmän, eýsem zyýany güýçlendirýärler. Bu esasan hem köp babatda kanunçylyk täsiriniň ýaramaz netijelerini we adamlarynyň hukuga bolan äsgermezçilikli (kähalatlarda bolsa duşmançylykly) garaýşyny şertlendirýär.

Ýokarda sanalyp geçilen zatlaryň hemmesi kanunçylygyň we hukuk taýdan kadalaşdyrmak mehanizminde ony emele getirmekligiň ulgamynyň aýratyn ähmiýeti barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär. Kadalaşdyryjy hukuk namasy hukuk durmuşynyň we häzirki döwrüň hukuk ösüşiniň esasynda (käbir hukuk ulgamlarynda ilki seredäýmäge onuň orny görünmeýänligine garamazdan) ýatyr. Hususan-da bu hukuk gatnaşyklaryndaky öňdebaryjy ähmiýeti kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň düýp mazmunyny, olary düzmekligiň we ulgamlaşdyrmaklygyň düzgünlerini ylmy taýdan öwrenmekdäki ähmiýetini şertlendirýär. Kanunçylyk ulgamyny döretmeklik prosesiniň ylmy esasy hökmünde kanun çykaryjylyk tehnikasy kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň üsti bilen netijeli we talabalaýyk hukuk kadalaşdyrmasynyň esasydyr.

## 1.3. Kanunçylygyň gurluşy. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň toparlara bölünişi (klassifikasiýasy)

Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň düýp esasyny we olary düzmekligiň düzgünlerini öwrenmek üçin kanunçylygyň haýsy gurluş böleklerden düzülendigini öwrenmeli, bölekleriň aýratynlyklaryny we olaryň arasyndaky baglanşygy häsiýetlendirmeli. Munuň üçin kadalaşdyryjy hukuk namalaryny toparlara bölmeli : olaryň görnüşlerini bellemeli we olary öwrenmeli. Kadalaşdyryjy hukuk namalary toparlara bölmegiň birnäçe esaslary bardyr.

***Hukukdöredijiligiň subýekti*** boýunça bütin kanunçylygy şu aşakdakylara bölmek bolar:

- *döwlet häkimiýet edaralary tarapyndan gönüden-göni kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalar* – ýörite kanunçykaryjylyk edaralar, şeýle-de ýerine ýetiriji häkimiýet edaralar tarapyndan çykarylýan kadalaşdyryjy giňişligiň esasy bölegi degişli bolan has giň ýaýran görnüşidir;

- *halkyň gös-göni erk-isleginiň netijesi bolan*, ýagny sala-salşyklarda (referendumda) ählihalk ses bermekligi bilen kabul edilen *kadalaşdyryjy hukuk namalar.*

***Hereket ediş möhleti*** boýunça şu aşakdakylary bellemek bolar:

- *möhletsiz kadalaşdyryjy hukuk namalar* – näbelli dowamly hereket edýän, diňe ilkibaşdaky namany ýa-da şol bir jemgyýetçilik gatnaşyklary bütinleý täzeden kadalaşdyrýan namany ýatyrýan şol bir kanuny güýje eýe bolan ýörite kadalaşdyryjy hukuk namany kabul edenden soň güýjüni ýitirýän (şeýle namalarda wagtlaýyn düzgünleri berkitmeli däl);
- ***möhletleýin (wagtlaýyn) kadalaşdyryjy hukuk namalar*** **–** gündeki, wagtlaýyn wezipeleri çözmek üçin hyzmat edýän, kanunçylykda bellenilen (adatça, namanyň öz tekstinde) belli möhletiň gelmegi bilen güýjüni ýitirýärler. Şeýle namalaryň tekstinde möhletsiz görkezmeleri ýerleşdirmeklige ýol bermeli däldir**.**

***Hereket edýän çägi*** boýunça şu aşakdakylary bellemek bolar:

- *umumy döwlet kadalaşdyryjy hukuk namalar* öz häkimiýetiň merkezi edaralary tarapyndan çykarylýar we döwletiň ähli çägindegüýje eýe bolýar;
- ýerli öz-özüni dolandyrýan edaralar tarapyndan çykarylýan we diňe degişli administratiw-territorial birligiň çäginde güýje eýe bolýan *ýerli namalar.*

Federatiw döwletlerde federasiýanyň subýektiniň döwlet häkimiýet edaralary tarapyndan kabul edilen we diňe şol subýektiň çäginde hereket edýän sebitleýin kadalaşdyryjy hukuk namalary bu iki görnüşiň arasynda aralyk orna eýedirler. Emma, Türkmenistan unitar döwlet bolup, onuň kanunçylyk ulgamynda şeýle kadalaşdyryjy hukuk namalar näbellidir.

Ýöne, ***hukuk güýjüne esaslanýan*** kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň toparlara bölünişi iň çylşyrymly, gyzykly we, kanunçykaryjylyk tehnikasynyň nukdaýnazaryndan, wajyby bolup durýar.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň hukuk güýji – onuň esasy tapawutlandyryjy alamatydyr. Ol namanyň kanunçylygyň köpbasgançakly ulgamynda eýeleýän derejesi ýaly häsiýetini şöhlelendirýär, onuň tabynlygyny we kanunçylygyň beýleki düzüji böleklerine degişlilikde artykmaç ýagdaýyny, ulanmakdaky artykmaçlaryny we hukukdöredijiligini kesgitleýär.

Hukuk güýji boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalar şu aşakdakylara bölünýärler:

- *kanunlar* – iň ýokary hukuk güýjüne eýe bolan kadalaşdyryjy hukuk namalar;
- *kanunasty namalar* – kanun bilen deňeşdirilende ikilenji hukuk güýjüne eýe bolanlar.

Öz gezeginde, hukukgüýji boýunça bu iki görnüşi birnäçe kiçi toparlara bölüp bolar.

Hukuk güýji boýunça kanunçylygyň namalarynyň toparlara bölünişi has wajypdyr we öz içine alýan namalaryň görnüşleri aýratyn öwrenmeklige mynasypdyr.

## 1.4. Kanunçylyk ulgamyndaky kanunlar. Kanunlaryň görnüşleri we formalary

Kanunlar kanunçylyk ulgamynyň esasy, onuň özeni bolýarlar. Hut kanunlary döretmekligiň işi kanundöredijiligiň esasy bolup durýar, we kanunasty namalaryň çykarylmagy bolsa, onuň diňe dowamydyr. Kanun kanunçylyk ulgamynyň düýp esasynyň jemlenen beýanydyr. Şonuň üçin, kanunlary kanundöredijilik işiniň netijesiniň ähmiýeti boýunça esasy hökmünde öwrenilmegi hukuk nazaryýetinde we kanunçykaryjylyk tehnikasynda merkezi orny eýeleýär.

*Kanun* „Türkmenistanyň Mejlisi ýa-da ählihalk sala salşygyň üsti bilen umumy döwlet ähmiýetli iň wajyp meseleler boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk nama“ hökmünde kesgitlenilýär.[10]

Kanunçylyk ulgamynda onuň aýratyn ornuny kesgitleýän kanunyň şu aşakdaky esasgoýujy häsiýetlerini bölüp görkezmek bolar:

[10] Türkmenistanyň „Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakyndaky“ Kanuny, 7-nji madda.

*1. Kanun bütin sosial durmuş üçin kesgitleýji bolan has möhüm jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar.*

Hut şu aýratynlyk kanunlaryň kanunçylyk ulgamyndaky, hat-da bütin hukuk ulgamyndaky aýratyn ornuny kesgitleýär. Kanunçylyk kadalaşdyrylyşyň esasy hökmünde kanunlar jemgyýetçilik durmuşy we ösüşi üçin möhüm gatnaşyklaryna we proseslerine täsir etmek üçin niýetlenendir.

Türkmenistanda kanun bilen diňe aşakdakylar kadalaşdyrylýar:

- raýatlaryň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary, olary goramaklygyň we üpjün etmekligiň usullary;
- kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýet edaralaryny döretmekligiň we olaryň işiniň tertibi;
- Türkmenistanyň raýatlylyk gatnaşyklary;
- Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygy we goranmagy bilen baglanşykly meseleler;
- hususy eýeçilik gatnaşyklary;
- ykdysadyýeti, durmuş-medeni gurluşygy dolandyrmaklygy guramaklyk;
- büjet-maliýe ulgamy, nyrhlary emele getirmeklik we salgyt salmaklyk;
- jenaýat, edara ediş we raýat kanunçylygynyň meseleleri;
- kazyýet işi;
- jemgyýetçilik birleşmeleri döretmek we olaryň işi baradaky meseleler;
- köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hukuk derejesi;
- daşky gurşawy goramak bilen baglanşykly meseleler;

Elbetde, bu sanaw doly däldir. Başga meseleler hem kanunyň kadalaşdyryş sferasyna degişli edilip bilner.

Kanun tarapyndan kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň wajyplylygy, olaryň jemgyýet üçin esasgoýujy häsiýeti kanunlaryň ähli galan häsiýetli alamatlaryny kesgitleýär.

*2. Kanunlar (göni ýa-da gytaklaýyn) halkyň erk-isleginiň netijesi bolup durýarlar we diňe döwlet häkimiýetiniň iň ýokary wekilçilikli edaralary – ýurduň parlamenti tarapyndan ýa-da ählihalk ses bermekligiň (sala salşygyň) üsti bilen kabul edilýär.*

Kanun tarapyndan kadalaşdyrylýan meseleleriň wajyplygy olary kabul etmek boýunça diňe ählihalk ygtyýarlygyny kesgitleýär. Häzirki zaman demokratik döwletlerde döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk çeşmesi hökmünde halk ykrar edilýär. We diňe halk (gös-göni ýa-da wekilçilikli demokratiýa institutyny ulanmak bilen) jemgyýetiň durmuşyny kadalaşdyrmaklygyň kanunçylyk esasyny kesgitleýär. Döwlet häkimiýetiniň hiç bir mehanizmi, diňe ýörite şoňa ygtyýarly edilen, jemgyýetiň erk-islegini açyk kesgitlemäge we durmuşa geçirmäge niýetlenen wekilçilikli edaralaryndan başgasy, has ähmiýetli sosial meseleleri kadalaşdyrmaga niýetlenen kanunlary kabul etmäge hukugy ýokdur.

Türkmenistanda, başga häzirki zaman döwletleriň köpüsinde bolşy ýaly, kanunlar diňe sala-salşyklaryň gidişinde ýa-da ýörite kanunçykaryjy häkimiýetiniň edaralary tarapyndan kabul edilip bilner.

Diňe bir Türkmenistanda däl, eýsem ähli döwletlerde kanunçykaryjy edaralar wekilçilikli bolup durýarlar, olar ählihalk saýlawlar arkaly döredilýärler we olaryň işi wekilçilikli demokratiýanyň ýüze çykmasydyr. Şeýlelik-de, kanunlaryň kabul edilmegi halkyň erk-islegine garaşly bolmalydyr, kanun şol ýa-da başga bir görnüşde, göni ýa-da gytaklaýyn ýagdaýda ýurduň ilatynyň erk-isleginiň ýüze çykmasy bolmalydyr.

*3. Kanun hukugyň milli ulgamynda iň ýokary hukuk güýjüne eýedir.*

Has möhüm gatnaşyklary kadalaşdyryp we kanunçylyk ulgamynyň esasy bolup, kanunlar kanunçylyk ulgamynyň ähli galan düzüjilerini kesgitleýär. Ähli galan kadalaşdyryjy hukuk namalar kanunasty namalar bolup durýar, sebäbi kanuna laýyklykda we olary ýerine ýetirmek üçin çykarylýarlar, we diňe kanunlary durmuşa geçirmeklige ýardam berýän kömekçi mehanizmler bolup hyzmat edýärler. Kanun islendik beýleki kadalaşdyryjy hukuk nama seredeniňde artykmaçlygy bardyr. Islendik kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namasy, kanunyň esasynda çykarylmadyk we ony ýerine ýetirmek üçin niýetlenmedik, mundan beter hem, kanuna

garşy çykýan, şeýle gapma-garşylygyň dörän pursadyndan başlap hukuk güýji ýokdur we jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsir edip bilmeýär.

*4. Kanun ýörite kada tarapyndan bellenilen tertibe laýyklykda kabul edilýär.*

Degişli ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň ýolbaşçysynyň ýönekeý tassyklamasy arkaly kabul edilýän kanunasty namadan tapawutlylykda, kanun, her biri hökmany bolan birnäçe tapgyrda kabul edilýär. Kanun kabul edilmezinden öň, parlamentde kanun taslamasynyň ara alnyp maslahatlaşmak prosedurasy bolup geçýär, döwlet ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar, çap edilýär we hukuk güýjüne girýär. Ähli ýazmaça berkidilen tapgyrlary dogry berjaý etmeklik, kanunyň hakykylygynyň şerti bolup durýar, ony bozmaklyk ýa-da kanun kabul etmeklik proseduralaryň biri hem sähelçe berjaý edilmedik bolsa, onda kanun öz güýjüni awtomatiki ýagdaýda ýitirýär.

Kabul etmekligiň şeýle gyşarnyksyz berjaý etmekligiň maksady kanunlaryň durnuklylygyny we berkligini üpjün etmeklik, kanun taslamalarynyň ýeterlik däl işläp taýýarlanmagyna ýol bermezlikdir, sebäbi kanunlaryň durnuklylygy we işlenip taýýarlanylmagy, olary yzygiderli üýtgetmeklige we aýdyňlaşdyrmaga bolan zerurlygyň bolmazlygy, olaryň durnuklylygynyň, diýmek, güýjüniň we olar tarapyndan kesgitlenilýän kanunçylyk ulgamynyň netijeliliginiň kepilidir.

Kanunçykaryjylyk tehnikasynyň nukdaýnazaryndan, kanunlaryň görnüşlerini, şeýle-de olaryň hereket ediş görnüşleriniöwrenmeklik örän möhüm bolup durýar, sebäbi kanunlar birmeňzeş zat däldir, olar öz gezeginde döretmek tehnikasynyň nukdaýnazaryndan çylşyrymly we gyzykly ulgam bolup durýar, onuň toparlara bölünişi üçin esasy ölçegi bolup hukuk güýji çykyş edýär.

Kanunlaryň **görnüşlere** bolan bölünişi hukuk güýç ýaly ölçege esaslanýar. Kanunlaryň hukuk güýji, esasan, olaryň ähmiýeti, olar tarapyndan kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň wajyplylygy bilen kesgitlenilýär. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň hukuk taýdan kadalaşdyrylýan obýekti jemgyýetiň durmuşynda ornunyň uly boldugyça, şonça-da bu nama uly hukuk güýji berilýär.

**Konstitusiýa** kanunlar ulgamyna (şeýle-de bütin kanunçylyk ulgamyna) baştutanlyk edýär. Konstitusiýa köplenç onuň hukuk kadalaşdyryş ulgamynda aýratyn kesgitleýji ornuny göz öňünde tutup, döwletiň Esasy kanuny diýip atlandyrýarlar. Konstitusiýa häzirkizaman öňde barýan döwletiň bütin hukuk durmuşyny kesgitleýän hukuk ulgamynyň özboluşly özeni, esasy bolup durýar.

Häzirkizaman demokratik döwletiň hukuk ulgamynda esasy orny eýeleýän Konstitusiýa kadalaşdyryjy hukuk nama hökmünde ähli beýleki namalardan ýakyndan özara baglanşykly häsiýetler toplumy, ondan başga-da ony döretmekligiň tehnikasynyň aýratynlyklary bilen tapawutlandyrýarlar:

*1. Konstitusion düzgünleriň esaslandyryjy, ilkinjilik häsiýeti.* Konstitusiýanyň esaslandyryjy häsiýeti onda halkyň erk-isleginiň ýüze çykmagynyň netijesidir. Konstitusiýanyň esaslandyryjy häsiýeti onuň kadalarynyň galan kanunçylyk üçin *ilkinji* bolmakdadyr. Ähli galan kadalaşdyryjy hukuk namalar (we birinji orunda, kanunlar) hukuk kadalaşdyrmanyň ilkinji esaslaryny beýan etmek üçin niýetlenen Konstitusiýany *ýerine ýetirmek* üçin we *oňa laýyklykda* çykarylýar.

Konstitusiýa has umumy, esasy görnüşde ähli hukuk gatnaşyklary kadalaşdyrýar. Şundan **Konstitusiýanyň görkezmeleriniň deklaratiw häsiýeti** ýaly tehniki nukdaýnazardan şeýle wajyp häsiýet gelip çykýar. Konstitusiýanyň özünde "önda berkidilen kadalar we düzgünler gös-göni hereketdedir"[11] diýilse-de, onuň kadalary (seýrek ýagdaýlardan başga) hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýanlaryň belli bir kategoriýasynyň özüni alyp baryşlaryna gös-göni kadalaşdyrmak üçin niýetlenendäldir, olar diňe onuň esasyny döretmäge, şeýle kadalaşdyrmaklygyň maksatlary beýan edilýän hukuk kadalaşdyrylyşyň has umumy ýörelgelerini beýan etmek üçin niýetlenendir. Konstitusiýa özüniň täsiri bilen jemgyýetçilik

[11] Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 5-nji maddasy.

gatnaşyklarynyň esasy, fundamental fragmentlerini kadalaşdyrmak bilen hukuk kadalaşdyrma ugruna düşýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ählisini öz içine alýar. Şonuň üçin onuň kadalary umumy görnüşde beýan edilendir we kanunçylyk ulgamy döredilende kanundöredijilige gatnaşýanlaryň göz öňünde tutýan pikirleri bolup durýar. Konstitusiýanyň maddalarynyň köpüsi onuň düzgünlerini anyklaýan we açyp görkezýän we olary jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsir etmek üçin ulanmaklygy mümkin edýän ýöriteleşdirilen kadalaşdyryjy hukuk namalara mätäçdir.

Şeýle-de bolsa, Konstitusiýanyň düzgünleriniň belli bir bölegi gönüden-göni ulanyp bilner, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň göni kadalaşdyryjylary bolup hereket edip bilerler. Gürrüň Konstitusiýanyň gös-göni hereket edişi barada barýar. Emma, bu eýýäm kanunçykaryjylyk tehnikasynyň meselelerine gönüden-göni dahyly ýokdur.

*2. Iň ýokary hukuk güýji.* Konstitusiýa özüniň hukuk güýji boýunça kanunçylygyň köpbasgançakly merdiwanyň iň ýokarsynda durýar. Galan beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar onuň düzgünlerini ýerine ýetirmek üçin çykarylýar we oňa laýyk gelmelidir. Islendik kadalaşdyryjy hukuk namasynyň konstitusiýa degişli däldigi, Konstitusiýanyň maddalaryna onuň düzgünleriniň laýyk gelmeýändigi awtomatik ýagdaýda onuň hakyky däldigini görkezýär, bu bolsa konstitusion gözegçiligiň ýörite mehanizmi bilen üpjün edilýär.

Mundan başga-da, Konstitusiýanyň iň ýokary hukuk güýji döwletiň bütin çäginde ony hiç hili çäklendirmelersiz ulanyp bolýanlygyny görkezýär. Konstitusiýa parlamentiň, şeýle hem kadadöredijilik işiň beýleki subýektleriniň kadadöredijilik işi üçin prinsipial esasy bolup durýar. Konstitusiýanyň iň ýokary hukuk güýji onuň döwletde bar bolan islendik kadalaşdyryjy hukuk namanyň, onuň görnüşine we hereket edýän çägine garamazdan, onuň üstünden agdyklyk edýändigini aňladýar.

Konstitusiýadan soň hukuk güýji boýunça ***konstitusion kanunlar*** dowam edýärler we olara aýratyn üns bermeli.

Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslaryna degişli ählihalk sala salşyklaryň üsti bilen ýa-da Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namasy Türkmenistanyň konstitusion kanunydyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan başga beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar bilen deňeşdirilende, Türkmenistanyň konstitusion kanunlarynyň has uly hukuk güýji bardyr.

Beýleki döwletleriň kanundöredijilik tejribesinde kanunlaryň bu görnüşi köp wagtdan bäri bellidir. Olar organiki, konstitusion, esasy diýlip atlandyrylýarlar, ýöne olaryň düýp manysy, funksional maksady we tehniki aýratynlyklary iş ýüzünde ähli hukuk ulgamlarynda meňzeşdir. Beýleki kanunlar bilen deňeşdirilende has uly hukuk güýje eýe bolan ýörite kanunlaryň şu görnüşi ýurduň konstitusion gurluşyny kesgitleýän has möhüm hukuk gatnyşyklaryny kadalaşdyrmak üçin niýetlenendir.[12]

Türkmen hukuk ulgamyndaky konstitusion kanunlar iş ýüzünde Konstitusiýany dowan edýärler we ony kämilleşdirýärler, häkimiýetliligiň subýektlerini şahslandyrýarlar, döwlet edaralaryny esaslandyrýarlar we olaryň ygtyýarlylygyny we iş tertibini kesgitleýärler, döwlet häkimiýetiniň çäklerini we döwletiň bütewiliginiň we birliginiň kepilligini, onuň subýekt düzüminiň durnuklylygyny kesgitleýärler. Başgaça aýdylanda, konstitusion kanunlar, hakykatda, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň üstüni doldurýan we kämilleşdirýän we öz maksady boýunça konstitusion hukuk pudagynyň esasgoýujy bolup durýan organiki kanunlardyr.

Biziň ýurdumyzyň kanunçylyk ulgamynda konstitusion kanunlaryň ýüze çykmagy bilen konstitusiýa we beýleki kanunlaryň arasynda konstitusion görkezmeleri amala aşyrmakda özboluşlary aralyk, geçiş basgançagy emele gelýär. Kanunlaryň şeýle aýratyn ulgam böleginiň bolmagynyň zerurlygy, diňe kanunlar däl, eýsem kadalaşdyrmaklygyň has ýokary derejesini talap edýän konstitusion gatnaşyklarynyň ähli gerimine, şol sanda häkimiýet gatnaşyklaryna, garaşsyzlygyna we şahsyýet azatlygyna täsir etmeklige mümkinçilik bermeýän Konstitusiýanyň kiçi göwrümi bilen şertlendiriýär. Bir kadalaşdyryjy hukuk namasynda (hat-da deklaratiw-

[12] Käbir ýurtlarda Konstitusiýanyň tekstine üýtgetmeler we goşmaçalar girizýän we Konstitusiýa bilen deň hukuk güýje eýe bolan kadalaşdyryjy hukuk namalar konstitusion kanun diýlip atlandyrylýar.

prinsipial derejede) bu ähli meseleleri kadalaşdyrmaklyk mümkin däl. Konstitusion kanunlar tarapyndan kadalaşdyrylýan meseleleriň käbirleri Konstitusiýa tarapyndan kadalaşdyrylýanlardan has anyk kadalaşdyrylmagyna mätäçdir.

Kadalaşdyrylmagyň aýratyn predmetinden başga konstitusion kanunlary kabul etmekligiň aýratyn prosedurasy tapawutlandyrýar. Olar sala salşyklarda ýa-da Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilip bilinýär.

***Kanunlar*** kanunlaryň üçünji görnüşidir. Hukuk ylmynda olary konstitusion kanunlar bilen garym-gatyşmazlyk üçin olary käwagt adaty ýa-da gündeki kanunlar diýlip atlandyrylýarlar. Kanunlaryň bu görnüşi iň ýaýran görnüşidir, Türkmenistanyň kanunlaryň aglaba köp bölegi hut şu topara degişlidir.

Kanunçylyk ulgamyň esasy hökmünde kanunlar häsiýetlendirilende, olaryň görnüşlerinden başga-da ***formasyny*** tapawutlandyrmak zerurdyr.

Forma obýektiw bolmaklylygyny, hadysanyň düýp esasynyň beýan edilmegini kesgitleýär. Eger ýokarda getirilen görnüşler boýunça toparlara bölünişi dürli kanunlaryň düýp mazmunyndaky tapawutlyklara, olaryň hukuk güýjüni kesgitleýän hukuk kadalaşdyrmaklyk ulgamyndaky ähmiýetini we kanunçylyk ulgamyndaky ornuna esaslanýan bolsa, onda forma boýunça toparlara bölünişi bu düýp mazmunynyň daşky beýan edilmesiniň usuly boýunça kesgitlenilýär.

Kanunyň formasy *onuň obýektiw bolmaklygynyň usuly, onuň maddalarynda kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň beýany etmekligi, onuň daşky alamatlarynyň ulgamy hökmünde* kesgitleýär. Kanunyň formasy hukuk görkezmeleriň beýan ediliş usuluny saýlamak üçin möhümdir we onuň döredilişini kesgitleýar. Köp ýagdaýlarda, hut kanunyň formasy onuň dörediliş mehanizmini we hukuk kadalaşdyrylyşyň bütewi ulgamyna goşmaklygy kesgitleýär.

Kanundöredijiligiň milli we dünýä tejribesi tarapyndan kanun formalarynyň anyk ulgamy işlenip taýýarlanyldy. Türkmenistanda kanunlar şu aşakdaky formalarda kabul edilýär:

1. *Konstitusiýa*. Bu diňe bir ýokary hukuk güýje eýe bolan kadalaşdyryjy hukuk namanyň aýratyn görnüşi däldir. Konstitusiýa kadalaşdyryjy hukuk görkezmelerini beýan etmekligiň düýbünden aýratyn formasydyr. Bu formanyň aýratynlygy, öň bellenip geçilişi ýaly, konstitusion görkezmeler özüniň köp böleginde umumy häsiýete eýedirler we olar öz toplumynda hukuk kadalaşdyrylyşyň çägine degişli ähli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak üçin niýetlenendir. Konstitusiýa tarapyndan ähli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaklygyň umumylygy we göwrümi deklaratiwlilik ýaly onuň görkezmeleriniň beýan ediliş formasynyň aýratynlygyny kesgitleýär. Aýdylyp geçilişi ýaly, olar, käbir ýagdaýlardan başga, adamlaryň özüni alyp baryşlaryny gös-göni kadalaşdyryp bilmeýärler we belli ugurlarda hukuk kadalaşdyrmaklygyň esasgoýujy ýörelgelerini diňe beýan etmek üçin hyzmat edýärler. Adatça, Konstitusiýada beýan edilýän görkezmelerde gös-göni alyp barmaly işi kesgitlemek üçin hukuk kadalarynyň esasy elementlerini (gipoteza (çaklama), dispozisiýa (orun üýtgeme) we sanksiýa (ygtyýar)) takyklyk bilen kesgitlemek mümkin däl. Tejribede, konstitusion ýa-da adaty kanunlarda resmi taýdan kanuny düşündiriliş berilmezden, Konstitusiýanyň hiç bir düzgüni özbaşdak işläp bilmez. Konstitusion görkezmäni hiç zat aňlatmaýan toslama etmekligiňiň gowy usuly – hereket edýän kanunçylykda ony düşündirilmeginden we takyklamagyndan mahrum etmeklikdir – ilki bilen, hut kanunlarda. Şularyň ähli͏si kanunyň düýbünden aýratyn formasy hökmünde Konstitusiýany görkezmeklige rugsat berýär.

2. *Kodeksler*. Bu hukugyň belli bir pudagynda ýa-da başga bir kadalaşdyryjy hukuk ulgamda (pudagasty edara ýa-da hukuk instituty) ähli kadalaşdyryjy hukuk materialy (ýa-da onuň aglaba köp bölegini) ulgamlaşdyrylan görnüşinde öz içine alýan aýratyn toplumlaýyn kanunlardyr. Kodeksler degişli kadalaşdyryjy hukuk emele gelmekligiň hukuk taýdan kadalaşdyrmaklygyň predmetine girýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň tutuş toplumynyň gös-göni hukuk kadalaşdyrylyşyny amala aşyrýarlar. Şonuň üçin, kodeksler jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli ugurlarynda adamlaryň özüni alyp barmaklygyny kesgitleýän pudaklaryň we hukuk institutlarynyň özeni, esasy bolup durýarlar. Hukugyň käbir pudaklarynda kodeks hukugyň ýeke-täk çeşmesi (meselem, jenaýat hukugynda) bolup durýar.

Kodeksleriň hukuk kadalaşdyrmaklykdaky aýratyn orny we aýratyn formasy kodeksiň gönüden-göni kadalaşdyryjy hukuk görkezmelerinden başga-da, anyk kadalaşdyryjy hukuk ulgamyndaky esasy nama hökmünde umumy düzgünleri hem öz içine alýar. Bu düzgünler bütin kodifisirlenen kadalaşdyryjy emele gelmeler üçin ýeke-täk bolan (kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň ulgamy - pudaklar, pudakasty edaralar, institutlar, institutasty edaralar) hukuk kadalaşdyrmaklygyň ýörelgeleri, kanuny düşünjeler we adalgalar, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň has wajyp gatnaşyjylarynyň hukuk derejeleriniň esaslary, hukuk shemalar we gurluşlardyr. Olar jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň degişli çäginde bütin hukuk kadalaşdyrylyşy kesgitleýärler.

Kodeksde bu umumy düzgünleriň beýan etmekligiň we berkitmekligiň zerurlygy bilen baglanyşykly kodeksiň görkezmeleriniň beýan edilmeginiň formasyna möhüm ýöriteleşme mahsusdyr. Adatça, kodeksiň ikibölekleýin many gurluşy bardyr: umumy düzgünleri özünde jemleýän umumy bölüm we anyk kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleri öz içine alýan aýratyn bölümdir. Şeýle bölüniş kodeksiň umumy we aýratyn bölümlere bölünmeginde ýa-da anyk jemgyýetçilik gatnaşyklaryny gönüden-göni kadalaşdyrýan baplardan öň gelýan umumy düzgünler üçin aýratyn babyň bölünip berilmeginde beýan edilip bilner, (şeýlelikde, bu ýagdaýda adatça kodeksiň baplara bölünmegi hukuk kadalarynyň kodifisirlenen ulgamyň gurluşyna laýyk gelýär).

Kodeksleri pudaklaýyn (hukugyň tutuş pudagynyň esasy bolýan, meselem, Jenaýat kodeksi, Raýat kodeksi, prosesual kodeksler we ş.m.) we pudagyň içki kodekslerine (pudakasty edaralaryň ýa-da hukuk institutynyň çäklerinde gatnaşyklary kadalaşdyrýan) bölüp bolar. Kodeksi taýýarlamaklygyň we düzmekligiň aýratynlygyna aşakda jikme-jik seredilip geçiler:

3. *Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli-bir çägini gönüden-göni kadalaşdyrýan kanunlar.* Bu iň dürli hukuk gatnaşyklarynyň hukuk kadalaşdyrylmagy üçin ulanylýan kanunlaryň has ýaýran formasydyr. Ony kabul etmekligiň standart prosedurasy we nusgawy gurluşy tapawutlandyrýar.

4. *Başga bir kanuna üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek ýa-da beýleki bir kanuny ýatyrmak barada kanun.* Kanunçykaryjylyk tehnikanyň esasgoýujy düzgünlerine laýyklykda, kadalaşdyryjy hukuk namasy üýtgedilip, doldurylyp ýa-da **şol bir hukuk güýjüne eýe bolan** başga bir kadalaşdyryjy hukuk namasy bilen ýatyrylyp bilner. Bu talap kanunçylygyň ulgamlylygy bilen kesgitlenilýär. Şoniň üçin kanuny üýtgetmek ýa-da ony ýatyrmak üçin **şol bir hukuk güýjüne eýe bolan** başga bir täze aýratyn kanuny kabul etmek zerurdyr.

Kanunyň bu formasy ýönekeýleşdirilen gurluşy (adatça, şeýle kanun göwrümi boýunça uly bolmadyk, gurluşy boýunça diňe maddalara bölünen, öz ady bolmadyk, öz düzüminde maddadan başga beýleki gurluş düzümleri bolmadyk) we aýratyn ýeke-täk maksady – başga bir kanunyň ykbalyny kesgitlemek (hökmany suratda onuň adynda beýan edilýär) bilen häsiýetlendirilýär.

## 1.5. Kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalar

Bellenip geçilişi ýaly, kanunlar, elbetde, hukuk kadalaşdyrylmagyna degişli bolan gatnaşyklaryň toplumyny dolmaýan diňe bir has wajyp, prinsipial, esasgoýujy jemgyýetçilik gatnaşyklary kadalaşdyrýarlar.

Adamlaryň durmuşyna, jemgyýetçilik proseslerine hukuk taýdan täsir edilen wagty has umumy häsiýete eýe bolan kanunlaryň düzgünlerini kämilleşdirmek we anyklaşdyrmak zerurlygy ýüze çykýar. Bu kanunlarda beýan edilen görkezmeleriň we gönüden-göni adamlaryň özüni alyp barşynyň arasyndaky baglaýjy bolup hyzmat edýän kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň bolmagynyň zerurlygyny ýüze çykarýar.

Hereket edýän konstitusion kanunçylyk „kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalar“ adalgasyny bilmeýär. Emma, olaryň düzgünleriniň seljermesi şeýle adalganyň bolmaklygyna hakynyň bardygyny tassyklamaga esas berýär. Ony kanunlaryň sanyna degişli bolmadyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryny görkezmek üçin ulanyp bolar.

Kanunasty namalar ***kanunlara laýyklykda we olary ýerine ýetirmek üçin ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan çykarylan we kanun bilen deňeşdirilende ikilennji hukuk güýjüne eýe bolan kadalaşdyryjy hukuk namalar*** diýlip kesgitlenilip bilner.

Şu kesgitlemeden ugur alyp, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bu görnüşini kesgitleýän şu aşakdaky häsiýetleri görkezmek bolar:

*1.Kanunlardan gelip çykýan häsiýet.*

Kanunasty namalar kanunlaryň esasynda we kanunlara laýyklykda çykarylýar. Hiç bir kanunasty nama kanuna garşy bolup bilmeýär – bu awtomatiki usulda onuň hakyky däldigine getirýär.

Kanunasty namalaryň gelip çykyjy häsiýeti bu namalary kadalaşdyrmak predmeti kanunlary kadalaşdyrmak predmetinden gelip çykýan bolup durýar. Kanunasty namalar kanunlaryň talaplaryny anyklaşdyrmaklyga we takyklamaklyga gönükdirilendir we kanunasty namalar tarapyndan kadalaşdyrylýan meseleler kanun tarapyndan kadalaşdyrylýan anyk böleklerdir we meseleleriň fragmentleridir. Kanunasty nama umuman jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kanunlarynyň kadalaşdyrylan toplumynyň düzüm bölegi bolmadyk meseläni kadalaşdyrmak üçin hyzmat edip bilmez. Kanunasty nama kanundan garaşsyz bolup bilmez, kadalaşdyryjy emele gelmede (pudak, pudakasty edarasy ýa-da hukuk instituty) hukuk kadalaşdyrmanyň esasy bolup hyzmat edip bilmez. Eger şeýle ýagdaý ýüze çyksa we kanunasty nama öz-özi hereket etse, kanunyň dowamy bolmasa, onda bu kanunçykaryjykyk tehnikanyň düzgünleriniň gödek bozulmasy bolup durýar. Bu kanunasty namanyň kanunyň ornuny alandygyny, kanun tarapyndan kadalaşdyrylmaly sosial gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilmesi üçin hyzmat edýändigini aňladýar.

Ýeke-täk esas – kanunlar ulgamy – kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamlylygyny we bütewiligini kesgitleýär.

2. *Düzgün bolşy ýaly, kanunasty namalar, ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary tarapyndan çykarylýar.*

Halkyň gös-göni ýa-da biriniň üsti bilen erk-islegini beýan etmeli kanunlardan tapawutlylykda, kanunasty namalar esasan şu kanunlary ýerine ýetirmeklik borjy ýüklenen edaralar tarapyndan çykarylýar.[13] Ýerine ýetiriji häkimiýetiň hut şu edaralary kadalaşdyrylýan meselede has başarnykly subýekt hökmünde kanunyň talaplaryny durmuşa geçirmekligiň tertibini kesgitleýärler.

Kanunasty häsiýeti bolan kadalaşdyryjy hukuk namalaryny bütewi gurama hökmünde ýerine ýetirji häkimiýet edarasy çykaryp bilýär. Dünýäniň hiç bir ýerinde kadalaşdyryjy hukuk namany ýerine ýetiriji edaranyň territorial ýa-da gurluş bölümçeleri tarapyndan çykarylmagyna ýol berilmeýär. Diňe ýerine ýetirji ulgama degişli guramaçylykly özbaşdak döwlet häkimiýet edarasynyň kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namany çykarmaga haky bardyr.

*3. Kanunasty namalar adaty ýagdaýda ýönekeý kabul etmekligiň üsti bilen çykarylýar.*

Kanunlardan tapawutlylykda, kanunasty namalar kabul edilende, olaryň döredijileri ýazmaça kesgitlenilen ýörite proseduralaryň çylşyrymly toplumyna eýermeýärler (käbir kanunasty namalaryň kabul edilmeginde hökmany diýliip göz öňünde tutulan proseduralar bolsa-da). Kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilmegi, oňa hukuk güýjüniň berilmegi döwlet häkimiýetiniň degişli ýerine ýetiriji edarasynyň ýolbaşçysynyň ýönekeý gol çekilmegi bilen ýerine ýetirilýär.

Şeýle-de bolsa, kanunasty namanyň kanuny güýjüne girmekligi üçin ýönekeý gol çekilmeklik ýeterlik däldir. Türkmenistanyň ministrlikleriniň we döwlet dolandyrylyşynyň beýleki merkezi edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalary hökmany suratda Türkmenistanyň

[13] Türkmenistanyň „Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakyndaky“ kanunyň 9-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisi Türkmenistanyň kanunlaryny düşündirmeklik ýa-da ulanmaklyk, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen, Türkmenistanyň kanunlaryny tassyklamak meseleleri boýunça karar kabul edip bilýär. Halkara ylalaşyklaryň we şertnamalaryň ratifikasiýasy we denonsasiýasy hem kadalaşdyryjy hukuk namalardyr.

Adalat ministrliginde[14] hasaba alynmalydyr. Döwlet hasaba alnyşyndan geçmedik namalaryň hukuk güýji ýokdur.

Döwlet hasaba alyş belgisi berlen Türkmenistanyň ministrlikleriniň we döwlet dolandyrylyşynyň beýleki merkezi edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalary olaryň resmi çap edilen ýa-da başga bir usul bilen halk köpçüligine ýetirilen, eger-de namalaryň özünde olaryň herekete girizilmeginiň başga tertibi berilmedik ýagdaýlarynda, güýje girýär.

Ministrlikleriň we edaralaryň kanunasty namalarynyň döwlet tarapyndan hasaba almaklygynyň maksady hereket edýän kanunlaryň we, ilkinji nobatda Konstitusiýanyň we onda beýan edilen ýörelgeleriň, agalyk edýän häsiýetini üpjün etmeklik bolup durýar. Mundan başga-da, dolandyryş edaralarynyň namalarynyň döwlet tarapyndan hasaba alynmaklygy kanunçylygyň ulgamlylygynyň , gapma-garşylylygynyň we bütewiliginiň bozulmasyna ýol bermezlik üçin niýetlenendir. Eger-de kanunasty namalaryň umumy sanyny hasaba alsak, olaryň arasyndaky bulaşyklylygy we laýyk gelmezliligi göz öňünde tutsak, onda olaryň has uly hukuk güýje eýe bolan namalara laýyk gelmekliginiň barlagy hökmany bolup durýar. Döwlet hasaba almaklyk, kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ägirt uly sanynyň tertipleşdirilmeginiň we ulgamlaşdyrylmagynyň wajyp guralydyr.

Kanunlar ýaly, kanunasty namalar hem ýeke-täk berk gurluş emele gelme däldir. Olaryň ulgamy kanunlar arasyndakylara garanyňda az çylşyrymly däldir, olaryň dürli görnüşleriniň arasyndaky tapawutlylyklar bolsa has-da möhümdir.

Kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň toparlara bölünişini olaryň hukuk güýjüne esaslanyp ýerine ýetirmeklik maksadalaýyk bolar. Kanunasty namalaryň hukuk güýji ony çykaran edara bagly we şol edaranyň ygtyýarlylygy bilen kesgitlenilýär.

1. Kanunasty namalaryň hukuk güýjüniň köpbasgançakly piramidasynyň depesinde ***döwlet häkimiýetiniň iň ýokary edaralary tarapyndan çykarylan kadalaşdyryjy namalar dur.*** Olara *Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlary, şeýle-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary degişlidir.*

Kanunasty namalaryň arasynda bu görnüşleriň iň ýokary hukuk güýji bardyr. Galan kanunasty namalar olara laýyk gelmelidir.

Gynansak-da, şu wagta çenli iň ýokary kanunasty namalaryny alyp barmaklygynyň predmetini ýeke-täk kadalaşdyryjy berkidilmesi ýokdyr. Olary çykarmakda awtorlar kadalaşdyrylýan meseläniň tabynlygyny kesgitlänlerinde, bar bolan tejribeden we käbir aýratyn kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ugur alýarlar.

*Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary* özleriniň hukuk güýji boýunça iň ýokary kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalardyr. Olar diňe Konstitusiýa we kanunlara laýyk gelmelidir, galan kanunasty namalar Prezidentiň permanlaryna garşy bolmaly däldir. Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary döwlet baştutany tarapyndan Konstitusiýanyň we Türkmenistanyň kanunlarynyň esasynda we olary ýerine ýetirmek üçin umumy döwlet ähmiýeti bolan iň wajyp meseleler boýunça çykarylýar. Türkmenistanyň „Türkmenistanyň Prezidenti hakyndaky“ Kanunyň 8-nji maddasyndan ugur alyp, Prezidentiň permanlarynyň onuň beýleki namalaryna garanyňda has ýokary hukuk güýji bardyr.[15]

Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary şahsy we guramaçylyk görkezme berijilik häsiýete eýedirler, şeýle-de Türkmenistanyň Prezidentiniň derwaýyş we beýleki gündeki meseleleri çözmek üçin çykarýan buýruklary kadalaşdyryjy hukuk namalara degişli däldir. Konstitusiýany we Türkmenistanyň kanunlaryny düşündirmeklik we ulanmaklyk, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen Türkmenistanyň kanunlaryny tassyklamaklyk, halkara şertnamalaryň we ylalaşyklaryň ratifikasiýa we denonsasiýa meseleleri boýunça Türkmenistanyň Mejlisiniň maslahatynda kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalar *Türkmenistanyň Mejlisiniň Kararlarydyr.* Kanunasty namalaryň bu aýratyn görnüşiniň esasy wezipesi – kanun düzgünleriniň resmi taýdan hakyky beýan edilişidir. Ony başga kanunasty

---

[14] Ýustisiýa Ministrligi.

[15] Türkmenistanyň „Türkmenistanyň Prezidenti hakyndaky“ Kanuny № 127-III 2007-nji ýylyň 28-nji iýuny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Habarlary. 2007ý. №2, sah.52).

namalardan tapawutlandyrýan esasy aýratynlygy onuň Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan döredilmegidir. Emma, kanunçylyk namalarynyň şu görnüşini kanun hökmünde kabul edip bolmaz, sebäbi olaryň döredilmegi jemgyýetçilik gatnaşyklaryny özbaşdak kadalaşdyrylmagyny maksat edinmeýär. Mundan başga, olaryň döredilmegi ýörite proseduralaryň toplumyny berjaý etmeklik zerurlygyna tabyn bolmaýar. Bu has ýokary hukuk güýjüne eýe bolan namalarda kesgitlenen hukuk kadalaryny düşündirmekligiň namalarydyr.

Türkmenistanyň Mejlisiniň şahsy we guramaçylyk görkezme berijilik häsiýetli kararlary edil Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary ýaly kadalaşdyrma hukuk namalarynyň sanyna degişli däldir.

Ministrlikler we dolandyryş edaralary, ýerli ýerine ýetiriji edaralar, kärhanalar, guramalar, wezipeli adamlar we Türkmenistanyň raýatlary tarapyndan ýerine ýetirmäge hökmany bolan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň esasynda we olary ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalar *Tükmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlarydyr*. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan gol çekilýär.[16]

*Döwlet häkimiýetiniň merkezi edaralary – ministrlikler we derejesi boýunça olara deň bolan dolandyryşt edaralary* tarapyndan kada döredijilik işi Prezidentiň Permanlaryna, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlaryna, şeýle-de kanunlara laýyklykda we olary ýerine ýetirmek üçin amala aşyrylýar. Olar kadalaşdyryjy hukuk namalary buýruklar görnüşinde çykarýarlar. Bu edaralar tarapyndan başga atlar bilen (görkezmeler, düzgünnamalar, usulyýet görkezmeler we başgalar) kabul edilýän namalar hem Türkmenistanyň degişli ministrler we döwlet häkimiýet merkezi edaralaryň ýolbaşçysynyň buýrugy boýunça tassyklanylýar. Gaýragoýulmasyz we beýleki gündeki meseleleri çözmek üçin Türkmenistanyň ministrleri, döwlet dolandyryş merkezi edaralarynyň ýolbaşçylary kadalaşdyryjy buýruklar bilen çalşyp bolmaýan kadalaşdyryjy häsiýeti bolmadyk buýruklary we görkezmeleri çykarýarlar. Üstesine-de, ministrlikleriň diňe özleri (ýa-da derejesi boýunça olara deň bolan ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary) kadalaşdyryjy hukuk namalary çykarmaga hakynyň barlygy wajyp zatdyr. Olaryň gurluş bölümçeleri kadalaşdyryjy häsiýetli namalary kabul etmäge haky ýokdur.

Ministrlikler we edaralar öz ygtyýarlyklaryna degişli özüniň fragmentar, aýratyn häsiýetiniň güýjüne Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalarynyň ýa-da Mejlisiniň kanunasty namalarynyň kadalaşdyryş çägine degişli bolup bilmejek meseleler boýunça kadalaşdyrjy hukuk namalary çykarýarlar. Hukugyň käbir aýratyn pudaklarynda (meselem, maliýe hukugy, bank hukugy, salgyt hukugy babatynda) şeýle namalaryň göwrümi diýseň uludyr. Bu doly, öz wagtynda we obýektiw kanuny kadalaşdyrylyşy üçin zerur bolan obýektiw maglumaty özboluşly almaga mümkinçiligi bolan we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaklygynyň aýratynlyklaryny gowy bilýän hut şol döwlet gurluşlarynda hünärmenleriň işleýänligi bilen düşündirilýär.

Häzirki zaman Türkmenistanda häkimiýetiň ýerli edaralary we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary tarapyndan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň döredilmegi, kanundöredijiligiň aýratyn formasy bolup durýar. Olaryň diňe kanunasty häsiýeti däl-de, eýsem bu namalaryň hereket edýän çägi hem (anyk ýerli birleşmesi ýa-da administratiw-territorial birlik), şeýle-de ýerli ähmiýeti bolan meseleleri çözmek üçin ony çykarýan edaranyň ygtyýarlylygy hem olaryň aýratynlygy bolup durýar.

Welaýat, etrap we şäher häkimleri Türkmenistanyň Konstitusiasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Ministrler Kabinetiniň namalarynyň esasynda we olary ýerine ýetirmek üçin öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kararlar görnüşinde kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul edýärler. Häkimleriň kadalaşdyryjy häsiýetli kararlary, şeýle-de raýatlaryň

---

[16] Türkmenistanyň „Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakyndaky“ Kanunyň 18-nji Maddasy № 82-I 1995-nji ýylyň 24-nji noýabry „Türkmenistanyň Mejlisiniň Habarlary“, 1995 ý., № 3 sah.35, soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen.

hukuklaryna we azatlyklaryna degişli namalar diňe Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylyp kabul edilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalaryna garşy bolýan häkimiň namalarynyň hukuk güýji ýokdur. Häkimiň şahsy we guramaçylyk-görkezme häsiýetli kararlary, şeýle-de gündeki meseleler boýunça kabul edilýän kararlary kadalaşdyryjy hukuk namalar däldir.[17]

Geňeşler öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Ministrler Kabinetiniň namalarynyň esasynda we olary ýerine ýetirmek üçin çözgütler görnüşinde kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul edýärler. Geňeşiň çözgütleri degişli çäkde ýerine ýetirmek üçin hökmanydyr. Gaýragoýulmasyz we gündeki meseleleri çözmek üçin Geňeşiň ýolbaşçysy – arçyn öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kadalaşdyryjy däl häsiýetli görkezmeleri çykarýar.

Kanunçylygyň gurluşyny, onuň elementleriniň düýp mazmunyny we funksional maksadyny, olaryň arasyndaky özara gatnaşygyň häsiýetini bilmeklik kanundöredijilik işine gatnaşyjylar üçin örän ähmiýetlidir. Olar şeýle kadalaşdyrmaklygyň usulyny dogry saýlamaga we köp ýalňyşlyklardan gaça durmaga (meselem, kadalaşdyryjy hukuk namany doly kadalaşdyrmak, onuň formasynyň aýartynlyklary we ş.m. üçin zerurkesgitleme bilen baglanyşykly) mümkinçilik berýär. Hut şonuň üçin kanunçylyk ulgamyny öwrenmeklik kanunçykaryjylyk tehnikasynyň wajyp elementi bolup durýar.

[17] Türkmenistanyň „Ýerli häkimiýet edaralary hakyndaky“ Kanunyň 4-nji Baby № 109-IV, 2010-njy ýylyň 10-njy maýy. (Türkmenistanyň Mejlisiniň Habarlary; 2010 ý. № 2, sah.33).

## 2 BAP. KANUNDÖREDIJILIK PROSESI: UMUMY HÄSIÝETNAMASY

### 2.1. Kanundöredijilik prosesiniň düşünjesi we düýp mazmuny

Kanunçykaryjylyk tehnikasy kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň we olaryň ulgamynyň döredileginiň usulyýetidir. Kanunlary we kanunasty namalary döretmeklik prosesi dürli görnüşlere bölünmeýän, emma ýeke-täk hereket edişmaksady bilen birleşdirilen toplumdyr. Bu hereketler biri-birini kesgitleýärler we şonuň üçin olary amal etmekligiň tärleri we usullary hem elementleri öz aralarynda ýakyn baglanyşýan ýeke-täk bütewi mehanizmdir. Kanunçylyk namalaryň döredilmegi umuman meňzeş düzgünleriň we ýörelgeleriň esasynda amala aşyrylýar. Bu hereketleriň düýp manysy – kanunçylyk ulgamynyň elementlerini döretmeklik, kämilleşdirmeklik ýa-da ýatyrmaklykdyr.

***Kanundöredijilik prosesi kanunçylyk ulgamyny düzmeklik prosesi hökmünde kesgitläp bolar.*** Eger biz kanundöredijilik prosesine bu iş görnüşiniň düýp mazmuny, wezipesi we funksional maksady nukdaýnazaryndan has anyk kesgitleme bermäge synanyşsak, onda ony ***kadalaşdyryjy hukuk namany döretmekligiň , üýtgetmekligiň we ýatyrmaklygyň üsti bilen kanunçylyk ulgamyna hukuk kadalaryny siňdirmek bilen baglanyşykly maksatnamalaýyn hereketleriň toplumy*** hökmünde kesgitläp bolar.

Kanunçykaryjylyk prosesiň düýp mazmuny, manysy sosial durmuşyň we ösüşiň esasgoýujy kanunylyklary has ähmiýetli jemgyýetçilik gyzyklanmalary bolup durýan obýektiw bar bolan hukuk kadalarynyň daşky beýanynda we ýazmaça berkidilmegindedir. Kanundöredijiligiň funksional maksady – hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylaryna hukuk kadalarynyň manysyny birmeňzeş düşünmäge mümkinçilik bermekdedir. Hukuk häsiýetli formasy boýunça bir nusga getirilen, talaplary we görkezmeleri birmeňzeş beýan etmeklik zerurlygy kanundöredijilik prosesiniň tehniki düzgünleriniň bütewiligi bilen şertlendirilýär. kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň maddalarynda hukuk kadalarynyň daşky ýazmaça

Kanundöredijilik prosesi çylşyrymly, emma ýeke-täk maksat bilen birleşdirilen beýany we berkidilmegi hukuk gatnaşyklarynyň dürli subýektleriniň hereketleriniň bütewi toplumydyr. Kanundöredijilik prosesi hereket edýän kanunçylyk ulgamyny üýtgetmeklik, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösmegi netijesinde öz hukuk häsiýetini ýitiren könelişen kanunçylyk düzgünlerini ýatyrmaklyk, olary täze, jemgyýet durmuşynyň we ösüşüniň obýektiw talaplaryna has laýyk gelýän täzeler bilen çarşyrmaklyk formasynda, şeýle-de täze kadalaşdyryjy hukuk namalaryny çykarmaklyk formasynda bolup geçýär.

Kanundöredijilige özboluşly sosial meýilnamalaşdyryş hökmünde hem garamak bolar. Adamlaryň özüni alyp barmaklygyň umumyhökmany görkezmelerini özünde jemleýän kanunlaryň we kanunasty namalaryň döredilmegi we kabul edilmegi obýektiw taýdan bar bolan sosial bähbitlere (we, degişlilikde, her bir şahsyýetiň has wajyp bähbitlerine) has uly derejede laýyk gelýän (kanunçykaryjylaryň pikirine laýyklykda), jemgyýet durmuşynyň we ösüşiniň amatly tertibini üpjün edip biljek, özüňi alyp barmaklygyň şeýle wariantynyň modelirlemesidir. Kanundöredijilik jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň häsiýetini, jemgyýetçilik durmuşynyň we ösüşiniň ugruny üýtgetmek maksady bilen hukuk tejribesiniň, jemgyýetde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk ugrukdyryjylarynyň ulgamynyň konstruirlemesi we täzeden gurulmagydyr. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döretmek bilen, kanundöredijilik prosesiniň gatnaşyjylary sosial progresiň geljekki meýillerini öňünden aýdýarlar we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň gatnaşyjylaryna ony gazanmaklyk üçin zerur bolan hereketler barada görkezme berýärler, şeýle-de şu hereketler edilmedik ýagdaýynda mejbur çäre görmeklik mümkinçiligini hem kesgitleýärler.

Kanunçylyk ulgamyny düzmek prosesinde obýektiw we subýektiw başlangyçlar organiki taýdan sazlaşýarlar. Obýektiw hakykat bilen kesgitlenilen obýektiw kanundöredijilik, şol bir wagtda özüniň tebigaty boýunça subýektiwdir, sebäbi oýlanyşykly goýlan maksatlary yzarlaýan

adamlar tarapyndan amala aşyrylýar we olaryň şahsy häsiýetlerine garaşly bolup bilmezler.[18] Bir tarapdan, kanundöredijilik prosesi öz gelip çykyşy boýunça tebigydyr, obýektiw häsiýeti bardyr, sebäbi onuň esasynda jemgyýet bähbitleriniň we zeryrlyklarynyň tebigy ýüze çykmasy we beýany bolup duran hukuk ýatyr. Emma, başga bir tarapdan, kanundöredijilik subýektiw faktorlar bilen hem şertlendirilýär, sebäbi ol anyk adamlaryň oýlanyşykly we maksatly işiniň netijesi bolup durýandyr we olaryň içki subýektiw dünýäsine dahylly bolup bilmez. Kanundöredijilik prosesiniň hut şeýle dialektik düýp mazmuny oňa gatnaşyjylaryň düýpli hünär taýýarlygynyň derwaýýşlygyny şertlendirýär, sebäbi kanundöredijiligiň gidişinde hukuk talaplarynyň kanunçykaryjylykda beýan edilmeginiň bütin göwrümi we takyklygy olaryň kanunçykaryjylyk tehnikasynyň tärlerini ulanyp bilmekligine baglydyr.

Kanundöredijilik esasy üç böleginiň organiki bütewiligi bilen häsiýetlendirilýär: aň ýetirmeklik, iş we netije. Özleriniň dialektik özara geçişliginde bu üç bölek kanundöredijiligiň bütewi bir aýlawy emele getirýärler. Kanunçykaryjylyk işine gatnaşyjylaryň hünär kämilligi hem jemgyýetde bolup geçýän prosesleri kadalaşdyryjy hukuk namalarynda talabalaýyk görkezmek üçin, kanunçykaryjylaryň bu prosesleri ugrukdyrýan obýektiw kanunylyklaryny öz wagtynda tapmaklyga, öwrenmeklige we ussatlarça ulanmaklyga mümkinçilik bolar ýaly zerurdyr.

Hut şonuň üçin şol çylşyrymly şertlere, faktorlara we ýagdaýlara, şol yzygiderli çalt depginler bilen ösýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryna aň ýetirilmegi, jemgyýet durmuşynyň we sosial ösüşiň derwaýyslygy bilen ýüze çykýan hukuk kadalaşdyrmaklygyň zerurlygy kanuny döretmekligiň esasy şerti bolup durýar. Şol ýa-da beýleki bir namany kabul etmekligiň zerurlygyna aň ýetirilenden soň, şol işiň özi, ýagny, öz-özünden birnäçe tapgyrlara bölünýän kanun kabul etmeklik prosesiniň özi başlanýar. Konstitusion hukuk bababtynda işleýän hukukçylar şu ýerde işe başlaýarlar. Olaryň hünär kämilligi kadalaşdyryjy hukuk namasynyň anyk taslamasy görnüşinde, hökmany tehniki düzgünleri we ýazmaça proseduralary berjaý etmeklik bilen durmuşa geçirilmeli aň ýetirilen obýektiw sosial zerurlygy talabalaýyk doly we dogry görkezmeklige mümkinçilik berýär. Ondan soň, bu işe parlamentiň deputatlary (eger-de gürrüň kanunlary kabul etmeklik barada gidýän bolsa) ýa-da ýerli häkimiýet edaralarynyň ýörite bölümleriniň hünärmenleri (eger-de gürrüň kanunasty namalar barada bolsa) goşulýarlar. Olaryň hünär kämilligi kada dörediji proseduralary berjaý etmeklikde we özleriniň işläp taýýarlaýan namasynyň hukuk häsiýetini dogry kesgitlemäge bolan ukybynda hem ýüze çykýar. Şu proseduralaryň her biriniň öz funksional maksady bardyr, olary dogry berjaý etmeklik kadalaşdyryjy hukuk namasynyň kabul edilmeginde we güýje girmekliginde formal meseleleri döretmeklige däl, eýsem olary işläp taýýarlamaklygyň gidişinde dürli sosial toparlaryň (ýa-da tutuşlygyna bütin jemgyýetiň) bähbitlerini dogry görkezmeklige mümkinçilik berýär. Kanunçylyk nama kabul edilenden, onuň güýje gireninden soň, onuň jemgyýetçilik gatnaşygyna edýän täsiriniň netijelerine baha berilmelidir, kanundöredijilik işiniň netijeleriniň onuň maksatlaryna laýyklygy baradaky netije çykarylmalydyr. Bu kanunçylyk ulgamynyň kämil däldigini kesgitlemäge, ony kämilleşdirmekligiň zerulygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Bu esasy tapgyrlar aşakda ony amala aşyrmaklygyň esasy formalaryny görkezmeklik bilen jikme-jik serediler.

## 2.2. Kanundöreijilik prosesiniň esasy ýörelgeleri

Kanundöredijilik prosesi jemgyýetçilik gatnaşyklarynda onuň funksional maksadynyň ýüze çykmasy bolup durýan belli bir ýörelgelere laýyklykda bolup geçýär. Bu ýörelgeleri berjaý etmeklik kanunçylygyň netijeliliginiň, kanundöredijiligiň netijeleriniň onuň maksatlaryna laýyklygynyň, çykarylýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň doly göwrümliliginiň, takyklygynyň we aýdyňlygynyň kepilidir, onuň netijesi bolsa, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan mehanizm hökmünde olaryň ýerine ýetirijiligi we hakykatlygydyr. Bu ýörelgeler

---

[18] ser. Керимов Д. А. Основы философии права. М.,1992. sah.144.

kanundöredijiligiň usulyýetiniň esasynda ýatyr, kanunçykaryjylyk tehnikasy üçin esasy bolup durýar. Şu aşakdaky esasy ýörelgeleri görkezmek bolar:

1. *Kanundöredijilik prosesiniň hukuk häsiýeti*

Kanunçykaryjylyk prosesiniň maksady – hukuk kadalaryny kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň maddalaryna siňdirmeklik, kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň daşky beýany we ýazmaça berkidilmegidir. Kanunçylykda diňe hukuk kadalary şöhlelenmelidir, onuň mazmunyny diňe jemgyýet durmuşynyň we ösüşiniň obýektiw bähbitleri kesgitlemelidir. Hukuk däl häsiýetli faktorlaryň kanundöredijilik prosesine täsir etmeklige ýol berilmeli däldir. Hukuk prosesi üçin ýokary derejedäki ýaramaz netijeleri kanundöredijilik prosesine gatnaşýanlaryň işine olaryň şahsy garaýyşlary, bähbitleri, duýgulary we ş.m. täsir etmeklige getirýär. Netijede kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň netijeliligi peselýär, olar özleriniň kadalaşdyryjy güýjüni ýitirýär. Hukuk kadalaryna çapraz gelýän, obýektiw sosial zerurlygyň talaplaryna, jemgyýet durmuşynyň we onuň ösüşiniň esasgoýujy bähbitlerine laýyk gelmeýän hukuk däl kanunçylygyň çykarylmagy bolsa iň ýaramaz, zyýanly zat bolup durýar. Şeýle kanunçylygyň abraýy adamlaryň arasynda diňe bir gaçman, eýsem ol jemgyýetiň durmuşynyň bähbitlerini, ösüşini üpjün edýän, sosial ösüşine hemaýat berýän guraldan jemgyýetiň üstünden agdaklyk edýän gurala, häkimiýet başynda duran birnäçe adamlaryň birsalymlyk bähbitleriniň haýryna jemgyýetçilik ösüşine päsgel berýän gurala öwrülýär. Hukuga laýyk gelmeýän kanunçylyk hukugy beýan etmeklik we onuň kadalaryny berkitmeklik formasyndan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hakyky hukuk kadalaşdyrylmagyna päsgel berýän faktora öwrülýär.

Hut şonuň üçin kanundöredijilik prosesi obýektiw sosial zerurlygynyň beýany, jemgyýetiň hakyky bähbitlerine esaslanýan erk-isleginiň ýüze çykmasy bolup durýan diňe hukuk häsiýeti bolan faktorlar bilen kesgitlenilmelidir. Jemgyýetçilik bähbitleri bilen kesgitlenilýän hukuk kadalarynyň hakyky manysyny kesgitleýän usulyýeti işläp taýýarlamaklyk kanunçykaryjylyk tehnikanyň iň wajyp wezipeleriniň biridir.

2. *Kanundöredijilik prosesiniň ylmy taýdan esaslandyrylmasy.*

Kanundöredijilik prosesiniň hukuk häsiýeti jemgyýetiň bar bolan we emele gelýän bähbitlerine, onuň durmuşyny we ösüşini kesgitleýän faktorlara düýpli we hemmetaraplaýyn aň ýetirmekligi güman edýär. Şonuň üçin kanundöredijilik prosesiň netijeliligi progressiw jemgyýetçilik ösüşiniň esasy zerurlyklaryny açmaga, kesgitlemäge we düzmeklige mümkinçilik berýän hukuk we beýleki ylymlaryň (ynsanperwer we tebigy) gazananlaryna laýyklykda onuň durmuşa geçirilmegini göz öňünde tutýär.

Kanundöredijilik prosesiň ylmy taýdan esaslandyrylmasy döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan kadalaşdyrylýan jemgyýet durmuşynyň belli bir çäginiň ösüşiniň ykdysady, durmuş-syýasy, taryhy, milli bähbitleriniň we faktorlarynyň jikme-jik gös öňünde tutulmagyny güman edýär. Bu namalaryň taslamalarynyň işläp taýýarlanylýan wagty ylmy işlere, gelip çykmalara we netijelere esaslanmak gerek. Bu kanundöredijiligiň dowamynda kadalaşdyrylýan gatnaşyklara bagyşlanan dürli edebiýatlary (diňe bir hukuk edebiýaty däl) öwrenmekligi aňladýar.

Hukuk ylmynda işlenilip taýýarlanylan we ulanylýan (bu ýörelgeleriň kadalaýan berkidilişine ýa-da berkidilmezligine garamazdan) jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň degişli çägine hukuk kadalaşdyrmaklygyň esasy ýörelgeleri kanunçylaryň işiniň esasynda bolmalydyr. Hut şu ýörelgeler bu gatnaşyklaryň aýratynlyklarynyň jemlenen beýany bolup durýandyr, sebäbi olar ylmy-hukuk işläp taýýarlamalaryň diýseň wajyp obýektidir. Mindan başga-da, kanundöredijiligiň gatnaşyjylary kanunçylyk adalgalaryny diňe olaryň ylmy işläp taýýarlanylmagy we esaslandyrylmagy esasynda ulanmalydyrlar, olaryň arasyndan ylmy nukdaýnazardan kanunçylykdaky düşünjelerde ulanylýanlaryny görkezmek üçin laýyk gelmeklik şerti bilen saýlanmalydyr. Hukuk düşünjeleriň we olaryň ulgamlarynyň hem-de gurluşlaryň doktrinal işläp taýýarlamasyny güman edýän kanundöredijilikde adalgaşynazlygy ulanylýan bir meňzeşlik kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň netijeliliginiň iň wajyp şertleriniň biridir.

Mundan başga-da, bellenip geçilişi ýaly, kanundöredijiligiň netijeliligi bu prosesiň gurnalşyna, kanundöredijilik işiniň tehnikasynyň haýsy derejede ylmy taýdan

esaslandyrylandygyna baglydyr. Hukuk görkezmeleriň diňe bir düýp mazmunyny däl, eýsem, olary beýan etmekligiň formasy ylmy taýdan esaslandyrylmalydyr. Kanunçykaryjylyk tehnikasynyň esaslarynyň doktrinal işläp taýýarlanylmagy tutuş alanyňda kanundöredijilik prosesiniň kanuny esaslandyrylmasynyň zerur şerti bolup durýar.

Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalary taýýarlananda kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň daşary ýurt tejribesini we daşary ýurt alymlarynyň ylmy barlaglarynyň netijelerini öwrenmeklik we hasaba almaklyk zerurdyr. Şübhesiz, beýleki hukuk ulgamlarynda ulanylýan kanundöredijilik institutlarynyň, tärleriniň we usullarynyň doly göçürmesi maksadalaýyk däldir, ol ýaramaz netijelere getirip biler, kanundöredijilik prosesini, şeýle-de oniň netijelerini ulgamlaşdyrylmazlyga we bulaşdyrylmalyga eltip biler, kanunçylykda gapma-garşylyklary, kimter ýerleri we düşnüksizleri döredip biler. Emma, ylmy taýdan esaslandyrylan, hadysalaryň düýp mazmunynyň deňeşdirmelerine we öwrenilmegine esaslanýan beýleki döwletleriň kanundöredijilik tejribesiniň we daşary ýurt awtorlaryň kanundöredijilik baş ýörelgeleriniň seljermesi hökmandyr. Daşary ýurt kanunçykaryjylyk tehnikasynyň ylmy derňewleri we işläp taýýarlamalary diňe bir kanundöredijiniň öňünde ýüze çykýan çylşyrymly wezipeleriň we meseleleriň çözgüdini tapmaga kömek bermän, eýsem dürli döwletleriň kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň ulgamlaryny ýakynlaşdyrmaga, has meňzeş (hukuk kadalaşdyrmaklygyň maksatlary boýunça) hukuk institutlaryny bir nusga getirmäge, halkara hukuk integrasiýasyna kömek berýär.

*3. Ulgamlylyk*

Kanunçylygyň ulgamlylygy, onuň dolulygy we gurluşlylygy kanundöredijilik prosesiniň bütewiliginiň, toplumlaýyn we ulgamlaýyn häsiýetiniň netijesidir. Kanundöredijilik hereketleriň, amallaryň we prosesleriniň çylşyrymly ýygyndysydyr. Kanundöredijiligiň ulgamlylygy jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk kadalaşdyrmaklygyň bütewiligini, çykarylýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň köpbasgançaklylygyny, toplumlaýyn häsiýetini we özara baglanşygyny, şeýle-de hakykylygyny we kanunçylykda bar bolan talaplaryň we görkezmeleriň ýerine ýetirijiligini üpjün edýär.

Kanundöredijilik prosesiniň ulgamlylygy kanundöredijileriň maksatlarynyň, hukuk kadalaşdyrmaklygynyň ýörelgeleriniň bütewiligi we hukuk täsir etmekligiň obýektiniň bütewi häsiýeti bilen birleşen, kanunçylygyň döretmeklik prosesiniň bütewi, toplumlaýyn häsiýetini aňladýar. Kadalaşdyryjy hukuk namalar olaryň gapma-garşylyksyzlygyny, özara doldurmagyny üpjün edýän ýörite meýilnama berk laýyklykda düzülmelidir we üýtgedilmelidir. Bularyň ählisi onuň netijeliliginiň iň wajyp şerti hökmünde kanunçylygyň hukuk täsiriniň bütewi toplumlaýyn häsiýetini üpjün edýär.

Kanundöredijiligiň ulgamlylygy berk kesgitlenilen funksional maksady bolan bütewi kanunçylyk toplumynyň düzüm bölegi hökmünde (onuň derejesine garamazdan) kadalaşdyryjy hukuk namanyň işlenip taýýarlanmagyny güman edýar. Bu kanundöredijiligiň dowamynda işlenip taýýarlanylýan nama bilen özara organiki baglanşykly beýleki namalaryň barlygyny (ýa-da ýoklugyny) öwrenmekligiň zerurlygyny öňünden kesgitleýär. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň her biri onuň respondentleri (onuň salgylanýan düzgünlerine) ýa-da korrespondentleri (onuň düzgünlerine özleriniň salgylary bar bolan) bolup hyzmat edýän beýleki namalar bilen baglanyşyny göz öňünde tutmak bilen döredilmelidir (üýtgedilmelidir, ýatyrylmalydyr). Kanun döretmeklik onuň düzgünlerini takyklaýan we anyklaşdyrýan hem-de olaryň amala aşyrmaklygyň düzgünini kesgitleýän, kanuna laýyklykda we ony ýerine ýetirmek üçin berk kesgitlenilen kanunasty namalaryň toplumyny döretmek zerurlygyny öňünden kesgitlemelidir. Döwlet häkimiýetiniň ýokary edaralary tarapyndan kanunasty namanyň kabul edilmegi (Prezidentiň Permany ýa-da Ministrler Kabinetiniň kararlary) hem ony amala aşyrmaklygyň kadalaşdyryjy mehanizmini döretmek zerurlygyny ýüze çykaryp biler. Bolmadyk ýagdaýda, kabul edilýän namalar deklaratiw häsiýetli bolup biler, adamlaryň durmuşy üçin hakyky ähmiýete eýe bolup bilmez, olaryň özüni alyp baryşlaryna täsir etmeklik mümkinçiligi bolup bilmez. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň üýtgedilmegi ýa-da bes edilmegi hökmany taýdan oňa salgylanýan namalaryna hökmany üýtgetmeleri girizilmegini göz öňünde tutýar, ýogsam bulam-

bujarlygyň, ýok ýa-da düýbünden üýtgedilen düzgünlere „öli“ salgylanmalaryň ýüze çykmagy mümkindir.

Kanunçykaryjylyk tehnikasy kanundöredijilik prosesiniň ulgamlylygyny üpjün edýän we kanunçylygyň bütewi toplumlaýyn häsiýetini kepillendirýän usullarynyň bütin toplumyny, kadalaşdyryjy hukuk görkezmelerinde bar bolan logiki bütewiligi, olaryň arasyndaky many baglanşygyny öz içine alýar. Bu kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döretmekligiň meýilnamalaşdyrylmagy, we kanun taslamalarynyň baş ýörelgeleriniň deslapky döredilmegi, we esasgoýujy hukuk ýörelgelerine laýyklykda kanun taslamalaryny işläp taýýarlamaklygy, bar bolan kanunçylyk ulgamy bilen taýýarlanylýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň utgaşdyrylmagy, we (olaryň soňky işläp taýýarlanmasy üçin) döredilýän namanyň görkezmelerini durmuşa geçirmek üçin gerek bolan namalaryň kesgitlenilmegi we ş.m.

*4. Demokratizm.*

Halk häzirki zaman demokratik döwletlerde döwlet özygtyýarlylygynyň ýeke-täk göterijisi bolup çykyş edýär. Diňe halk häkimiýetiň çeşmesidir, häkimiýet görkezmeleriň hemmesi diňe halkdan (ýa-da onuň adyndan) gelip çykmalydyr. Şunuň bilen baglylykda, kanundöredijilik prosesiniň hökmany häsiýeti onuň halkyň erk-islegi bilen şertlendirilmesi bolar. Kanunçylyk tarapyndan özüni alyp barmaklygy düzgünleşdirýän ilatyň kanunçylygy döretmeklige täsir etmeklige mümkinçiligi bolmalydyr, bu prosesi kesgitlemelidir. Sebäbi kadalaşdyryjy hukuk namalaryň mazmunynda beýanyny tapýan hukuk jemgyýetiň erk-isleginiň beýanydyr, ony berkitmekligiň serişdesidir. Kanundöredijilik prosesiniň demokratizmi onuň hukuk häsiýetini üpjün etmekligiň wajyp serişdesidir.

Elbetde, kanundöredijiligiň demokratiýasy jemgyýetiň islendik agzasynyň, islendik şahsyýetiniň ýa-da jemgyýetçilik toparynyň oňa erkin täsir edip bilmekligini aňlatmaýar. Diňe bütewi organizm hökmünde onuň hakyky bähbitleri bilen şertlendirilen jemgyýetiň erk-islegi hukuk kadalaşdyrmany kesgitläp bolar.

Kanundöredijiligiň demokratizmi bir tarapdan kanundöredijiler we olaryň alyp barýan işiniň, beýleki tarapdan bolsa halk we onuň bähbitleriniň arasyndaky organiki baglanşygy üpjün edýär. Bu ýörelgeden ugur alyp, kanundöredijiler özlerini hakykatlykdan üzňe bolmaklykdan, jemgyýetçilik durmuşy, halkyň hakyky bähbitleri bilen bagly bolmadyk kanundöredijilik synaglary bilen gyzyklanmak mümkinçiliginden kepillendirýär. Kanundörejilige täsir edýän subýektleriň arasyndan halky, ilatyň giň köpçüligini aýyrmak wolýuntarizme, hakyky sosial proseslerden üzňe bolmaklyga eltip biler we netijede, kanundöredijiligiň maksadyna ýetirmezlige elter.

Kanundöredijilige jemgyýetiň erk-isleginiň täsir etmekliginiň köpdürli usullary bardyr we olaryň ählisi toplumlaýyn işjeň ulanylmalydyr. Hiç kimiň ilata haýsy hem bolsa bir kanuny usul bilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň mazmunyny kesgitlemäge täsir etmäge mümkinçilik bermezlige haky ýokdur. Bolmadyk ýagdaýda, eger kanunlary çykarmaklyk halkyň erk-isleginiň täsirinden üzňe bolsa, onda döwlet özygtyýarlylyk (halkyň) çeşmesiniň we kanunçylyk namalar görnüşinde halkyň erk-islegini berkitmek formasynyň arasynda çaprazlyk ýüze çykyp biler.

*5. Aç-açanlyk*

Aç-açanlyk ýörelgesi kanundöredijiligiň demokratizm ýörelgesiniň durmuşa geçirilmegini üpjün etmekligiň iň möhüm kepilidir. Bu prosesiň gidişi barada ulgamlaýyn we dogruçyl maglumaty yzygiderli alan ýagdaýynda, ilatyň oňa oňyn täsir etmäge mümkinçiligi bolar.

Kanundöredijilik prosesiniň aç-açanlygy jemgyýet onuň ähli tapgyrlary barada öz wagtynda maglumat almalydygyny aňladýar. Şeýlelikde, diňe bir parlamentde kanun taslamasynyň üstünde iş prosesini açyp görkezmeklik hökmany bolman, eýsem bu işi kanun taslamasyny işläp taýýarlamaklyk babatynda we kanuny döretmeklik prosesiniň netijelerini seljermek babatynda hem etmeklik maksadalaýykdyr. Bu ilatyň giň köpçüligine hukuk kadalaşdyrma barada, kanunçykaryjylykda boljak üýtgetmeler barada düşünje almaga däl, eýsem jemgyýetiň intellektual ýokary gatlaklaryna döwlet edaralaryna maslahat bermek bilen we çylşyrymly kanundöredijilik meseleleriniň çözgüdini tapmaga kömek bermek bilen ýardam berip

biler. Mundan başga-da, kanundöredijiligiň aç-açanlygy döwlet özygtyýarlylygynyň eýeleri hökmünde halka öz wekilleriniň işine gözegçilik etmäge, zerur ýagdaýlarda bolsa kanunyň kesgitlän görnüşinde oňa täsir etmäge mümkinçilik berýär.

Kanundöredijiligiň aç-açanlygy bu prosesi dürli usullaryň üsti bilen açyp görkezmekligiň zerurlygyny aňladýar. Bu maglumatyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çap edilmek, dürli görnüşli elektron sorag ulgamlarynda we Internet saýtlarynda kanun taslamalaryny ýerleşdirmeklik, şeýle kanun taslamalary köpçülikleýin ara alyp maslahatlaşmak we habar bermekligiň beýleki usullarydyr. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny işlenip taýýarlamagyna, gizlinlik nähili hem pikirler bilen düşündirilse-de, kanundöredijiligiň islendik tapgyrynyň gizlin edilmegine ýol berilmeli däldir. Çap edilmedik kadalaşdyryjy hukuk namasynyň hukuk güýji bolup bilmez.

*6. Kanunylyk*

Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň her görnüşi üçin hukuk görkezmelerinde berkidilen kabul etmekligiň öz prosedurasy bardyr. Kanundöredijilik prosesi hem bu talaplara berk laýyklykda ýerine ýetirilmelidir, bu namanyň güýjüniň barlygynyň şertidir. Bu talaplaryň manysy – kadalaşdyryjy hukuk namanyň hukuk häsiýetiniň üpjün edilmegidir.

Kanunlary – kanunçylyk ulgamynyň esaslaryny işläp taýýarlamaklygyň gidişinde kanundöredijiligiň formal prosedurasyny berk we yzygiderli berjaý etmeklik aýratyn möhümdir. Şeýle proseduralaryň iň bolmanda biriniň berjaý edilmezligi diňe bir namanyň kanuny däldigine we güýjüniň ýoklugyna eltmän, eýsem, güýjüni saklap bilse-de, onuň kadalaşdyryjy mümkinçiliklerini ýok edip biljek, agyr tehniki bozulmalara getirip biler. Mundan başga-da, kanundöredijiligiň kadaly berkidilen tertibiniň bozulmagy adamlaryň kanunçylyga we umuman, hukuga, jemgyýetçilik hukuk aň ýetirilmegine we jemgyýetçilik hukuk medeniýetine ýaramaz täsir edip biler, bu bolsa hukuk kadalaşdyrmaklygyň öňünde ýene-de has köp meseleleri goýar.

Kanundöredijiligiň dowamynda ýokarda görkezilen ýörelgeleriň berjaý edilmezligi, döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň netijeliligi, şeýle-de, umuman, hukuk kadalaşdyrmasy üçin iň agyr netijelere getirip biler. Görkezilen ýörelgelerini äsgermezligiň netijesinde, kanunçylyk ulgamy özüniň esasy wezipesini – hereket edýän umumyhökmany obýektiw hukuk kadalary hökmünde resmi raýdan beýan etmek we ýazmaça berkitmek – ýerineýetirmek mümkinçiligini ýitirýär.

# 3 BAP. KANUNDÖREDIJILIK AŇ ÝETIRMEKLIK

Indi ýokarda görkezilen kanundöredijilik prosesiniň esasy tapgyrlaryny, olary geçirmekligiň aýratynlygyny we esasy düzgünlerini jikme-jik öwrenmek gerek. Logiki taýdan kanundöredijilik prosesi kanundöredijilik aň-ýetirmeklikden başlanýar.

## 3.1. Kanundöredijilik aň ýetirmekligiň düşünjesi we ähmiýeti

Islendik beýleki döredijilik prosesi ýaly, kanundöredijilik hem boljak işe düşünmeklik bolan aň ýetirmeklikden, maksatlary kesgitlemeklik we olara ýetmekligiň usullaryny aň ýetirmeklikden başlanýar. Ise başlamazdan öň, adam näme etjekdigine we haýsy usul bilen etjekdigine aň ýetirmelidir.

Adamlaryň maksadalaýyk işiniň prosesi hökmünde hukukdöredijiligiň maksady – jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaklygyň üsti bilen ähmiýeti boýunça ykdysady, sosial, syýasy we beýleki esasy sosial meseleleri çözmekdir, ösüşiň kesgitli ýoly boýunça olary düşünjeli ugrukdyrmakdyr. Bu öz edýän hereketleriňe öňünden aň ýetirmekligi, geljekki kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň nusgasyny düzmekligi, bu bolsa öz gezeginde jemgyýetçilik gatnaşyklaryň öňünden jikme-jik öňrenilmegini we kadalaşdyrylmaly jemgyýetçilik gatnaşyklara aň ýetirmekligi göz öňünde tutýar. Bu işiň manysy – hukuk kadalaşdyrmaklygyň maksadyny kesgitlemeklik, kanunçykaryjylyk işiniň garaşylýan netijesini, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösmeginiň garaşylýan görnüşini we bu maksatlara ýetmekligiň ýollaryny kesgitlemek. Şeýle aň-ýetirmeklik, ylmy çemeleşme we boljak herekete aň ýetirmekligiň ulgamlaýyn guralmagy kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamyny döretmeklik (ýa-da üýtgetmeklik) prosesiniň netijeliliginiň, hukuk kadalaşdyrmaklygyň dolulygynyň we dogrulylygynyň, kanundöredijilik netijeleriniň laýyklygynyň iň wajyp şertidir.

Hut şonuň üçin kanunçykaryjylyk tehnikasy diňe bir kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýazylyş tärlerini däl, eýsem kadalaşdyrylmaly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň häsiýetini seljermekligiň tehnikasyny we usulyýetini, hukuk kadalaşdyrmaklygyň ýollarynyň we ugurlarynyň açylyp görkezilmegini, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň umumyhökmany görnüşi hökmünde resmi beýan edilmegini we berkitmekligi kesgitlemekligini öz içine alýar. Bu proses kanundöredijilik aň ýetirmeklikdir.

Kanundöredijilik aň ýetirmekligi **kanundöredijilik işine gatnaşyjylar tarapyndan durmuşyň esasy bähbitleriniň we hukuk kadalaşdyrmaklygyň esasynda ýatan jemgyýetçilik ösüşine aň ýetirmeklik, kanunlaryň we kanunasty namalaryň maddalarynda beýan edilmeli hukuk kadasynyň manysyna düşünmeklik, şeýle-de kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamynda bu kadalary beýan etmekligiň formalaryny we usullaryna aň ýetirmeklik prosesi hökmünde** kesgitläp bolar.

Kanundöredijilik aň ýetirmeklik hukuk kadalaşdyrmanyň zerurlygyna düşünmekligiň ylmy taýdan esaslandyrylan aň ýetirilmegini, bu kadalaşdyrmanyň çäginde boljak hukuk ara goşulmaklygynyň düýp mazmunyny kesgitleýän obýektiw sosial zerurlygyny, daşky beýan edilmeli we hukuk kadasynyň ýazmaça berkidilmekligiň kesgitlemesini, bu kadanyň kadalaşdyryjy täsiriniň bolup biljek netijeleriniň seljermesini we bu kadalary beýan etmek üçin kadalaşdyryjy hukuk namanyň (namalaryň) tekstiniň kesgitlemekligini güman edýär. Kanundöredijilik aň ýetirmeklik öz ulgamynda kesgitleýän jemgyýetiň tutuş bähbitleriniň, dürli sosial gatlaklaryň we toparlaryň esasgoýujy zerurlyklaryny we bähbitlerini hökmany açyp görkezilmegine, şeýle-de jemgyýetçilik bähbitleriniň ol ýa-da beýleki çäkleriniň ösüşini we üýtgeşmelerini öwrenmeklige esaslanmalydyr. Bu işiň netijesinde kanundöredijiligiň gatnaşyjylary ýazmaça beýan edilmeli we kanunçylykda berkidilmeli hukuk talabynyň düýp mazmuny, şeýle-de oňa has laýyk gelýan forma barada doly we toplumlaýyn düşünje alýarlar. Hukuk kadasynyň manysy, onuň esasy gurluş düzüjileriniň mazmuny, şeýle-de düzülmeli kanunyň ýa-da kanunasty namanyň manysyny kesgitleýän başga faktorlar hem kesgitlenilýär.

Mundan başga-da, hukuk kadasynyň mazmunyna aň ýetirilenden soň, kanundöredijilik işine gatnaşyjylar kanunçylykda kesgitlenilen bu kadany durmuşa geçirmekligiň anyk formasyny we usulyny kesgitlemelidir. Kanundöredijilik aň ýetirmeklik umumy häsiýetde bütin kanundöredijilik prosesiniň modelirlenmegini hem güman edýär. Şeýlelik-de, kanundöredijilik aň ýetirmeklikden soň, kanundöredijiligiň gatnaşyjylary hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk ulgamyny üýtgetmekligiň maksadyny we formasyny kesgitlemek bilen öz hereketleriniň maksatnamasyny düzýärler.

Kanundöredijilik aň ýetirmeklik prosesinde kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklar babatynda hünärmenleriň ähmiýeti aýratyn uludyr. Hukuk gatnaşyklara gatnaşyjylaryň özüni alyp barmaklygyň sosial peýdaly wariantyny kesgitlemeklik kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düýp manysynyň, olaryň esasy kanunylyklarynyň, olara täsir edýän has wajyp faktorlarynyň jikme-jik aň ýetirilmegini güman edýär. Şonuň üçin, kanundöredijilik aň ýetirmekligiň gidişinde degişli hünärmenleriniň: ykdysatçylaryň, sosiologlaryň, syýasatçylaryň , mümkin, tehniki hünärmenleriň (eger tehniki häsiýetli gatnaşyklary kadalaşdyrmak barada gürrüň gidýän bolsa) kömegi zerurdyr.

Kanundöredijilik aň ýetirmeklikde kanunçykaryjylary gyzyklandyrýan jemgyýetçilik gatnaşyklar babatynda statistik barlaglaryň şeýle-de şu gatnaşyklaryň: kazyýet tejribesi, edara ediş-ýerine ýetiriş hukuk ulanmaklygyň tejribesi, hereket edýän hukuk adatlaryň ulgamy, ilatyň dürli gatlaklarynyň hukuk kadalaşdyrma baradaky pikirleri, öz ýurtlarynda jemgyýetçilik durmuşynyň bu tarapyny kanuny kadalaşdyrmaklygyň taryhy we daşary ýurtda şeýle kadalaşdyrmanyň tejribesi hukuk kadalaşdyrmaklygyň häsiýeti we meseleleri boýunça maglumatlaryň ähmiýeti uludyr. Bu zatlaryň ählisi maglumatyň wajyp çeşmesidir we kanuny kadalaşdyrmaklygyň derwaýyslygy barada netijeleriň esasydyr.

## 3.2. Kanundöredijilik aň ýetirmekligiň tapgyrlary we usulyýeti

Kanundöredijilik aň ýetirmekligiň düýp manysyny we usullaryny bu prosesiň tapgyrlaryny öwrenmekligiň üsti bilen düşünmeklik iň amatlysydyr, sebäbi, kanundöredijilik aň ýetirmeklik düzülýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň ideal modelirlemegine ugrukdyrylan hereketleriň dogry yzygiderligine baglydyr.

1. Kanundöredijilik aň ýetirmekligiň birinji tapgyry *kadalaşdyrylmaly jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kesgitlemekdir*. Kanundöredijilige başlamazdan öň, kanunçylyk düzgünleşdirmeklige degişli bolan meseleleriň toplumyny kesgitlemeli. Kanundöredijiligi hukuk kadalaşdyrylma mätäç bolan ugurda amala aşyrylmaly. Şonuň üçin, ilki bilen, kadalaşdyryjy hukuk namasynyň kabul edilmegi meýilleşdirilýän jemgyýet durmuşynyň ugrunyň hakyky ýagdaýyny kesgitlemeli. Bu işde degişli pudaklaryň hünärmenleri: ykdysatçylar, malyýe işgärleri, inženerler we ş.m. kanun düzüjilere kömek etmelidirler.

Şeýlelikde, kanundöredijilik aň ýetirmekligiň birinji tapgyry hukukda bar bolan ýetmezçilikleri tapmak bolar, ýagny, öz ähmiýeti boýunça hukuk kadalaşdyrylmasyna degişli bolan, emma kanunçylyk namalarda amal edilen hukuk kadalar bilen kadalaşdyrylmadyk jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumyny görkezmeklikdir. Şeýle kimter ýerleriniň bolmagy gutulgysyzdyr – jemgyýet gitdigiçe yzygiderli ösýär, onuň durmuşynyň şertleri üýtgeýär, öň ikinji derejeli bolan hukuk kadalaşdyrma üçin uly ähmiýeti bolmadyk gatnaşyklar kesgitleýji bolýarlar.

Şeýle ýetmezçilikleri tapmakda jemgyýetçilik gatnaşyklaryň kadalaşdyrylýan çagindäki hünärmenler däl, eýsem hukuk ulanyjylar hem kanundöredijilik işiniň gatnaşyjylaryna kömek berip bilerler. Ilkinji nobatda, hukukda kimter ýerlerini gözlemegiň dowamynda hukukda ýüze çykýan kimter ýerleri has aýdyň görkezip bilýän kazyýet tejribesini öwrenmeli. Kazylar tarapyndan köplenç meňzeşlikleriň (analogiýalaryň) ulanylmagy (hukuk analogiýalary ýa-da kanun analogiýalary) kazylaryň şeýle meňzetmeleri ulanmaga mejbur bolan jedelleri çözmek üçin gatnaşyklaryň hukuk kadalaşdyrylmagynyň derwaýyşdygyny subut edýär. Mysal üçin,

kanun tarapyndan kadalaşdyrylmadyk hukuk gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylmagy üçin kanunçylygyň degişli maddalaryny ulanmak babatynda kazylara anyk kazyýet jedelleri çözmekligiň mysalynda görkezmeleri (maslahat häsiýetli) öz içine alýan ýokary kazyýet edaralary tarapyndan ýolbaşçylyk kararlarynyň çykarylmagy hukukda kimter ýerleriň barlygynyň alamatydyr. Şeýle kararlaryň maksady meňzeşlikleri düşündirmekde bir kybaplylygy üpjün etmekdir we ýokary kazyýet edaralary tarapyndan kazyýet tejribesini täzeden işläp taýýarlamaklygyň we umumylaşdyrmaklygyň we hukukda kazylar tarapyndan (hukugyň ýa-da kanunyň) meňzeşliklerini ulanmaklygyň üsti bilen ýeňip geçmäge mejbur bolýan kimter ýeriniň barlygy baradaky çözgüt çykarmaklygyň netijesidir. Bu kimter ýerini dolmak – kanunçykaryjylaryň wezipesi bolup durýar. Hut kazyýet edaralary jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlarynda yzygiderli hukuk ulanylmak işini alyp barýandyklary sebäpli, hukukda bar bolan kimter ýerleri diýseň çalt ýüze çykarmaga mümkinçiligi bar, emma hereket edýän kanunçylyk ulgamynyň bu kemçilikleri doly ýeňip geçmäge mümkinçiligi ýok.

Mundan başga-da, kanunlaryň ýa-da ýokary kanunasty namalaryň (Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlarynyň we Ministrler Kabinetiniň kararlarynyň) ygtyýarlygyna degişli hukuk kadalaşdyrmakdaky kimter ýerleri öz kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen öwezini dolduryp bilmeýän ministrlikler we edaralar tarapyndan çap edilýän kanunlaryň (adatça, gürrüň hut kanunlar barada gidýär) maddalarynyň düşündiriliş häsiýeti boýunça düşündiriş iş uly göwrümi hukukda bar bolan kimter ýerleriň alamaty bolup çykyp edip biler, emma kanunçylyk namalarynyň hereket edýän meňzeşliklerini düşündirmekligiň üsti bilen kanunçylyk kadalaşdyrmanyň ýetmezçiligini iň bolmanda bölekleýin azaltmaga synanyşýarlar.

Hreket edýän kanunçylykdaky kimter ýeriniň öz wagtynda we takyk ýüze çykarylmagy – kanundöredijiligiň ylmy we ulgamlaýyn häsiýetiniň we umuman kanunçylygyň netijeliliginiň wajyp şertidir.

2. Kanundöredijilik aň ýetirmekligiň indiki tapgyry *bu gatnaşyklary kadalaşdyrmaklygyň jemgyýetçilik durmuşy we ösüşi üçin oňaýly wariantyny kesgitlemek, olara kanunçylyk täsiriň maksatlaryny kesgitlemeklik bolar.* Jemgyýetiň obýektiw zerurlyklary tarapyndan kesgitlenilýän jemgyýetçilik gyzyklanmanyň ýüze çykarylmagy kanundöredijilik aň ýetirmeklik prosesiniň many özeni bolup durýar. Munuň üçin şu aşakdaky hereketleriň ýerine ýetirilmegi maksadalaýyk bolar:

- jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bu babatdaky kanunçylyk düzgünleşdirlenmeginde jemgyýetiň zerurlyklary ýüze çykýan sosial faktorlary ýüze çykarmak;
- bu faktorlary seljermek, olaryň hersiniň ähmiýetini kesgitlemek;
- bu faktorlaryň hereketiniň biri-birine, şeýle-de kanundöredijilige degişlilikde ugruny kesgitlemek, ýagny, bu faktorlaryň kanunçykaryjylyk işiniň maksadyna we manysyna neneňsi täsir edýändigine aň ýetirmek;
- bu faktorlaryň toplumlarynyň hereketleriniň umumy netijesini kesgitlemek;
- mesele ýüze çykýan ýagdaýy çözmekligiň dürli wariantlaryna seredip geçmek we amatly çözgüdi tapmak.

Bu hereketleriň ýerine ýetirilmegi kadalaşdyrylýan ugruň jemgyýetçilik zerurlygynyň nämededigini, bu gatnaşyklarda jemgyýetiň umuman zerurlygy we gyzyklanmalary neneňsidigini, jemgyýýetiň durmuşy we ösüşi üçin onyň netijeleri bolup biljek kadalaşdyrylýan gatnaşyklaryň subýektleriniň özüni alyp barmaklygynyň we umumy hökmany hökmünde berkidilmeli wariantynyň haýsydygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, jemgyýeyçilik durmuşyny kesgitleýän ähli faktorlaryň: ykdysady, sosial, syýasy-hukuk, tebigy we başgalar, olaryň bütin toplumynyň ulgamlaýyn hasabatyny amala aşyrmaly. Kanundöredijilik prosesinde iň ýaýran ýalňyşlaryň biri, ol hem kanunçykaryjy, anyk meseleleriň (mysal üçin, korrupsiýa bilen göreş) çözmäge hyýal edende diňe bir faktora üns berýär (biziň ýagdaýymyzda diňe syýasy-hukuk, esasy ünsi korrupsionerleriň jeza berilmeginiň gutulgysyzlygyny üpjün etmeklige berilýär) we ýüze çykýan ugurdaş ýagdaýlar göz öňünde tutulmaýar (mysal üçin, döwlet dolandyryş ulgamynda mümkin bolup biläýjek kemçilikler, ilatyň pes derejeli hukuk medeniýeti, şahsy baýamaklygy maksat edilýän ýaýraýan alyjylyk (ulanyjylyk) ideologiýasy we

başgalar). Netijeli hukuk kadalaşdyrma bolsa jemgyýetçilik gatnaşyklaryň, ähli sosial taýdan ähmiýetli faktorlaryň ösüşini kesgitleýji ähli jemgyýetçilik institutlaryň hasabyny göz öňünde tutýar. Hut şunuň bilen baglylykda kanundöredijiligiň bu tapgyrynda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylýan çägine hünärmenleri (inženerleri, ykdysatçylary, sosiologlary we ş.m.) işe çekmeli, olaryň kömegi toplumlaýyn häsiýetli bolmalydyr, berýän maslahatlary biri-birini dolmalydyr.

3. Indiki tapgyrda kanundöredijilik işine gatnaşýan gatnaşyjylar *jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özüni alyp barmaklygyň haýsy wariantynyň garaşylýan onyň netijelere getirjekdigini, haýsy ýagdaýda kadalaşdyrýan gatnaşyklaryň jemgyýetiň gyzyklanmalaryna laýyk gelýändigini, jemgyýetçilik abadançylygy gazanmaklyga eltýändigini, jemgyýetiň durmuşynyň we ösüşiniň amatly tertibine eltjekdigini* kesgitlemeli. Bu tapgyr mundan beýläk olaryň işini kesgitlejek kanundöredijilik prosesiniň gutarnykly maksadynyň kesgitlemesi bolup durýar. Kanundöredijiniň maksatlaryny, hukuk gatnaşyklarynyň degişli subýektleriniň öz işinde näme gazanjakdygyny, kanundöredijiligiň netijesinde jemgyýetçilik gatnaşyklaryndan haýsy üýtgeşmelere garaşýandygyna kesgitlemek hökmandyr.

Bu tapgyrda sosial durmuşyň belli bir gatnaşyjylarynyň özüni alyp barmaklygynyň kesgitlenen modelini düzülýär, ol bolsa pozitiw jemgyýetçilik häsiýetine eýedir we kanundörediji̇ler tarapyndan meýilleşdirilen netijesine eltýär. Bu, eger şeýle aýdyp bolsa, döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň gündeki taktiki wezipesidir.

Şeýlelikde, jemgyýetçilik aragatnaşyklaryň we jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ulgamynda her şahsyň ornuny, onuň jemgyýetiň ösüşinde we kadalaşdyrylýan gatnaşyklaryň mehanizminde ähmiýetini aýratyn göz öňünde tutulmaly. Kanundöredijilik aň ýetirmekligiň bu tapgyry kanundöredijilik gatyşmaklygyň netijesinde gatnaşyklaryň islenilýan ösüşini özboluşly meýilleşdirilmegidir. Kanundöredijileriň bu işiň gidişinde jemgyýetçilik gatnaşyklaryň onyň ösmegi üçin zerur bolan hukuk gatnaşyklaryň dürli subýektleriniň hereketleriniň ulgamy düzülýär.

4. Indi, kanunlaryň talabalaýyk hilini we netijeliligini gazanmaklyk, *hukuk görkezmesiniň manysyny kesgitlemekligi, hukuk kadasynyň özüni aýratyn görkezmekligi we kesgitlemekligi güman edýär, ony bolsa kanunçylyk namalarda amala aşyrmalydyr.* Hukuk kadany emele getirmeklik görkezmelerde, gatnaşyklara gatnaşyjylaryň özüni alyp barmaklygyň talaplarynda bar bolan öňki tapgyrda alnan maglumatlaryň amala aşyrylmak prosesidir, ol hukuk kadasynyň güýje girmekligiň şertlerini kesgitlemekden, özüňi alyp barmaklygyň talap edilýän wariantyny kesgitlemekden we bu görkezmeleri ýerine ýetirmezligiň eltip biljek ýaramaz netijeleri görkezmekden ybaratdyr. Kadalaşdyrylmaly gatnaşyklaryň (öňki tapgyrda) kesgitleýän faktorlary kesgitlemeklik we öwrenmeklik, bu faktorlary maksatlar, işlenilip taýýarlanylýan kanun taslamalaryň prinsipial esaslar hökmünde, ulanmaga mümkinçilik berýär. Bu ýerde aýratyn üns hukuk kadasyny kesgitlemegiň toplumlaýyn häsiýetine, onuň esasy elementleriniň – gipoteza, dispozisiýa we sanksiýa dürs görkezilmegine berilmelidir. Olary görkezmeklik we dürs kesgitlemeklik – geljekki kanundöredijiligiň dolulygynyň we ulgamlylygynyň kepilidir.

5. Mundan soň kanundöredijilik aň ýetirmekligiň täze tapgyry *–kesgitlenen kadanyň obýektiw beýan etmekligiň we ýazmaça berkitmekligiň usulyny kesgitlemekdir, kanundöredijiligiň wariantyny saýlamakdyr.* Bu tapgyrda kadalaşdyrylýan meseleleriň wajyplylyk derejesini, olaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamy üçin ähmiýetini kesgitlenenden soň, düzülýän namanyň görnüşini kesgitlemeli (eger çap etmeklik üçin birnäçe namalar taýýarlanylýan bolsa, onda olaryň ulgamyny emele getirmeli), degişli boljak kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamy kesgitlenilýär (ilkinji nobatda, hukuk pudagy). Bütewi kanunçylyk ulgamyna sazlaşykly girmek üçin düzülýän namany kesgitlemeli hukuk kadalaşdyrmaklygyň ýörelgelerini we usullaryny kesgitlemek üçin iň soňky tapgyr has-da ähmiýetlidir.

Kanundöredijilik aň ýetirmekligiň bu tapgyrynda öňki tapgyrda kesgitlenilen hukuk kadasynyň elementleriniň (gipoteza, dispozisiýa wesanksiýa) kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň tekstlerinde beýan etmeklik usuly meýilleşdirilýär.

Kadalaşdyrma degişli meseleler boýunça kanunçylygyň ýagdaýyna baglylykda täze namany düzmekligiň zerurlygy barmy ýa-da eýýäm hereket edýän kadalaşdyryjy namalara üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek bilen çäklenip bolarmy diýlen tarapyny anyk kesgitlemeli, sebäbi hemişe kanunlaryň ýa-da kanunasty namalaryň bütin ulgamyny döredip hukuk kadalaşdyrmaklygyň mehanizmini dargatmaklygyň manysy bolmaýar (bu meňzeş kadalaşdyryjy namalarynyň arasyndaky bulaşyklygy we olaryň goşmaça ulgamlaşdyrylmagynyň zerurlygyny döredip biler). Eger jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň meňzeş toplumyny kadalaşdyrýan kanunçylyk bar bolsa, onda onuň aýratyn soraglaryny eýýäm hereket edýän kadalaşdyryjy namalara goşmaçalary girizmeklik bilen kadalaşdyrylsa gowy bolar. Mümkin, kesgitlenilen hukuk kadasynyň elementleri eýýäm hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynda berkidilip bilner.

6. *Geljekki kadalaşdyryjy namany modelirlemek* kanundöredijilik aň ýetirmekligiň iň soňky tapgyrydyr. Bu tapgyrda kesgitlenilen hukuk kadanyň görkezmelerini has amatly kesgitlemäge mümkinçilik bermek üçin onuň gurluşyny meýilleşdirmeli, esasy many düzüjileriň logiki ulgamyny döretmeli, onuň esasy bölekleriniň özara hereketini işläp taýýarlamaly, geljekki namanyň esasy gurluş düzüjileriniň mazmunyny pikirlenmeli. Şeýlelikde, geljekki namanyň esasy hukuk gurluşyny düzmeli, onuň düşünje-adalga esasyny işläp taýýarlamaly, şeýle-de, namalar bilen baglanyşykly, onuň respondentleri ýa-da korrespondentleri bolup çykyş etjek kanunlaryň we kanunasty namalaryň (eýýäm döredilen we meýilleşdirilýän) sanawyny pikirlenmeli. Netijede, kanunçykaryjyda geljekki kanun taslamanyň esasy hökmünde ulanyp boljak kadalaşdyryjy hukuk namanyň taýyn modeli, nusgawy görnüşi bar.

Kanundöredijilik aň ýetirmekligiň geçirilmegi kadalaşdyryjy hukuk namanyň taslamasynyň üstündäki işiň başyny – kanunçykaryjylyk prosesiň başyny öňünden kesgitleýär.

# 4 BAP. KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMALARY TAÝÝARLAMAK WE KABUL ETMEK (KANYNÇYKARYJYLYK PROSESI)

Kadalaşdyryjy hukuk namalary döretmek prosesi, ýagny *kanunçykaryjylyk prosesi* manysy boýunça kanunçylyk ulgamyny döretmek prosesiniň esasy tapgyry bolup, ol her haýsy özüniň funksional degişliligi bar bolan, manysy we görnüşi boýunça dürli görnüşli birnäçe kiçi tapgyrlara bölünip, çylşyrymly hereket ulgamy bolup durýar.

## 4.1. Kadalaşdyryjy hukuk namalary taýýarlamak

Geljekki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň tekstleriniň düzülişi kanunçylyk namalarynyň taslamalarynyň taýýarlygy bolup durýar we geljekki onuň bilen golaý baglanşykda bolup, kanundöredijilik aň ýetirmekliginiň logiki dowamyny aňladýar. Kanunçykaryjy prosesiniň ulgamlylygy oňa bildirilýän has wajyp talaplaryň biridir. Kanunçykaryjylygy taýýarlamagyň prosesinde bu ýörelge kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň döredilmegi *kanunyň taslama işiniň esasy meýilnamasy* bilen baglanyşykda amala aşyrylýar.

Kanundöredijilik işiniň meýilnamalaşdyrylmagy – onuň netijeliliginiň iň wajyp şertidir. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň döredilmegini meýilnamalaşdyrmak döredilýän kanunçylygyň hereketiniň çäginden şeýle kadalaşdyrylmaga degişli soraglaryň hiç birini aýyrman, kanundöredijilik kadalaşdyrmasyny bütewi we ulgamlaýyn amala aşyrmaga ýardam edýär. Kanundöredijiligiň meýilnamalary kadalaşdyryjy hukuk namalary döretmek boýunça tagallalary has rejeli paýlamaga, olary taýýarlamak we bir-birine laýyk getirmek boýunça işleri has dürs we netijeli guramaga ýardam edýär. Kanundöredijiligi meýilnamalaşdyrmak, kabul edilýän namalaryň taýýarlyksyzlygy, olaryň gapma-garşylygy, bölekligi we tötänligi bilen göreşýän esasy guraldygyny aňladýar. Kanuntaslama işiniň meýilnamalaşdyrmagy jemgyýetiň zerurlyklarynyň we bähbitleriniň nukdaýnazaryndan has wajyp bolan kanunçykaryjylyk kadalaşdyrmaklygyň ugurlaryna esasy ünsi bermek bilen, kanundöredijilik prosesiniň ylym we maglumat üpjünçiligini dogry paýlamaklyga, kanundöredijilik işine gatnaşyjylaryň tagallalaryny utgaşdyrmaga ýardam edýär.

Türkmenistanda kanuntaslama işiniň meýilnamalaşdyrylmagy merkezleşdirilip amala aşyrylýar. Kanun taslamalarynyň taýýarlamak meýilnamalary Türkmenistanyň Mejlisiniň komitetleri tarapyndan işlenip düzülýär we Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklanylýar.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kanunçylyk başlangyjy tertibinde hödürlenilýän kanuntaslamalary taýýarlamaklygyň meýilnamalary, onuň permanlarynyň we kararlarynyň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kadalaşdyryjy häsiýeti kararlarynyň taslamalary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

Türkmenistanyň ministrlikleri, döwlet dolandyryşyň merkezi edaralary öz kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamak meýilnamalaryny özbaşdak işläp düzýärler we tassyklaýarlar. Şeýle meýilnamalar, adatça, ministrlikleriň we edaralaryň hukuk bölümleri tarapyndan başga düzüm bölümçeleriniň we edara degişli guramalaryň pikirlerini we tekliplerini hasaba almak bilen düzülýär we edara ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar. Göwrümi boýunça has uly kanuntaslamalaryň, şeýle-de esasy ýa-da ulgam dörediji kadalaşdyryjy hukuk namalar taslamalarynyň işlenip taýýarlanylmagy, döwlet mehanizminiň gurluş düzümleriniň ylmy-tehniki maksatnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça ýörite meýilnamalaryna goşulyp bilner.

Meýilnamalaryň düzülen wagty döwlet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryň, jemgyýetçilik guramalaryň, edaralaryň we guramalaryň köpçülikleýin habar beriş serişdelerde öňe sürlen teklipler we ilatyň ýüzlenmeleri hasaba alynýar.

Kanundöredijilik işiniň meýilnamalary **gündeki** (wagtyň belli bir gysgamöhletleýin aralyklara; bir aýlyk, çärýeklik, ýarymýyllyk, ýöne, adatça, bir ýyllyk) we **geljekki** (birnäçe ýyl möhlete niýetlenen) bolup biler. Gündeki meýilnamalar has takykdyr we geçirilýän işleri gutarmaklygyň anyk wagty bilen belli bir namalaryň işlenip taýýarlanmalyryny kesgitleýär.

Geljekki meýilnamalarda kanunçylygyň ösüş ugurlary, kodifikasiýa ýa-da kadalaşdyryjy hukuk resnamalaryň başgaça düzgünleşdirilmegi boýunça uly çareleri kesgitlenilýär, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ulgamlaşdyrylan ýa-da täzelenen neşirleri işlenip taýýarlanylmagy göz öňünde tutulýar. Geljekki meýilnamalar gündeki meýilnamalarda takyklanýar we göz öňünde tutulýar.

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taslamalaryny taýýarlamaklygyň meýilnamalary meýilnamadan daşary taslamalaryň hem işlenip düzülmegini hem aradan aýryp bilenok.

Kanuntaslama işiniň maksatnamasy işlenip düzülende, onuň awtorlary bir tarapdan, onuň esasy ýörelegeleriniň berjaý edilişini we ulgamlylygy we bütewiligi üpjün etmekligini maksat edinip, hereket edýän kanunçylygy seljermekden we beýleki tarapdan, döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ösüşiniň ylmy maglumatlara esaslanmakdan ugur alýarlar, bu bolsa neşir edilýän namalaryň hukuk häsiýetlerine kepillik berýär. Çüňki olary ýygy-ýygydan üýtgetmezlik üçin, döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň durnuklylygyny we uzak möhletliligini üpjün etmegiň wajyp şerti bolup durýar.

Kanuntaslama işiniň meýilnamasy hukuk meseläniň aýdyň çözgüdine, ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumlaýyn kanunçylyk kadalaşdyrmaklyga ugrukdyrylmaly. Şeýle meýilnama kadalaşdyryjy hukuk namalaryň toplumyny bellenilen yzygiderlilikde kabul etmeklik maksatnamasyny özünde jemlemelidir, şeýlelikde, bu yzygiderlilik kadalaşdyrylýan hukuk gatnaşyklaryň häsiýetini we kanunçykaryjynyň yzarlaýan pikirlerine bagly bolar. Şeýlelikde, kabul etmek meýilnamasy diňe bir neşire taýýarlanylýan namalaryň sanawyny däl, eýsem olaryň gysgaça mazmunyny, ýörelgelerini we maksatlaryny özünde saklap biler.

Kanuntaslama işiniň meýilnamasyna şu aşakdakylary goşmalydyr:

- kadalaşdyryjy hukuk namalaryň işlenip düzülýän taslamalarynyň sanawy;
- olary işläp taýýarlaýan jogapkär gurluş bölümleriniň we anyk wezipeli adamlaryň sanawy;
- taslamalaryň işlenip düzülişine ol ýa-da başga görnüşinde gatnaşýan edaralaryň gurluş birliklerinden, edara tabyn guramalaryň we anyk wezipeli adamlaryň sanawy;
- geljekde ediljek kanuntaslama işiniň grafigi, meýilnamanyň hasaplanylan umumy möhletiniň çäklerinde (anyk senesi ýa-da wagtyň belli bir aralygy) kanuntaslama tekstlerini taýyarlamak möhletleri;
- taslamalaryň üstünde işleri guramak üçin zerur bolan başga maglumatlar.

Kanundöredijilik işleriniň meýilnamasyny düzmeklik çak edilýän kanunçylyk namalaryň özara arabaglanyşygyny, olaryň kabul edilmeginiň yzygiderliligini göz öňünde tutmek bilen geçirilmelidir. Şeýlelikde, has anyk mowzuklar boýunça namalaryň taslamalary has umumy meseleler boýinça kanundöredijilik görkezmeleri kabul edilenden soň ýa-da şolar bilen birwagtda işlenip düzülmelidirler. Ýöne, ilkibaşda hususy kanun, soňra bolsa ondan öň kabul edilen kanunyn umumy ýörelgelerini we maksatlaryny kesgitleýän has umumy kanun kabul edilen ýagdaýyna kadaly diýip ykrar edip bolmaz.[19]

Aýratyn bellemeli zat, ol hem kanuntaslama işiniň meýilnamalary has wajyplaryň döredilmegini, şonuň üçin hem çylşyrymly we zähmeti köp talap edýän işleri göz öňünde tutýar, emma kadalaşdyryjy hukuk namanyň taslamasynyň kanundöredijilik prosesine gatnaşyjylaryň haýsydyr biri tarapyndan meýilnamadan daşary, Parlamentiň, Hökümetiň ýa Prezidentiň ýörite tabşyrygy ýa-da öz başlangyjy boýunça taýýarlamak mümkinçiligini hem aradan aýyrmaýar.

Kanunçykaryjylyk işiniň meýilnamalaşdyrylmagy kanuntaslamalary düýpli we ulgamlaýyn işlenilip taýýarlanmagy, sosialogik we beýleki barlaglary geçirilmegi, kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň milli we daşary ýurt tejribesini öwrenilmegi üçin ähli şertleri döretmäge mümkinçilik berýär.

Bu kanunçylyk taýdan talap edilmese-de, kadalaşdyryjy hukuk namanyň anyk taslamasyny döretmegiň üstünde gös-göni geçirilýän işi *kanuntaslamanyň baş ýörelgesini* taýýarlamakdan başlamak maksadalaýykdyr.

---

[19] Ser. Пиголкин А.С. Законотворчество в Российской Федерации. М.2000. sah.196.

Kanuntaslamanyň baş ýörelgesi onda kesgitlenilen görkezmeleriň düýp manysynyň öz boluşly jemlenen beýan edilişini aňladýar. Baş ýörelge kadalaşdyryjy hukuk namalary döretmegiň (anyk meseleleri çözmek, kadalaşdyrmaklygy talap edýän gatnaşyklaryň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagy, hukukda bar bolan kimter ýerlerini, gapma-garşylyklary, şol bir mesele boýunça namalaryň köp sanyny aradan aýyrmak we ş.m.) maksatlaryny kesgitlemek, onda onuň esaslanýan ýörelgeleri beýan etmek, garaşylýan netijäni, kabul etmekligiň we ýerine ýetirmekligiň sosial we ykdysady maksadalaýyklygy kesgitlemek üçin hyzmat edýär. Baş ýörelgede namanyň görnüşi, kanunçylyk ulgamynda onuň tutýan orny umumy görnüşde kesgitlenilýär.

Kanuntaslamanyň baş ýörelgesini işläp taýýarlamaklygyň dowamynda hukuk kadalaşdyrmaklyk babatynda hereket edýän kanunçylygy öwrenmek, umumylaşdyrmak we seljermek, täze namanyň zerurlygyny şertlendirýän kadalaşdyrmaklyga sezewar edilýän çäginde kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bar bolan ulgamynyň ýeterlikli däl netijeliliginiň sebäplerinini anyklamak, hukuk häsiýetini ýitiren köne namalary kesgitlemek gerekdir. Munuň hemmesi kanunçylyk ulgamynyň kämilleşdirilmeginiň zerurdygyna şaýatlyk edýän baş ýörelgede beýan edilýän delilleriň esasyna ýatmalydyr.

Kanuntaslamanyň baş ýörelgesinde hökmany suratda şu aşakdakylar kesgitlenilmelidir:

- Döredilmegi göz öňünde tutulýan kadalaşdyryjy hukuk namanyň hereketiniň astyna düşjek hukuk kadalaşdyrmaklygyň predmeti, jemgyýetçilik gatnaşyklary;
- kanunçylygyň meýilnamalaşdyrylýan namasynyň esasy pikiri, ony kabul etmekligiň sebäpleri, ol tarapdan ýerine ýetirilýän hukuk kadalaşdyrmaklygyň artykmaçlyklary;
- döredilýän namanyň (pudaklaýyn, şeýle hem beýlekiler, hat-da şol nama degişli hususy, diňe şu nama mahsus - bu mümkindir, mysal üçin: kodeks döredilende) mazmunyny, manysyny we geljekki hereketini kesgitleýän ýörelgeler;
- meýilleşdirilýän namanyň täsirine düşjek adamlar topary, olaryň hukuk derejesini üýtgetmek (öňden hereket edýän hukuklary we borçlary hasaba almak bilen), olaryň bähbidi üçin göz öňünde tutulýan hukuk kadalaşdyrmaklygyň netijeleri;
- geljekki kadalaşdyryjy hukuk namanyň onuň haýsy pudaga degişlidigini görkezmek bilen hereket edýän kanunçylyk ulgamyndaky orny, Konstitusiýanyň düzgünleri we olary ýerine ýetirmek üçin niýetlenen beýleki hukuk güýji boýnça ýokarda duran namalar, şeýle-de, onuň hukuk kadalaşdyrmaklygyň milli ulgamy üçin ähmiýeti;
- görkezmelerdäki kimter ýerlerini, olaryň arasyndaky gapma-garşylyklary görkezmek bilen bu çäkde hereket edýän kadalaşdyryjy namalaryň ulgamynyň seljermesi, özüniň tehniki kämilsizligi sebäpli güýjüni ýitiren we iş ýüzünde hereket etmeýän düzgünleriň göwrümini kesgitlemek bilen degişli jemgyýetçilik gatnaşyklaryň hukuk kadalaşdyrmaklygyň umumy häsiýetnamasy we ýagdaýyna baha bermek,;
- degişli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk kadalaşdyrmaklygynyň milli taryhynyň we bu babatda daşary ýurt kanunçylyk tejribesiniň seljermesi;
- geljekki kadalaşdyryjy hukuk namanyň amala aşyrmaklygyň sosial-ykdysady, syýasy we beýleki netijeleriniň seljermesi, onuň maliýe-ykdysady ýerine ýetirijiliginiň we maksadalaýyklygynyň esaslandyrylmasy;
- geljekki kanunçylyk namanyň takmynan mazmuny, onuň gurluşy, esasy logiki many elementleri.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň taslamasyny işläp düzýän edara namany taýýarlamak üçin hünärmenlerden we alymlardan düzülen topary döredip bilýär. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň taslamasyny işläp düzmekligi döwlet edaralaryna ýa-da guramalaryna, ylmy edaralaryna, döwlete dahylsyz guramalara, aýratyn alymlara we hünärmenlere ýa-da olaryň toparlaryna tabşyryp bolar ýa-da şertnama boýunça sargyt edip bolar, şeýle hem iň gowy taslama boýunça bäsleşik yglan edip bolar.

Işlenilip taýýarlanylan kanuntaslama üýtgewsiz galmaýar, ony kabul etmek boýunça resmi işine çenli ol üýtgetmelere we kämilleşmelere sezewar bolýar. Seredilmäge we tassyklanylmaga hödürlenilýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň taslamasynyň hiline baha bermek

üçin hukuk, ykdysady, maliýe, tehniki we başga meseleler boýunça ylmy *ekspertiza* geçirilip bilner.

Kanuntaslamanyň ekspertizasy ýörite bilimleri we hünärliligi talap edýän hökmünde kemçilikleri düzetmekligiň we ony kämilleşdirmekligiň mümkinçiliklerini kesgitlemek maksady bilen geçirilýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň taslamasynyň öwrenilişi hökmünde kesgitlenilip bilner.

Kanuntaslamanyň ekspertizasy resmi (ýörite ygtyýarlandyrylan döwlet häkimiýet edaralary tarapyndan) we hususy (döwlete dahylsyz guramalar we şahsy adamlar tarapyndan resmi däl tertipde) geçirilýän bolup biler.

Başga islendik ekspertiza ýaly, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ekspertizasy hem başlangyç, goşmaça (başlangyş ekspertizada alnanlara görä, goşmaça, has doly maglumatlary almak üçin bellenilýän ekspertiza) we gaýtalanýan (hakykylygyna şübhe dörän wagty esas bolanda alnan bilermen netijelerini takyklamak üçin bellenilýän) bolup biler.

Kanuntaslamalaryň ekspertizasyny geçirmekligiň maksady boýunça şu aşakdaky görnüşleri görkezip bolar:

*1. Hukuk (ýazmaça-hukuk) ekspertizasy.* Ol seredilýän kanuntaslamanyň has ýokary hukuk güýji bolan kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklygyny kesgitlemek maksady bilen geçirilýär. Kanuntaslamanyň hukuk ekspertizasy kanuntaslamanyň düzgünleriniň kanunylygyny tassyklamaga, olarda Konstitusiýa we başga namalar bilen gapma-garşylygynyň bardygyny (ýa-da ýokdugyny we şoňa laýyklykda olaryň hukuk güýjüniň boljakdygyny anyklamaga), täze namanyň kanunçylyk ulgamynda haýsy orny eýelejekdigini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, ýazmaça-hukuk ekspertiza hereket edýän kanunçylykda döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namany kabul etmek bilen girizilýän üýtgetmeleriň takyk suratyny keskitlemäge mümkinçilik berýär. Ol kanunçykaryjylaryň işleri netijesinde üýtgeýän ýa-da hukuk güýjüni ýitirýän kanunçylyk namalaryň sanawyny berýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taslamalarynyň hukuk ekspertizasy kanunçylygyň bütewiligini, gapma-garşylyksyzlygyny we ulgamlylygyny üpjün etmekligiň wajyp guralydyr.

2. *Hukuk ekspertizasy.* Bu kanuntaslamalaryň ekspertizasynyň has çylşyrymly we iň wajyp görnüşi bolup durýar. Hukuk ekspertizasy meýilleşdiriliýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň hukuk kadasynyň talaplaryna, jemgyýetçilik bähbitlerine, sosial zerurlyklara laýyklygyny (ýa-da laýyk däldigini) kesgitlemäge gönükdirilendir.

Hukuk ekspertizasy kabul edilmäge meýilleşdirilýän namanyň modelirlemegini we jemgyýetçilik gatnaşyklaryna etjek täsiriň netijeleriniň seljermesini, onuň ykdysady we we sosial maksadalaýyklygyny, ýerine ýetirijiligini, maliýe delilleşdirilmesini güman edýär. Mundan başga-da, şeýle ekspertizanyň dowamynda kesgitlenilýän düzgünleriň ylmy işläp taýýarlamalara, kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklar ulgamynda agalyk edýän hukuk taglymatlaryna laýyklygy barlanylýar. Şeýle ekspertizalaryň geçirilişinde öwrenilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hukuk kadalaşdyrmaklygyň ýörelgelerine – umumyhukuk, pudaklaýyn we beýlekilere laýyk gelýändiginiň (ýa-da laýyk gelmeýändiginiň) seljermesiniň uly ähmiýeti bardyr.

Ekspertizanyň bu görnüşi kanunçylygyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna, onuň hukuk häsiýetine oňyn täsiri üpjün etmek üçin zerurdyr. Şeýle görnüşli ekspertizalarda hökmany tertipde jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan pudagynyň hünärmenleri: ykdysadçylar, maliýeçiler, syýasatçylar, sosiologlar gatnaşmalydyrlar, tebigy ylymlaryň hünärmenleriniň gatnaşmagy hem mümkindir.

3. *Tehniki taýdan ekspertiza.* Kadalaşdyryjy hukuk namany döretmek we üýtgetmek boýunça işiň gidişinde, öňden birnäçe gezek bellenilip geçilişi ýaly, olaryň tehniki kämilliginiň uly ähmiýeti bardyr. Kanunçykaryjylyk tehnikasynyň esasy düzgünleriniň we ýörelgeleriň berjaý edilişiniň kesgitlemesi bolan olaryň tehniki taýdan ekspetizasy, şeýle-de kanundöredijiligiň ol ýa-da beýleki tehniki usullaryny ulanmaklygyň delillendirilmesiniň seljermesi kanuntaslamanyň soňraky ykbaly üçin örän wajyp bolup biler. Döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň tehniki kämilsizligini, bozulmagyň görnüşini we gerimini tassyklamaklyk, kanunçykaryjylar tarapyndan

göýberilen ýalňyşlary we olaryň işiniň netijeleriniň kadalaşdyryjy mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak, şeýle hem geljekde şoňa meňzeş ýalňyşlary göýbermezlik üçin örän wajyp bolup biler.

Bu ekspertizany kanunçykaryjylyk tehnikasy ugrunyň hünärmenleri, mysal üçin, Adalat ministrliginiň ýa-da ministrlikleriň hem-de edaralaryň hukuk bölümçeleriniň ýörite bilermenleri geçirip biler. Şeýle bolsa-da, tehniki taýdan ekspertiza şahsy adamlar, mysal üçin, kanunçykaryjylyk tehnikasynda ýöriteleşýän hukukçy alymlar tarapyndan hem geçirilip bilner.

4. *Lingwistiki ekspertiza.* Bu geljekki kadalaşdyryjy namanyň tekstiniň ähmiýetini kesgitlemek, ulanylýan sözleriň adaty manysyndan, kanunlary döretmekde ulanylýan döwlet diliniň düzgünlerinden ugur alyp, ondaky görkezmelerde bolan hakyky manysynyna düşünmeklikdir. Başga sözler bilen aýdanyňda, ekspertizanyň bu görnüşi lingwistik usullary ulanmak arkaly işlenilip düzülýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň düşündirilmegidir. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilmezinden oň, ondaky görkezmeleriň manysynyň düşnüksizligini, olaryň köp manylylygyny düsündirmekligiň mümkinçiliklerini kesgitlemek we olaryň mümkin bolan kemçiliklerini ýeňip geçmek üçin lingwistiki ekspertizasy möhümdir.

Elbetde, bu sanaw kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taslamasy boýunça geçirip boljak ekspertizalaryň görnüşleriniň ähli görnüşleri däldir.

Kanuntaslamanyň ekspertizasynyň esasy maksatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- işlenip düzülýän taslamalaryň ýokary hilini, esaslandyrylmasyny, kanunylygyny we ähmiýetini üpjün etmek;
- kabul edilýän namalaryň garaşylýan sosiologik, ykdysady, hukuk, ekologiki we başga garaşylýan netijelerini çaklamak.

Kadalaşdyryjy hukuk namalara baha bermekde bilermenler özbaşdakdyr we ekspertizany geçirmek üçin tabşyryk berýän edaralara garaşly däldirler.

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taslamasynyň ekspertizasyna gatnaşýan adamlaryň taslamany taýýarlamak işleri bilen baglanyşykly materiallar we resminamalar bilen, şol sanda ählihalk maslahatlaşygyň we ylalaşyklaryň esasynda wagtynda alnan teklipler, netijeler, bellikler we beýleki materiallar bilen tanyşmaga haklary bardyr.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň taslamasynyň gutarnykly işlenmeginde we degişli döwlet edaralarynyň hem-de wezipeli adamlaryň kabul etmeginde ekspertizanyň netijesine seredilýär.

## 4.2. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň kabul edilmegi we olaryň hukuk güýje girmekligi

Kanundöredijiligiň dowamynda hukuk kadalarynyň görkezmeleri kadalaşdyryjy hukuk namanyň görnüşine öwrülýärler. Şeýle namanyň hakykylygynyň wajyp şerti, onuň hukuk häsiýetiniň wajyp kepilligi bolup, kanunçylyk namanyň hukuk güýjüni kabul etmegi bilen baglanyşykly bar bolan ýazmaça düzgünleriň ýerine ýetirilmegi bolup durýar.

Ähli beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň we kabul ediş prosesleriň arasynda ep-esli aratapawut bar. Öň bellenip geçilişi ýaly, ýerine ýetiriji hökümet edarasynyň baştutanyň tassyklamasy bilen kabul edilýän kanunasty namalaryndan tapawutlylykda kanun özüniň ugrukdyryjy güýjüni diňe döwlet hökümetiniň ýörite ygtyýarlandyrylan edaralaryň çylşyrymly ulgamynda yzygiderli hökmany işleriniň bitewi toplumy ýerine ýetirilenden soň alyp bilýär. Kanunçylyk ulgamynda kanunyň hökümdarlygy, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň mehanizminde onuň okgunly, baştutanlyk orny, onuň düzgünlerini jikme-jik öwrenmegi, aýratyn-da onda bar bolan görkezmeleri barlamagy, ony ulanmagyň netijesini dürli nukdaýnazardan hasaba almak bilen hemme düzgünleri jikme-jik seljermesini, şeýle hem ähmiýeti az bolmadyk, ýörite gözegçilik edaralary tarapyndan gözegçiligini şertlendirýär. Bularyň hemmesi kanuntaslamanyň kanun bolmagy üçin geçmeli bolýan, ýörite ýazmaça düzgünleriň hökmany ýagdaýda bar bolmagyny öňünden kesgitleýär. Düzgünleriň aýratyn alamatlary bolup *onuň hökmanylylygy, ýazmaça aýdyňlylygy (ýörite resminamalarda onuň düzgünleri bellige alynmagy), şeýle hem tapgyrlaryň berk we hökmany yzygiderliligi bolup durýar.*

Ylymda şeýle pikir bar, wekilçilikli edaralaryň kanuntaslamalara seretmek we kabul etmek işlerini prosesual diýip tassyklamak bolar, sebäbi şeýle iş ýazmaçadyr, resmi taýdan ugrukdyrylan we onuň gatnaşyjylarynyň hereketleriniň häsiýeti hökmany bolup durýar we hiç kim tarapyndan öz garaýşy boýunça üýtgedilip bilinmez.[20] Şeýle nukdaýnazar bilen belli bir derejede ylalaşmak bolýar, çünki hakykatdan-da, kanuny kabul etmekligiň dowamynda kanundöredijiligiň subýektleriniň hereketleri prosesual hukuklaryny iş ýüzüne geçirmek görnüşinde berjaý edilmegi, degişli wezipeleri ýerine ýetirmegi tutuş prosese täsir edijilik häsiýeti bilen saýgarylýar. Hakykatda, kanuny işläp düzmek we kabul etmek düzýän we kabul edýän ygtyýarlandyrylan subýektler iş ýüzüne geçirmek hukuguny bir kemsiz aýratyn ýazmaça ýagdaýynda amala aşyrýarlar. Bu prosesiň kanunçylykly ugrukdyrylmasy we kesgitliligi onuň aýdyňlylygyny, berkliligini üpjün edýär, materiallary talabalaýyk öwrenilmegi üçin şert döredýär we kanunyň hukuk häsiýetine (şonuň bilen birlikde ony ýerine ýetirmek üçin kabul edilýän kanunasty namalar) we jemgyýetçilik gatnaşyklara täsir edýän netijeleriniň oňynlygynyň kepili bolup gulluk edýär.

Öň bellenip geçilişi ýaly, kanuntaslamalary kabul etmekligiň prosesi birnäçe tapgyrlara bölünýär, olar pugta yzygiderlilikde berjaý edilmeidir, olaryň her biriniň üstünde belli subýektler pugta kesgitlenen hereketleri berjaý etmelidirler. Köpsanly ösen döwletlerde ulanylýan kanuntaslamalara seretmeklik we olary tassyklamaklyk tertibi bilen umuman gabat gelýän tertip hem Türkmenistanda unifisirlenen görnüşde bar.

Kanun taslamany tassyklamaga girişmek maksady bilen, Türkmenistanyň Parlamentiniň (Mejlisiniň) seredilmegine hödürlenmegi iň birinji resmi hereket bolup durýar. Bu hödürlenmä **kanunçylyk başlangyjy** diýilýär.[21]

Kanunçylyk başlangyç kanunçykaryjy prosesiň derejesi bolup, ol özünüň kanunlary döredýän parlament mehanizmini herekete getirýän esasy wezipesi bolup durýar. Ol kanuntaslama seretmegiň eýýäm birinji konstitusion hukuk gatnaşygyny oňa giriziljek üýtgetmeleri we kabul etmekligi (ýa-da kabul etmezligi) ýaşaýşa çagyrýar.

Şeýle başlangyja bolan hukuga däp boýunça ähli ýurtlarda kanunçykaryjy prosese gatnaşýanlaryň örän çäkli topary eýedir. Şeýle çäklendirme parlamentiň işlerini geljege getirmäge maksat edinýärler, şonuň bilen wezipeli adamlaryň hem-de kanunçykaryjy edaralaryň yhlasly işläp taýýarlamakdan soň, kanunçykaryjy prosesini herekete getirmäge mümkinçilik berýärler, ol bolsa kanundöredijilik işiniň subýektleriniň hemmesiniň tagallasyny birleşdirmäge mümkinçilik beriji hem-de jemgyýetçiligiň, gatlaklaryň, sosial toparlaryň aýdyň bolmadyk, ýöne belli aýratyn şahslaryň erjellikleriniň görkezijisi bolup çykyş edýär.

Kanunçylyk başlangyja bolan hukuk täze kanunlaryň taslamalaryny, hereket edýän kanunlaryň üýtgetmekligi baradaky kanun taslamalaryny girizmek, şeýle hem täze kanunlary kabul etmek baradaky teklipleriň, hereket edýän kanunlara üýtgetmeleri girizmek hakynda, aýratyn kanunlaryň güýjüni *ýitiren* diýlip ykrar etmek görnüşinde amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Prezidenti, Mejlisiň deputatlary, Ministrler Kabineti, Ýokary Kazyýet Konstitusiýanyň 65-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanda kanunçylyk başlangyjyna bolan hukuga eýedirler.

Kanunçylyk başlangyç hukugy bolmadyk döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşmeleriniň ýa-da raýatlarynyň tarapyndan gelip çykýan kanuntaslamalary ýa-da

---

[20] Ser. Пиголкин А.С. Законотворчество в Российской Федерации. М.2000. sah. 337-338.

[21] Käbir alymlar kanunçylyk başlangyjy düşünjesine, onuň aýrylmaz düzüm bölegi, hökmany giriş hökmünde kanuntaslamalarynyň işläp taýýarlamak prosesine hem goşmaly diýip pikir edýärler. Bu tassyklama bilen köp sanly sebäplere görä razylaşmak kyn. Kanuntaslamasy onyň Mejlisiň ara alyp maslahatlaşmagyna hödürleýän kanundöredijilik işine başga bir gatnaşyjy tarapyndan işlenilip bilner. Kanuntaslamany taýýarlaýyş prosesi onuň diňe käbir elementleri kanun taýdan kadalaşdyrylandyr. Kanuntaslamany işläp düzmeklik ony kanunçylyk edaralaryň garamagyna çekmänem biler. Bu we köpsanly başga deliller şeýle netijä getirip bilýärler, kanunçylyk başlangyjyny durmuşa geçirmegiň başy diýip kanuntaslamany wekillik edýän edaralaryň garamagyna girizmegiň pursaty hasap edilýär, kanuntaslamany taýýarlamak welin, hakykatda oňa garamagyň ýazmaça däl taýýarlygy diýyp hasap edilýär.

kanunçykaryjy teklipleri diňe kanunçylyk başlangyjy bar bolan edaralaryň ýa-da adamlaryň üsti bilen Mejlise girizilip bilner.

Iş ýüzünde, ýokarda görkezilen kanunçylyk başlangyç hukuklarynyň eýeleri (kanunçylyk başyny başlaýjylar) tarapyndan aýrabaşga, şeýle hem köpçülikleýin amala aşyrylyp bilner. Bilelikdäki kanunçylyk başlangyç, ýagny birwagtyň özünde kanundöredijilik işiniň birnäçe subýektleri bilen kanuntaslamany ara alyp maslahatlaşmaga çykarylmagy, hemmeler üçin umumy meseleleriň deňagramlywe utgaşdyrylykly kadalaşdyrmaklygy üçin niýetlenendir. Şeýlelikde başlangyç, eger-de kanuntaslamany işläp düzmeklige birnäçe başyny başlaýjylar gatnaşýan bolsa, olar her öz bölüminde özleriniň sosial zerurlygynyň düşünişini görkezýän bolsa, onda oňa bilelikdäki başlangyç hökmünde seredilip bilner. Bolmadyk ýagdaýda, eger kanundöredijilik işine gatnaşýanlaryň biri keseki biriniň taslamasy bilen ylalaşýandygyny beýan edýän bolsa, oňa öz goşandyny goşmaýan bolsa, onda gürrüň bilelikdäki başlangyç hakynda däl-de, kesekileriň kanunçylyk başlangyjyny goldaýanlygy barada gidip biler.

Bilelikdäki kanunçylyk başlangyç, kanuntaslamada dürli sosial toparlaryň we gatlaklaryň bähbitlerini deňagramly beýan etmäge mümkinçilik döretmek bilen däl, eýsem hemme alternatiw kanuntaslamalara seretmek zerurlygyndan boşadyp, Parlamentiň işini ýeňilleşdirmäge mümkinçilik berýär. Şonuň üçin, kanundöredijilik işiniň subýektleri kanuntaslamany taýýarlamagyň gidişinde diňe hyzmatdaşlyk etmek däl, eýsem elementleriň her biri beýlekisiniň üstüni ýetirip duran bir bitewi sazlaşykly mehanizmdigini görkezmek üçin öz işini utgaşdyrmalydyrlar (ýöne şeýle-de bolsa, mehanizmi merkezleşdirmegiň maksadalaýyklygyny we onuň üstünden dolandyrmagy esaslandyrmaklygyny aňlatmaýar).

Kanunçylyk başlangyjy resmileşdirmeklik üçin birnäçe talaplar görkezilýär. Kanun taslamalary we kanunçylyk teklipler Mejlisiň garamagyna olaryň işläp taýýarlanyşynyň zerurlygyny delillendirmek, geljekki kanunlaryň maksatlarynyň, wezipeleriniň we esasy düzgünleriniň giňişleýin häsiýetnamasy we olaryň hereket edýän kanunçylyk ulgamynda olaryň orunlary, olary ulanmak bilen garaşylýan sosial-ykdysady we beýleki netijeleri, şeýle hem bu taslamalary kabul etmeklik bilen baglylykda kanun taslamasynyň hereket edýän kanunçylyga üýtgetmeler girizmekligi göz öňünde tutýandygy bilen bilelikde hödürlenilýär. Şeýlelikde kanuntaslamalary taýýarlamaga gatnaşýan adamlar we iş toparlar, ýüze çykan agzalalyklar we olary delillendirýän netijeler getirilýär. Taslama hödürlenende olary durmuşa geçirmek üçin goşmaça maddy we beýleki çykdaýjylary talap ediljek maliýe-ykdysady esaslandyrmasy hem goşulýar.

Kanuntaslama girizilenden we kanunçylyk başlangyjy amala aşyrylan diýlip ykrar edilenden soň, kanunçykaryjylyk prosesiniň indiki tapgyry başlanýar -Türkmenistanyň Mejlisinde kanuntaslama seretmek, ara alyp maslahatlaşmak we kabul etmek, onuň üçin bolsa oňünden soraglara öňünden seretmek we taýýarlamak boýunça deputatlaryň sanyndan komitetler we iş toparlar düzülýär. (Komitetler hemişelik esasda düzülýär. Iş toparlar bolsa hemişelik, şeýle hem wagtlaýyn esasda döredilip bilner). Hut şu tapgyr ähli ýazmaça işde iň wajyp bolup, onuň netijesi bolsa täze kanunyň döredilmegidir.

Kanuntaslamany deslapky ýagdaýda seretmeklik şol prosesiň birinji tapgyrydyr. Mejlise hödürlenen kanuntaslamalar ýa-da kanunçylyk teklipler degişli komitetlere deslapky ýagdaýda garamaklyk we geljekde olaryň üstünde işlemek tertibi barada teklipleri taýýarlamak üçin ugradylýar.

Kanuntaslama deslapky ýagdaýda seredilmegiň dowamynda maksady kanuny kabul etmegiň zerurdygyny kesgitlemeklik üçin ony jikme-jik öwrenmeli, , onuň Konstitusiýa, konstitusion kanunlara laýyklygyny we umuman, hereket edýän kanunçylyk ulgamynda onuň ornyny, kadalaşdyrylýan gatnaşyklaryň we olaryň çak edilýän kadalaşdyrmasynyň netijelerini seljermeli, kanuntaslama boýunça döreýän näsazlyklary utgaşdyrmaly.

Eger-de hödürlenen kanun taslamasy kanun taslamalaryny kabul etmeklik tertibi baradaky talaplara laýyk gelmeýän bolsa, onda degişli komitet bilen hödürlenen şeýle taslama ýa-da teklip adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak Komiteti bilen ylalaşylyp Mejlisiň başlygy ýa-da Mejlisiň başlygynyň orunbasary bilen täzeden işläp taýýarlamak üçin gaýtarylýar.

Mejlisiň başlygy meseläniň taýýarlanyşy üçin jogapkär komitetiň netijesini, we adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak boýunça Komitetiň pikirini, şeýle-de bu babatda Mejlisiň Bilermen-maslahat beriş bölüminiň netijesini hasaba almak bilen, kanuntaslamany geçirilýän mejlisiň gün tertibine goşmak ýa-da kanuntaslama boýunça işi dowam etmek, ýa-da ony ret etmek barada karar edýär. Şeýlelikde, Mejlisiň Başlygy kanun taslamasynyň gutarnykly işlenmegini degişli komitete tabşyryp ýa-da kanuntaslamany tabşyrmagyň möhletini bellemek bilen komitetiň düzümini giňeldip biler.

Komitet özüniň garamagynda duran soraglary boýunça başga komitetleriň kanuntaslama barada pikirini hem sorap biler. Birnäçe komitetlere degişli bolan soraglar komitetler bilen bilelikde taýýarlanyp we seredilip bilner.

Esasy ugur boýunça komitet Mejlisiň reglamentiniň[22] we kanunlaryň esasynda kanunyň taslamasyna ýa-da kanunçylyk teklibine seretmeklik tertibini, kanuntaslama boýnça netije taýýarlamak tertibini kesgitleýär.

Komitetleriň başlangyjy esasynda kanun taslamalarynyň we kanunçylyk teklipleriň üstünde işlemek üçin taýýarlaýjy iş toparlar ýa-da toparlar döredilip, olara deputatlar, kanuntaslamalaryň başyny başlaýjylar, Mejlisiň Bilermen-maslahat beriji bölüminiň işgärleri, döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşmeleriniň wekilleri çekilip bilner.

Zerur ýagdaýlarda kanuntaslamalar hünärmenlere, alymlara, tejribeli adamlara ekspertiza üçin ugradylýar, olar boýunça degişli döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşmeleriň pikirleri soralyp bilner. Adaty boýunça, kanun taslamalary Türkmenistanyň Adalat ministrligine netije çykarmak üçin ugradylýar.

Komitetler tarapyndan esasy taslama bilen bir wagtda alternatiw kanuntaslamalar hem seredilýär.

Kanuntaslama ara alnyp maslahatlaşylýän wagty gelip gowşan bellikler we teklipler olara taýýarlaýjy iş toparlary ýa-da toparlar tarapyndan seredilýär, olaryň işiniň netijeleri baradaky hasabaty boýunça teklipler we bellikler bolsa degişli komitetleriň mejlislerinde seredilýär. Kanuntaslama işlerine gatnaşan komitetleriň arasynda gapma-garşylyk bar bolan ýagdýynda bu mesele Mejlisiň garamagyna çykarylýar.

Komitetlerde kanuntaslamanyň we kanunçylyk teklibiň ara alnyp maslahatlaşylmagy açyk ýagdaýda geçirilmelidir we köpçülikleýin habar beriş serişdelerde beýan edilmelidir.

Komitetiň işine gatnaşmadyk deputat öz belliklerini we düzetmelerini oňa ugratmaga haklydyr, olara bolsa komitet seretmelidir. Adaty bolşy ýaly, komitetler garamaga berlen bellikleri we düzetmeleri ugradan deputatlary şol bellikler we düzetmeler baradaky netijeleri dil üsti bilen habarly edýärler.

Umuman, kanunçylyk başlangyjyndan soň kanuntaslamalara deslapky ýagdaýda seredilmekligiň esasy maksady, Mejlisiň geljekki işlerini ýeňilleşdirmek, kanuntaslamadaky tehniki ýalňyşlary düzetmegiň zerurlygyny onuň üstünden aýyrmak, Parlamentiň deputatlaryna diňe kanuntaslama däl, eýsem ol tarapyndan kadalaşdyrylýan gatnaşyklar barada, hukuk kadalaşdyrmanyň predmetiniň aýratynlylyklary barada, kabul etmekligiň mümkin bolup biljek netijeleri barada, öňa girizilýän üýtgetmeleriň mümkinçiligi barada we olaryň netijeleri barada doly we obýektiw garaýyş almaga mümkinçiligi almaklyk bolup durýar.

Deslapky ýagdaýda seretmeklik işleri tamamlanandan soň, kanuntaslama Mejlisiň ara alnyp maslahatlaşylmaga çykarylýar.

Kanuntaslamanyň Mejlisde seredilip geçilmegi we ara alnyp maslahatlaşylmagy ony kabul etmeklik prosesindäki ähmiýeti uludyr. Geçen tapgyrda geçirilen deslapky ýagdaýda ara alnyp maslahatlaşmadan tapawutlylykda, bu ara alnyp maslahatlaşma Mejlisiň tutuş düzümi tarapyndan ýerine ýetirilýär we şonuň üçin kanuntaslamanyň ykbalyny kesgitlemek bilen pugta formal we resmi häsiýeti bardyr. Bu tapgyrda kanuntaslamalar hemmetaraplaýyn öwrenililmäge, seljerilmäge sezewar edilýär, oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizilýär.

---

[22] Türkmenistanyň Mejlisiniň 2009-njy ýylyň 9-njy ýanwaryndaky № 16-IV belgili Karary bilen tassyklanylan "Türkmenistanyň Mejlisiniň reglamenti" (Türkmenistanyň Mejlisiniň habarlary – 2009 ý. №1 sah.16).

Kanunçykaryjylyk prosessiniň şu tapgyrynda deputatlaryň öňünde şu aşakdaky esasy meseleler durýar:

- kanuntaslama, onuň zerurlygyna, hukuk hiline umumy baha bermek, onuň hukuk häsiýetini kesgitlemek;
- kanuntaslamanyň gurluş düzümleriniň dogrulygyna we hukuk hiline, olaryň sazlaşygyna, ulgamlylygyna we özara baglanyşygyna baha bermek;
- kanuntaslamany kämilleşdirilmek, oňa üýtgetmeleri, goşmaçalary girizmek, täze redaksiýada beýan etmeklik mümkindir.

Mejlis öz Reglamentine laýyklykda kanuntaslamany gözden geçiren wagty meseläni taýýarlamakda jogapkär komitetden maglumat alýar, kanuntaslamanyň esasy düzgünleri barada maslahatlaşýar we teklipleri hem-de bellikleri düzedişler görnüşinde aýdýar, ählihalk ara alnyp maslahatlaşmak üçin kanuntaslamany çap etmek zerurlygy baradaky tekliplere seredýär.

Şol bir mesele boýunça alternatiw kanuntaslama girizilen wagty, Mejlis olaryň geliş tertibi boýunça ara alyp maslahatlaşmaklygy geçirýär we seredilýän taslamalaryň haýsysyny esasy hökmünde kabul edilmegi barada karar çykarýar.

Kanuntaslama boýunçs ara alyp maslahatlaşmaklygyň netijesinde Mejlis ony kabul etmäge ýa-da goşmaça seretmeklik üçin degişli komitetlere geçirmäge, ýa-da başga edaralara işläp gutarmaklygy tabşyrmaga haklydyr. Mejlisiň karary boýunça kanuntaslama ählihalk maslahatlaşyga çykarylyp bilner.

Işläp gutarmaklyga iberilen kanuntaslama boýunça düzetmeler we teklipler gös-göni meseläni taýýarlaýan jogapkär komitete ýa-da kanuntaslamany işläp gutarmaklygy tabşyrylan başga edara girizip bolar. Meseläni taýýarlamaga jogapkär komitet ýa-da kanuntaslamany işläp gutarmaklygy tabşyrylan başga edara, taslamalara girizilen düzetmeleri gözden geçirýär. Kanuntaslamany işläp gutarmagyň gidişinde ret edilen düzetmeler taslamanyň tekstiniň ýanyna goşulýar. Mejlisiň Başlygy işläp gutarylan taslamany Mejlisiň garamagyna geçirýär.

Mejlisiň ýygnagynda her düzetme maslahatlaşylýar we aýratynlykda sese goýulýar. Eger-de şol bir taslamanyň maddasyna birnäçe düzetmeler girizmeklik teklip edilen bolsa, onda ilki bilen başga düzetmeleri kabul etmeklik bilen baglanyşykly meseleleriň netijesi ara alnyp maslahatlaşylýar we sese goýulýar. Eger-de Mejlisiň rugsat bermegi bilen maslahatlaşmanyň gidişinde düzetmeler gilizilse, onda başlyklyk edýän adam degişli komitetleriň düzetmeler boýunça netijeleri taýýarlamak üçin mejlisiň işinde arakesme yglan etmäge haklydyr. Mejlis düzetmeler boýunça komitetleriň netijelerini diňleýär. Şonda düzetmeleri esaslandyrmak üçin, bar bolan düzetmeler boýunça komitetiň teklibi bilen razylaşman, özi düzetme girizen deputata söz berilýär. Şeýle ýagdaýda düzetmeler boýunça çekişmeler geçirilmeýär.

Düzetme girizilen kanuntaslamanyň her maddasy, ýa-da bölümi ýa-da babyaýratynlykda sese goýulýar, soňra taslama tutuşlygyna sese goýulýar. Mejlis birbada bütin kanuntaslama boýunça ses bermeklik barada karar kabul edip biler. Jogapkär komitetiň başlygynyň teklibi boýunça ýa-da başlyklyk edýäniň öz hususy başlangyjy boýunça ol kanuntaslamany tutşlygyna sese goýmazdan ozal, içki gapma-garşylyklaryň ýokdugyny we maddanyň özarabaglanyşygynyň dogrulygyny barlamak üçin adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak boýunça Komitete ony iberip biler.

Kanun deputatlaryň bellenilen sanyndan sesleriň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Konstitusion kanunlar Mejlisiň deputlarynyň kesgitlenilen sanyndan üçden iki böleginden as bolmadyk sesleriň köplügi bilen kabul edilýär.

Mejlisiň Başlygy özüniň goly bilen kabul edilen kanunyň asyl nusgalygyny tassyklaýar we Türkmenistanyň Prezidentine gol çekmeklik üçin ugradýar. Parlamentiň kabul eden kanunyna Döwlet baştutanynyň gol çekmek prosesi „promulgasiýa“ diýlip atlandyrylýar. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kanun tassyklandan soň, bu kanun ýurdumyzyň çäginde bar bolan adamlaryň ählisi ony ýerine ýetirmäge borçly edýän hukuk güýjüne eýe bolýar. Prezident Konstitusiýanyň kepillendirijisi hökmünde gol çekmek bilen, onuň konstitusiýa laýyklyk ýagdaýyny, kabul ediş tertibiniň berjaý edilişini we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak üçin kanunçylyk ulgamyna bu kanuny goşmak mümkinçiligini tassyklaýar.

Türkmenistasnyň Konstitusyýasynyň 53-nji maddasynyň 7-nji bendine laýyklykda, Prezident kanuna gol çekýär, ýa-da soňa goýmaklygy gadagan ediş hukugyndan peýdalanyp, iki hepdelik möhletden gijä galman gaýtadan ara alyp maslahatlaşmaklyk we täzeden sese goýmaklyk üçin özüniň garşylyklary bilen Mejlise yzyna gaýtarmaga haklydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Konstitusiýa bolan üýtgetmeler we goşmaçalar baradaky kanunlara degişlilikde soňa goýmaklygy gadagan ediş hukukyndan peýdalanmaga haky ýokdur.

Prezidentiň garşylyklary bilen kanun yzyna gaýtarylan ýagdaýynda, Mejlis gaýtadan ara alyp maslahatlaşmanyň netijesinde deputatlaryň bellenilen sanyndan sesleriň adaty köplügi bilen kanuny üýtgedýär ýa-da deputatlaryň bellenilen sanyndan sesleriň üçden iki böleginden az bolmadyk köplügi bilen öň kabul edilen çözgüdini tassyklaýar.

Eger Mejlis öň kabul edilen çözgüdi tassyklasa, onda Türkmenistanyň Prezidenti kanuna gol çekýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken kanunyny Mejlis çap etmek üçin metbugata ugradýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýanyň 5-nji maddasynyň 3-nji bölümine laýyklykda, ähli kanunlar, şeýle hem döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, ýerli öz-özüni dolandyrýan edaralarynyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, döwlet ýa-da kanun bilen goralýan beýleki syry öz içine alýanlardan başgasyny ählumumy habar üçin çap edilýär ýa-da başga usul bilen halka ýetirilýär. Adamyň we raýatyň hukuklaryna we azatlyklaryna degişli ählumumy habara ýetirilmedik kadalaşdyryjy hukuk namalar kabul edilen pursatyndan hakyky däl diýlip yglan edilýär.

Kanunyň (ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namanyň) doly tekstiniň gündeki neşirlerde - kanunçylyk tarapyndan ykrar edilen köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýerleşdirilmegine resmi çap etmeklik diýlip düşünilýär. Kanunlar üçin şeýle neşirler hökmünde „Neýtralnyý Turkmenistan“ we „Türkmenistan“ gazetleri bolup durýar.

Türkmenistanyň kanunlaryny we Mejlisiň kararlaryny neşir edýän „Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary“ Türkmenistanyň Mejlisiniň resmi neşiri bolup durýar.

Şeýle resmi neşir etmelerden soň, kanunyň güýje girmek tertibiniň birnäçe görnüşleri bar.

Türkmenistanyň „Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakyndaky“ Kanunyň 25-nji maddasy bilen bellenilen umumy düzgün boýunça kanunlar resmi çap edilen pursatyndan başlap on günüň dowamynda güýje girýärler. Şeýle-de bolsa, kanunyň güýje girmeginiň ýörite tertibini bellemek mümkindir.

Resminamanyň güýje girmek tertibi kanunyň öz içinde hem bellenip biler: anyk güni bellenilýär ýa-da has köp duş gelýän indiki kesgitleme berilýär: „Resmi taýdan çap edilenden soň, (möhlet görkezilýär) belli bir wagt geçenden soň güýje girýär“. Kanunyň güýje girmek tertibini aýratyn resminama bilen hem – kanunyň güýje girmegi baradaky kanun (şeýle düzgün kodeksleriň çap edilen mahalynda ýygy-ýygydan ulanylýar) bellemek mümkindir. Ýöne, islendik ýagdaý bolanda-da, resmi taýdan çap edilmezden öň kanun güýje girip bilmeýär.

Kanunçylyk namanyň göwrümi boýunça uly bolan ýagdaýynda we jemgyýetçiligiň durmuşynda, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda uly ähmiýeti bolan ýagdaýynda kanunyň güýje girmekliginiň anyk möhletini kesgitlemek maksadalaýykdyr. Şeýle ýagdaý bolmagy mümkin, mysal üçin, bu belli bir pudagyň ýa-da uly we ýöriteleşdirilen hukuk institutynyň kadalaryny kanunçylyk beýanynyň esasy bolan kodeks ýa-da kanun bolsa. Onuň düzgünlerini öwrenmäge we özleşdirmäge, dürli ýagdaýlarda kanuna laýyklykda özüňi alyp barmagyň nusgalaryny kesgitlemäge hukuk kadalaşdyrmanyň subýektlerine köp wagt gerek bolýar. Şeýle-de, adamlaryň bu kanuny doly güýjünde ulanmaklary üçin kanuny resmi ýa-da resmi däl düşündirilmegi üçin hem wagt gerek bolýar. Mundan başga, ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary kanunasty namalaryň uly göwrümini täze kanuna laýyk bolar ýaly etmeli, eger-de bu kanun göwrümli we möhüm bolsa – bu namalaryň ulgamy uly we çylşyrymly bolup biler.

Täze salgytlary belleýän ýa-da hereket edýän salgyt kanunçylygyna üýtgetmeleri girizýän kanunlaryň güýje girmekligiň prosesi käbir aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Türkmenistanyň

Salgyt Kodeksiniň 3-nji maddasynyň 2-nji bölümi[23] täze salgytlary belleýän ýa-da hereket edýän salgytlary üýtgedýän Kodekse üýtgetmeler girizýän Türkmenistanyň kanunlary resmi taýdan çap edilip 1 aý geçenden soň güýjüne girýär, ýöne degişli salgyt boýunça nobatdaky hasabat döwri gutarandan soň dowam edýän aýyň birinden ir bolmadyk ýagdaýda güýje girýär. Salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan kanunlaryň güýje girmeginiň şeýle tertibi, salgyt edaralaryna hasapçylyk balansyny we beýleki salgyt resminama hasabatyny bermäge borçly hojalyk işlerini ýöredýän subýektler we beýleki salgyt töleýjiler salgyt ýylyny tamamlamaga we belli-belli, üýtgemeýän düzgünlere laýyklykda tabşyryp bilmekligi üçin bellenilýär.

Munuň bilen baglylykda, Salgyt Kodeksiniň 3-nji maddasynyň 3-nji bölümini hem bellemek gerek, onda salgyt töleýjileriň ýagdaýyny gowulandyrýan ýa-da hereket edýän salgytlary ýatyrýan şu Kodekse üýtgetmeler girizýän Türkmenistanyň kanunlary onda gönüden-göni göz öňünde tutulan bolsa, onda çap edilen pursatynda güýje girip bilýär.

### 4.3. Kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalary taýýarlamak we kabul etmek prosesiniň aýratynlyklary

Kanunasty namalaryň kabul ediş düzgünleri formal taýdan derejesiniň has pesligi bilen tapawutlanýar. Bu bolsa hukuk güýjüniň (kanunlar bilen deňeşdirilende) ikinji derejeligi, manysy boýunça kanunlardan ýasalanlygy, tabynlyk ähmiýetiniň pesligi, şeýle hem namalaryň gurluş düzgüniniň ýönekeýligi bilen şertlendirilýär. Bu prosesi kadalaşdyryşyň ýeketäk kadalaşdyryjy ulgamy ýokdyr - käbir aýratyn pursatlar bölekleýin kadalaşdyrylandyr.

Adaty boýunça, kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalaryň döredilmegi kanuny kabul etmegiň manysy boýunça dowamlylygyny aňladýar. Kanunasty namalar bitewi bir toplum bolup, kanunlary durmuşa geçirmekde kadalaşdyryjy hukuk mehanizmi bolup durýar, olaryň ýeterlik mukdarda barlylygy we ulgamlylygy kanunlaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň talabalaýyk sazlaşdyrylmagy üçin zerur bolan şertleriň biri bolup durýar. Şonuň üçin kanuntaslamanyň konsepsiýasy ýa-da kanunçykaryjy teklip özünde kabul edilýän kanunyň ýerine ýetirilişini üpjün etmek üçin Kabul edilmeli kanunasty namalaryň sanawyny saklamalydyr. Şeýlelik bilen kanunyň kabul edilmeginiň fakty diýip, göz öňünde tutulan kanunasty namalaryň şonuň esasynda döredilmegi we ony ýerine ýetirmegi barada ýerine ýetiriji häkimiýet edaralaryna resmi tabşyryk hökmünde garalmalydyr. Kanuntaslamanyň konsepsiýasyna ýa-da kanunçykaryjy teklibe ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döretmek meýilleşdirilişiň esasy hökmünde seredilip bilner.

"Türkmenistanyň Prezidenti hakyndaky" Kanunyň 9-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň taslamalarynyň taýýarlygy aşakda görkezilen edaralar tarapyndan amala aşyrylýar:

1) Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanynyň gurluş bölümleri;

2) Türkmenistanyň Ministirler Kabineti;

3) Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Baş prokuraturasy;

4) Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň düzümine girmeýän Türkmenistanyň merkezi ýerine ýetiriji edaralary;

5) Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýän beýleki döwlet edaralary we wezipeli adamlary.

Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň taslamalary işläp taýýarlamak tertibiniň berjaý edilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwany amala aşyrýar.

[23] 2005-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda № XM-80 belgili „Türkmenistanyň Salgyt kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalary girizmek barada“ täze neşirde Türkmenistanyň Kanuny tarapyndan tassyk edilen Türkmenistanyň Salgyt kodeksi. (Türkmenistanyň XVI Halk maslahatynyň resmi namalaryň toplumy, 2005 ý.), soňky üýtgetmeler we goşulmalar bilen berlen.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlarynyň we görkezmeleriniň taslamalaryny işläp taýýarlamaklygy onuň diwany tarapyndan amala aşyrylýar. Kararlar we görkezmeler görnüşinde taýýarlanýan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlarynyň taslamalaryny işläp taýýarlamk üçin Ministrler Kabinetiniň iş toparlary we beýleki iş edaralary döredilip bilner. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary Ministrler Kabinetiniň garamagyna hödürlenilen kararlaryň taslamalaryna öňünden seredýärler.

Edaralaryň namalarynyň taslamalary (buýruklar, kararlar, görkezmeler) ministrlikleriň we edaralaryň hukuk bölümleriniň işgärleri tarapyndan taýýarlanylýar. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň işläp taýýarlanmagy olaryň wezipelerini we ygtyýarlygyny hasaba almak bilen ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň bir ýa-da birnäçe gurluş bölümlerine ýüklenilýär. Şeýlelikde görkezilen taslamanyň işläp taýýarlanmagyna jogapkär wezipeli adamlaryň topary, ony işläp taýýarlamaklygyň möhletine, zerur bolan ýagdaýynda bolsa bu işlere çekilýän guramalar kesgitlenilýär. Namalar diňe edaralaryň özleri bilen çykarylýar. Ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň gurluş bölümleriniň we çäk edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalary çykarmaga hiç hili hukugy ýokdur.

Ministrligiň ýa-da edaranyň kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasy kanunçylyga laýyklykda belli-belli gyzyklanma bildiren ministrlikler we edaralar bilen ylalaşmalydyr. Eger-de kadalaşdyryjy hukuk namada beýleki ministrliklere we edaralara degişli düzgünler, kadalar we tabşyryklar bar bolsa, onda şeýle ylalaşma islendik ýagdaýda hökmandyr. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň ylalaşylmagy şol ministrlikleriň (edaralaryň) ýolbaşçylarynyň razydygy baradaky goly-wizasy bilen resmileşdirilýär. Wizada ministrligiň (edaranyň) ýolbaşçysynyň ýa-da onuň orunbasarynyň wezipesiniň ady we wiza goýanyň şahsy goly, goluň düşünmesi we senesi bolmalydyr.

Kadalaşdyryjy hukuk namany kabul etmegiň tertibi oňa gol çekmeklik bolup durýar. Prezidentiň Permanlaryna we Kararlaryna Türkmenistanyň Prezidenti gol çekýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Kararlaryna Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan gol çekilýär. Gol çekilenden soň, olar metbugatda resmi taýdan çap edileninden soň halk köpçüligine ýetirilen bolsa, eger-de ol namalaryň güýje girmekliginiň başga möhleti göz öňüne tutulmadyk bolsa, onda ýokarda görkezilen namalar güýje girýärler.

Ministrlikleriň we edaralaryň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ýolbaşçylar (ministr ýa-da edara ýolbaşçysy - başlyk) gol çekýar. Häkimler öz kararlaryna özleri gol çekýärler. Şeýle-de bolsa, kadalaşdyryjy hukuk namanyň bu görnüşiniň güýje girizilmegi üçin ýörite tertip hökmanydyr.

Türkmenistanyň Ministrlikleriniň we döwlet dolandyryş merkezi edaralarynyň, welaýat häkimleriniň we Aşgabat şäheriniň häkiminiň kadalaşdyryjy hukuk namalary Türkmenistanyň Adalat Ministrliginde hökmany suratda hasaba alynmalydyr. Döwlet hasabyna alynmadyk namalaryň hukuk güýji ýokdur.

Döwlet hasaba alyş belgisi berlen ministrlikleriň we Türkmenistanyň beýleki döwlet dolandyryş merkezi edaralarynyň, welaýat häkimleriniň we Aşgabat şäher häkiminiň kadalaşdyryjy hukuk namalary resmi taýdan çap edilen gününden ýa-da başga ýol bilen halk köpçüligine ýetirilenden soň, eger namalaryň özlerinde güýje girmekligiň başga tertibi görkezilmedik bolsa, güýje girýärler.

Is ýüzünde, ministrlikleriň we edaralaryň hereket edýän namalaryna girizilýän islendik üýtgetmeler şol bir tertipde hasaba almaklyga sezewar edilýär.

Döredilen kanunasty namalar köp halatlarda edil kanunlar ýaly halka ýaýradylmaga – köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde resmi taýdan çap edilmeklige degişlidirler. Türkmenistanyň Prezidenti we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ministrler we Türkmenistanyň döwlet dolandyryş merkezi edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalar "Türkmenistan" we "Neýtralnyý Turkmenistan" gazetlerinde çap edilýär. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň radio, telewideniýe we başga köpçülikleýin habar beriş serişdeler arkaly ýaýradylyp bilner. Geňeşlikleriň we häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk namalary ýerli metbugatda çap edilýär ýa-da başga tertipde halk köpçüligine ýaýradylýar.

Döwlet we beýleki kanun bilen goralýan syrlary öz içine alýan namalardan başga, ýokarda agzalyp geçilen edaralaryň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ählisi ählumumy halk köpçüligine habar etmek ýa-da başga usul bilen ýaýratmak üçin metbugatda çap edilmelidir. Ählumumy habar edilmedik raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna degişli kadalaşdyryjy hukuk namalar kabul edilen pursadyndan başlap güýji ýok diýlip hasap edilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň namalaryny çap etmek üçin "Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň hökümetiniň çözgütleriniň Ýygyndysy " resmi neşiri bolup durýar.

Ministrlikleriň we Türkmenistanyň döwlet dolandyryş merkezi edaralarynyň, welaýat häkimleriniň we Aşgabat şäher häkiminiň döwlet tarapyndan hasaba alnan namalary "Türkmenistanyň Ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, welaýatlaryň häkimleriniň, Aşgabat şäheriniň häkiminiň kadalaşdyjy namalarynyň Ýygyndysy" atly neşirde çap edilýär. Döwlet tarapyndan hasaba alynmadyk namalar, şeýle-de hasaba alnan, emma kanun tarapyndan bellenilen tertipde çap edilmedik namalar güýje girmedik hökmünde hukuk netijeleri bermeýärler hem-de degişli hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak üçin kanuny esas bolup hyzmat edip bilmeýärler.

# 5 BAP. KANUNDOREDIJILIGIŇ NETIJELERINI SELJERMEK WE BAHA BERMEK

## 5.1. Kanundöredijiligiň netijelerine baha bermekligiň düşünjesi we ähmiýeti

Kadalaşdyryjy hukuk namany döretmek prosesiniň tamamlanmagy entek kanundöredijilik prosesiniň tamamlanandygyny aňlatmaýar. Islendik döredijilik iş prosesiň logikasy onuň netijelerine baha bermekligiň zerurlygyny göz öňünde tutýar – bu döredijilik işiniň maksatlaryna ýetilendigine göz ýetirmek, zerur ýagdaýlarda bolsa bu prosesi täze derejede gaýtadan başlamak üçin edilýär. Kanundöredijilikde şeýle baha bermeklik bu işiň netijeleriniň seljermesini, hereket edýän kanunçylygyň amala aşyrylan üýtgetmeleriniň awtorlaryň ilkibaşdaky maksatlaryna laýyk gelýänligini barlamak bolup durýar. Bu hereket kanundöredijilik jemgyýetçilik gatnaşyklaryna edýän täsiriniň logiki tamamlanmagy we, megerem, täze kanundöredijilik prosesiniň başlanmagy üçin esasy, täze kanundöredijilik aň ýetirmekligiň başlangyjy bolup durýar. Onsuz kadalaşdyryjy hukuk namalar toplumynyň doly düzülendigini göz öňünde getirip bolmaz, kanunçylyk prosesiniň kadalaşdyryjy hukuk namasyny kabul etmek boýunça formal taýdan tertibi bilen tamamlanan ýagdaýynda, kanunçylyk ulgamy obýektiw sosial hakykaty bilen, hukuk bilen gatnaşygy ýitirerdi we öz tejribe netijelerini öwrenmezden öz hukuk häsiýetini ýitirerdi. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň manysynyň sosial durmuşyň obýektiw şertlerine, jemgyýetçilik ýaşaýşyň we ösüşiň esasgoýujy bähbitlerine laýyk gelmegi, olary ulanmaklygyň tejribesi, olaryň netijeleriniň kanundöredijileriň maksatlaryna laýyk gelmegi bilen barlanylýar.

**Kanundöredijiligiň netijelerine baha bermeklik jemgyýetçilik gatnaşyklar ulgamy üçin kanunçylykda edilen üýtgetmeleriň netijeleriniň häsiýetini takyk kesgitlemek maksady bolan kadalaşdyryjy hukuk namalary döretmekmekligiň (üýtgetmekligiň, ýatyrmaklygyň) netijeleriniň seljermesi** hökmünde kesgitlenilip bilner.

Döredilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryna baha bermekligiň netijesinde kanundöredijilik prosesiniň gatnaşyjylary islenilýän netijelere ýetilendigi (ýa-da ýetilmändigi) barada, kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklary garaşylýan häsiýete eýe bolandygy ýa-da bolmandygy barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär. Oňyn netije, netijeleriň kanundöredijileriň meýilnamalaryna laýyk gelmegi kanundöredijilik prosesiniň tamamlanandygyny aňladýar, kanundöredijilik işine gatnaşyjylarynyň öz maksadyna ýetmezligi bolsa döredilen namalaryň işläp gutarmaklygyň ýa-da umuman doly gaýtadan taýýarlanmagynyň, kanundöredijilik prosesini has ýokary derejede gaýtadan başlanmagynyň zerurlygy baradaky netije çykarmaklygyň esasy bolup durýar. Mümkin, şowsuzlyk barada edilen netije kadalaşdyryjy hukuk namany işläp taýýarlamaga gatnaşyjylar üçin ýakymly bolmaz, ýöne şowsuzlygy tapyp ony öwrenmek, onuň sebäbini ýüze çykarmak we aradan aýyrmak, agyr netijelere eltip biljek defektli (ýalňyşy bolan) hukuk kadalaşdyrylma bilen razylaşanyňdan gowudyr. Hut şonuň üçin kanundöredijiligiň netijelerine baha bermek we olary seljermek bu prosesiň aýrylmaz düzüm bölegi bolup durýandyr.

Kanundöredijilik işiniň netijelerine düşünmekligiň dowamynda, köpsaply her dürli görkezijileri öwrenmelidir. Bu prosesde hukukçylar bilen birlikde beýleki hünärmenler hem: sosiologlar, syýasatçylar, ykdysatçylar we jemgyýetçilik durmuşynyň kadalaşdyrylýan ugurlaryndaky başga bilermenler – ýokary wezipeli döwlet işgärleri, şeýle hem şahsy adamlar gatnaşýarlar.

Döredilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynynyň netijeliligi, olaryň sazlaşygy, gapma-garşylyksyzlygy, hemme zady öz içine alyjylygy we hereket edýän kanunçylyk ulgamy bilen bütewiligi faktorlaryň bütin bir toplumy bilen kesgitlendirilýär. Şonuň üçin kanundöredijiligiň netijeleriniň kanundöredijileriň öňünde duran maksatlaryna laýyk gelmegini kesgitlemek prosesi özara baglanyşyjy we özara kesgitleýji hereketleriň tutuş ulgamyny toplumlaýyn öwrenilmegidir. Kanundöredijilik gatyşmaklygyň netijleriniň çäklendirmesiz ählisiniň göz öňünde tutulmasy kanundöredijiligiň ulgamyndaky bu üýtgetmeleriň netijeliligi (ýa-da netijesizligi), kanundöredijileriň maksatlaryna ýetendigi ýa-da ýetmändigi, kadalaşdyrylýan hukuk

gatnaşyklarynda duýdansyz we meýilleşdirilmedik netijeleriň barlygy ýa-da ýoklugy baradaky netijeleriň obýektiwliligi üçin hökmany şert bolup durýar.

Kanundöredijiligiň netijelerine aň ýetirmekligiň usulyýeti kanunçykaryjylyk tehnikasynyň iň wajyp düzüm bölegidir. Şonuň üçin bize hereketiň bu görnüşiniň esasy kadalaryny kesgitlemek, olary bir bütewi toplumlaýyn prosesine birleşdirmek we bu kadalary amala aşyrmaklygyň görnüşlerini ylmy taýdan esaslandyrmak zerurdyr.

Kanundöredijiligiň netijelerine baha bermek prosesiniň usulyýet düzüjileriniň tutuş sanawyny şertleýin ýagdaýda görkezmek bolar.

## 5.2. Döredilen kadalaşdyryjy hukuk nama bolan talabyna we ýerine ýetirijiligine baha bermek

Hereket edýän kanunçylyga hakykatdan hem üýtgetmeler girizmek zerurlygynyň barlygyna baha bermek zerurdyr. Bu köp babatda kadalaşdyrylýan gatnaşyklar hut kanunçylyk täsiri, olaryň durmuş we jemgyýetiň ösüşi üçin neneňsi wajypdygy bilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň kömegi bilen kadalaşdyrylmagyna mynasyp ýa-da ýokdugyna baglydyr. Bu ýerde hukukçylar hukuk gatnaşyklaryň subýektleri tarapyndan özlerini alyp baryşlaryny kesgitlemek üçin kanundöredijileriň işiniň netijeleri ulanylýan ýa-da ulanylmaýandygyny, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaklygyň guraly hökmünde iş ýüzünde ulanylýan ýa-da ulanylmaýandygyny kesgitlemeli. Emma, gynansakda, hukuk ulgamynda düýbünden gerekmejek we hakyky durmuşda ulanylmaýan, talap edilmeýän namalaryň döredilýän ýagdaýlary hem bolýar.

Gynansak-da, taslamany işläp taýýarlamak tapgyrynda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak üçin döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň zerurlygyny takyk kesgitlemek hemişe mümkin däldir. Şonuň üçin kadalaşdyryjy hukuk namanyň zerurlygynyň hakykylygynyň bahalandyrmasyny ol kabul edilenden soň hem etmeli. Munuň üçin hukuk gatnaşyklarynyň statistikasyny öwrenmeli we döredilen (kanunasty nama) kanun iş ýüzünde ulanylýanyny, eger ulanylýan bolsa nä derejede işeňňir ulanylýanyny anyklamaly. Kanundöredijiligiň netijeleriniň talaba laýyklykgynyň seljermesi bu prosesiň gatnaşyjylarynyň öz maksatlaryna prinsipial ýetendigini (ýa-da ýetmändigini) hem-de kanundöredijilik gatyşmasy talabalaýyk häsiýetde ýerine ýetirilendigi, olar meýileşdirilen jemgyýetçilik gatnaşyklar kadalaşdyrylandygy barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär. Talap edilmedik, ulanylmaýan nama diňe bir gereksiz, artykmaç bolman, eýsem kanunçylyk ulgamyny hapalaýar, ol ony ulgamsyzlaýar, bütewilige, özara baglylyga we hukuk taýdan kadalaşdyrylýan toplumlaýyn häsiýete esaslanýan onuň bütewi ulgamyny ýykýar.

Kadalaşdyryjy hukuk nama bolan talap bu täze döredilen kanunçylyk görkezmesini (kazyýet, edara ediş-ýerine ýetiriji häkimiýetler bilen, ony ulanmak bilen ylalaşyklary baglanyşmak we beýlekiler bilen) ulanmak bilen hukuk ulanyky tejribesiniň barlygynda ýüze çykýar. Şonuň üçin döredilen kanunçylyk namalaryň ulanylyşynyň hakykylygyny öwrenmekde kazyýet tejribesi hakyndaky statistiki maglumatlaryny seljermek, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň kadalaşdyrylýan çäkde hereket edýän ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary bilen çykarylýan hukuk ulanyjy namalary öwrenmek, kadalaşdyrylýan çäkde şertnamalary (şeýlelikde, diňe raýat-hukuk däl) baglanyşmagyň statistikasyny öwrenmek örän peýdaly bolar. Ondan başga-da, kabul edilen kanunyň (kanunasty namanyň) zerurlygynyň alamaty oňa laýyklykda we ony ýerine ýetirmek üçin kanunasty namalaryň kabul edilmegi bolup durýar.

Täze döredilen kadalaşdyryjy hukuk nama bolan talabyň seljermesi kanundöredijileriň maksatlaryna doly ýetilendigi we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumynyň kadalaşdyrylmasy baradaky netijäni çykarmak üçin esas bolup biler. Kanunçylyk nama bolan talabyň bolmazlygy baradaky netijäni kazyýet işlerini geçirmekligiň tejribesini öwrenip, hukuk gatnaşyklarynyň statistikasyny seljerip, adamlaryň we edara görnüşindäki taraplaryň hukuk ähmiýetli özüni alyp baryşlaryny düzüp, şeýle-de, başga-da birnäçe usullary ulanyp edip bolar. Bu barlaglaryň

dowamynda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylýan ugruny olaryň gurluşyny, gatnaşyjylaryň bähbitlerini, hukuk kadalaşdyrmaklygyň ugrunyň anyklygyny bilmeklik diýseň wajyp, obýektiw sosial zerurlygyna we ony gazanmaklygyň we goramagyň mehanizmlerine aň ýetirmeklik wajypdyr.

Kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň ulanylyşyna baha bermekligiň netijesinde, bütin nama, şeýle-de onuň bölegine bolan talabyň ýoklugy barada netijä gelip bolar. „Jansyz“, hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri tarapyndan ulanylmaýan, olara gerek bolmaýan, kanunçylygyň artykmaç elementleri kanunçylyk ulgamyny hapalaýarlar we ýa ýok edilmeli ýa-da (muny etmek has göwnejaý, sebäbi namanyň ulanylmagy onuň asla gerek däldigini aňlatmaýar, köplenç – onuň özüniň ýa-da ulanmak mehanizminiň kämil däldigini görkezýär) kämilleşdirilmeli. Talap bildirilmeýän, ulanylmaýan (doly ýa-da bölekleýin) kanunçylyk namalarynyň bolmagy belki kanunçykaryjylyk ulgamyna üýtgetmeler girizmeklik hökmandyr diýen netijäni çykarmaga mümkinçilik berýär. Kanunçykaryjylaryň ýalňyşy barada, döredilen namanyň gerek bolan gatnaşyklaryň kadalalaşdyrylmagy üçin tutuşlygyna ýa-da bölekleýin ulanyp bolmaýanlygy barada, umuman, onuň jemgyýetiň durmuşy we ösüşi üçin uly ähmiýeti bolmadyk hukuk gatnaşyklarynyň çäginden çykýan we şonuň üçin hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri tarapyndan ulanylmaýan kanunçylyk gatyşmagyny talap etmeýän gatnaşyklary kadalaşdyrylýanlygy sebäpli gerek däl diýen netijä gelip bolar.

Döredilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň talap edilenligine we ulanylanlygyna baha bermeklik onuň ýerine ýetirilmekligini seljermek zerurlygyny öňünden kesgitleýär. Kanundöredijilik netijeleriniň öwrenilmegi onuň hakyky netijeliligini, hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýanlaryň özüni alyp baryşlaryny onda beýan edilen hukuk görkezmelerine tabynlygynyň hakykylygyny kesgitlemeklik bolup durýar. Bu barlaglar namanyň kadalaşdyryjy täsiriniň netijeliligini, onuň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsir etmeklik üçin ulanyp boljakdygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Ýerine ýetirijilik, adamlaryň özleriniň alyp baryşlaryny kadalaşdyryjy görkezmä laýyk getirmeklige taýynlygy - şeýle görkezmäniň hukuk häsiýetiniň adalatlylyk, jemgyýetçilik bähbitlere laýyklyk ýaly alamatlarynyň biridir. Hukuk häsiýetli kadalaşdyryjy hukuk namasynda bar bolan hukuk kadanyň durmuşa geçirilmegi hukukda beýanyny tapan we kanunçylykda berkidilen jemgyýetiň bähbitlerine laýyk getirilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşýanlaryň öz hususy esasgoýujy bähbitlerini durmuşa geçirmekligiň görnüşi hökmünde çykyş edýär.

Elbetde, hemmeler tarapyndan berjaý edilýän, hukuk gatnaşyklarynyň ähli subýektleriniň özlerini alyp baryşlaryny laýyk getirýän namany döretmek mümkin däl. Hukuk bozmalar diňe bir kanunçylyk namalarynyň döredilen wagty kanunçykaryjylyk tehnikasynyň kämil däldiginiň ýa-da hukuk däl häsiýetiniň netijesi bolman, eýsem kanundöredijilige göni degişli bolmadyk başga köpsanly faktorlar degişlidir. Şeýle-de bolsa, kabul edilen namanyň kämil däldigi kanun bozmalaryň göwrümini we häsiýtini diýseň aýdyň şertlendirip biler. Kanunçylyk namada kanunçykaryjylaryň ýokary hünär kämilligi bolan hukuk kadasynyň dogry we doly beýan edilmegi, şol namanyň we tutuş kanunçylygyň ýerine ýetirilişiniň we ýokary netijeliliginiň kepilidir. We onuň tersine, hukuk görkezmesiniň tekstiniň nädogry, kämil däl düzülmegi, olary düşündirmekligiň mümkinçiligi, kanunçylygyň gapma-garşylygy we ulgamsyzlygy ondaky ýetmezçilikler – olaryň hemmesi kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ýerine ýetirijilik mümkinçiliginiň we olaryň kadalaşdyryjy mümkinçilikleriniň peselmegine (mümkin düýbünden ýok etmekligine) eltýär. Şol sebäpli kanundöredijiligiň netijeleriniň seljermesiniň dowamynda kanun bozmalaryň statistikasyny öwrenmeli, täze döredilen kanunçylyk namalarynyň näme üçin we nähili berjaý edilmeýändigini öwrenmeli. Şeýle seljermäniň netijeleri diňe bir namanyň kämil däldigi baradaky netijä gelmekligiň däl, eýsem şeýle kämil däl namanyň häsiýeti, namanyň işlenip taýýarlanylýan we kabul edilýän wagty kanundöredijiligiň düzgünleriniň bozulmagynyň formalary, ýetmezçiligiň düzedilmegi üçin iň amatly usullar barada netije çykarmaga esas bolup bilerler.

Kanunçylyk kadalaşdyrylmasy täzelenen ýa-da düzedilen jemgyýetçilik gatnaşyklary babatynda statistikanyň öwrenilmegi kanundöredijiligiň netijeleriniň seljermesiniň zerur düzüm

bölegidir. Bu prosesde ulanylýan esasy usullar – statistiki usul we alnan statistiki maglumatlary öwrenmekligiň analitik usuldyr. Kanun bozmalaryň umumy toplumynyň gurluşyny öwrenmeli we olarda belli bir ulgam dörediji başlangyjy açyp görkezmeklige synanyşmaly. Ol ýa-da beýleki kanun bozmalaryň aýratynlygy, günäniň esasy formalary, ýerine ýetirilmedik görkezmeler, şeýle ýerine ýetirimezlikleriň formalary – bularyň ählisi kanun bozmalaryň sebäpleri baradaky netijeleri çykarmaga esas bolup bilerler. Tötänleýin häsiýetli seýrek hukuk bozmalar entek alada etmäge esas bolanok. Emma, ulgama öwrülen, umumy sosial göwrüme eýe bolýan kanun bozmalar eýýäm kanundöredijilik işiniň gatnaşyjylary üçin howply duýduryş bolup biler. Şeýle ýagdaý belli bir kanun (kanunasty namalar) we olaryň ulgamlary tarapyndan hukuk täsir etmekligiň häsiýetiniň seljermesiniň derwaýyşdygyny aňladýar. Şeýle seljermäniň netijesinde hukuk gatnaşyklaryň subýektleriniň özüni alyp barmaklaryny kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryna tabyn etmezligi, bu namalaryň kämil däldiginiň sebäbiniň bardygy, tehniki kämilsizlik sebäpli olardaky görkezmeleri ýerine ýetirmekligiň mümkin däldigi ýa-da kynlygy baradaky netijäni çykaryp bolar. Kanun bozmalaryň statistikasynyň seljermesi, olaryň subýekt düzüminiň aýratynlyklary hukuk gatnaşyklaryň gatnaşyjylarynyň belli bir kategoriýasy, anyk sosial gatlak tarapyndan kanunçylygyň belli-belli namalary ýerine ýetirilmeýändigi baradaky netijeleri berip biler. Bu öz gezeginde, bozulýan namanyň belli bir sosial toparyň bähbitlerine çapraz gelýändigi barada netije çykarmaga esas berýär. Şeýle netijelerden soň kanundöredijilik işiniň gatnaşyjylary nama bilen razylaşmaýan sosial toparyň hukuk gatnaşyklaryň ulgamyndaky ornuny we ähmiýetini öwrenip, bütin jemgyýetiň bähbitlerinden ugur alyp, olara hukuk häsiýetini berip, kanunçylyk namalarynyň düzgünlerini düzedip bolar.

Elbetde, şeýle seljermede hukuk häsiýetden we olary döretmekligiň tehniki kämilliginden başga-da, köpsanly beýleki faktorlaryň kanunlaryň we kanunasty namalaryň ýerine ýetirilmegine täsir edýändigini göz öňünde tutmalydyr. Şübhesiz, özüniň alyp barşyny kesgitlände, mümkin bolan birnäçe wariantdan birini saýlanda, adam öz bähbitlerine düşünmeklikden ugur alýar. Tehniki nukdaýnazardan kämil we obýektiw sosial wajyplylygy nukdaýnazardan, örän takyk, aýdyň we hukuk häsiýeti bolan kadalaşdyryjy hukuk namanyň berjaý edilmezligi mümkin. Şeýle ýagdaý şahsyýet tarapyndan jemgyýetçilik bähbitlerine, obýektiw sosial derwaýyslygy we hususy, olar bilen özara baglanyşykly esasy bähbitlerini äsgermezçiligiň we ýalňyş düşünmekligiň netijesi bolup biler.

Kanunçylygyň ýerine ýetirjiligini seljerende seresap bolmalydyr, howlukmaçlyk netijelere (edil beýleki işde ýaly hem) bärde ýol berilmeli däldir we olar weýran edijidir. Ýerine ýetirijilik – örän çylşyrymly häsiýetnamadyr, edil adamlaryň, indiwidleriň, sosial toparlaryň, umumy jemgyýetiň ähli özüni alyp barşy ýaly jegyýetçilik gatnaşyklaryň ähli toplumy, obýektiw we subýektiw faktorlaryň çylşyrymly ulgamy bilen kesgitlenilýär – kanunçylygyň takyk namanyň tehniki taýdan kämilligi diňe olaryň birine degişlidir. Emma, kanunlaryň we kanunasty namalaryň berjaý edilişiniň we bozulmalarynyň statistikasynyň jikme-jik seljermesi olaryň netijeliligi, olara üýtgetmeler we goşmaçalar girizilmekligiň ähmiýeti, kanundöredijilik prosesine gatnaşyjylaryň öz maksatlaryna ýetendikleri ýa-da ýetmedikleri barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär.

Döredilen kadalaşdyryjy hukuk nama bolan talabyň we berjaý edilişiniň we ony bozmalaryň tejribesiniň seljermesi edil bütewi toplum ýaly kanundöredijilik prosesiniň wajyp düzüm bölegi bolup durýandyr. Şeýle hereketler kanundöredijiligiň gatnaşyjylaryna kadalaşdyryjy mümkinçilikler we döredilen kadalaşdyryjy hukuk namasynyň (ýa-da olaryň toparlaryny) kämilleşdirmekligiň ýollary barada gymmatly maglumatlary bermek üçin niýetlenendir.

### 5.3. Täze döredilen kadalaşdyryjy hukuk namasynyň hukuk häsiýetiniň seljermesi

Döredilýän kanunçylyk namalarynyň hukuk häsiýeti, olaryň hukuk kadasynyň hakyky manysy, jemgyýetiň durmuşynyň esasgoýujy bähbitleri we ösüşi bilen doly gabat gelmegi –

kanundöredijileriň iň wajyp maksadydyr, olaryň işiniň netijeleriniň diňe bir netijeliligi däl, eýsem ýaşaýşä ukyplylygynyň şertidir.

Şonuň üçin kanundöredijiligiň maksatlaryna ýetmekligi kesgitlemek üçin olaryň netijeleriniň hukuk kadasyna laýyk gelýändigini (ýa-da laýyk gelmeýändigini) seljermek zerur.

Bu döredilen kanunlara we kanunasty namalara baha bermekligiň iň kyn görnüşleriniň biridir, emma şol bir wagtyň özünde bolsa, iň wajyby we iň jogapkärlisidir. Bu barlaglar döredilen namanyň hukuk häsiýetiniň bardygyny, kanunçylyk ulgamyna girizilen üýtgetmeler jemgyýet üçin rowaçlyk getirýändigini ýa-da olaryň netijeleriniň ýaramazdygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Baha bermeklik döredilýän kanunçylyk namalarynyň manysyny (olaryň mümkin bolan düşündirilmesini göz öňünde tutmak bilen) we onuň kesgitlenilen hukuk kadalaryna laýyk gelmeginiň seljermesiniň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu prosesde iň kyny – hukuk kadalarynyň özleriniň hakyky manysyny kesgitlemekdir.

Kanunçylyga girizilen üýtgetmeleriň hukuk häsiýetiniň seljermesiniň dowamynda kanundöredijilik prosesine täsir eden faktorlary, olaryň häsiýetini, jemgyýetiň durmuşynyň esasy bähbitlerine we ösüşine laýyklygyny ýa-da laýyk gelmeýänligini göz öňünde tutmalydyr. Döredilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hukuk häsiýetiniň seljermesiniň dowamynda kanundöredijilige haýsy klaslaryň we sosial toparlaryň bähbitleriniň nä derejede täsir edendigini, kimiň bähbitleriniň kanagatlandyrylandygyny we döredilen namada öz beýanyny tapandygyny kesgitlemeli. Muny kanundöredijilik prosesine aýgytlaýjy täsir eden sosial faktorlary: lobbirlemekligiň ulanylan mehanizmleri, lobbirlemekligiň formalary we usullary – bu zatlaryň hemmesi kimiň hut şu görnüşde namany iş ýüzünde kabul etmeklik üçin synanyşandygyna düşünmäge kömek berýär. Täsir etmekligiň şeýle toparlarynyň bähbitleriniň we umuman jemgyýetiň bähbitleriniň laýyk gelmegi kanunçykaryjylyga girizilen üýtgetmeleriň hukuk häsiýetini seljermekde uly kömek berip biler. Haýsy sosial toparlaryň bähbitleriniň namada beýan edilendigi, bu toparlaryň jemgyýetçilik durmuşyndaky ähmiýeti, olaryň bähbitleriniň bütin jemgyýetiň global bähbitleri bilen nähili laýyk gelýändigi öwrenilýär.

Döredilen namanyň umumyhukuk ýörelgelere we degişli bolan pudagyň hukuk kadalaşdyrylmagynyň ýörelgelerine laýyk gelýändigini barlamak zerurdyr. Bu täze kanunyň ýa-da kanunasty namanyň manysynyň pudak hukuk kadalaşdyrmaklygyň we tutuş hukugyň maksatlaryna gabat gelýänligi baradaky netije çykarmak üçin esas berýär. Kanunçykaryjylyk namada bar bolan görkezmeleriň hukuk häsiýeti, olaryň manysynyň durmuşyň global bähbitlerine we jemgyýetiň ösüşine gabat gelmegi bu namanyň düýp manysynyň hukuk kadalaşdyrmaklygyň esasy ýörelgeleri bilen gabat gelmegini güman edýär, sebäbi bu ýörelgeler jemgyýetçilik gatnaşyklaryna hukuk taýdan täsir etmekligiň obýektiw maksatlarynyň jemlenen beýany bolup durýar.

Döredilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň ylmy esaslandyrmasynyň we işlenip taýýarlanmagynyň barlagy hem artykmaç bolmaz. Kanunyň (kanunasty namanyň) doktrinal kesgitlenmesi, olarda bar bolan görkezmeleriň ylmy hukuk nazaryýeti bilen baglanyşygy, bu täze döredilen kanunçylyk namasynyň işlenilip taýýarlanylan, ylmy taýdan kesgitlenilen we subut edilen hukuk başlangyçlarynyň we ýörelgeleriniň ajaýyp kepilidir.

Kanunçylyk ulgamynyň amala aşyrylan üýtgemesiniň hukuk häsiýetine aň ýetirmekliginiň netijeleri döredilen namanyň durmuşa ukyplylygy, durmuşyň esasy bähbitleriniň we jemgyýetiň ösüşini beýan etmekligiň obýektiwliligini, kanundöredijileriň hünär kämilligini, girizilen üýtgetmeleriň geljegi we umuman, hukuk kadalarynyň kanunçykaryjylyk ulgamy bilen baglanyşykly ösüş geljegi barada netije çykarmak üçin hökmanydyr.

Kanundöredijilik işine gatnaşyjylaryna döredilen kanunçylyk namasynyň jemgyýetçilik durmuşynyň we ösüşiniň esasy bähbitlerine we kanunylyga laýyk gelýändigi baradaky doly we obýektiw düşünje almak üçin döredilen namanyň sosial gatnaşyklaryň kadalaşdyrylýan pudagynda we umuman jemgyýetiň durmuşynda döreden üýtgetmeleri (ýa-da kanunçylyk ulgamyndaky üýtgetmeleri) öwrenmek we seljermek wajypdyr.

Bu diýseň çylşyrymly we köp derejeli prosesdir. Onuň çylşyrymlylygy onuň hukuk gatnaşyklaryň üýtgetmelere getiren faktorlaryň uly mukdaryny göz öňünde tutmak we öwrenmek, bu faktorlaryň haýsysynyň hukuk kadalaşdyrma, has takygy döredilen nama (ýa-da üýtgedilen nama) bilen baglanyşyklydygyny, haýsysynyň bolsa kanunçylyk täsire gatnaşygynyň ýokdugyny has takyk kesgitlemekdir. Munuň üçin dürli maglumatlaryň uly mukdaryny: ykdysady görkezijileri, syýasy üýtgetmeleri, sosial üýtgeşmeleri (gurluş, psihologik we beýlekiler) göz öňünde tutmak gerek.

Döredilen kanunçylyk namanyň netijelerini kesgitlemek üçin jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň häsiýetiniň üýtgetmeleri baradaky statistiki maglumatlary: ykdysady, önümçilik-ykdysady, kriminologiki, umumy sosial, halkara häsiýetli we beýlekileri jikme-jik öwrenmeklik talap edilýär. Soňra kanundöredijilik işiň netijeleriniň täsiri we bu üýtgetmeleriň arasynda sebäp-netije baglanyşygynyň bardygyny kesgitlemeli. Netijeler kanunçylyk ulgamynyň üýtgetmeleriniň hukuk, jemgyýetçilik peýdaly häsiýetiniň bardygyny, olar jemgyýetiň durmuşynyň we ösüşiniň obýektiw kanunylyklaryny beýan edýändiklerini kesgitlemäge esas berýär.

Hut döredilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň täsiriniň netijeleriniň seljermesi kanundöredijiler tarapyndan öz maksatlaryna ýetendikleri, olaryň işiniň hakyky netijeleriniň meýilnamalaryna laýyk gelýändikleri baradaky soraglara has aýdyň jogap berýär. Mysal üçin, ykdysady infrastrukturadaky üýtgetmeler raýat-hukuk kadalaşdyrmaklygyň maksatlaryna we ýörelgelerine laýyk gelýärmi, jenaýat hukugyna girizilen täzelikler kriminogen ýagdaýda oňyn üýtgeşmeler getiripmi, dolandyryş döwlet diwanynyň işine administratiw hukukdaky täzeliklerden soň oňyn üýtgeşmeler barmy we ş.m..

Bu ýerde hukuk täsir etmekligiň netijelerine baha bermekligiň azda-kände subýektiw boljakdygyny göz öňünde tutmaly. Kanundöredijiligiň netijeleri seljerilen wagty netije çykarmak üçin götkezijiler bu işi ýerine ýetirjek hünärmenleriň garaýşyna, goýan wezipelerine we bähbitlerine bagly bolar.

Statistik maglumatlar we seljerme ýene-de netije çykarmak üçin esas bolar. Bu ýerde netije çykarmakda örän seresap bolmalydyr. Kanundöredijilik gatyşmaklygyň hakyky netijeleri baradaky hakykat hemişe ýüzleý ýatan däldir. Köplenç netijeleriň obýektiwliligi birnäçe aýdan, hat-da ýyllardan soň bolan üýtgetmeleri gümän edýär, jemgyýetçilik gatnaşyklaryna kanunçylyk gatyşmaklygyň hakyky netijeleri aýdyň däl ýa-da köp wagt geçenden soň ýüze çykýar.

### 5.4. Kanunçylyk ulgamynda täze namanyň ornuny öwrenmek. Döredilen namanyň tehniki häsiýetnamalarynyň seljermesi

Kanunçylyk ulgamyna girizilen üýtgetmeleriň netijelerini öwrenmek prosesinde kanunçylyk ulgamynda şeýle üýtgetmäniň ornuna baha bermekligiň uly ähmiýeti bardyr. Ol döredilen namanyň eýýäm bar bolan kanunçylyga deňeşdirmesidir, onuň ondan öň kabul edilen kanunlara we kanunasty namalara laýyk gelýänliginiň barlagydyr.

Kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň has ýokary hukuk güýje eýe bolan namalara laýyk gelýänliginiň barlagy, ony çap etmekligiň kanunylygy, onuň hukuk güýjüniň barlygy hakyndaky netijeleri çykarmaga esas berýär. Şeýle barlag köplenç şoňa ýörite ygtyýarlandyrylan döwlet edaralary tarapyndan amala aşyrylýar we formal kesgitlenilen prosedura bolup durýar (mysal üçin, Türkmenistanyň Mejlisine döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyk ýa-da laýyk gelmeýänligini kesgitlemäge kanun tarapyndan ygtyýar berlen[24]).

Döredilen namanyň şol hukuk güýjüne eýe bolan beýleki namalara baglylygynyň seljermesi hukuk kadalaşdyryş ulgamyndaky üýtgetmeleriň häsiýetini kesgitlemäge mümkinçilik berýär,

[24] 2009-njy ýylyň 9-njy ýanwaryndaky №15-IV belgili Türkmenistanyň „Türkmenistanyň Mejlisi hakyndaky“ Kanunyň VI Baby. (Türkmenistanyň Mejlisiniň Habarlary, 2009 ý. №1, 15-nji madda).

sebäbi täze döredilen kadalaşdyryjy hukuk namalar şol bir gatnaşyklary kadalaşdyrmaklyga bagyşlanan düsgünleri olara hukuk güýji boýunça deň bolan namalary gyssyp çykarýarlar, eger şeýle düzgünler täze namanyň maddalaryna garşy bolýan bolsalar. Bu ýagdaýda kanundöredijilik işiniň gatnaşyjylary haýsy namalar we haýsy göwrümde güýjüni ýitirendikleri we hukuk kadalaşdyrmaklygyň haýsy ugry haýsy uaul bilen üýtgändigi barada takyk aýdyň düşünje alarlar. Bu kanundöredijilik işiniň netijeleriniň onuň maksatlaryna laýyklygy barada netije çykarmak üçin örän wajypdyr. Mundan başga-da, eýýäm kanundöredijilik prosesiň başlany bäri başga kadalaşdyryjy hukuk namalaryň üýtgetmeleriniň seljermesi olaryň geljeki ykbalyny kesgitlemek üçin örän wajyp bolup biler – olaryň doly ýatyrylmagy barada ýa-da täze görnüşde beýan edilmeginiň zerurlygy barada netije çykarylyp bilner.

Döredilen namanyň has pes hukuk güýjüne eýe bolan namalara baglylygynyň barlagy aşakda duran namalaryň haýsylarynyň hukuk güýjüniň gaçýandygy, jemgyýetçilik gatnaşyklaryna öz doly täsirini ýetirmek üçin täze namanyň ýerine ýetirilmegi üçin haýsy namalary kabul etmelidigi barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, döredilen kanun onuň ýazarlarynyň esaslanan baş ýörelgesine ýa-da kanunçylyk teklibe jogap berýändigini, hukuk kadalaşdyryş ulgamyndaky üýtgetmeler meýilleşdirilenlere laýyk gelýändigini göz öňünde tutmaly.

Täze namanyň kanunçylyk ulgamynda eýeleýän ornuny, onuň hereket edýän namalara baglylygynyň öwrenilmegi kanunçylyk ulgamyna girizilýän üýtgetmeleriň häsiýeti, kanundöredijilik işi bilen şertlendirilen hukuk ösüşiniň ugry barada garaýşyny beýan etmäge mümkinçilik berýär. Meseläni öwrenijiler amala aşyrylan kanundöredijiligiň netijesinde hukuk kadalaşdyrmaklygyň umumy häsiýetiniň üýtgemegi, şeýle-de güýjüni ýitiren ýa-da bölekleýin üýtgedilen takyk kanunlar we kanunsty namalar hakda maglumat alýarlar. Netijede, kanundöredijiligiň formal-hukuk nukdaýnazaryndan, kanunçylyk toplumy sezewar bolan üýtgetmelerinden ugur alyp, gazanan (ýa-da gazanylmadyk) maksatlar barada netije çykaryp bolar. Bu usulyýeti ulanyp seljerme geçirýänçi kanundöredijilik meýilleşdirilen wagty namalar jemi hökmünde kanunçylyk ulgamy öz toplumynda üýtgänligi, oňa kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň arasyndaky düşünişmezlikler, çaknyşyklar we gapma-garşylyklar girizilen ýa-da girizilmändigi barada netije çykarýar.

Mundan başga-da, kanunçylyk ulgamynda täze döredilen kanunyň ýa-da kanunasty namanyň ornunyň öwrenilmegi täze namany goşup boljak hukuk ulgamynyň düzüm bölegini (pudaklary, pudaga degişli edaralar, institutlar) kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Bu bolsa öz gezeginde, bu namalaryň hukuk kadalaşdyrylyşyň pudaklaýyn ýa-da institusional ýörelgelerine laýyk gelýändigini barlamaga mümkinçilik berýär, bu bolsa kanundöredijilik netijeleriniň onuň gatnaşyjylarynyň ilkibaşdaky maksatlaryna laýyk gelýänligine ýa-da laýyk gelmeýänligine baha bermekde örän wajypdyr.

Kanundöredijilik netijelerini öwrenmekde we olara baha bermekde döredilen kanunyň ýa-da kanunasty namanyň tehniki häsiýetnamalaryna baha berilmegi hem ýeterlik derejede wajyp orun tutýar. Kanundöredijilik işiniň esasgoýujy düzgünleriniň we ýörelgeleriniň berjaý edilmegi, kanunçylyk namalarynyň maddalarynda hukuk kadalarynyň ylmy taýdan işlenilip taýýarlanylan we esaslandyrylan tärleriň we kesgitlemek usullaryň peýdalanylmagy döredilen namanyň, şeýle-de, onuň bilen baglanyşykly namalaryň (korrespondent namalaryň we respondent namalaryň) güýjüniň wajyp şertidir. Onuň tersine, kadalaşdyryjy hukuk namanyň tehniki taýdan kämilsizligi onuň netijesizliginiň, doly göwrümde işlenilýän netijeleriň gazanyp bolmazlygynyň sebäbi – kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň anyk ýagdaýy bolup biler. Sosial durmuşyň anyk wajyp ugrunyň onyň kadalaşdyrmaklygyň iş ýüzüne mümkin däldigi ýazylan hukugyň elementleriniň döredilmeginiň gidişinde kanunçykaryjylyk tehnikasynyň düzgünleriniň köplenç berjaý edilmezliginiň netijesi bolýar. Kanundöredijiligiň hereket edýän düzgünleriniň we ýörelgeleriniň ujypsyzja berjaý edilmezligi hem kanunçylygyň kadalaşdyryjy mümkinçilikleri ýok edýän çaksiz netijelere getirip biler.

Mysal üçin, Türkmenistanyň „Migrasiýa hakyndaky“[25] Kanunynyň 28-nji maddasynyň 1-nji bölüminde 18 ýaşyna ýetmedik Türkmenistanyň raýatlary kanuny wekilleriň, ýagny, ene-atalar ýa-da olaryň ýerini tutýan adamlaryň ýany bilen gitmezden Türkmenistanyň çäginden daşyna gidip bilerler, ýöne olaryň kanuny wekilleriniň onuň ýany bilen gidýän şahsyýetiň adyna notarial taýdan tassyklanylan ynanç hatynyň bolmak şerti bilen rugsat edilýär. Bu ýagdaýda kämillik ýaşyna ýetmedikleriň daşary ýurda ynanç haty bolmazdan ene-atasynyň ikisi bilenmi, ýa-da diňe olaryň biri bolsa ýeterlikmi; eger ýeterlik bolmasa, onda ene-atasynyň haýsysy gitmeýän bolsa, çagasynyň ýany bilen gitmeýän tarapdan hem ynanç haty gerekmi ýa-da ýok diýlen sorag aýdyň däl. Bu ýerde hukuk ulanmaklyk tejribesine täsir edip biljek görkezilen Kanunyň tehniki taýdan kämilsizligi görnüp dur.

Döredilen kanunyň ýa-da kanunasty namanyň tehniki kämilligi seljerlende onuň tekstini öwrenmek zerurdyr. Kanunyň logikasynyň, ýazylyş usulunyň we diliniň düzgünlerini berjaý edilişini kesgitlemeli, onuň düşnüklidigini, hukuk bilimi bolmadyk adamlar tarapyndan aň ýetirmeklik mümkinçiligini barlamaly. Döredilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň kanundöredijiligiň beýleki elementleri bilen döredilen namanyň ulgamlaýyn gatnaşyklarynyň bardygyny, onuň manysynyň tekstual beýan edilişiniň tärleriniň we usullarynyň peýdalanmagynyň esaslandyrylmasyna, görkezmeleriň anyk görnüşlerini ulanmaklygyň maksadalaýyklygyna we onuň köpsanly başga ýöriteleşdirilen tehniki häsiýetlerini barlamaly. Bu zatlaryň hemmesi döredilen namanyň tehniki taýdan kämilleşdirmekligiň mümkin bolan ýollary barada (eger zerur bolsa onuň kadalaşdyryjy mümkinçiliklerini ösdürmek üçin), netije çykarmaga esas bolup biler, mundan başga-da (oňyn ýa-da ýaramaz) geljeki kanundöredijilik işi üçin anyk mysal hökmünde gulluk edip biler.

Öň bellenip geçilişi ýaly, kanundöredijilik işiniň netijeleriniň seljermesi, bu prosesiň maksatlaryna ýetilmegi (ýa-da ýetilmezligi) barada netije çykarmak üçin esas bolýar. Şeýle netijeler kanundöredijilikde uly orna eýedirler, sebäbi olar kanundöredijiligiň gatnaşyjylaryna özleriniň geljeki hereketlerini meýilleşdirmäge, özleriniň geljeki hünär işini kesgitleýän täze wezipelerini we maksatlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Öz işiniň netijelerine baha berip, kanundöredijiler kanundöredijilik maksatlaryna ýetenligi we olary gyzyklandyrýan jemgyýetçilik gatnaşyklar toplumynyň adekwat, meýilleşdirilen kadalaşdyrma, kanundöredijilik prosesiniň üstünlikli tamamlanmagynyň mümkinçilikleri barada netije çykaryp bilerler. Emma, eger olar kanundöredijilik işini dowam etdirmeklik, öz maksatlaryna ýetmedikleri ýa-da bölekleýin ýetendikleri barada, kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ösüşiniň nädogry, meýilleşdirilmedik warianty ýa-da olaryň doly däl kadalaşdyrylmagy, hukukdaky ýetmezçilikleriň doly däl ýeňlip geçilmegi barada hem netijä gelip bilerler.

Soňky ýagdaýda döredilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryna baha bermeklik täze kanundöredijilik prosesiniň başlanmagy üçin esas bolup durýar. Kanundöredijiler täze kanundöredijilik prosesini başlamak zerurlygy barada netije çykarýarlar. Dialektikanyň düzgünlerine laýyklykda kanundöredijilik prosesiniň logiki tamamy bolup duran tapgyr – has ýokary derejede täze şoňa meňzeş prosesiň başy bolup biler. Kanundöredijilik prosesiniň dowam etdirilmegi baradaky netijä gelnenden soň, ygtyýarlandyrylan adamlar täze kadalaşdyryjy hukuk namalaryň döredilmegine ýa-da köneleriň täzeden işlenmegine başlaýarlar. Kanundöredijilik işiniň bu görnüşi kanunçykaryjylyk namasyny döretmeklik prosesiniň tamamlanandygy, şeýle-de kanunçylyk ulgamynda täze üýtgetmeleriň zerurdygy barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär.

Eger, kanunçylyk ulgamyny tutuşlygyna we onuň düzüm bölekleriniň täzelenmegini we kämilleşdirilmegini yzygiderli etmekligiň zerurdygyny göz öňünde tutsak, onda kanundöredijilik prosesi yzygiderli täzelenýändigi barada netije çykaryp bolar. Onuň tapgyrlarynyň biriniň netijelerine baha bermeklik – täze kanundöredijilik prosesiniň diňe logiki başlangyjy, esasy, täze

[25] 2005-nji ýylyň 7-nji dekabryndaky № 30-III belgili Türkmenistanyň „Migrasiýa hakyndaky“ Kanuny („Türkmenistanyň Mejlisiniň Habarlary“, 2005 ý., №3-4, Madda 29), soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen.

derejede kanundöredijilige aň ýetirmeklik prosesiniň birinji bölegi, edil ýaňy ýerine ýetirilen kanunçykaryjylyk kadalaşdyrmany göz öňünde tutmak bilen täze kanundöredijilik gatyşmaklygyň zerurlygynyň kesgitlenilmegidir. Filosofik-hukuk nukdaýnazardan kanundöredijiligiň ýapyk we tükeniksiz döwür diýip aýtmak bolar, netijeleriň seljermesi kanundöredijilik aň ýetirmekligiň wajyp düzüm bölegi bolup biler.

# 6 BAP. KANUNDÖREDIJILIK PROSESINE TÄSIR EDÝÄN FAKTORLAR

Kanundöredijilik edil islendik beýleki sosial proses ýaly çylşyrymly, köp derejeli, köp elementleri özünde jemleýän sosial ulgamyň durmuş şertlerinde geçýär. Kanundöredijileriň işi hem kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň ulgamyny döretmeklik we üýtgetmeklik prosesini köp derejede şertlendirýän dürli sosial faktorlaryň täsirini başdan geçirýär. Bu tebigy we gutulgysyz zatdyr, sebäbi jemgyýetçilik gatnaşyklar, sosial hakykat hukuk kadalaşdyrmany we onuň kanunçylyk beýanyny kesgitleýän hukuk hakykatynyň esasy determinantlary, ýagny kesgitleýjileri bolup durýarlar.

Şeýle-de bolsa, sosial faktorlaryň ählisiniň obýektiw häsiýeti ýokdur. Kanundöredijilik işiniň gatnaşyjylary öz işlerine *diňe hukuk häsiýeti bolan, jemgyýetçilik durmuşyň we ösüşiň esasgoýujy kanunylygy we bähbitleri bolan faktorlara ýol bermelidirler*. Kanundöredijilige diňe hukuk häsiýetli faktorlar täsir edip biler, olar diňe sosial mehanizmiň hereket etmeginiň kanunylygy bilen olaryň obýektiwliligini, tebigylygyny we şertlendirilmegini öňünden kesgitleýärler. Şeýle faktorlar jemgyýetçilik durmuşynyň we ösüşiniň esasgoýujy bähbitlerini beýan etmelidirler we subýektiw faktorlardan belli-belli şahsyýetleriň isleglerinden, öz bähbitlerini özüçe düşünmeklerinden, ruhy häsiýetlerden we aýratynlyklardan, milli mentalitetden we beýleki şahsy häsiýetnamalardan erkin bolmalydyrlar.[26] Bolmadyk ýagdaýda kanundöredijilik prosesiniň dar sosial toparlaryň tötänleýin bähbitleriniň we isleglериniň, ýalňyş düşünilýän sosial zerurlyklaryň, syýastçylaryň isleglerinden, pyssy-pujyrlyklarynyň we beýleki kanunçylyga ýol berilmesiz täsiri bolan kesgitleýjileriň (determinantlaryň) kanun derejesine götermekligine öwrülmeklik howpy bar.

Kanunçykaryjylyk tehnikasy kanundöredijilik prosesine täsir edýän sosial hadysalara üns bermän durup bilmez. Olaryň öwrenilmegi, toparlara bölünilmegi, filtrasiýasy (seljermesi), hukuk häsiýetiniň kesgitlenmesi, kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döretmeklik ýa-da üýtgetmeklik prosesine täsir edýän faktorlary ylmy esasda görkezmeklige ýol berilýär we ol ylmy taýdan işlenilip taýýarlanmasyny, konseptual esaslandyrylmasyny oňyn talap edýär.

Kanunçykaryjynyň ugur alyp biljek we almaly, kanundöredijilige täsir edýän esasy sosial determinantlary kesgitlemäge we öwrenmäge çalşalyň.

## 6.1. Kanundöredijilige raýatlaryň gatnaşmagy

Halkyň, ilatyň giň köpçüliginiň alyp barýan işleri kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döretmek we üýtgetmek boýunça alnyp barylýan işiniň häsiýetini we ugruny kesgitleýän faktorlaryň arasynda öňdebaryjy orny eýeleýär.

Şeýlelikde, gürrüň ähli adamlara (adamlary jemgyýete birleşdirýän bähbitler) mahsus bolan global bähbitler bilen kesgitlenýän sosial birleşmäniň, umuman halkyň, islegi barada barýar. Kanundöredijilige öz şahsy islegini kanun derejesine ýetirmegi maksat edinýän aýry-aýry şahslaryň ýa-da olaryň toparlarynyň etmeklerine ýol bermeli däldir. Kanundöredijiligiň maksadynyň obýektiw häsiýeti obýektiw hakykatyň, jemgyýetiň maddy durmuşynyň şertleriniň we jemgyýetçilik tejribesiniň täsiri bilen kesgitlenilýär, şahsy isleg hereketleriň arifmetiki jemi bolmadyk kanundöredijiligiň netijeleri bolsa kanunçylyk ulgamynda berkidilýär we her bir aýry şahsyýetiň aňyna we islegine bagly däldir. Kanundöredijiligiň netijesinde döredilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamy – bu aýry-aýry şahslaryň erk-islegi däl-de, bütin halkyň umumyçylşyrymly erk-islegi we bu ulgam aýry-aýry şahslaryň islegi ýa-da erki bilen üýtgedilip bilinmez.

Kanundöredijilige täsir etmeklik konstitusion syýasy hukuk ulgamyna, halk özbaşdakly- gyna esaslanandyr. Şunuň bilen, diňe kanundöredijilik amala aşyrylýan döwletiň raýatlary şeýle täsir

[26] Şeýle häsiýetnamalaryň özleri durmuşyň obýektiw ýagdaýlary, ýöne obýektiw sosial hakykatynyň obýektiw aralaşdyrmaklygyň üsti bilen kesgitlenilýär. Şonuň üçin olar jemgyýetiň obýektiw durmuşyndan we ösüşinden göni däl, aralyk baglydyr we kanunçylyk kadalaşdyrma olaryň täsirini ýetirmeli däldir.

etmeklige mümkinçilikleri bardyr (olaryň şol döwletiň ýa-da daşary ýurduň çäginde ýaşaýanlygyna garamazdan). Daşary ýurtlular we raýatlygy bolmadyk şahslar halkyň düzümine girmeýärler, halk özbaşdaklygyna dahyly ýok, syýasy hukuklary bolmadyk we kanundöredijilige täsir edip bilmeýärler. Raýaty bolmadyk adamlaryň kanundöredijilik prosesine täsir etmeklige edilen synanşyklar (olar döwlet edaralarynyň işine göniden-göni degişli bolmasa-da) döwlet özbaşdaklygyna edilen hyýanatdyr we onuň öňi dessine alynmalydyr.

Jemgyýetçilik aňynda we hukuk ylmynda (beýleki ynsanperwer ylymlarynda bolşy ýaly) halka, paýhasa we ilatyň giň köpçüliginiň päk ahlaklygyna bolan doly we gürrüňsiz ynam tassyklanylandygyny görmän bolmaz. Bu tezis aksioma ýaly kabul edilýär, oňa şübhelenmek bolsa özüňi reaksioner, demokratiýa garşy çykýan, hakykat hökmünde gürrüňsiz kabul edilýän we subutnama talap etmeýän düzgüne garşy bolýan adam hökmünde ykrar etmekdir. Halk özbaşdaklyk ýörelgesi hukuk ylmy taýdan hemmetaraplaýyn işlenip taýýarlandy (we häzirem işlenip taýýarlanylýar), ol diňe bir Türkmenistanyň däl, eýsem häzirki zaman ösen döwletleriň köp böleginiň konstitusion gurluşynyň esasydyr. Emma, halkyň hakyky erk-islegi, onuň esasy zerurlyklary we bähbitleri hemişe olaryň daşky beýany bilen deň däldir „Adamlar hemişe umumy abadanlyga çalyşýarlar, emma onuň nämededigini hemişe görmeýärler“ diýip Žan Žak Russo ýazýardy.[27] Halk isleglериniň manysy we talaplar hem-de maksatnamalar bilen öňe sürülýän wajyp bähbitleriň gabat gelmegi – kada däldir, gaýtam, kadadan çykmadyr (iň bolmanda – häzirkizaman şertlerde). Onuň hem köpsanly sebäpleri bardyr.

Ilatyň giň köpçüligi üçin hatda düşnükli we aň ýetirilen bähbitleri we zerurlyklary aýdyň, anyk we baglanyşykly kesgitlemek we beýan etmek diýseň kyndyr. Jemgyýet örän dürlidir, dürli sosial gatlaklaryň we hatda anyk şahsyýetleriň bähbitleri (hakyky ýa-da hyýaly) örän dürlidir, kämahal bolsa biri-birine gapma-garşydyr. Olaryň kesgitleniş we beýan ediş prosesiň subýektiw aýratynlygy bardyr we köp şahsyýet faktorlara garaşlydyr – olary beýan edýän adamlaryň adam häsiýetlere: olaryň häsiýetlerine, duýgulylygyna, şähtine, olaryň subýektiw dünýäsine täsir eden ýagdaýa garaşlydyr. Şeýle-de, her şahsyň we her sosial toparyň (etnos, klas, gatlak we başgalar) kadalaşdyryjy hukuk namalarynda öz beýanyny tapmaly diýip güman edilýän (hakykatdan hem) şahsy bähbitleriniň toplumy bardyr.

Jemgyýetiň dürli gatlaklaryna degişli adamlaryň köpüsi üçin bütewi jemgyýetiň kesgitlenilmegini şertlendirýän bütewileşdirýän başlangyç bolan olary birleşdirýän bähbitlerini ýeterlik derejede düşnükli, doly we birmeňzeş düşündirmeklik diýseň kyn düşýär. Jemgyýetçilik psihologiýasy ylym tarapyndan entek gowşak öwrenilen, emma köplenç halatlarda mähelle tarapyndan beýan edilýän meýilleriň logiki dälligi, köpçülik psihologiýasynda oýlanşykly başlangyjyň duýgulyk başlangyç tarapyndan basylmagy hemmelere mälimdir. Mähelläniň (kollektiwe öwrülmesi örän kyn bolan), talaplarynyň meňzeşligi olaryň birwagtlaýyn ugry, tötänleýin ýagdaýlara dahyllylygy, jemgyýetiň köp agzalarynyň global bähbitler üçin öz şahsy ownuk gündeki bähbitlerinden el çekip bilmezlik, liberal ideologlaryň işeňňir wagyz edýän: „Halkyň sesi-biribaryň sesi“ diýlen ýörelgesi bilen razylaşmaga rugsat berenok.

Şu ýokarda beýan edilenleriň ählisi halka öz giň gatlaklary bilen özleriniň beýan edilmeli we kanunçylykda berkidilmeli bähbitlerini kesgitlemäge we beýan etmäge päsgelçilik berýär. Hut şol sebäpli kanundöredijilik işine halkyň öz isleginiň täsir edilmegi bu prosesiň ýörite ylmy taýdan esaslandyrylan hukuk kadalaşdyrylmagyna mätäçdir. Ilatyň giň köpçüligi tarapyndan öz bähbitlerine nädogry düşünilmeginiň, ilatyň giň köpçüliginiň duýgulyk ýagdaýy, olaryň guramaçylyksyzlygy ýa-da anyk syýasy güýçleriniň aňyna we özleriniň alyp barşynyň netijeleriniň kanundöredijilige täsir edýän faktorlaryň sanyndan aýrylmagy konsepsual esaslandyrmasynyň we ýörite hukuk kadalaşdyrmaklygyň maksady bolar. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamyny döretmeklik prosesine halk tarapyndan täsir etmekligiň mümkin bolan formalary jemgyýetiň diňe hakyky global bähbitlerini, dürli sosial gatlaklaryň hyýaly däl-de hakyky umytlaryny beýan edilmeginiň we kanunda berkidilmeginiň mümkinçiligini üpjün etmeli.

[27] Руссо Ж.Ж.Об общественном договоре, М., 1988. sah.219.

*Referendum (sala salnyşyk) – halkyň kanundöredijilige täsir etmekligiň görnüşidir.* Halk tarapyndan kanundöredijilik prosesine göniden-göni gatnaşygy halkyň şol prosese täsir etmekligiň iň göze görünýän we möhüm formasydyr – *referendumda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kabul edilmegi.* Ýokarda agzalyp geçilişi ýaly, referendum (halk ses bermeklik) Türkmenistanyň raýatlarynyň ses bermekligiň üsti bilen döwlet häkimiýetini amala aşyrmakda göniden-göni gatnaşmaklygyň formasydyr.[28] Kanundöredijilik, şübhesiz, döwlet häkimiýetini amala aşyrmaklygyň bir görnüşi bolup durýar. Referendum ählumumy ýa-da ýerli bolup biler.

„Referendum hakyndaky“ Kanunyň 4-nji maddasyna laýyklykda, ählumumy referendumyň predmeti şu aşakdakylar bolup biler:

- täze kanunyň kabul edilmegi;
- hereket edýän kanunyň ýa-da onuň aýratyn düzgünleriniň üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy;
- kanunlaryň we beýleki namalaryň esasy mazmunyny kesgitleýän kararyň kabul edilmegi.

Mundan, referendumyň kanunçylyk namanyň kabul edilmegi babatynda, şeýle-de, döwlet häkimiýet edaralaryň kanundöredijilik işi üçin ähmiýeti bolan meseleler babatynda hem geçirilip bilner. Referendumyň dowamynda diňe kanunlar (adaty kanunlar, konstitusion kanunlar, şeýle-de konstitusiýa) kabul edilip bilner, halkyň meýilleriniň şeýle gidişinde kanunasty namalaryň kabul edilmegine ýol berilmeýär. Referendumyň netijeleriniň döwlet häkimiýet edaralarynyň kanunçylyk namanyň işlenilip taýýarlanylmagynyň we kabul edilmeginiň ýa-da halkara kadalaşdyryjy şertnamanyň gol çekilmeginiň borjuny göz öňünde tutýar. Mundan başga-da, referendumda kanundöredijilik işiniň geljeki umumy ugruny, onuň maksatlaryny, ýörelgelerini we formalaryny kesgitlejek karary çykarmaklygy mümkindir.

Ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň (Geňeşiň) çykaran kararyny üýtgetmek ýa-da ýatyrmak meselesi ýerli referendumyň predmeti bolup biler,[29] ýagny ýerli referendumda kadalaşdyryjy hukuk namany kabul edip bolmaz, bu bolsa ony umumyhalk referendumdan tapawutlandyrýar.

Häzirkizaman şertlerinde, referendumyň döwlet we syýasy durmuşda tutýan aýratyn ornuna garamazdan, bu meseläniň berk hukuk kadalaşdyrylmagyna seretmezden, kanundöredijilikde referendumyň **aýratyn ähmiýeti ýokdur.** Munuň sebäbi, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň işläp taýýarlanmagy, şeýle-de halk tarapyndan özleriniň erk-islegini başga görnüşlerde beýan edilmegi üçin referendumyň tehniki ýaramsyzlygydyr (hereket edýän kanunçylyga laýyklyda onuň bar bolan görnüşinde). Referendum halk tarapyndan özüniň erk-islegini başga görnüşlerde beýan etmek üçin, anyk soraga takyk jogap bermek üçin niýetlenendir. Kanunlaryň tekstini döretmek üçin umumyhalk ses bermeklik örän amatsyzdyr, sebäbi ony geçirmekligiň dowamynda ähli raýatlaryň, ähli jemgyýetçilik toparlaryň erk-isleginiň, gabat gelmeýän, köp halatlarda biri-birine gapma-garşylykly sosial bähbitleri bilen kesgitlenilýän erk-isleginiň bir nusga getirmeklik zerurlygy boýunça amatsyzdyr. Kanun bolup durýan görkezmeleriň çylşyrymly toplumynyň ähli elementleri boýunça jemgyýetiň ähli agzalarynyň biragyzlylygyny göz öňüne getirmek kyndyr. Hut şonuň üçin kanunçylyk bähbitlerde sosial ylalaşygyň ýetilmeginiň we berkidilmeginiň formasydyr, referendum bolsa aýdylýan pikiriň birmeňzeşligini göz öňünde tutýar, ol ylalaşyga ýetmek üçin ýaramly däldir.

Referendum geçirmekligiň üsti bilen kanun kabul edilen ýagdaýynda, onuň gatnaşyjylary kanun taslamanyň işlenip taýýarlanmagyna gatnaşmaga hakyky mümkinçiligi bolmaýar. Raýatlaryň geljekki kanunyň maddalarynyň başga kimdir-biri bilen taýýarlanylan mazmunyny kesgitlemäge, ondaky görkezmeleriň düýp esasyna we formasyna täsir etmäge ygtyýary ýokdur – olar kimdir biri bilen eýýäm taýýarlanylan şeýle kanunyňtaýýar teksti bilen diňe ylalaşýarlar (ýa-da ylalaşmaýarlar). Referendumyň gidişinde ilatyň kanunyň tekstinde öz şahsy bähbitlerini beýan etmäge mümkinçiligi ýokdur – ilat olary başga biriniň erk-islegini tekstual görnüşde

[28] 1993-nji ýylyň 12-nji aprelindäki №829-XII belgili Türkmenistanyň „Referendum hakyndaky“ Kanunyň 1-nji maddasy, (Türkmenistanyň Mejlisiniň habarlary, 1993ý. № 4.sah.31).
[29] Türkmenistanyň „Referendum hakyndaky“ Kanuny, 5-nji madda.

ýerine ýetirilmeginiň netijeleri bilen deňeşdirmeli bolýarlar. Şunuň bilen, referendumda kabul edilen kanuna halkyň erk-isleginiň beýany hökmünde diýseň şertleýin seredilip bilner.
Mundan başga-da, referendumyň dowamynda, oňa gatnaşyjylar bütin kanun taslamasyna ses bermeklige mejbur bolýarlar. Öz erk-islegine garamazdan geljekki kanunyň ähli düzgünleri boýunça jogap bermäge mejbur bolanlygy üçin hödürlenen kanun taslamanyň belli-bir bölegine ses bermäge mümkinçiligi ýokdur. Eger-de şahs kanun taslamasynyň diňe bir bölegi bilen razylaşýan bolsa, onda ol bir zady saýlamaly bolýar – ýa öz razylaşmaýan düzgüni kabul edip, kanunyň kabul edilmegi üçin ses bermeli, ýa-da öz bähbitlerine laýyk gelýän düzgünleriň bardygyna garamazdan, kanuntaslama garşy ses bermeli. Diýmek, bu ýagdaýda raýat öz bähbitlerine garamazdan erk-isleginiň garşysyna ses bermeli bolýar. Bu diňe bir obýektiwlilik derejesini däl, eýsem hukuk häsiýetiniň derejesini peseltýär, bu referendumy halkyň erk-isleginiň ýüze çykmagynyň serişdesi hökmünde ulanmak mümkinçiligini sorag astyna alýar.

Referendum geçirmekligiň üsti bilen kanunyň kabul edilmegi düýbünden ara alnyp maslahatlaşmak häsiýeti ýokdur, bu proses köplenç şeýle atlandyrylýar. Oňa gatnaşyjylar hödürlenilýän kanun taslamasyna täsir etmäge, onuň görkezmelerine üýtgetmeler girizmäge, ony öz şahsy täze görnüşde hödür etmäge mümkinçiligi ýokdur.

Ýokarda ähli agzalyp geçilen zatlaryň hiç biri hem tutuş referendum institutyna tankyt hökmünde, halkyň erk-islegini beýan etmekligiň serişdesi hökmünde onuň ähmiýetine şübhe hökmünde, bu konstitusion-hukuk institutdan boýun towlamaklygyň haýryna sebäp hökmünde seredilip bolmaz. Häzirkizaman döwlet durmuşynda referendum zerurdyr, öz wekilleriniň garaýyşlarynyň üsti bilen däl-de, ilatyň giň köpçüligine göniden-göni öz erk-islegini beýan etmek üçin iň soňky serişdeleriniň biri hökmünde zerurdyr. Şeýle-de bolsa, öň bellenilip geçilişi ýaly häzirki döwürde biziň ýurdumyzda hereket edýän görnüşinde ol raýatlaryň belli-bir kesgitli, takyk we anyk kesgitlenilen sorag boýunça öz garaýyşlaryny beýan etmek üçin laýyk gelýär. Dürli sosial bähbitleriň ylalaşyk tapmak üçin niýetlenilen çylşyrymly kadalaşdyryjy toplum bolan kadalaşdyryjy hukuk namasyny kabul etmek boýunça referendum halkyň erk-islegini gutulgysyz şertlendirmä getirer. Emma, bu konstitusion-hukuk institutyň kämilleşdirilmegi geljekde oňa kanundöredijilik prosesinde halkyň erk-islegini beýan etmekligiň wajyp formasy bolmaklyga ýardam bermekligi örän mümkindir.

*Kanuntaslamalar barada jemgyýetçilik garaýşyň beýan edilmegi.* Häzirkizaman şertlerinde *kanuntaslamalar barada garaýşy beýan etmeklik* ýaly ilatyň giň köpçüliginiň gatnaşmaklyk, taýýarlanylýan kadalaşdyryjy hukuk namalary barada jemgyýetçilik garaýşy beýan etmeklik formasy kanundöredijilikde has uly ähmiýeti bardyr. Häzirkizaman demokratik döwletiň kanundöredijilik tejribesinde **kabul etmek üçin taýýarlanylýan kanuntaslamalar barada raýatlaryň öz garaýşyny beýan etmeklik, olaryň hukuk häsiýetine we kadalaşdyryjy mümkinçiliklerine berilýän baha, bu taslamalara üýtgetmeler girizmek we kämilleşdirmek boýunça teklipler girizmeklik, olary kabul etmeklige garşy esaslandyrylan garşylygy mümkindigi barada aýtmalaryň has uly ähmiýeti bardyr.**

Taýýarlanylýan kanuntaslamalar barada pikiriňi beýan etmeklik mümkinçiligi kanunçylyk ulgamynyň hereket etmegine diýseň oňyn täsir edýär. Bu institutyň oňyn netijeleriniň bütin toplumyny görkezip bolar:

- kanunçykaryjylar öz hünär işinde ilatyň pikirini göz öňünde tutmaklyga mümkinçilik alýarlar, hukuk kadalaşdyrma üçin ähmiýeti bolan dürli sosial gatlaklaryň bähbitleri barada maglumaty bar, hat-da kanuntaslamalaryň ara alnyp maslahatlaşmaklygyň gidişinde adamlar tarapyndan has çylşyrymly meseleleri çözmek üçin öňe sürülýän tekliplerini ulanmak hem mümkinçiligi bar;
- kadalaşdyrylýan hukuk gatnaşyklaryň subýektleri, kanundöredijiligiň gidişinde kesgitlenilýän hukuk görkezmeleriň niýetlenen adamlary kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalary bilen öňünden tanyşmaga, özleriniň geljekki hukuklarynyň we borçlarynyň häsiýeti barada düşünje almaga mümkinçilik alýarlar;

- halkyň arasynda taýýarlanylýan namalaryň we, umuman, kanunçylygyň abraýy artýar, sebäbi olar eýýäm döwlet tarapyndan berilýän görkezmeler däl-de, (belli bir formada) şahsy erk-islegler hökmünde kabul edilýär;

- kanunçylyk ulgamynyň emele getirilmegi we kämilleşdirilmegi ýaly ähmiýetli döwlet işine mümkinçilik alýan ilatyň döwlet-hukuk işjeňliginiň we aň ýetirişiniň umumy derejesi ýokarlanýar;

- halk öz özbaşdaklygyny amala aşyrmaklyga, döwlet häkimiýetiniň wekili bolup çykyş etmäge ýene-de bir mümkinçiligi alýar.

Kanuntaslamany ara alyp maslahatlaşmagyň ýa-da ýörite sorag geçirmekligiň gidişinde beýan edilen garaýşyň, referendumdan tapawutlylykda, hökmany häsiýeti we hukuk netijeleri ýokdur. Şeýle-de bolsa, döwlet kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamyny döredende şu faktory kanundöredijiligiň esasy subýekti hökmünde göz öňünde tutmalydyr. Munuň üçin kanuntaslamany ara alyp maslahatlaşmany geçirmekligiň we onuň netijelerini öwrenmekligiň (prosesi kadalaşdyrmak üçin kadalaşdyryjy bazasyny we ýöriteleşdirilen edaralaryň ulgamyny öz içine alýan) ýörite döwlet mehanizmi bolmalydyr. Guramaçylyk nukdaýnazardan örän çylşyrymly bolan bu prosesiň ulgamlylygyny, guramaçylygyny we obýektiwliligini, şeýle-de kanuntaslamalar barada gutarnykly jemgyýetçilik pikiri niwelirlemekligi we dürs kesgitlemekligi üpjün etmek üçin hökmandyr. Elbetde, kanundöredijilige gatnaşýanlaryň jemgyýetçilik pikirini ulanmak üçin raýatlara şeýle pikiri dogry we dürs beýan etmäge, kanundöredijilere bolsa ony göz öňünde tutmaga we öz işlerinde belli bir derejede ulanmaga mümkinçilik berýän ylmy işläp taýýarlama we doktrinal esaslandyrma zerurdyr. Şeýlelikde, kanunçykaryjylar tarapyndan jemgyýetçilik täsir etmeklik usulyýetini ulanmaklyk olaryň işine giň halk köpçüligiň olaryň hakyky bähbitlerini beýan edýän diňe hakyky garaýşyna täsir edilmegini üpjün etmelidir. Tötänleýin pikir, häzirki islegiň, syýasy ýa-da sosial gurluşynyň netijeleri kanunçykaryja täsir edýän faktorlaryň arasyndan aýrylýandyr.

Kanuntaslama barada jemgyýetçilik pikiri öwrenmekligiň tejribesi kanuntaslamalar barada gyzyklanýan döwlet edaralarynyň jemgyýetçilik pikirini anyklamagyň birnäçe usulyýetlerini görkezmäge mümkinçilik berýär. Olaryň iň wajyplaryna seredip geçeliň.

**<u>Ilatyň içinde sorag geçirmek.</u>** Bu adamlara kesgitli pikiri beýan etmekligi ýörite teklip edilýän bahalaryň anyk ulgamynynyň esasynda kanuntaslama barada jemgyýetçilik pikiriň öwrenilmegidir. Sorag geçirmekligiň dowamynda sorag edilýänler diňe şeýle soraga jogap berýärler: olar kanuntaslamany (mümkin onuň aýry düzgünlerini) kabul edýärlermi ýa-da ýok, onuň bilen ylalaşýarlarmy ýa-da ýok. Şonuň bilen, sorag geçirmeklik diýseň passiw, ilatyň kanundöredijilik prosesine ähmiýeti boýunça çäklendirilen täsir etmekligidir. Ilatyň içinde sorag geçirmeklik ony geçirýän döwlet edaralarynyň – kanundöredijilik subýektleriniň olaryň kesgitli jogap almaga isleýän soraglaryň anyk sanawynyň bardygyny güman edýär. Şonuň üçin, kanuntaslamalar barada jemgyýetçilik pikirini bilmekligiň hut şu formasy baradaky netije çykarmaklyk maksadalaýykdyr – şol sebäpli, kanundöredijilikde halkyň gatnaşmagyny ulanyp boljak has hakyky usulydyr. Mümkin, hut şol sebäpli, öňki döwürde ol biziň ýurdumyzyň kanundöredijilik tejribesinde has köp ulanylýardy.

Sorag bermekligiň dowamynda ony geçirýän kanindöredijilik işine gönüden-göni gatnaşýanlar dürli sosial toparlaryň, jemgyýet ulgamynyň dürli düzüm bölekleriniň bähbitleriniň tapawutlyklaryny, we onuň netijesi hökmünde garaýyşlarynyň we islegleriniň tapawutlyklaryny göz öňünde tutmalydyrlar. Şonuň üçin sorag geçirmeklik umumy (umumyhalk); şeýle-de belli bir sosiumyň: klaslaryň, etnoslaryň, belli bir çägiň ýaşaýjylarynyň, ýaş we beýleki sosial toparlaryň pikirini öwrenmeklige niýetlenilen dar toparlaýyn bolup biler. Kanundöredijilik prosesine degişlilikde sorag geçirilmegi jemgyýetçilik toparyň bähbitleriniň aýratynlygyny göz öňünde tutmaklygy, şeýle-de şu toparlaryň umuman jemgyýetiň durmuşyndaky ähmiýetini göz öňünde tutmaklygy gümän edýär, sebäbi köp halatlarda uly derejede jemgyýetçilik durmuşyň we ösüşiň bähbitlerine jogap berýän has az sanly toparlaryň pikiri kanundöredijilik üçin sany boýunça agdaklyk edýän sosiumlaryň pikirinden kiçi bolmadyk, kähalatlarda bolsa has uly ähmiýeti bardyr.

Sorag geçirmekligi her dürli tehniki tärleriň we usullaryň ulanylmagy bilen geçirip bolar. Şeýle sorag geçirmeler anketirleme görnüşinde, statistiki barlaglary etmekligiň, aýry soraglara jogap almaklygyň (meselem, köçelerde geçirilýän sorag etmeler, ylmy, hukuk, talyp we ş.m. sferalarda sorag etmeler), poçtanyň üsti bilen ýazmaça jogaplary bermekleri teklip bermeleriň we başgalaryň üsti bilen geçirilýär. Şeýle hereketler, ýokarda agzalyp geçilişi ýaly, umumy sosial gerimde (ilatyň giň köpçüliginiň özüni alyp baryşlaryna täsir edýän kanunlary işläp taýýarlamaklygyň dowamynda geçirilmeli), şeýle-de, aýry sosial toparlar (soňkysy has islenilýän görnüşi) babatynda geçirip bolar. Hut kadalaşdyrylýan gatnaşyklaryň gatnaşyjylaryny sorag geçirmeklik mümkindir (we örän netijelidir). Ylmy dünýäsiniň wekillerini – kadalaşdyrylýan sferanyň hünärmenlerini sorag geçirmeklik – diýseň maksadalaýyk bolup biler.

**Ara alyp maslahatlaşmak** ilatyň pikirini aýdyňlaşdyrmaklygyň prosesidir, onuň gidişinde gatnaşyjylar diňe bir işlenilip taýýarlanylýan kanunçylygyň namasy (namalary) boýunça öz bahasyny pikirini beýan etmän, eýsem olaryň taslamalarynyň kämilleşdirmek maksady bilen geljekki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň formasy we düýp esasy barada tekliplerini öňe sürýärler. Kanuntaslamalary ara alyp maslahatlaşmak sorag geçirmeklikden has işeňňir kadalaşdyryjy hukuk namanyň taslamasyny işläp taýýarlamak prosesine adamlaryň täsir etmekligidir. Ara alyp maslahatlaşmaklyk diňe bir özleriniň pikirini doly we ulgamlaýyn beýan etmek däl, eýsem hukuk kadalaşdyrmanyň olaryň pikiriçe zerur bolan garaýşyny beýan etmäge mümkinçilik berýär.

Ara alyp maslahatlaşmaklyk tejribe jähtinden örän peýdaly bolup biler. Ony geçirmekligiň netijesinde işlenip taýýarlanylýan nama düýpli kämilleşdirilip we düzedilip bilner. Jemgyýetiň wekilleri tarapyndan (olaryň arasynda indiki hünärmenler: hukukçylar, ykdysatçylar, sosiologlar bar) öňe sürülýän hukuk kadalaşdyrmaklygyň wariantlary boýunça teklipler diňe özboluşly däl, eýsem şowly bolmaklary mümkin, kanundöredijiligiň professional gatnaşyjylary tarapyndan teklip edilýänlerden hem has şowly bolmaklary mümkin. Halkyň wekilleri tarapyndan öňe sürülýän kanundöredijilik tekliplerine obýektiw, adalatly we sagdynpikirli baha berilmegi professional kanundöredijileriň nukdaýnazaryndan çykgynsyz diýlip pikir edilýän ýagdaýy çözüp biler. „Beýni hüjümi“ usuly – olaryň göwnüňe başarnyksyzlygyna garamazdan, köpsanly adamlaryň tekliipleriniň ulgamlaýyn öwrenilmegi – örän oňat öwrenilen we dogry geçirilen ýagdaýynda kanundöredijiligi ýeňilleşdirmekligiň, kanundöredijilik meseleleriniň iň çylşyrymlaryny çözmekligiň, kanundöredijilik kadalaşdyrmaklygyň amatly wariantyny tapmaklygyň usuly bolup biler.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda Türkmenistanyň kanunlarynyň taslamalary Türkmenistanyň Mejlisiniň karary boýunça ählihalk ara alyp maslahatlaşmaklyga çykarylyp bilner.[30]

Ara alyp maslahatlaşmaklygy geçirmekligiň köpsanly tehniki usullary bardyr. Bu, mysal üçin, metbugatda ara alyp maslahatlaşmalar, olaryň gidişinde adamlar kanundöredijilik kadalaşdyrmaklygyň mümkinçilikleri barada öz pikirini aýtmaga mümkinçilik alýarlar. Bu telewizion ara alyp maslahatlaşmalar, onda teletomaşaçylar ýaýlym arkaly öz garaýyşlaryny beýan edýärler. Bu ylmy ara alyp maslahatlaşmalar hem, olara kanundöredijilik edaralaryň wekilleri gatnaşýarlar, olaryň gidişinde işlenilip taýýarlanylýan kanuntaslama boýunça konseptual esaslandyrylan teklip öňe sürlüp bilner. Ilatyň giň köpçüligine belli-belli gatnaşyklaryň kanundöredijilik kadalaşdyrmaklyk, (meýilleşdirilýän kanunçylyk namasynyň aýry-aýry maddalary, şeýle-de tutuş taslama hem bolup biler), eýýäm taýýarlanylan kanuntaslama düzedişler ýa-da üýtgeşmeler babatynda öz wariantlaryny beýan etmekligi teklip edilmegi hem mümkin. Ara alyp maslahatlaşmaklygyň netijeleriniň toplumlaýyn öwrenilmegi kanuntaslamalaryň kämilleşdirilmeginde uly ähmiýeti bolup biler.

Gadym döwürlerde Türkmen halkynda emele gelen we halkyň syýasy medeniýetiniň däp-dessurlarynyň aýratynlyklaryny açyp görkezýän Türkmenistanyň Ýaşulylar Maslahaty ara alyp maslahatlaşmagyň özboluşly serişdesidir. Durmuş tejribesinden paýhas alan aksakallaryň

[30] Türkmenistanyň „Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakyndaky“ Kanunyň 23-nji maddasy.

geňeşinde has wajyp meseleleri ara alyp maslahatlaşmaklygyň tejribesiniň esasynda ýaşulylaryň pikirine bolan uly sylaşyk, olaryň halkyň arasyndaky uly abraýy ýatyr. Ýaşulylar Maslahatynyň işi seredilýän meseleleriň açyk we erkin ara alyp maslahatlaşyklara we jemgyýetçilik pikiri göz öňünde tutmak bilen bilelikde karar kabul edilmeklige esaslanýar. Maslahatlaşmak häsiýeti bolan Ýaşulylar Maslahatynyň karary açyk ses bermekligiň gidişinde sesleriň köplügi esasynda kabul edilýär. Ýaşulylar Maslahatynyň geçirilmegi baradaky maglumat, şeýle-de onda kabul edilen karar metbugatda çap edilýär. Ýaşulylar Maslahatynyň ýygnaklarynda döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, ylmy edaralaryň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, şeýle-de, beýleki çagyrylan adamlar gatnaşyp bilerler.

Şunuň bilen, Türkmenistanyň Ýaşulylar Maslahaty – bu döwlet ähmiýetli meseleleri çözmekde, şol sanda kanuntaslamalary ara alyp maslahatlaşmakda döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna kömek üçin geçirilýän maslahat ýygnagydyr. 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda Daşoguz şäherinde geçirilen Türkmenistanyň Ýaşulylar Maslahatynyň ýygnagynyň gün tertibine Türkmenistanyň „Ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet hakyndaky“, „Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek we ony täze redaksiýada tassyklamak hakyndaky“, „Türkmenistanda aklawçylar we aklawçylyk işi hakyndaky“, „Tohumçylyk hakyndaky“ Kanunlaryň taslamalaryna seretmek we ara alyp maslahatlaşmak meseleleri girizildi.

## 6.2. Kanundöredijilige maglumat taýdan täsir etmeklik

Maglumat faktory – kanundöredijiligiň işine täsir edýän iň wajyp faktordyr. Kanundöredijilik prosesine gatnaşýanlary maglumatlar bilen üpjün etmek, olara berilýän maglumatyň häsiýeti, onuň dolulygy we obýektiwliligi kanundöredijilik prosesine aýgytly täsir edip biler.

Kanundöredijilik prosesine gatnaşyjylaryň maglumat habarlylygy olaryň işleriniň netijeliliginiň iň wajyp şertidir. Jemgyýetçilik durmuşyň kadalaýyn düzgünleşdirilmegi üçin şeýle kadalaşdyrmanyň maksatlaryny öňünden kesgitlemek möhümdir, munuň üçin bolsa kadalaşdyrylýan sosial gatnaşyklaryň we prosesleriň hereket etmekleriniň esasgoýujy kanunylyklaryna düşünmeli. Bu bolsa şeýle gatnaşyklar barada bütewi we ulgamlaýyn maglumat toplumyny almazdan mümkin däl. Dogry we obýektiw maglumat, professional maglumat üpjünçiligi – kanundöredijiligiň iň wajyp şertidir. Kanundöredijilige gatnşýanlaryň işiniň häsiýeti we netijeleri alynýan maglumatyň häsiýetine, olary öz işleri üçin gerek bolan maglumatyň kim tarapyndan üpjün edilýänligine baglydyr.

Kanundöredijilik işiniň gidişinde bu prosese gatnaşyjylar şu aşakdaky maglumatlara mätäçdir:

- kadalaşdyrylýan gatnaşyklaryň häsiýeti, olaryň esasy kanunylyklary barada;
- bu gatnaşyklary (göni ýa-da gytaklaýyn) kadalaşdyrýan hereket edýän kanunçylyk barada;
- Russiýada, şeýle hem daşary ýurtlarda – bu gatnaşyklary hukuk kadalaşdyrylmagyň bar bolan tejribesi barada;
- jemgyýetçilik gatnaşyklaryň kadalaşdyrylýan ugrunda esasy sosial bähbitler barada;
- kanunçykaryjyny gyzyklandyrýan pudaklarynda hukuk kadalaşdyrmaklyk babatynda ylmy işläp taýýarlamalar barada;
- işlenilip taýýarlanylýan namalar bilen baglanyşykly has ähmiýetli sosial toparlaryň we syýasy güýçleriniň garaýyşlary we islegleri barada.

Elbetde, bu sanaw kanunçykaryjylaryň maglumat almaly ähli meseleleri öz içine almaýar. Şeýle-de bolsa, hut görkezilen pudaklarda kanundöredijiligiň gatnaşyjylarynyň maglumat üpjünçiligi ulgamlylygy, talabalaýyk guramaçylygy we taýýarlygy talap edýär. Hut şu maglumat döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bar bolan görkezmeleriň häsiýetini kesgitläp biler.

Kanunçykaryjylyk işiň meselelerine doly, özwagtlaýyn we adekwat maglumat kanundöredijilik prosesiniň amatly guramaçylygy we ýerine ýetirilmegi üçin hökmany şert bolup durýar.

Kanundöredijilik prosesine gatnaşyjylar statistiki maglumatlara, bu ugurda hünärmenleriň kanunçylyk kadalaşdyryş meseleleri boýunça pikirleri hakda maglumat, kadalaşdyrylýan soraglar bilen baglanyşykly meseleleriň ylmy işläp taýýarlamalar baradaky maglumatlara we kanundöredijiligiň öz prosesine, beýleki ýurtlarda we beýleki hukuk ulgamlarda olary gyzyklandyrýan kadalaşdyryş ýollary we usullary barada maglumatlara mätäçdir.

Kanudöredijilik işine gatnaşyjylaryň özlerine zerur bolan maglumatlary almak islegini kanagatlandyrmak maglumatlaşdyrmak prosesiniň maksady bolup durýar. Maglumatlaşdyrmaklyk prosesi maglumat serişdelerini emele getirmekligiň we ulanmaklygyň esasynda maglumata bolan islegleri kanagatlandyrmak üçin amatly şertleriň döredilmeginiň guramaçylyk sosial-ykdysady we ylmy-tehniki prosesidir.

Maglumat üpjünçiligi kanundöredijileriň işine köplenç ägirt uly ähmiýeti bolan kesgitleýji täsir edip biler. Şol sebäpli, kanundöredijilik işine gatnaşyjylary maglumat bilen üpjün etmekligiň usulyýeti talabalaýyk ulgamlaşdyrylmagyna, ylmy taýdan esaslandyrylmagyna we kanunçylyk kadalaşdyrylyşa mätäçdir.

Birinji nobatda kanundöredijilik prosesiniň maglumat üpjünçiliginiň subýektlerini kesgitlemek zerurdyr.

Kanundöredijilik işiniň gatnaşyjylaryna berilýän maglumatyň obýektiwliligi, takyklygy we dolulygy, şeýle maglumatlandyryşyň subýektleriniň onuň netijelerinde gyzyklanmaýandygyny, kabul edilýän kanunçylyk namanyň häsiýetini we ugruny, şeýle-de öz işleriniň yzygiderliligini we profesional häsiýetini güman edýär. Hut şu talaplar kanundöredijiligiň maglumatlandyryşyň gatnaşyjylarynyň toparyny kesgitleýär.

Ilki bilen, parlamentiň ýöriteleşdirilen gurluşlary, ilkinji nobatda, ýöriteleşdirilen *parlamentiň kitaphanasy*, kanundöredijilik işine gatnaşyjylaryň maglumat üpjünçiligini amala aşyrýan subýektlere degişlidir. Hut parlamentiň kitaphanasy kanundöredijilik işi üçin zerur maglumatyň esasy çeşmesi bolmalydyr. Ol deputatlaryň, parlament komitetleriň işgärleriniň we parlamentiň beýleki hünärmenleriniň ýörite talapnamalaryna laýyklykda dürli ugurlar boýunça gerek bolan maglumatlar bilen üpjün etmelidir. Bu hukuk, statistiki, ylmy-tehniki, ykdysady we başga häsiýetli maglumatlardyr. Munuň üçin parlamentiň kitaphanasynda zerur edebiýat bolmalydyr, gündeki neşirleriň belli sanawyny yzygiderli alyp durmalydyr (ilkinji nobatda, hukuk häsiýetli), esasy elektron hukuk maglumatlar bazalary bilen baglanyşykly bolmalydyr, olaryň kömegi bilen kabul edilýän kanunçylygyň esasy elementleri boýunça gözleg edip bolýar: kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalar, olara girizilýän üýtgetmeler, olaryň ýatyrylmagy (şeýlelikde, gürrüň kanunlar we kanunasty namalar hakda gidýär).

Kanundöredijiligiň maglumat üpjünçiligi, şeýle-de, *ministrlikleriň we dolandyryş edaralaryň ýörite maglumat-statistiki bölümçeleri* tarapyndan amala aşyrylýar. Olaryň kanundöredijilik prosesinde esasy borjy kadalaşdyryjy hukuk namalaryň taslamalaryny işlenip taýýarlanyşyny amala aşyrýan şol ministrlikleriň we dolandyryş edaralaryň hukuk bölümçeleriniň işgärlerini zerur bolan maglumat bilen üpjün etmeklikdir. Ministrlikleriň we dolandyryş edaralaryň maglumat-statistiki bölümçeleriniň bu döwlet edaralarynyň ýöriteleşýän ugurlary bilen baglanyşykly maglumatlary toplamak, umumylaşdyrmak we seljermek boýunça uly mümkinçilikleri bardyr, emma jemgyýetçilik durmuşynyň başga ugurlarynda maglumat üpjünçiligini amala aşyrmaklyga mümkinçilikleri ýokdur. Bu olaryň kanundöredijilik prosesine gatnaşmak mümkinçiliginiň çäklendirilmegi bilen şertlendirilýär.

Köp ýagdaýlarda kanundöredijilik işiniň maglumat üpjünçiligine *ýöriteleşdirilen ylmy-barlag guramalary hem gatnaşýar*. Olar jemgyýetçilik durmuşyň ol ýa-da başga sebäpler boýunça döwlet edaralary tarapyndan kanundöredijiler üçin zerur bolan jikme-jikligi bilen öwrenilmeýän örän özboluşly ugurlary boýunça maslahatlar almak üçin kanundöredijilige gatnaşmak üçin çekilip bilner.

Kanundöredijiligiň gatnaşyjylarynyň maglumat bilen üpjünçiliginde başga subýektleriň hem gatnaşmagy mümkindir: *alymlaryň, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylýan*

*ugrynyň beýleki hünärmenleri, bu gatnaşyklaryň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagynda ýöriteleşýän ylmy işgärleri, köpçülik habar beriş serişdelerinden, Internetiň gözleg ulgamlaryndan we ş.m.* gerekli maglumatlaryň alynmagy mümkindir.

Kadadöretmekligiň gatnaşyjylarynyň olara zerur bolan maglumat bilen üpjünçiligi bu prosese täsir etmekligiň serişdesidir. Şonuň üçin, kanundöredijiligiň hukuk häsiýetini üpjün etmekligiň zerurlygyny, döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynda jemgyýetçilik durmuşynyň we ösüşiniň diňe obýektiw bar bolan kanunylyklary we bähbitleri şöhlelendirmegiň zerurlygyny hsaba alyp kanunçykaryjylara gerek bolan maglumatlary almaklygyň belli düzgünlerini berjaý etmek zerurdyr.

Ilkinji nobatda, maglumat üpjünçiliginiň subýektlerini kanunçykaryjylaryň işine täsir etmek mümkinçiliginden mahrum etmeli. Maglumaty diňe ýörite talapnamanyň esasynda berilmegini berjaý etmeli, şeýle maglumata eýe bolan subýektleri bilen maglumatlary bermek boýunça özbaşdak başlangyjyna ýol berilmeli däldir. Kanundöredijilik işiniň ygtyýarly gatnaşyjylary talapnama iberenlerinde talapnamanyň maksatlaryny görkezmeli däldirler, talap edilýän tarap şol maglumatyň haýsy namanyň işlenilip taýýarlanmagy bilen baglanyşykdygyny bilmeli däldir. Şeýle näbellilik talapnama iberýän kanunçykaryjynyň soraglarynyň häsiýetinden onuň maksatlary barada belli netije çykaryp bilmez ýaly talapnamanyň kesgitlenmesi bilen hem üpjün edilmelidir.

Kanundöredijilik işine gatnaşyjylary zerur bolan maglumatlary almak üçin birbada birnäçe çeşmeleri ulanmaklyk maksadalaýyk bolar, mysal üçin, maglumat üpjünçiliginiň birnäçe subýektlerine talapnamalary ibermeklik. Bu bolsa berilýän maglumatlaryň obýektiwliliginiň we hakykylygynyň ýene bir kepili bolar. Mundan başga-da, ilkibaşdaky alnan maglumatlaryň esaslandyrylmagy (ýa-da esaslandyrylmazlygy) baradaky netijeleri çykarmak üçin esas berip biljek gaýtalanan talapnamalary ibermeklik örän peýdalydyr.

Kanunçykaryjyny gyzyklandyrýan soraglar boýunça dogry we takyk maglumat almak üçin talapnama dogry, dürs, hemme soraglaryň berilmegi bilen düzülmelidir. Şeýlelikde, bellenip geçilişi ýaly, talapnamanyň kesgitlenmesi talapnamanyň (işlenip taýýarlanylýan kadalaşdyryjy hukuk namanyň) maksadyny, şeýle-de talapnamany iberen awtor tarapyndan garaşylýan goýlan soraglara bolan jogaplara bolan (açyk ýa-da erksiz) gönükdirmeleri kesgitlemek mümkinçiligini ýoldan aýyrmalydyr.

Kanundöredijilik prosesini dogry gurnamak we ylmy taýdan esaslandyrmak şertinde, kanundöreijilik prosesiň maglumat üpjünçiligi kadalaşdyryjy hukuk namalaryň işläp taýýarlanmagynyň, üýtgedilmeginiň, kämilleşdirilmeginiň we ýatyrylmagynyň oňyn netijeleriniň örän wajyp şerti bolup durýar.

# 7 BAP. KANUNYŇ LOGIKASY, ÝAZYLYŞ USULY WE DILI

Kadalaşdyryjy hukuk namalary logiki taýdan düzmegiň düzgünleri we ýörelgeleri, kanunyň ýazylyş usuly we ony döretmekde ulanylýan dil ýaly meseleleri, kanunçykaryjylyk tehnikasynyň wajyp düzüm bölegi bolup durýar. Kanunçylyk namalaryň maddalarynda hukuk görkezmelerini kesgitlemek tehnikasynyň öwrenilmegi hut şolardan başlamak gerek. Kanunyň logikasy, ýazylyş usuly we dili – bu prosesiň nazaryýet esasy bolup durýar. Kanunçykaryjylyk tehnikasynda bu elementler ***kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň tekstlerinde hukuk kadanyň we ony beýan etmekligiň arasyndaky many taýdan bitewiligini üpjün edýär***.

Kanunçylyk ulgamyň we her takyk kadalaşdyryjy hukuk namanyň döredilmegi kanunlaryň tekstlerinde hukuk kadalaryny siňdirmek üçin belli berk tälimleriniň ulanmaklygyny göz öňünde tutýar. Gürrüň kanundöredijilik prosesine gatnaşyjylar tarapyndan öwrenilen we akyl ýetirilen obýektiw zerurlygyň tekst görnüşinde takyk beýan edilmegi barada gidýär. Bu bolsa kanunyň anyk işläp düzülen **logiki ulgamsyz**, ylmy nukdaýnazardan esaslanan **ýazylyş usulsyz** we aýratyn, umumy kabul edilen kanun dilinden tapawutlylykdaky **dilsiz** mümkin däldir.

Kanunçykaryjylyk tehnikasynyň bu elementleriň ähmiýetine baha bermek kyndyr. Hut şular kanunçykaryjynyň kanunçylyga girizmegi maksat edinen hukuk kadasynyň we kadalaşdyryjy hukuk namasynyň maddasynyň arasyndaky arabaglanyşygyny üpjün edýärler. Kanunçykaryjynyň pikiriniň, baş pikiriniň we islegleriniň we onuň işiniň netijesi – kanunyň tekstiniň arasyndaky many üzülmegi – ýaramaz netijeleriň ýokarky derejesine getirýär – ýagny, kanundöredijiligiň maksadyna ýetilmezligi, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmazlygy ýa-da olaryň nädogry, hukuga laýyk gelmeýän kadalaşdyrylmagyna (jemgyýetçilik bähbidine garşy) getirýär.

„Kanunyň logikasynyň bozulmagy, onuň düşünjeleriniň, kesgitlemeleriniň takyk dälligi, ulanylýan adalgalaryň belli bolmazlygy köp sanly talaplary döredýär, üýtgetmeleri we goşmaçalary, dürli düşündirmeleri we düşündirişleri, wagtyň, güýjüň we kuwwatlylygyň netijesiz sarp edilmegine getirýär, şol bir wagtyň özünde kanunyň manysynyň ýoýulmagy we ony nädogry ulanmaklyga ýol berýän býurokratlyk süýrenjeňlik üçin iýmitlendiriji esas bolup durýar“.[31] Kanunyň logikasy, ýazylyş usuly we dili – kanunçykaryjy tehnikanyň esaslary, funksional wezipesi hökmünde kanunçylykda bar bolan kadalaşdyryjy hukuk görkezmelere dogry düşünmeklerini üpjün edýär, kanunda görkezilen hukuk kadasynyň talapnamalaryny hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri bilen dogry kabul etmekligini üpjün edýär, kanunçykaryjylaryň maksatlaryny kadalaşdyryjy hukuk namalaryň tekstlerinde dogry beýan edilişini üpjün edýär. Kanundöredijilik medeniýetiniň hökmany talaby – kanunçykaryjynyň pugta durnukly we resmileşdirilmesi hukuk taýdan dogry ýazylyş usuly bilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň tekstini ýalňyşsyz, logiki taýdan yzygiderli beýan etmäge ukyplylygy we taýýarlylygydyr.

## 7.1. Kanunyň logikasyna bildirilýän talaplar

*Adamlaryň özlerini alyp baryşlaryny kadalaşdyrmaklyga gönükdirilen, ýeke-täk manyly emele gelme hökmünde ony häsiýetlendirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň düzüm bölekleriniň arasyndaky zerur many aragatnaşyklarynyň ulgamy* – **kanunyň logikasydyr**. Bu bolsa, kadalaşdyryjy hukuk namanyň manysy boýunça bitewiligini, onuň ýeke-täk many gönükdirilmegini, funksional wezipesi bilen şertlendirilen onuň bütewiligini üpjün edýän aragatnaşyklaryň ulgamydyr. Kanunyň ýa-da kanunasty namanyň logikasyna özara ýakyn baglanyşykly birnäçe esasy talaplary görkezmek bolar.

**I**. Kanunyň logikasyna bolan esasy talap, onuň **kadalaşdyryjy ugrukdyrylmasy**, onuň manysynyň ýeke-täk maksada – jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň anyk toplumynyň

[31] Керимов Д.А. Законодательная техника. М. 2000. sah.55.

kadalaşdyrylmagy - tabynlygydyr. Kanunyň ulgam dörediji başlangyjy bolup kanuny bir ýere jebleýän onuň kadalaşdyryjy häsýeti, esasy maksadydyr. Hut jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň haýsydyr bir bölegini kadalaşdyrmaklyk islendik kadalaşdyryjy hukuk namanyň esasy logiki gönükdirilmegi we onuň mazmunyny kesgitlenilmegidir.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň kadalaşdyryjy häsiýeti onuň tekstinde belli bir ýagdaýlarda hukuk gatnaşyklaryndaky gatnaşyjylary tarapyndan käbir hereketleri ýa-da hereketsizligi ýerine ýetirmek kadalaşdyryjy görkezmesini öz içine alýandygynda beýan edilýär. Kanun ýa-da kanunasty nama hukuk gatnaşyklaryň gatnaşyjylaryna özlerini alyp barmaklygynyň belli görnüşini we şol namalarda görkezilen belli bir ýagdaýlarda şol tertiplere görä hereket etmekleri üçin görkezme berýär. Ýagny, kanundöredijiligiň netijesinde döredilen namanyň esasy logiki manysy hukuk kadalaşdyryşyň subýektleriniň işine belli häsiýeti bermekdir, bu namada pugta bellenilen hereketleri etmek ýa-da haýsydyr bir hereketi etmekden saklanmakdyr. Bu nama hemme adamlaryň gürrüňsiz, hökmany ýagdaýda, berk bellenilen özüňi alyp barmagyň nusgasyny beýan etmäge gönükdirilen bolmalydyr. Kadalaşdyryjy häsiýeti görkezmelere düşündiriş bermäge, olaryň manysy barada özbaşdak netijeleriň zerurlygyny görkezmek mümkinçiligine ýol bermeýär.

Kanunlaryň we kanunasty namalaryň görkezmeleriniň kadalaşdyrylmagy takyk adamlara däl-de, ýa hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň ählisine ýa-da olaryň belli bir toparyna niýetlenendir. Ondan başga, kanunçylyk namanyň görkezmeleri uzak häsiýetli bolmalydyr, kadanyň namasynda beýan edilen gipotezasy bilen göz öňünde tutulan her gezek şertleriň ýetip gelmegi bilen görkezmelerde amala aşyrylmaly hereketler (hereketsizlik) zerurlygy göz öňünde tutmalydyr – ýa belli bir wagtyň dowamynda (möhletleýin, wagtlaýyn namalar), ýa-da möhletsiz (has köp duş gelýär möhletsiz namalar). Anyk hereketleriň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýan (anyk hereketleriň tapgyryny) görkezmeleriň bir gezeklik häsiýeti kadalaşdyryjy diýlip hasap edilmeýär we kadalaşdyryjy hukuk namanyň tekstinde beýan edilmeli däldir.

Gynansakda, kanundöredijilik işinde bu talaplaryň bozulmagy seýrek däldir. Has köp duş gelýän şeýle bozulmalar kanunyň tekstlerinde beýan edilýän görnüşde has aşa, dabaraly, onuň aňyrsynda kadalaşdyryjy görkezmeleriň ýitip gidýän görnüşinde bolýarlar. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň wajyplygyny, hukugy kadalaşdyryş ulgamynda onuň ahmiýetini görkezmak maksady bilen, kanunçykaryjy ony şeýle bir çylşyrymly derejede we kesgitlemelerde beýan edýär, hat-da ol *deklaratiw* häsiýete eýe bolýar we oňa jemgyýetçilik gatnaşyklarynda talabalaýyk kadalaşdyryjy diýlip seredilip bilinmez. Deklaratiw görkezmeler hukuk kadalaşdyrmaklygyň zerurlygynyň faktyny kesgitleýän beýanydyr we iş ýüzünde görkezmäni beýan etmek üçin hyzmat etmeýär. Olar kadalaşdyryjy nukdaýnazaryndan awtoryň manysyz islegleri we netijeleridir. Deklaratiw düzgünler, mysal üçin, kanunçykaryjynyň maksatlaryny beýan edip, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylýan ugruny kesgitläp biler, olaryň hut kanunçylyk kadalaşdyrylmagynyň zerurlygyny nygtap bilerler. Kanun juda umumy, belli bolmadyk, dabaraly häsiýete eýe bolýar we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny talabalaýyk kadalaşdyrmaklyga eýýäm ýaramsyz bolýar. Ol jemgyýetçilik durmuşy üçin öz hususy wajyplylygyny (iň bolmanda haýsy hem bolsa böleginde), hususy ähmiýetini esaslandyrmaga gönükdirilen bolup çykýar. Iş ýüzünde, şeýle nama kanunçykaryjynyň bähbitli, hukuk kadalaşdyrmaklygy amala aşyranda ugur alýan kadalaşdyryjy ähmiýeti bolmadyk, howaýy niýetlerini aňlatmak üçin hyzmat edýär, ýöne olary durmuşa geçirmek, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak üçin hyzmaty ýokdur. Kanunlary düzmeklikde logiki düzgünleriň şeýle bozulmalarynyň mysallary köpdür. Gynansakda, kanunçykaryjynyň çap edýän kanunlarynyň dabaralylygyna we deklaratiwliligine, olaryň kadalaşdyryjy mümkinçiligi üçin ýaramaz bolan isleg şu güne çenli bardyr (ýogsa olaryň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň beýan edilmeginiň logiki düzgünlerine bolan uly sylagy hem öz içine almak bilen olaryň beýan edilen hünär kämilliginiň derejesiniň ep-esli ýokarlanandygyny ykrar etmän bolmaz).

Deklaratiwlilik umumy häsiýetlendirme hökmünde diňe ýeke-täk kadalaşdyryjy hukuk nama – ýurduň Konstitusiýasyna degişlilikde mümkindir. Hukuk ulgamynyň özeni, esasy bolup hyzmat edýän Esasy kanun kanunçylygyň umumy ýörelgelerini düzýär, şonuň üçin hem

konstitusion maddalaryň köp bölegi deklaratiw häsiýete eýedirler. Şol maddalaryň manysyny düşündirmek üçin, olary amala aşyrmaklygyň hukuk mehanizmini döretmek üçin, olara hakyky kadalaşdyryjy güýç bermek üçin konstitusion kanunlar döredilýär. Ýöne, bir kanunyň başga bir kanun tarapyndan düşündirilýänini göz öňüne getirmek kyn.

Kanun maddalarynyň deklaratiwliligi diňe bir kanunyň belli bir bölekleriniň hukuk kadalaşdyrylyşyň mehanizmini ýoldan aýyrmaýar. Bütin kanunyň ýeke-täk gurluşy bozulýar, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylmagy bölekleýin, ulgamsyz, fragmentar bolýar. Şeýle namanyň kadalaşdyryjy häsiýeti çylşyrymlaşýar we kynlaşýar, onuň kadalaşdyryjy gymmaty pese düşýär.

Durmuşy üýtgetmekligiň, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň netijeli we hereketlendiriji serişdesi bolup hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň ygtyýarlyklaryny we borçlaryny takyk we anyk kesgitleýan, görkezmeleriň (hukuk çözgütleri, höweslendirmekligiň, stimulirlemekligiň usullary we guramaçylyk ölçegleri) ýerine ýetirmekligini üpjün etmek boýunça çäreleri aýdyň kesgitlemek üçin hyzmat edýär. Çagyryş görnüşi kanuny boş jarnama öwürýär, ýagny hakykatda, hiç kimi hiç zada borçly etmeýän, oňa erkin düşündirmek we ulanmak üçin giň mümkinçilikleri berýär. Deklaritwlilik kadalaşdyryjy hukuk namany jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaga az ýaramly bolan, arassa wagyz resminama öwürýär.

Şeýle-de bolsa, kanundöredijiligiň dowamynda kadalaşdyryjy hukuk namanyň hukuk kadalaşdyryş predmetini, kanunçykaryjynyň maksatlaryny we isleglerini, kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilmeginiň zerurlygynyň sebäplerini kesgitleýän deklaratiw düzgünlerden bütinleý we gürrüňsiz boýun gaçyrmaklygyň mümkin däldigini bellemek wajypdyr. Aýry-aýry deklarirlenen düzgünler gerekdir. Olar özüňi alyp barmaklygyň sosial wezipesini we kanunçylygyň umumy ulgamynda tutýan ornuny kesgitlemek bilen özüňi alyp barmaklygyň kanunda beýan edilen düzüm bolup hyzmat edýärler. Deklaratiw düzgünler *belli-bir kanun tarapyndan amala aşyrylýan hukuk kadalaşdyrylyşyň predmetini kesgitlemek üçin, bu kanyny kabul etmek zerurlygyny şertlendirýän sebäpleri kesgitlemek üçin, şeýle-de kesgitlenen kanunçylyk düzgünleriniň mazmunyny we soňky düşündirişini kesgitleýän hukuk kadalaşdyrylyşyň ýörelgeleriniň esaslandyrylmasyny esas hökmünde seredilip bilinjek bu kanunlaryň awtorlarynyň ugur alýan umumy maksatlaryny beýan etmek* üçin ulanylyp bilner. Bu, mysal üçin, hukuk kadalaşdyrylyşyň resmi taýdan berkidilen umumyhukuk ýa-da pudak ýörelgeleri üçin zerurlaryny saýlap namany düşundirmekligi dogry amala aşyrmaly ýa-da, mysal üçin, olarda bar bolan görkezmeleriň manysynyny we ähmiýetini has takyk kesgitlemek zerur bolup biler. Hukuk institutlarynyň we pudaklaryň hukuk kadalaşdyrylyşyň ýörelgeleri deklaratiw kadalaryna dogry düşünmek üçin zerur (özleri şeýle bolmasa-da, olar barada has jikme-jik aşakda aýdylar). Diňe şeýle görnüşde we diňe berk bellenilen namalarda (hukuk instituty ýa-da pudak üçin esasgoýujy we möhüm bolup durýan) gös-göni kadalaşdyryjy ýüki çekmeýän umumy deklaratiw düzgünleriň ulanylmagyna ýol berilýär. Kanun tekstinde şeýle düzgünleri kadalaşdyryjy görkezmeleriň arasynda ýerleşdirilmeli däldir, olar üçin aýratyn gurluş düzüjisini – preambulany (girişi) bermeklik maksadalaýykdyr. Preambulany düzmegiň tertibi barada aşakda has jikme-jik beýan ediler. Ýöne, iň esasy zat, kanunyň tekstlerinde deklaratiw görkezmeleri kadalaşdyryjy görkezmelerden dürs aýrylan bolmalydyr.

Ondan başga-da, käwagt (esasan, kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalarda) kanunyň logikasynyň birinji ýörelgesi namany tekste goşmak formasynda bozulyp bilner, kadalaşdyryjy görkezmeler bilen bir hatarda, şahsy häkimiýet görkezmeleriň hukuk gatnaşyklary berk belli-bir gatnaşyjylaryna özüňi alyp barmaklygyň anyk namasyna (bir gezekli häsiýetli) buýruk berip biler. Şunuň bilen, käbir awtorlar kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň çap edilmegi we ýazmaça berkidilmegi bilen bir hatarda, olary durmuşa geçirmekligiň mehanizmini döretmäge synanyşýarlar. Şular ýaly bozulmalaryň netijeleri kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ulgamlylygynyň bozulmasynda, ulgamsyz häsiýetili jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň sazlaşykly kabul edilmeginde, we netijede bolsa olaryň kadalaşdyryjy netijeliligini peselmeginde ýüze çykýar.

Emma, şu ýerde-de kanunçylygyň tekstine şeýle düzgünleri girizmekligini doly aýyrmaklyk mümkin däldir. Ol ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namany durmuşa geçirmekligiň mehanizminiň käbir elementlerini hökmany ýagdaýda onuň tekstine goşmaklyk maksadalaýyk hasap edilen (mysal üçin, ýerine ýetirmek işi boýunça jogapkärleri bellemegiň ýa-da namany ýerine ýetirmek üçin kollegial edaralary döretmegiň düzgünlerini) ýagdaýlar köplenç ýüze çykýar. Şeýle-de bolsa, kanunyň logikasyna bildirilýän talaplaryň berjaý edilmegi üçin, onuň kadalaşdyryjy häsiýetlerini üpjün etmek üçin şeýle düzgünler aýratyn düzüm birligine bölünip çykarylmaly we kadalaşdyryjy hukuk görkezmeler bilen garyşmaly däldir. Mysal üçin, hukuk ulanyjy şahsy häkimiýet düzgünleriň umumy namalaryň many ulgamyndan aýratyn bölünen (adaty „Geçiş düzgünler“ diýlip atlandyrylýan) madda bölünip çykarylmagy mümkin. Ýa-da başga bir mysal, haçanda Türkmenistanyň Prezidentiniň çap edilýän kararlarynda kadalaşdyryjy görkezmeler şeýle kararlarda tassyklanýan düzgünlerde, düzgünnamalarda ýa-da tertiplerde – aýratyn düzüm bölegini düzýän bolsalar, namanyň galan bölegi bolsa, şahsy häkimiýet görkezmelerden düzülendir. Biziň görşümiz ýaly, bu ýagdaý-da, eger biz şahsy düzgünnamalarsyz oňup bilmesek, onda kanunyň ýeke-täk logikasyny bozmazlyk üçin olary kadadalaşdyryjy görkezmeler bilen garyşdyrmaly däldir.

Şonuň bilen, kanunyň logiki esasy bolup ilkinji nobatda onuň kadalaşdyryjy ugrukdyrylmasy, many esasy, onuň esasy hökmünde kadadalaşdyryjy görkezmeler çykyş edýär. Kadalaşdyrylmaýan düzgünleriň bolmagy gereksiz, ýöne olarsyz oňup bolmaýan bolsa (ol seýrek duş gelýär), onda olar kadalaşdyryjy hukuk namanyň tekstinde kadalaşdyryjy görkezmelerden berk aýratynlykda bolmaly we kömekçi orny eýelemelidir. Bu düzgün kanunyň logikasyna bolan ikinji talaby kesgitleýär.

**II**. Kanunyň logikasyna bolan ikinji talaby hökmünde onuň **logiki bütewiligini** görkezmek bolar.

Islendik kadalaşdyryjy hukuk nama we, ilkinji nobatda, kanun belli bir maksatlary bar bolan we berk kesgitlenilen sosial gatnaşyklar toplumynyň kadalaşdyrylmagy üçin umumy funksional ugrukdyrylmaklygy we olara anyk ugrukdyrma bermek üçin ýeke-täk we bütewi mehanizmi bolmaly. Hukuk kadalaşdyrylyşyň predmetiniň takyklygy logiki bütewiligiň we kadalaşdyryjy hukuk namanyň içki ulgamlylygynyň (kanunlar üçin bu örän wajypdyr) iň gowy kepilidir, sebäbi ol onuň funksional wezipesiniň ýeke-täk we bütewi häsiýetini şertlendirýär. Kanunyň ähli maddalary, onuň ähli bölüm düzüjileri bir ýeke-täk maksada – jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň berk kesgitlenilen elementiniň tertipleşdirilmegine tabyndyr. Bu belli-bir kanunyň ýa-da kanunasty namanyň diňe bir logiki ulgamlylygyny we logiki bütewiligini üpjün edilmeýär. Kanunçylygyň ähli ulgamynyň bütewiligi we ulgamlylygy üpjün edilýär, onda onuň her elementi, her kadalaşdyryjy hukuk namasy özüniň hukuk kadalaşdyryş predmeti bilen kesgitlenilen ýagdaýyny eýeleýär, olaryň hersinde öz pugta kesgitlenilen funksional borjy, takyk bellenilen hukuk kadalaşdyrylyşyň predmeti bardyr.

Logiki bütewilik, ilki bilen, hukuk kadalaşdyrylyşyň predmetiniň bütewiligini çak edýär. Kadalaşdyryjy hukuk nama anyk kesgitlenilen jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylmagyna ugrukdyrylmaly, onuň döredilmeginiň berk kesgitlenilen ýeke-täk maksady bolmaly – kanundöredijilik prosesiniň gatnaşyjylarynyň obýektiw sosial zerurlyk babatynda garaýyşlaryna laýyk gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli-bir toplumyna haýsydyr-bir ýagdaýy bermeklik, onuň hereketi bolsa berk kesgitlenilen pudaklaýyn hukuk usulyýetine esaslanan bolmaly.

Kanunyň ýa-da kanunasty namanyň logiki bütewiligi onuň haýsydyr-bir belli ugurda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýandygyny we belli-bir kadalaşdyryjy hukuk döremä (pudaga, pudakasty edara we instituta) degişlidigini aňladýar. Bir wagtyň özünde iki ýa-da ondan köp hukuk pudaklaryna degişli kanunçylyk namasynyň döredilmegi namany döretmekligiň düzgünleriniň we kanunçylyk ulgamyny emele getirmekligiň ýörelgeleriniň gödek bozulmagyna getirer. Şeýle namanyň kadalaşdyryjy mümkinçilikleri örän çäklendirilendir, kanunçylygyň ulgamlylygy bolsa onuň kabul edilmeginden örän uly zyýan çeker. Önuň sebäbi – şeýle namada her pudakda aýratyn bolan hukuk kadalaşdyrmaklygyň ýeke-täk usulyýetini ulanyp

bolmazlykdyr. Şeýle pudagara kanunçylyk namanyň görkezmeleri üçin (eger-de kanunyň logiki düzgünlerini inkär edip, ony döretseň) görkezmeleriň manysyny aýdyňlaşdyrýan ýeke-täk ýörelgeleri kesgitlemek (her pudagyň öz ýörelgeleri bolýar), şeýle hem beýleki umumy düzgünleri döretmek mümkin bolmaz. Netijede, şeýle kadalaşdyryjy hukuk namanyň düzgünleri tötänleýin, ulgamsyz we bulaşyk bolar. Bir kanunda hukugyň dürli pudaklaryna girýän kanuny namalaryň elementleriniň garyşdyrylmagy – kanunçykaryjylaryň tehniki taýdan gödek ýalňyşydyr. Eger bir kanunçylyk namada material we prosesual pudaklara degişli kadalar paralel bar bolsa – jemgyýetçilik gatnaşyklary düzgünleşdirmek usulyýetindäki olaryň tapawutlyklary has üzül-kesilligi bilen tapawutlanýar – onuň netijeleriniň aýratyn ýaramaz ýagdaýydyr.

Birnäçe dürli hukuk institutlarynyň kadalaşdyryş predmetine degişli bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny birwagtyň özünde kadalaşdyrýan kadalaşdyryjy hukuk namanyň döredilmegi hem (gynansakda häzirki zaman şertlerinde bar) gereksiz. Şeýle kanunlaryň döredilmegi käwagt gutulgysyz bolýar (institutara kanunçylyk), ýöne ol diňe ýanaşyk hukuk pudaklarynda we institutlarynda mümkindir we şeýle namalar bilen hyýanat etmeklik bolsa bu namanyň hukuk kadalaşdyryş mehanizminiň bütewiligine täsir edip, onuň ussullarynda bulaşyklyk döredip biler.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň logiki bütewiligi kanunyň ulgamlylyk ýaly häsiýetiniň özboluşly dowamydyr. Bütewi hukuk ulgamynyň düzüm bölegi, elementi bolmak bilen, kadalaşdyryjy hukuk nama diňe özbaşdak we logiki taýdan bütewi, bölünmeýän mehanizm hökmünde kadalaşdyryjy hukuk täsiriniň netijeli guraly hökmünde çykyş edip biler.

**III**. Kanunyň logikasynyň üçünji talaby hökmünde onuň logiki bütewiliginiň dowamy bolup çykyş edýän **logiki ulgamlylygyny we many gutarnyklylygyny** görkezmek bolar. Onuň netijeliliginiň kepili bolan kadalaşdyryjy hukuk täsiriň ulgamlylygy her anyk kadalaşdyryjy hukuk namanyň täsir etmekligiň gurluş we many taýdan gutarnykly häsiýetini güman edýär. Her kanun we kanunasty nama aýratyn şahslaryň we olaryň toparlarynyň tertibini kesgitleýän funksional özbaşdak gutarylan ulgamy aňlatmaly. Onuň täsir etmekliginiň ulgamlylygy hukuk kadalaşdyrmaklyk prosesini tertipleşdirmekligi, onuň kesgitlenilen logiki tapgyrlaryna ýerleşdirmekligi maksat edinýän anyk içki gurluşynyň bolmagyny we şonuň bilen birlikde onuň kadalaşdyryjy netijeliligini amatlaşdyrylmagyny aňladýar.

Kanunçylygyň namasy kadalaşdyryjy hukuk görkezmesini bütewi saklamalydyr, ýa-da manysy boýunça olar bilen baglanyşykly we beýan edilen görkezmäniň takyk elementlerini öz içine alýan beýleki namalara salgylanmalary öz içine almalydyr. Diňe namadan (ýa-da öz aralarynda baglanyşykly bolan namalaryň toplumyndan) gelip çykýan hukuk kadalaşdyryşyň manysy düşnükli bolmalydyr.

Kanunyň gutarnyklylygy we logiki ulgamlylygy hökmany tertipde hukuk kadasynyň kanunçylykda hemme üç elementleriniň: gipotezasynyň, dispozisiýasynyň we sanksiýasynyň baglanyşykly we ulgamlaýyn düzülmegi çäk edilýär. Kanunçylykda hemme üç düzümiň gutarnykly aýan edilmegi, hukuk kadalarynyň ýazmaça berkidilmegine we aýan edilmegine bagyşlanan kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň netijeliliginiň zerur şerti bolup durýar. Şeýlelikde, bir kadalaşdyryjy hukuk namada hemme üç elementleriň aýan edilmegi hökman däl, ýöne kanunçylykda umuman olar özüni tapmalydyrlar. Anyk kadalaşdyryjy hukuk namada öz beýanyny tapan hukuk kadasy özüniň dolulygynda beýan edilmelidir, ýaramaz ýagdaýda onuň çeşmesi bolan kanunlaryň ýa-da kanunasty namalaryň hiç birisi doly güýjünde hereket edip bilmez. Eger hukuk kadalaşdyrylyşyň subýektleri öz tertibini kanunlaryň talaplaryna laýyk etjek bolsalar-da, olar hemişe ony edip bilmezler, şeýle kanunlar jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň talabalaýyk kadalaşdyryjylary hökmünde seredilip bilinmez. Gutarylmadyk, logiki düzümi boýunça zelel getirýän kadalaşdyryjy hukuk görkezmeler adamlaryň özlerini alyp barmaklaryna birtaraplaýyn, toplumlaýyn däl, bölekleýin täsir edýärler, şonuň üçin hem olar ýeterlikli däl netijeli, käwagt bolsa ýöne ýene ýerine ýetirip bolmaýan kanunlardyr.

**IV**. Kanunyň logikasyna bildirilýän indiki talap hökmünde kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleri beýan etmekligiň **logiki yzygiderliligini** görkezmek bolar. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň kadalaşdyryjy mümkinçilikleri köp babatda onuň düzgünleri nähili tertipde beýan edilendigine, olaryň öz arasynda nähili baglanyşýandygyna baglydyr. Logiki taýdan dogry, belli-

bir yzygiderlilikde beýan edilen, manysy boýunça bir-biri bilen baglanyşykly talaplar olara has doly we takyk düşünmäge mümkinçilik berýär, oňa has netijeli psihologik täsir edýärler. Bu ýörelge kadalaşdyryjy hukuk namada beýan edilýän hukuk talaplarynyň ylalaşykly baglanyşygyny, olaryň belli-bir yzygiderlilikde we öz aralarynda biri-biri bilen baglanyşykly beýan edilmegini güman edýär. Kanun ýa-da kanunasty nama goşmaçalary talap etmeýän manysy boýunça bütewi gurluşdyr. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddalary we onuň bentleri, baplary, bölümleri we beýleki düzüm bölekleri bir-birininden gelip çykmalydyrlar, kanunyň ýa-da kanunasty namanyň her gurluş düzümi beýlekiler bilen ýakyn bagly bolmalydyr, olardan gelip çykmaly we olary doldurmaly. „Başgaça aýdylanda, bu kanun her elementi doldurýan, öňkini kesgitleýän ýa-da kämilleşdirýän we şol bir wagtyň özünde soňky elementleriň ýagdaýlaryny ýaýbaňlandyrýan esas bolup hyzmat edýän bitewi ulgamdyr“.[32]

Kanunyň düzgünleriniň logiki baglanyşygy onuň görkezmeleriniň many yzygiderlilgini, tertipleşdirilmegini we bitewiligini çak edýär. Bu ulgamyň destruktirlenmegi, bitewiliginiň we görkezmeleriň yzygiderliliginiň bozulmagy hukuk görkezmeleriň subýektleri tarapyndan olaryň hakyky manysyna düşünmekde we özleşdirmekde meseleleri ýüze çykaryp biler. Şunuň bilen baglylykda, kanunyň maddalaryny görkezmelerde kadadan çykmalar baradaky köpsanly ýatlamalar bilen kanunyň maddalaryny ýüklemek gerek däl. Kadadan çykmalar namalaryň many düzüjileriniň arasyndaky logiki baglaşygyny bozýarlar, şonuň üçin olaryň ulanylmagy islenilmeýär (ýogsa ol gutulgysyzdyr). Kanunyň esasy kadalaşdyryjy manysy onuň esasy düzgünlerinde bolmagy hökmandyr, kadadan çykmalar baradaky bellikler diňe olaryň ýeke-täk häsiýeti bolan, esasylar kadadan çykmalardan köp bolan ýagdaýynda, ýagny olary manysy bilen basýan şertlerde mümkin bolýar.

Kanunyň logikasyna bolan şeýle talap görkezmeleriň manysyna bagly bolan we logikanyň umumy düzgünleriniň we kanunlarynyň ýüze çykarmasy bolup durýan görkezmeleriň beýan edilmeginiň yzygiderliligini kesgitleýär. Kanundöredijiligiň tejribesi hukuk görkezmeleriň manysynyň ösüşiniň içki ugry boýunça indiki teklipleri kesgitlemäge mümkinçilik berýär: *umumydan – ýöriteleşene, ýönekeýden – çylşyrymla, wajypdan – ikinji derejelä, has ýönekeýden – has çylşyrymla, umumy düzgünden – kadadan çykma* (eger-de şeýle bar bolsa, ýöne ol islenilmeýär).

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň tekstlerinde hukuk kadalarynyň beýan edilişiniň logiki yzygiderliligi hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýektleriniň aňynda hut kanundan (kanunasty namadan) gelip çykýan özüňi alyp barmagyň bitewi ulgam husgasyny düzmäge, bu namanyň maksadyny düşünmäge we özleşdirmäge hem-de onda bar bolan görkezmeleri dogry ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär. Bu örän möhümdir, sebäbi kanunçylykda beýan edilýän hukuk görkezmeler örän çylşyrymly, olaryň köp bölekden ybarat bolan gurluşy bardyr. Adatça, bu görkezmeler şertleriň we faktorlaryň bitewi toplumyna bagly bolan dürli adamlaryň özara bagly bolan we biri-birini şertlendiryän hereketleriň (hereketsizligiň) bütin ulgamynyň zerurlygyny çak edýär. Hukuk gatnaşyklaryň subýektleri tarapyndan bu köpsanly talaplary dogry we dürs düşünilmegi uly mesele bolup durýar. Kanunyň logikasyna seredilýän talaby berjaý edilmegi bu meseläni aýdyň ýeňilleşdirýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň düzülişine bildirilýän logiki talap köp babatda onuň gurluşyny, hukuk kadasynyň talaplarynyň ýüze çykmasy bolan talaplaryň onda beýan edilmeginiň yzygiderliligi, köp babatda onuň gurluşyny kesgitleýar. Kanunyň logikasy kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň beýan edilmeginiň tertibini, şeýle hem kadalaşdyryjy hukuk namalaryň başga häsiýetnamalaryny kesgitleýär.

## 7.2. Kanunyň ýazylyş usulyna bildirilýän talaplar.

[32] Керимов Д.А. Законодательная техника. М. 2000 sah.60.

Kanunyň logikasynyň esasy talaplary **ýazylyş usuly** ýaly onuň wajyp häsiýetnamasyny kesgitleýärler.

**Kanunyň ýazylyş usuly** *kanunyň tekstini beýan etmekligiň düzgünleriniň, tärleriniň usullarynyň we ýörelgeleriň ulgamy, onuň manysyny söz bilen kesgitlemekligiň häsiýetleriniň jemi* hökmünde kesgitläp bolar. Kanunyň ýazylyş usuly onuň talaplaryny amatly tutumly, dürs we gysga kesgitlemäge mümkinçilik berýär, bu bolsa hukuk kadalaşdyryşyň subýektleriniň aňyna tasir etmekligiň dogrulygynyň, görkezmäniň manysyna adekwat düşünilmeginiň we hereketiň netijeliliginiň kepilidir. Kanunyň ýazylyş usuly kadalaşdyryjy hukuk namanyň görkezmeleriniň tekstual beýanyny jemgyýet agzalarynyň özlerini alyp barmaklygynyň kadalaşdyryjysyny edýär, ol hukuk görkezmelerini edebiýat eserlerden we beýleki tekstlerden tapawutlandyrýan aýratynlyk bolup durýar. Bu wezipeler oňa bolan esasy talaplary kesgitleýärler:

1. Kanunyň **direktiwliligini we resmililigini** onuň ýazylyş usulyna bildirilýän birinji talap hökmünde görkezmek bolar. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň kesgitlemesi erk-isleg, häkimiýet-borçly häsiýete eýe bolmalydyr. „Kanunyň subýektleri özlerini kanunyň görkezmelerine berk laýyklykda, olara görkezilen borçlaryň kesgitlenilen çäklerinde alyp barmalydyrlar. Bu keşbiň ýa-da beýleki suratlandyrylýan faktlaryň, wakalaryň, hadysalaryň ýa-da prosesleriň, gahrymanlaryň duýgularynyň ýa-da başdan geçirmeleriniň esasynda döredilýän çeper ýazylyş usuly däldir... Bu – berk kanun tarapyndan kesgitlenilen düzgünleri berk berjaý etmek üçin çykarylýan görkezmeleriň, talaparyň, buýruklaryň ýazylyş usulydyr“.[33] Kadalaşdyryjy hukuk nama döredilende onuň berjaý etmekligiň zerurlygynynyň sebäplerini düşündirýän görkezmeleriniň düşündiriliş ýa-da ynandyryş görnüşinde beýän edilmegine ýol berilmeli däldir.

Kanunyň ýazylyş usuly tekstiň şahsyýetiň islegine, razylygyna ýa-da razy dälligine seretmezden görkezmeleri berjaý etmekligi güman edilýän berk buýrujy häsiýeti çak edýär. Kadalaşdyryjy hukuk namalar öz-özlerini delillendirmeli däldirler, olardaky görkezmeleri berjaý etmekligiň zerurlygynyň subutnamalary ýa-da ynandyrmalary saklamaly däldirler. Şeýle delillendirme örän howplydyr, sebäbi ol namanyň ýerine ýetirilmän galanyna ahlak esasyny berip biler (meselem, eger-de şeýle delillendirme görkezme alýan adam üçin ynandyryjy däl bolup görünse). Ondan başga-da, kadalaşdyryjy hukuk namanyň teksti resmi bolmaly, gutarnykly standart kesgitlemeleri ulanmalydyr.

2. Kanunyň tekstiniň **logiki dolulygyny we gutarnyklylygyny** onuň ýazylyş usulyna bildirilýän ikinji şerti hökmünde görkezmek bolar. Kadalaşdyryjy hukuk görkezmesi manysy boýunça bitewi bolmalydyr we analogiýa esaslanan, giňişleýin düşündirmek görnüşinde amala aşyrylýan, eger-de şeýle diýmek bolýan bolsa, hukuk kadasynyň beýan edilmedik görkezmelerine doly aň yetirmekligiň üsti bilen ýetirmeklige mümkinçilik bolmaly däldir. Kanunda gutarnykly jümleleriň, düzgünleriň we kadalaryň atributlarynyň hemmesi özlerine orun tapmalydyrlar, hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri kanunçylykda beýan edilen hukuk kadasynynyň manysyny düşundirilmegine mätäç bolmaly däldir.

Tekstiň logiki bitewiligi kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň jikme-jik beýan edilişini, onuň manysy doly elýeter bolmagyny, oňa „goşmaça“ aň ýetirmeklik mümkinçiligiň bolmazlygyny aňladýar. Mysal üçin, kanunçykaryjynyň näme göz öňüne tutýandygyny, bu sanawa nämeleriň düşýändigini netije çykarmaga mümkinçilik berýän anyk ölçegleri bolmadyk „we ş.m.“, „we başgalar“ ýaly jümleleriň ulanmagyna ýol bermeli däldir.

Kadalaşdyjy hukuk namanyň teksti hukuk gatnaşyklaryň subýektine özüňi alyp barmaklygyň görkezilýän warianty barada, bu wariantyň ähli alamatlary we häsiýetnamalary barada gutarnykly maglumat almaga mümkinçilik berýän bitewi manyly toplumdyr.

3. Bu ýörelgeden kanunyň ýazsylyş usulyna bildirilýän indiki şert gelip çykýar: kanunda bar bolan kesgitlemeleriň we beýanlaryň anyklaşdyrylmagyny göz öňünde tutýan **takyklyk we hukuk formasynyň aýdyňlygydyr**. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň teksti gutarnykly düşnükli

[33] Керимов Д.А. Законодательная техника. М. 2000 sah.61.

bolmalydyr, onuň manysy birnäçe manyny öz içine alýan düşnüksiz jümleleriň içinde „ýitip“ gitmeli däldir. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ýazylyş usuly olaryň her dürli düşündirilmeginiň mümkinçiligini ýoldan aýyrmalydyr (iň bolmanda, lingwistiki usuly ulanmak bilen). Kanunlaryň kömegi bilen netijeli hukuk kadalaşdyrma mümkindir, eger-de olaryň manysyna düşünmek üçin lingwistiki we formal-hukuk düşündirmeklik ulanmaklyk zerur bolsa, başga usullaryň ulanmak zerurlygy kanunyň tekstini beýan etmekligiň kämil däldigi barada şaýatlyk edýär.

Görkezilen ýörelgäniň maksady kanunçykaryjynyň pikiri we kadalaşdyryjy kesgitlemäniň arasyndaky iň uly laýyklygyny, hukuk kadasynyň manysy we onuň tekstual beýanynyň arasyndaky takyk we doly laýyklygyny üpjün etmekligi gazanmakdyr. „Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalaşdyryjysy hökmünde hukugyň aýratynlygyndan gös-göni gelip çykýan bu talap hukuk işi üçin aýratyn ähmiýeti bardyr. Kanun adamyň özüniň alyp barmaklygynyň hökmany nusgasyny, geljekki hereketleriň nusgasyny öz içine alýar. Onda ikimanylyk we doly aýtmazlyk bolmaly däldir. Kadanyň sözde amala aşyrylmagynyň nätakyklygy, düşnüksizligi we birmeňzeş düşünjeleriň we adalgalaryň bolmazlygy, kanunyň ýalňyş düşünilmegine we ulanylmagyna, onuň dogry manysyndan gitmekliginiň mümkinçiligine getirip biler, bu bolsa adamlaryň ykbalyna, edaralaryň we täjirçilik şereketleriniň önümçilik işine, döwletiň bähbitlerine we tutuş jemgyýete göni täsir edip biler“,[34] - diýip meşhur rus hukukçysy, kanunçykaryjylyk tehnikasy boýunça ökde hünärmen Ýu. A. Tihomirow belläp geçýär.

Şeýle hem bolsa, käbir alymlar[35] hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň özlerini alyp barmaklarynyň her bir hukuk ähmiýetli hereketini jikme-jik düzgünleşdirmek zerurlygynyň ýoklugyny, degişli ugurda hukuk kadalaşdyrmaklygyň umumy ýörelgelerini kesgitlemek bilen çäklenmekligiň ýeterlikdigini çaklaýarlar. Şeýle nukdaýnazaryň tarapdarlary bolsa kanundöredijiligiň dowamynda hukuk ulanyjy edaralaryna (ilki bilen, kazyýetlere) anglo-sakson hukuk ulgamynyň mysalynda anyk işler boýunça goşundylarda olaryň düşündirilmeginiň mümkinçiligini bermek bilen, kanunyň tekstinde diňe umumy prinsipial kesgitleme bilen çäklenmeli diýip hasap edýärler. Hukuklary we borçlary anyk kesgitleýän jikme-jik kanun, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bütin çylşyrymly ulgamyny dolulygyna kadalaşdyryp bilmeýär, pozitiwizm (...kanunda mümkin bolup biljek her dürli ýagdaýlaryň jikme-jik kadalaşdyrylmagy – diýlip düşünilýän[36]) kadalaşdyryjy hukuk namalaryny giňişleýin we erkin düşündirip bolmazlygy bilen sazlaşygy kanundörediji edaralaryň isleriniň köp bolmagyna, ulgamsyzlyga, tötänlilige we hukuk kadalaşdyrmaklygyň pese düşmekligine getirip biler, şeýle-hem döwletiň diktatura we hökmürowanlyk howpyny döredýär.

Şeýle ýagdaýlaryň hyýaly ynandyryjy delillerine garamazdan, olar bilen ylalaşyp bolmaýar. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň hut umumy we deklaratiw stili onuň netijeliliginiň pese düşmegine getirýär, sebäbi netijede hukuk kadalaşdyrmaklygyň dolulygynyň pidasy hökmünde kanunçykaryjylygyň aýdyňlygy getirilýär. Kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň diňe düşündirilmegine mümkinçilik däl-de, eýsem zerurlyk hem döreýär, bu bolsa hukuk ulanyş ähmiýetini artdyrýar we hukuk kadalaşdyrmaklygyň öz wajyplygyny pese düşürýär. Umumy kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň erkin düşündirmekligiň mümkinçiligi hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýektleriniň özlerini alyp barmagyň görnüşini kesgitlemekde erkinlige getirýär, olar ýone her bir anyk ýagdaýdan ugur alyp, kanunyň talabyna neneňsi düşunmelidigini, özüňi nähili alyp barmalydygyny özbaşdak çözmäge ygtyýar alýarlar. Bu eden-etdilik, aýratyn-da ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary üçin giňişleýin mümkinçilik döredýär. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň talaplarynyň nätakyklygy, umumy häsiýeti, kanunsyzlyk, häkimiýetiň ägirt güýçlüligi we raýatlaryň hukuksyzlygy üçin esas bolup durýar.[37]

---

[34] Ю.А.Тихомиров. Как готовить законы. М. 1992ý.S.32-33.

[35] Ser.mes.Экштайн Карл. Законодательная техника. Регулировать детально или ограничиться общими принципами?//Вестник публичного права №2. Sah. 3-6.

[36] Şol ýerde S.5.

[37] Fransuz kanunçykaryjylary tarapyndan Napoleonyň hökmürowanlygyny üpjün etjek ”Respublikanyň VIII ýylynyň Konstitusiýasyny” işläp taýýarlanylan wagty onuň irnik we öňdengörüji Birinji konsuly öz hukukçylaryna: “Gysga, gysga we düşnüksiz bolar ýaly ýazyň” diýip maslahat bermegi ýöne ýerden däldir, bu sözler bilen

Jemgyýetçilik gatnaşyklary jikme-jik we giňişleýin düzgünleriň we kesgitlemeleriň kömegi bilen doly we hemmetaraplaýyn kadalaşdyrmaga mümkinçiligi bolmazlygy babatda aýdanymyzda, kanundöredijileriň hünär kämilligi häzirki zaman ylmynda belli bolan kadalaşdyryjy hukuk namalaryň maddalarynda hukuk kadalarynyn beýan etmekligiň, kanunçykaryjylyk tehnikasynyň düzgünleriniň berjaý edilmeginiň usullaryny bilmekligi bu meseläni çözýär. Kanunyň gysga, eger aýdyp bolsa, umumy we prinsipial ýazylyş usulynyň tarapdarlarynyň howatyrlanmalary düýbünden biderekdir.

4. **Aňryçäk tygşytlylyk, iň amatly göwrümlilik, kanunçylyk kesgitlemeleriniň ykjamlylygy** kanunyň ýazylyş usulynyň hökmany talaby bolup durýar. Kadalaşdyryjy hukuk nama gysga, az sözli bolmaly, onuň berk we işewür keşbi bolmalydyr. Tekstiň aşa giňişleýin we uly bolmagy, köpsanly jikme-jik artykmaçlyklaryň bolmagy hukuk kadalaşdyrmaklygyň dolulygy, kadalaşdyryjy hukuk namanyň hereketiniň netijeliligi üçin zerur şerti bolup durmaýar, ýöne hukuk görkezmeleriň manysyna düşünmekde köpsanly meseleleri ýüze çykarmak bilen kanunçylykda ugur almaklygy kynlaşdyrýar.

Kanunçylyk tekstiniň tygşytlylygynyň talaby kanunçykaryjynyň pikirini, hukuk kadalaşdyrylyşyň görkezmeleriniň düýp manysyny beýan etmekligine, olaryň manysyny däl-de, olaryň söz beýanyna, mazmunyna däl-de hukuk formasyna degişlidigi aňdyr. Hukuk döredijilikde gysgalyk – bu onuň umumy ýa-da aýdyň bolmadyk häsiýeti däl-de, ol kanunçykaryjynyň pikirlerini beýan etmekligiň iň amatly tygşytlylygydyr, onuň mazmunynyň dolulygyny saklamak bilen az sözlüligidir.[38] Şunuň bilen, kanunyň ýazylyş usulyna bolan bu talap öňki talaba garşy bolmaly däldir, tersine, onuň üstüni ýetirmelidir, onuň dowamy bolmalydyr.

Kanunçylyk kesgitlemeleriň esaslandyrylmadyk ululygy, onuň tekstiniň „çylşyrymlylygy“, manysy boýunça çylşyrymly tekst gurluşlarynyň bolmagy, hukuk kadalarynyň manysyny düşnüksiz we gizlemek bilen kanunçylykda ulanylmagyny örän kynlaşdyrýar. Şonuň üçin kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazylyş usulynyň tygşytly dälligi we giňden beýan edilmegi hukuk ulgamynyň adatlary[39] bilen hem, hukuk kadalaşdyrmaklygyň dolulygyna isleg bilen hem (adatça başarnyksyz), ne-de başga faktorlar bilen delillendirip bolmaýar. Kanunçylygyň namalarynyň tekstinde mümkin boldugyça birnäçe eýerjeň sözlemleri öz içine alýan eýerjeňli goşma sözlemleri, ortak işlikli we hal işlikli sözlemlerden gaça durmaly. Ýönekeý işlikleriň ornuny tutýan işlikden ýasalan atlar däl-de ýönekeý işlikleriň özüni (ulanmak-ulanmaklyk, peýdalanmak – peýdalanmaklyk we ş.m.) köpräk ulanmak maksadalaýykdyr.[40]

Eýýäm beýan edilen görkezmeleri başga sözler bilen aňladýan düşündiriş sözlemleri, (görkezmeleriň elemenlerini, görkezmeleriň ulgamyny), manysyny üýtgetmän başga jümlelerde ulanmaklyk maslahat berilmeýär.

5. Kanunyň ýazylyş usulyna bildirilýän ýene-de bir talap hökmünde **asudalygy we tarap tutmazlygy** görkezmek bolar. Görkezmeleri beýan etmeklikde kanunçykaryjy diliň ekspressiw we täsirli serişdeleri ulanmakdan howatyrlanmaly. Kadalaşdyryjy hukuk nama dogry, asuda, duýgusyz, sabyrlylyk bilen beýan edilmelidir. „Kanunda beýan etmekligiň dogry, asuda,

---

diktaturanyň konstitusion kanunçylygynyň birinji ýörelgesini beýan etdi: haçan-da kanunyň talaplary barada gürrüň edilende (esasan ýokary häkimiýeti çäklendirilýänleri), gysgarak ýazmaly, bu bolsa kesgitlemeleriň düşnüksizligine getirýär, olaryň düşnüksizligi we kesgitli bolmazlygy öz islegiçe kanuny düşündirýän häkimiýet başynda duran potensial diktatorlara erk-ygtyýar berýär.

[38] Ser. Ю.А.Тихомиров. Как готовить законы. М.1992ý.sah.35-36.

[39] Iňlis hukukçylary britan statutlarynyň ýazylyş usuly üçin adatlylygy göz öňünde tutup, britan awtorlary tarapyndan goralýan kanunçylyk taglymatlarynda degişmek bilen, çaga „Apelsini al“ diýmegiň ýerine, olar awtomatik hereketde şeýle diýesleri gelýär: „Hiç hili çäklendirmesiz, „Magoc“ sözünden bolan „Apelsin“ diýip atlandyrylýan hakyky miwäni saňa berýärin we seniň doly ygtyýaryňa, ulanmagyňa we dolandyrmagyňa, onuň gabygy, eti, çigitleri bilen, girew bilen, borçnama we beýleki çäklendirmeler bilen agram salynmaýan, üçünji taraplaryň çekilmeklerinden azat, şeýle hem ýokarda agzalan miwä hukugy, eýe bolmak, ulanmak we buýurmak hukuklaryny hem goşup, olardan gelip çykýan doly ygtyýarlylygy, hiç hili çäklendirmezden we eliňden almakdan, şeýle hem üçünji taraplardan şol hukuklary boýun bolýandyklaryny talap etmek hukuk mümkinçiliklerini geçirýärin“.

[40] Ser. Пиголкин А.С. Законотворчество в Российской Федерации. М.2000.sah.280.

subýektiw gam-gusalar bilen boýalmadyk, beýan edilýän predmetiň häsiýetine dahylly bolmadyk, aşa dabaraly bolmadyk, howsalaly ynjalyksyz, arzuwly ruhybelentliksiz ýa-da durmuşy hyýallylyksyz äheň bolmalydyr".[41] Ajaýyplylyga, dabaralyga, ýerliksiz dilewarlyga, joşgunlylyga, labyzlylyga ýol berilmeli däldir. Pikiri güýçlendirmeklige gönükdirilen hyýaly çakdanaşa ulaldyp görkezmeleriň (giperbolaryň), hyýaly deňeşdirmeleriň (metaforalaryň), göçme manylaryň (allegoriýalaryň) sözleri olaryň göçme manysynda (troplaryň) ulanylmagyna ýol berilmeýär. Mysal üçin, kanynçylygyň teksinde „döwlet" adalgasy ulanylýar, ýöne onuň „diýar", „watan", „ene toprak" we ş.m. duýguly meňzeşliklere ýol berilmeli däldir. Kanunçykaryjy „jenaýatçy" adalgasyny ulanyp biler, emma „garakçy" „päliýaman" we şuňa meňzeş sözleri beýan etmekden gaça durmalydyr. „Ölüm" adalgasy „wepat bolmaklyk", „aradan çykmaklyk", „jan bermeklik" we ş.m. sözler bilen üýgedilmeli däldir. Elbetde, gödekligi aňladýan, şeýle hem paýyş we gargyş sözleri bilgeşleýin ulanmaklyga ýol berilmeýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýäzylyş usulynyň şeýle ýörelgesi „...onuň reňksizligi, birgörnüşliligi, formallaşdyrylmagy baradaky garaýşy döredýär, ýöne bu duýgy ýalňyşdyr, sebäbi kanunyň ýäzylyş usulynyň aýdyňlygy, owadanlygy we ajaýyplygy hukuk görkezmeleriň manysyny beýan etmekligiň logikliginde we yzygiderliliginde, tygşytlylygynda we oýlanşyklylygynda, delillendirmesinde we formal taýdan kesgitlenmesinde, birmanylylygynda, takyklygynda we dürslüligindedir".[42]

6. **Unifisirlilik, formallyk we stereotiplilik** - kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýazylyş usulyna bolan bu talap onuň manysyna dogry düşünilmeginiň we düşündirmekligiň kepili bolup hyzmat edýär. Her adamyň teksti beýan etmekligiň stili özbaşdakdyr, hatda ýokarda görkezilen ýörelgeleriň doly berjaý edilmegi belli-belli kanunçykaryjylaryň stiliň aýratynlygynyň gutulgysyz aýrylmagyny aňlatmaýar. Bu bolsa kanunçylygy düşündirmekde anyk kynçylyklaryň döremegine, hukuk kadalaşdyryjy subýektleri bulaşdyrmagyna getirip biler. Şonuň üçin unifisirlililk we stereotiplilik kanunçylyk namanyň tekstini beýan etmekligiň usullaryna mahsus bolmalydyr. Meňzeş görkezmeleri kesgitlemek üçin, meňzeş aňlatmalar, söz düzümleri, many gurluşlar ulanylmalydyr. Ýagny, birinjiden, kadalaşdyryjy hukuk namanyň özi görkezmeleri dil bilen beýan etmeklik görnüşi we usuly boýunça monolit, ony beýan etmekligiň stili üýtgemeli däldir. Ikinjiden, many aragatnaşygy üpjün etmek üçin, kanunçylygyň göwrüminde ugry kesgitlemekligi ýeňilleşdirmek üçin, şeýle hem kadalaşdyryjy hukuk namalary düşündirmegiň bütewiligi we takyklygy üçin ähli kadalaşdyryjy hukuk namalara ýeke-täk stil häsiýetli bolmalydyr (iň bolmanda jemgyýetçilik gatnaşyklaryň belli-bir umumy ugruny düzgünleşdirýänler). Bu ýörelgäniň berjaý edilmegi hukuk kadalaşdyrylyşyň subýektlerini hukuk görkezmeleriň manysyny beýan etmekligiň dürli söz bilen beýan etmekligiň dürli tärlerini özleşdirmek zerurlygyndan boşadýar.

7. **Kanunyň ýazylyş usulynyň medeniýeti.** Umumy hökman nusga, özüňi alyp barmaklygyň mysaly bolup durýan kanun sözleýiş medeniýetiniň nusgasy bolup hyzmat etmeli.
Kanunyň ýazylyş usulynyň medeniýeti ulanylýan degişli diliň düzgünlerine laýyklykda tekst gurluşlaryň dogry düzülmegini aňladýar. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ýazylan wagty grammatikanyň, sintaksisiň, punktuasiýanyň we iň esasy zat hem, stilistikanyň düzgünleriniň berjaý edilmegi kanunçykaryjylygyň kadalaşdyryş netijeliligi üçin ähmiýeti uludyr. Kanunyň manysy köplenç olara bagly bolýar. Eger-de grammatiki ýalňyşlary ýönekeý tehniki redaktirlemäniň üsti bilen düzedip bolýan bolsa (ýogsam käwagt bular bilen hem kynçylyklar döräp bilýär), onda meselem, punktuasiýa ýalňyşlary düzetmeklik kyn bolýar, sebäbi köplenç punktuasiýa tekstiň manysyny kesgitleýär (geliň nusgawy mysaly ýatlalyň „ölüm jezasyny bermek bolanok günäsini geçmeli" – bu mysalda otur belgisi görkezmäniň ähmiýetini kesgitleýär). Stilistiki ýalňyşlar has hem howplydyr, sebäbi olar görkezmäniň hakyky manysyny doly üýtgedip biler. Ýönekeý korrektorlaryň olary düzetmäge haky ýokdur. Gynansak-da şeýle stilistiki ýalňyşlar seýrek däldir. Şeýle bozmalar bilen göreş kanunçykaryjylyk prosesine

---

[41] Пиголкин А.С. (red.). Язык закона. М.1990.sah.29.
[42] Керимов А.Д.. Законодательная техника. М.2000.sah.61.

gatnaşyjylarynyň umumy medeniýet derejesini ýokarlandyrmaklygy, gözegçiligiň ýörite ulgamynyň we başga çäreleriň bitewi toplumynyň döredilmegini göz öňünde tutýar.

Kanunyň ýazylyş usulynyň medeniýeti aýratyn kadalaşdyryjy hukuk namalaryň diňe bir kadalaşdyryjy netijeliligi üpjün etmän, eýsem umuman kanunçylygyň abraýyny, ondaky bar bolan görkezmelere sylaşykly gatnaşygy – adaty raýatlaryň, şeýle-de döwlet gullukçylarynyň tarapyndan üpjün edilýär.

## 7.3. Kanunyň diline bildirilýän talaplar

Kanunyň logikasyna we ýazylyş usulyna bolan talaplar gös-göni kanundöredijiligiň diline täsir edýärler.

Kanunyň dili diýlen düşünjäniň özi anyk kesgitli däldir, ol dürli alymlar tarapyndan dürlüçe düşünilýär. Kanundöredijiligiň usulyýetini öwrenmek maksady bilen, bu düşünje logikadan we aýratyn-da, kanunyň ýazylyş usulyndan (onuň bilen has ýygy bulaşdyrýan zat) anyk bölünip aýrylan bolmalydyr. **Kanundöredijiligiň dili kadalaşdyryjy hukuk namalaryň tekstlerini kesgitlemekde ulanylýan adalgalaryň ulgamy** ýaly kesgitlenilip bilner.

Kanunçylygyň dili umumy kabul edilen gündelik dilden biraz tapawutlanýar. Onuň nusgawy edebi dili bilen hem meňzeşligi azdyr. Kanunlary ýönekeý adamlaryň düşünmegi üçin elýeterli adaty dilde ýazylmalydygy hukuk ylymynda elmydama bellenip geçilse-de we häzir hem bellenilmegine garamazdan, kanunçylyk ulgamyny döretmekligiň dowamynda kanunyň diliniň aýratyn häsiýetini şertlendirýän adalgalaryň hakyky aýratyn ulgamy ulanylýar. Elbetde, ýönekeý dil we kanunçykaryjynyň ulanýan diliniň arasynda düýpli tapawut bolup bilmez. Kanun grammatikanyň ähli düzgünleriniň berjaý edilmegi bilen, dogry edebi dilinde ýazylmalydyr. Ýöne, gündelik we hatda edebi diliň hem özüniň köpmanylylygy we täsirliligi sebäpli hemişe kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň doly göwrümli formal beýan edilmegi üçin laýyk gelmeýär. Munuň esasy sebäbi sözüň we söz düzümiň birnäçe manysynyň barlygy, şeýle hem onuň täsir etmekligiň indiwiduallygydyr. Mundan başga-da, edebi diliniň hemişe kämilleşýändigini, sözleriň we adalgalaryň manyähmiýetiniň mydama üýtgeýändigini ýatdan çykarmaly däldir. Bu zatlaryň hemmesi edebi we gündelik dili bilen beýan edilen düzgünleriň ýeterlik däl anyklylygyny, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň tekstlerini kesgitlemek üçin ulanylýan sözleriň manysynyň daraldylmagynyň we berkidilmeginiň zerurlygyna getirýär. Kanunçylyk teksti bolsa özüniň täsir edijiliginiň takyklyga, aýdyňlyga we unifisirlenmegine mätäçdir.

Kanundöredijilik diliniň professionlaşdyrmaklygynyň maksady bolsa hukuk kadalaşdyrmaklygynyň **dolulygynyň**, şol bir wagtyň özünde bolsa **anyklygynyň we aýdyňlygynyň** sazlaşygyny üpjün etmekdedir. Öň aýdylyşy ýaly, bu maksada kanundöredijilik işine gatnaşyjylaryň hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň aň ýetirmekligi üçin elýeterli görnüşde kadalaşdyryjy hukuk namanyň tekstindäki hukuk kadasynyň düzgünleriniň takyk we beýan edilmegini üpjün etmeli ýörite adalgalaryň ulgamyny ulanmaklyk bilen ýetilýär.

Kanundöredijilik işinde ulanylýan ýörite adalgalaryň esasy 2 toparyny görkezip bolar:

- ýönekeý dilde ulanylmaýan ýörite hukuk adalgalar we adamlaryň aglaba köpüsine näbelli adalgalar. Ýörite hukuk düşünjeleri aňlatmak üçin ulanylýan adalgalar, meselem, „françaýzing“ (şeýle-de ol „täjirçilik konsessiýasynyň ylalaşygy“) – bu söz hereket edýän raýat kanunçylygy bilen tanyş däl adama asla hiç zat barada aýdanok. Düzgün bolşy ýaly, bu adalgalar bilen aňladylýan hukuk düşünjeler we institutlar daşary ýurt dilinden gelip çykanlar, olaryň üsti bilen aňladylýan hukuk düşünjeler daşary ýurt hukuk ulgamlaryndan alnandyr, şeýle alynmalardan öň hukuk kadalaşdyrmaklygyň milli мehanizminde şolar ýaly meňzetmeler ýokdy;
- gündeki ulanylýan dilde bar bolan, emma hukuk manysyndan düýbünden başga adalgalar. Biziň gündeki gepleşik dilimizde ulanylýan köp manysy bar bolan „huligançylyk“ düşünjesini mysal hökmünde getirip bolar, kanunda bolsa (jenaýat we administratiw hukuk ugrunda) onuň düýbünden manysy başgadyr;

- professional işde hukuk däl ugurda (tehniki, ykdysady, maliýe we başgalar) ulanylýan ýörite hukuk däl adalgalar, kanunyň tekstinde ulanylýan we şeýle-de, adamlaryň köpüsine düşnüksiz adalgalar (meselem, „marža“ (tapawut) – maliýe adalgasy, köplenç raýat ýa-da maliýe kanunçylygynda duş gelýär).

Elbetde, kanunçylyk hukuk kadasynyň talaplary niýetlenilen hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýektleri üçin düşnükli bolmalydyr. Hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň özlerini alyp barmaklary adamlaryň keseki kişileriň kömegi bolmasa düşunip bolmaýan manysy düşnüksiz kanunyň doly täsiriniň predmeti bolup bilmez. Şonuň üçin kanunlar düzülende ýörite adalgalary çendenaşa ulanylmaly däldir. Kanunçylygyň pikirini dogry we birmanyly görkezmäge mümkinçilik berýän, ýönekeý dilde ulanylýan manysy boýunça doly gabat gelýän meňzetmeler bar bolan ýagdaýlarynda professional düşünjeleri, kesgitlemeleri we görkezmeleri ulanmak bolmaýar. Kanundöredijiligiň dili ýönekeý edebi diline mümkin boldugyça ýakyn bolmaly. Ýöne, beýleki tarapdan, eger kanunçykaryjy täşir edýän we netijeli kadalaşdyryjy hukuk namalary döretmek islese, kanunçylyk ulgamy döredilende ýörite darhukuk adalgalary ulanmaklykdan doly gaçmaklyk mümkin däldir. Munuň bolsa birnäçe sebäpleri bardyr.

Birinjiden, şeýle adalgalar kanunyň gysgalygyny we aýdyňlygyny gazanmaga mümkinçilik berýär, bu bolsa oňa aň ýetirmek üçin örän wajypdyr. Bir salymlyk kanunçylykda rus dilindäki „wmenýaýemost“ diýlen hukuk adalgasy (hukuk pudaklarynyň köpüsinde örän köp ulanylýar) ähli ýerlerde onuň: „her adamyň öz hereketlerine jogap bermäge we olara ýolbaşçylyk etmäge ukyby“ diýen kesgitlemesini hemme ýerde ulanylyp başlanandygyny göz öňüne getirip göreliň. Netijede kanunçylyk teksti öz göwrüminde ep-esli ulalar, görkezmeleriň manysy bolsa şeýle köpsözlüligiň aňyrsynda ýitip gider, hukuk görkezmesiniň düýp manysyny özleşdirmeklik has-da kynlaşar. Emma, has-da göwrümli hukuk adalgalary hem ähbetin. Olaryň käbirleriniň manysyny açyp görkezmek üçin tutuş maddalar talap edilýär. Şeýle adalgalaryň deregine (kanunyň tekstlerinde birnäçe gezek duş gelýänler) giňişleýin kesgitlemeleri (hukuk kadalaşdyrmanyň takyklygy we dolulygy şeýle giňişligi talap edýär) ulanmaklyk asla mümkin däl, sebäbi ol kanuny mydama gaýtalanyp durýan köp çylşyrymly kesgitlemelere öwrer, munuň netijesinde bolsa onuň manysyna düşünmek mümkin bolmaz.

Ikinjiden, berk anyk manysy bar bolan hukuk adalgalar ikimanylylygy hem-de many ýoýulmasyny ýoldan aýryp, kanunçykaryjynyň pikirini, islegini maksimal takyk beýan edip bilýär. Düzgün bolşy ýaly, her bir hukuk adalgasy diňe bir berk kesgitlenilen mana eýedir we ol özi ýeke-täk manysy formal taýdan berk anyklanan we berkidilen hukuk düşünjesidir. Hakykat ýüzünde, hukuk adalgalarynyň köpüsi jemgyýetçilik durmuşynyň tutuş pudaklarynda kesgitleýji ähmiýeti bar bolan hakyky hukuk institutlarydyr. Kanunyň ýörite dilinde biri-birini dolduryan we kesgitleýän ýörite adalgalar hukuk maglumatlar toplumyny bermekligiň amatly usullary işlenilip taýýarlanylýar, ýörite adalgalar we düşüňjeler kadalaşdyryjy hukuk namalaryň tekstlerini birmeňzeş düşünilmegine mümkinçilik berýän hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryna many täsir etmekligiň ulgamyny düzýär.

Hukuk ulanmaklyk tejribesiniň prosesinde kanunyň erkin düşündirilmesiniň we ýoýulmasynyň mümkinçiligini ýoldan aýyrýan **kanunyň tekstinde görkezmeleriň takyklygynyň, aýdyňlygynyň we dolulygynyň sazlaşygy** üçin kanunçylyk diliniň meşhur erkin professionalaşmagy zerurdyr.

Kanundöredijilik işine gatnaşyjylaryň ýörite hukuk adalgalar ulgamynyň ulanylmagy kanunçylygyň diliniň berk kesgitlenen obýektiw hereket edýän talaplaryna berk tabyndyr.

1. Öň aýdylyşy ýaly, adamlaryň aňy üçin hukuk görkezmeleriň esasynda ýatan kanunçylyk adalgalarynyň manysynyň düşnükli bolmagy üçin kanun diliniň birinji talaplarynyň biri-de onuň **aýdyňlygy we düşnükliligidir**. Kanun ýa-da kanunasty nama ilat üçin elýeterli bolmalydyr, oňa bolsa ilki bilen kanunçykaryjynyň ulanýan söz baýlygynyň ýönekeý bolmagy bilen ýetilýär. Kanunyň tekstinde hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň köpüsine düşnükli we gündelik durmuşda giňden ulanylýan aňryçäk ýönekeý sözler, adalgalar we jümleler ulanmalydyr. Öň bellenip geçilişi ýaly, kanunçylyk düzülende ýörite taýýarlygy bolmadyk adamlara näbelli bolan darhukuk we beýleki ýörite adalgalar mümkin boldugyça azaldylmalydyr.

Ýörite adalgalaryň (hukuk, şeýle hem jemgyýetçilik durmuşynyň beýleki ugurlaryna degişli) ulanylmagy hem ýörite düzgünlere laýyklykda amala aşyrylýar.

Kanunçykaryjylyk diliniň aýdyňlygy ondaky ulanylan ähli professional (hat-da, diňe bir hukuk däl) adalgalaryň takyk we gutarnykly kesgitlenmesini güman edýär. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň tekstine adamlaryň giň köpçüligi üçin ýa-da umumy kabul edilen dilden tapawutlylykda kanunda başga many aňladýan düşünjeleriň adaty dilde näbelli, **definisiýalaryň, resmi kanuny kesgitlemeleriň** girizilmegi kanunçykaryjylygyň umumy aýdyňlygyny we düşnükliligini üpjün etmäge mümkinçilik berýän guraly bolup durýar, onuň dolulygyny we gysgalygyny üpjün edýän ýörite adalgalar ulanylýar. Mundan başga-da, ýörite kadalar – definisiýalar, ýörite adalgalaryň ilkibaşdaky manysyny ýoýman erkin düşündirilmegini ýoldan aýyrýan olaryň birmeňzeş düşünilmegi üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Kanunyň tekstine şeýle resmi kanuny kesgitlemeler iki sany esasy usulyň üsti bilen girizmek bolýar. Kesgitlenilmeli düşünjeleri az bolan göwrümi boýunça kiçi kadalaşdyryjy hukuk namalarda aýratyn giriş gurluş bölümi (maddasy ýa-da baby) düzülip bilner. Bu adalgalaryň köp möçberini özünde jemleýän göwrümi boýunça uly namalarda (meselem, kodekslerde) mümkin däldir. Şeýle giriş maddasy göwrümi boýunça örän uly bolardy, mundan başga-de, oňa mydama ýüzlenmekligiň zerurlygy, kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň subýektlerine öz ünslerini sowardy we olaryň manysyna aň ýetirmekligi örän kynlaşdyrardy. Şonuň üçn, şeýle kanunlar üçin kanunyň teksti boýunça adalgalaryň kesgitlemesini bermeklik gowy bolar. Adalgalar ilkinji gezek ulanylanda onuň doly kanuny kesgitlemesi berilýär we ýaýyň içinde şeýle düşunjäni bermek üçin geljekde anyk adalganyň beriljekdigi görkezilýär.

Şeýle-de, kanunyň teksti düzülende daşary ýurt sözlerini köp ulanmaklyk maslahat berilmeýär. Eger-de, daşary ýurt sözüniň ýerli meňzetmesi, ýagny düşünjesi bar bolsa, onda ony kanunyň tekstinde ulanmaklyk maksadalaýyk däldir. Eger-de daşary ýurt sözi halkara möçberde ulanylýan bolsa we ýerli meňzetmesi bolmasa, ony kanunyň tekstinde ulanylmagy delillendirilýär. Şeýle-de, kanunyň tekstinde ýurduň galan çäginde nätanyş ýerli sözleri we jümleleri hem ulanmaly däldir.

2. Hukuk talaplarynyň aýdyňlygynyň zerurlygyndan gönüden-göni gelip çykýan kanunyň tekstine bildirilýän indiki talap **onuň adalga birmeňzeşligider**. Bu ýörelge kanunçylyk döredilende bütewi adalgalaryň, hukuk gurluşlaryň we kesgitlemeleriň, bir nusga getirilen diliniň ulanylyşyny göz öňünde tutýar. Bir adalga bir kesgitleme degişli bolmaly we tersine, bir kesgitleme diňe bir adalga bilen aňladylmalydyr. Dürli ýagdaýlarda (ýagdaýlara görä) birnäçe düşünjeleriň bir adalga hökmünde düşünilmegine ýol bermeli däldir, şeýle-de, bir düşunje üçin dürli adalgalaryň berilmegi hem gadagandyr.

Kanunçylyk kesgitlemeleriň bir nusga getirilmegi, standartlaşdyrylmagy - olaryň dogry we birmeňzeş düşünilmeginiň zerur şertidir. Kanuny işläp düzmekde ulanylýan ýörite adalgalar ähli kadalaşdyryjy hukuk namalarynda ulanylýan adalgalaryň birmeňzeşligini, olaryň manysynyň deňligini güman edýär. Başga-ça ýagdaýda, kanunçylyga birmeňzeş düşünilmeginiň we düşündirilişiniň mümkinçiligi bolmazdy. Kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň manysyny kesgitlemekde bulaşyklyk dörärdi we hukuk kadalarynyň manysyny düşünmekde ýalňyşlar we nädogry özleşdirmeklik gutulgusyz bolardy. K. Marksyň adalatly belleýşi ýaly „adalgalaryň tapawutlylygy biparh seredilýän ýagdaý däldir, sebäbi ol müňlerçe adamlaryň ykbalyny çözýär“.[43]

Hut şonuň üçin kada-definisiýalar ylmy taýdan esaslandyrylan bolmalydyr, olar döredilende (mümkin boldugyça) degişli ugurda hukuk ylmynyň bütewi we unifisirlenen postulatlaryndan (kadalaryndan) we gazananlaryndan ugur alynmalydyr. Hukuk adalgalaryň ylmy işlenilip taýýarlanylmagy kanunçylygyň üsti bilen tutuş hukuk kadalaşdyrylmagynyň konseptual esaslandyrmasynyň iň wajyp görnüşi bolup durýandyr.

[43] K.Marks. F.Engels. Eserler. T. 15.sah.516.

Munuň bilen baglylykda, käbir alymlaryň hukugyň dürli pudaklarynyň adalgalarynyň tapawutlanyp bilýändigi baradaky pikirleri bilen razylaşman bolmaýar.[44] Şeýle tapawutlylyklar kanunçylygy ulgamsyzlandyrýar, olaryň niýetlenilýän adamlaryň aňynda özüňi alyp barmaklygyň bütewi nusgasyny emele getirmekde böwet bolýar, netijeliligi boýunça zyýanly içki hukuk böwetleri döredýär, hukuk pudaklaryna doly özarabaglanyşygyna ýol bermeýär. Kadalaşdyryjy hukuk namasynda bir gezek ulanylan adalga, ähli kanunçylyk üçin ýeke-täk bolup galýar.

Kanunçylyk adalgalarynyň bitewiligi onuň durnuklylygyny göz öňünde tutýar. Adalgalar ulgamynyň üýtgedilmegi eger diňe onün düzümine täze, öň belli bolmadyk we ulanylmadyk düşünjeleriň girizilen wagty uly meseleleri ýüze çykarmaýar. Adalganyň çalşylmagy, könä derek täzesiniň girizilmegi, şeýle-de kesgitlemäniň mazmunynyň korrektirlenmegi has-da islenilmeýän zatdyr. Ol diňe eger täze adalga has dogry bolsa, degişli hukuk düşünjäni has dogry beýan eden ýagdaýynda delillendirilip bilner. Kanunçylygyň şeýle üýtgedilmegine (düzgün bolşy ýaly örän agyryly) esas bolup dünýä kanunçykaryjylyk tejribesine, hukugyň beýleki pudaklarynda ulanylýan ylmy netijelere we adalgalara laýyklygy gazanmak üçin isleg bolup biler. Bu ýagdaýda, adalganyň şeýle çalşylmagy kanunçykaryjynyň öňki göýberen ýalňyşynyň düsedilmegidir, kanunçylyk görkezmeleri hödürlenýän adamlaryň täze adalgany özleşdirmek bilen döreýän kynçylyklarda, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň täze kesgitlemelere laýyk getirmeklikde bu ýalňyşlyklary göýberen adamlar günäkärdirler. Emma, şeýle kynçylyklaryň öňündäki gorky, kanunçykaryjylary hereket edýän kanunçylygy düzetmek we kämilleşdirmek isleginde böwet bolmaly däldir.

3. Kanunçylygyň diline bildirilýän indiki talap hökmünde **takyklyk we kesgitlilik** çykyş edýär. Hukuk görkezmeleriň aýdyňlygy we dürslüligi, kanun tekstiniň kanunyň pikirlerine, kanunçykaryjynyň ideýalaryna we maksatlaryna takyklygy boýunça amatly laýyklygy hem kanunyň dil ýöriteleşmesiniň meselesi bolup durýar. Kanun tekstinde her jümle, her söz düzümi, her sözlemi dürliçe düşünilmek mümkinçiligini ýoldan aýyrýan dürs kesgitleme görnüşinde beýan edilmelidir. Kanun ýalňyş düşünilmegi ýoldan aýyrýan hukuk ygtyýarlyklarynyň, görkezmeleriniň we gadaganlyklarynyň çäklerini dürs, takyk, we berk kesgitlemelidir.

Kanunyň tekstinde kanunyň manysynyň dürli düşündirilişine ýol berýän nätakyk söz düzümleriniň ulanylmagyna ýol berilmeýär. Meselem: „etmeli“, „maksadalaýyk“, „başgalar“, „ýaly“, „meňzeş“ ýaly sözler (eger soňrak hem olary birmeňzeş düşünilmegi üçin esas bolmasa, olary düşünmekde nämeden ugur almalydygy düşnüksiz bolan ýagdaýynda) hukuk görkezmeleriň takyk düşünilmegine ýaramaz täsir eder. Şeýle-de, „aýdylyşy ýaly“, „şol bir zat“, „ýokarda aýdylanlar“, „nähili bolanda-da“, „nirede bolanda-da“ we başga doly kesgitlenmedik kadalaşdyryjy hukuk namalaryň tekstlerinde eýýäm kesgitlenilen görkezmelere giňişleýin düşündirişe mümkinçilik berýän şeýle sözlerden hem gaça durmaly.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň tekstinde döwlet edarasy agzalanda, onuň doly resmi adyny adalga hökmünde ulanmaklykdan gaça durmaly, sebäbi geljekde onuň ady üýtgäp biler we nama özüniň takyklygyny ýitirip, üýtgetmelere mätäç bolar. Kanunyň (ýa-da kanunasty namanyň) tekstinde görkezilmeli edaralaryň atlarynyň giňişleýin kesgitlemelerini ulanmaklyk maksadalaýykdyr.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň esasy tekstinde ulanylýan sanlary harp görnüşinde beýan edilmelidir. Jedweller, goşundylar berlende, maddalaryň we bentleriň belgisi berlende san görnüşinde berilýär. Şeýle-de senelerde günleri we ýyllary san bilen, aýlary bolsa harp görnüşinde bellenmelidir (mysal üçin: 2006-njy ýylyň 1-nji ýanwary). Kanunyň esasy tekstinde agramy, aralygy, uzynlygy, göwrümi, temperaturany we başga tebigy görkezijileri esasan harp ýazgyda berilýär, gollanmalarda, jedwellerde we shemalarda bolsa – san görnüşinde aňladylýar. Drobly sanlary harp görnüşinde ýazmak maksadalaýykdyr.

[44] Ser.mes. А.П.Коренев. Законодательная техника и кодификация советского административного права//Правоведение. Известия ВУЗов.1961.№3.sah.34.

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň rus dilindäki tekstlerinde fiziki adamlary hukuk gatnaşyklardaky şahslar hökmünde erkek jyns atlary bilen belgilenmeli (napagaçy, talyp, salgyt töleýji, bergidar we ş.m.). Bu görkezmeleriň manysyny beýan etmekligiň dil serişdeleriniň bir nusga getirilmegi üçin zerurdyr. Hukuk görkezmelerde aýratyn ýerler aýal şahslara degişli bolanda (meselem, „göwrelilik ýagdaýynda bolýan“, „emdirýän eje“, zorlamak bilen baglanyşykly işlerde “zyýan çeken“), onda aýal jyns atlaryny ulanmalydyr. Görkezmeleriň subýektlerini görkezmek üçin ortak jyns atlary ulanmaly däldir. Türkmen dilindäki tekstlerde şeýle meseleler megerem ýüze çykmaýar.

4. Kanunyň diline indiki bildirilýän talap onuň **gysgalygydyr**. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň tekstinde dil serişdeleriniň ulanylmagy aňryçäk gysga we az sözli bolmalydyr. Kanunyň manysyny has uzyn jümleleri we sözlemleri ulanyp beýan etmeli däl, sebäbi çylşyrymly tekst gurluşlarynda olaryň manysy ýitýär. Ulanylýan adalgalar mümkin boldugyça gysga, birbogunly bolmaly, adalga derek söz düzüminiň (aýratyn-da, iki sözden artyk düzülen) ulanylmagy islenilmeýär. Kanunçykaryjy ulanylmagy hökman bolmadyk many aňlatmaýan „parazit“ sözler bilen göreşe uly üns bermelidir. Kanunda „galdyrmak“, „ýokary galgyrmak“, „işjeňletmek“, „berkitmek“, ýaly ulanylýan, şeýle-de „uly üstünlikler“, „ýokary netijelilik“, „ýakyn özara baglanyşyk“, „giň gurşaw“ ýaly doly söz düzümleri anyk maglumat we kadalaşdyryjy güýji ýokdur we diňe kanunçylyk namalaryň tekstini hapalaýarlar.

Şeýle-de bolsa, kanunyň diliniň gysgalygy onuň dolulygyna ýaramaz täsir etmeli däldir. Hukuk kadalaşdyrmaklygyň dolulygyny we gysgalygyny, dürslüligini we şol sabäpli düşnükliligini esasy kanunlaryň we kanunçykaryjylyk tehnikasynyň düzgünleriniň öwrenilmegi we ulanylmagy netijesinde gazanyp bolar.

5. Kanunyň diliniň iň wajyp talaplarynyň biri-de, ýazylyş usulyna bildirilýän talapyna meňzeş bolan **medeniýet** bolup durýar.

Kanunyň diliniň medeniýeti onda resmi taýdan kabul edilen adalgalaryň ulanylmagyny göz öňünde tutýar. Kanunyň tekstlerinde slenge esaslanan – tapawydy ýok professional, territorial ýa-da başga slenge esaslanan – žargonizmleriň, sözleriň we söz düzümleriň ulanmaklygyna ýol berilmeýär.

Kanunyň tekstlerinde könelişen ýa-da bilgeşleýin umumyhalk sözlerini we söz düzümlerini hem ulanmaly däldir. Kanunçylykda ýerlikli bolmadyk rus dilindäki „bomž“, „žilploşad“, „kapstroitelstwo“, „gosorgan“ ýaly žargonlaşdyrylan gysgaltmalaryň ulanylmagyna ýol berilmeýär. Şeýle bozulmalar kanunçykaryjylyk işine gatnaşyjylaryň medeniýet derejesiniň pesligine şaýatlyk edýär, halk arasynda kanunçylygyň abraýyna, hukuk aňyna ýaramaz täsir edýär we kanunçylygyň kadalaşdyryjy mümkinçiliklerini äýdyň pese gaçyrýar.

Kanunçylygyň tekstinde ulanmaklyga mümkinçilik berýän adalganyň resmi ykrar edilmegi, onuň ýygy-ýygydan, endige giren adalgalaryň resmi döwlet gurluşlarynda we ylmy toparlarda ulanmaklygy göz öňünde tutýar. Bu babatda täze adalganyň ylmy taýdan işläp taýýarlanmasy we esaslandyrylmasy dýseň peýdaly bolar. Daşary ýurt hukuk ulgamyndan öň näbelli hukuk institutynyň alynmagy, öň bellenip geçilişi ýaly, täze adalganyň hem alynmagy mümkindir. Şeýle-de bolsa, islendik ýagdaýda, şeýle adalga medeniýetiň talaplaryna laýyk gelmelidir. Adaty medeniýetli adamyň dil baýlygynda ýol berilmeli däl gödek jümleleriň, žargonizmiň ulanylmagy, umumy medeniýet derejesiniň pese düşmegi kanunyň diliniň medeniýetsizligine esas bolup hyzmat etmeli däldir.

# 8 BAP. KANUNDÖREDIJILIGIŇ TEHNIKI DÜZGÜNLERI

## 8.1. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň gurluşy

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň gurluş düzgünleri oňat öwrenilen, işlenilen we kanunçylykda öz beýanyny tapan bolsa-da, gaýtalamak artykmaçlyk etmez.

Kadalaşdyryjy hukuk namasyny bütewi tekst görnüşinde resmileşdirmek maksadalaýyk bolmaýar, sebäbi bu ýagdaýda onuň görkezmeleriniň we hereket ediş mehanizminiň manysyny özleşdirmek bilen bagly uly kynçylyklar ýüze çykýar. Şonuň üçin, tejribede kanunçylyk namalary adatça belli bir gurluşa eýedir we ol ony logiki taýdan yzygiderli we ulgamlaýyn beýan etmäge mümkinçilik berýär. Şonuň ýaly bölüniş hukuk kesgitlemeleriniň her birini anyk belli edýär. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň ulgamlaýyn-gurluş düzüm böleklerine bölünmegi onuň ulanylmagyny ep-esli ýeňilleşdirýär, onuň içki gurluşyny gowulaşdyrýar we ulgamlaşdyrýar, salgylanmalaryň ulanylmagyna mümkinçilik döredýär, kadalaşdyryjy materialda ugur-ýol tapmaga kömek edýär. Kadalaşdyryjy hukuk namany rubrikalara bölmek ony has netijeli edýär, onuň ulgamlaşdyrylmagyny ýönekeýleşdirýär, salgylanma önümçiligi namanyň içki gurluşyny gowulandyrýar, onuň logikasyna we ýazylyş usulyna bolan talaplaryň berjäý edilmegine ýardam berýär.

Kanundöredijiligiň dünýä tejribesinde kanunçylyk namalarynyň gurluşynda dürli-dürlülik bar. Rubrikalara bölmegiň dürli ulgamlary ulanylýar, kanunlaryň we (esasanam) kanunasty namalaryň düzüm bölekleriniň dürli görnüşleri: bölekler, baplar, bölümler, titullar, kitaplar, maddalar, paragraflar, bentler, ak setirler we başgalar ulanylýar.

Häzirki wagta çenli söwet zamanyndan soňky giňişligiň ýurtlarynyň köpüsinde kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň gurluş usulyýeti hakykatda emele geldi diýen ýaly, olaryň gurluş düzüm bölekleriniň ulgamy belli edildi. Kadalaşdyryjy hukuk namalar döredilende şu gurluş birlikleri ulanylýar (ýokardan aşak):

- bölek;
- bölüm (kiçi bölüm);
- bap;
- madda.

1. Kanunyň ilkinji gurluş birligi ***maddadyr.*** Ol özboluşly höwürtgedir, kadalaşdyryjy täsir etmegiň merkezidir. Kanunyň bütin gurluşy ähli galan düzüm bölekleri üçin esas bolup hyzmat edýän maddalara esaslanýar. Madda kadalaşdyryjy hukuk kesgitlemeleriniň manysyny beýan ediji baş gural bolup hyzmat edýär, hukuk kadalary maddalarda öz beýanyny tapýar. Maddanyň şol funksional laýykaty kanunlaryň we kanunasty namalaryň maddalaryny kesgitlemek üçin esasy talaplary belli edýär.

Kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalarynda maddanyň deňeçeri, esasy many öýjügi ***bentdir.*** Ol madda garanyňda azrak ýüze çykýar. Kanunasty namalarda bentden başga gurluş düzüjileri ulanmanyň geregi ýokdur.

Maddalar diňe kadalaşdyryjy hukuk namanyň tekstini gurmaga hyzmat etmeýär. Madda (kanunasty namalarda – bent) hukuk kadasyny beýan etmegiň esasy serişdesi bolup hyzmat edýär, onda ýerine ýetirmek üçin umumy hökmany bolan döwlet-häkimiýet emri kesgitlenilýär. Şonuň üçin maddalar diňe *kadalaşdyryjy kesgitlemeleri* beýan etmek üçin ulanylýar, olarda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny gönüden-göni kadalaşdyrmak üçin ýaramly bolmadyk deklaratiw häsiýetli düzgünleri - namany döretmegiň tekliplerini, maksatlaryny we sebäplerini, tejribe mysallaryny, kadalaşdyrylýan mesele boýunça iş ýagdaýynyň seljerişini we ş.m. beýan etmek maksadalaýyk bolmaýar. Şeýle-de, maddalarda çagyryşlary, ol ýa-da beýleki mesele boýunça iş ýagdaýynyň kanagatlanarsyzdygyny ýüze çykarmak, nädogry tejribeden mysallar getirmek we onuň sebäplerine düşündiriş bermek ýol berilgisizdir. Bu zatlaryň hemmesi üçin giriş bardyr. Şunuň ýaly düzgünleriň ugrukdyryjy görkezmeler bilen garyşdyrylmagy kanunçylygyň hukuk taýdan täsiriniň bozulmagyna getirýär, kadalaşdyryjy hukuk namanyň pikir yzygiderliligini bozýar.

Şeýle-de, kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddalarynda (bentlerinde) kadalaşdyryjy häsiýeti bolmadyk şahsy häkimiýet görkezmelerini (tabşyryklary, buýruklary we beýleiler) ulanmagyň geregi ýok. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kesgitli pugta anyk gatnaşyjylarynyň özüni alyp barşyny ugrukdyrýan kadalaşdyryjy däl görkezmeler bir gezeklik ulanşyga niýetlenendir we şonuň ýaly ulanylandan soňra manysyny ýitirýär. Olaryň kadalaşdyryjy görkezmeler bilen garyşmagy tekstinde manysyny ýitiren düzgünler saklanyp galan kanunyň düzüm bütewiligini bozýar. Şonuň üçin kadalaşdyryjy-hukuk namasyny kabul etmek bilen bagly zerur tiz tabşyryklary (ýerine ýetirijileri bellemek, ýerine ýetirmek boýunça anyk çäreleri kabul etmek we beýlekiler) şol namany herekete girizmek boýunça ýörite kararda ýa-da, eger şeýle edilmegi aýry-aýry düzüm böleklerinde gutulgysyz bolsa, onda aýratyn düzüm böleklerde beýan etmek maksadalaýykdyr.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň her maddasy bir bütewiligi emele getirýär, doly möçberde bir bütewi tamamlanan pikiri aňladýar. Şol düzüm kerpiçjiginde birnäçe many toplumlaryny, birnäçe ugrukdyryjy görkezmeleri garyşdyrmak ýol berilgisizdir. Şonuň ýaly dürli görkezmeleri bir maddada toplamaklyk (adatça, madda sanyny kemeltmek maksadynda amala aşyrylýan) namanyň many birleşigini, ondaky görkezmeleriň bütewiligini we yzygiderliligini bozýar. Bir madda bir hukuk kadasyndan artyk bolmadyk elementleri (gipotezany, dispozisiýany ýa-da sanksiýany) bir maddada biri-biri bilen gönüden-göni we yzygiderli baglanşygy bolmadyk birnäçe kadanyň bolmagy zyýanlydyr we nälaýykdyr, olary dürli maddalarda beýan etmelidir.

Aýratyn ýagdaýlarda kanunçylyk namanyň bir maddasynda manydaş iki kadanyň elementleriniň beýan edilmegi mümkindir. Şeýle ýagdaýda şol kadalaryň mazmunyny maddada bütewi tekst bilen beýan etmeli däl-de, özbaşdak kadanyň elementleriniň her birine maddanyň aýratyn bölegini bermek dogrudyr.

Kanunlaryň maddalarynyň hemmesi (kanunasty namalaryň bentleri) zowwam *belgilenmelidir*. Bulaşyklyk bolmaz ýaly, kadalaşdyryjy hukuk nama kabul edilenden soňra kadalaşdyryjy hukuk namalaryň düzüm bölekleriniň belgilerini üýtgetmek ýol berilgisizdir. Şeýle edilmese kanunçylyk ulgamynda bulaşyklyk başlanar: namanyň gurluşy bozular, degişli üýtgetmeleri şol madda salgylanýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hemmesine salmak zerurlygy ýüze çykýar, beýle edilmegi täze üýtgetmeleriň girizilmegine getirýär. Şonuň üçin, hatda kanunyň ýa-da kanunasty namanyň üýtgemegi kadalaşdyryjy hukuk namalaryň baplarynyň, maddalarynyň we bentleriniň belgilenmeginiň bozulmazlygyna el degirmek üçin esas bolup bilmez. Eger-de goşmaçalar kanunçylyk namasynyň soňuna ýazylýan bolsa, onda bölekleriň, bölümleriň, baplaryň, maddalaryň bar bolan belgilenmesini dowam etmelidir (mysal üçin, soňkusy 5-nji bap bolsa – 6-njy bap bilen üstüni ýetirmeli; 7-nji madda bilen tamamlanýan bolsa, - 8-nji madda bilen üstüni ýetirmeli).

Eger-de goşmaçalar maddanyň gurluş birliginiň soňuna goşulýan bolsa, onda bar bolan belgilenmäni dowam etmek gerek (mysal üçin, maddada soňky bölek 3-nji bölekdi – 4-nji bölek bilen üstüni ýetirmeli; bölegiň soňky bendi 3-nji bentdi – 4-nji bent bilen üstüni ýetirmeli we ş.m.).

Kadalaşdyryjy-hukuk namasyna goşmaça gurluş birlikleri girizilen halatynda (birinji nobatda, eger olar madda girizilýän bolanlygynda), olar ýörite belgilenilýär. Olara öňündäki deňbe-deň gurluş birliginiň belgisini bermek we goşmaça belgilenmäni ulanmak maksadalaýykdyr (mysal üçin: «10.1 Madda, 10.2 Madda, 10.3 Madda», ýa-da «10-1 Madda, 10-2 Madda, 10-3 Madda» we ş.m. ýa-da «10* Madda, 10** Madda, 10 *** Madda» ýa-da gaýry şonuň kysmy bir tär bilen). Namadan gurluş birligi aýrylan halatynda, aýrylanlardan soňky gelýän baplar we maddalar öz ilkibaşdaky belgisini saklaýar.

Maddalary arap sanlaryny ulanmak bilen belgilemelidir, olar rim sanlarynda ýa-da harply belgilenmä garanyňda has oňaýly bolýar, sebäbi häzirkizaman kanunlarda maddalaryň sany örän köpdür.

Belgiden başga, maddalaryň her birine hususy at bermeli. Ol maddanyň mazmunyny belli edýär we kanundöredijilik işine gatnaşyjylara kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň tekstinde ugur-

ýol edinmegi, olara gerek bolan hukuk kesgitlemelerini tapmagy we kesgitlemegi ýeňilleşdirýär. Madda setir harp bilen ak setirden alamatlandyrylýar.

Maddanyň ady baş düşümde ýarym ýogyn şriftde, bir setirde maddanyň belgisini belli etmek bilen baş harpdan başlanylýar we soňunda nokat goýulýar. Beýle edilmegi maddany tekstden aýrybaşgalamaga kömek berýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namasyny maddanyň ady bolmazdan döretmek ýol berilmeýär, sebäbi hukuk ulanyjylykly tejribäniň barşynda onuň doly bahaly ulanylmagyny kynlaşdyrýar. Maddalaryň sözbaşysynyň bolmazlygy – kanunçykaryjy tehnikanyň düýpli bozulmagydyr, emma gynansak-da kähalatlarda şeýle edilmegine gabat gelinýär.

Eger-de maddanyň ady ýok bolsa, onda maddanyň belgisinden soňra nokat goýulmaýar we maddanyň ady setir harp bilen we ak setirden ýarym ýogyn şriftli ýazylýar.

Kanunyň maddasy gurluş düzüm böleklerine: böleklere, bentlere, kiçi bentlere, ak setirlere, paragraflara bölünip bilýär. Kanunyň maddalarynyň has ownuk gurluş düzüm böleklerine bölünmegi bir maddada bar bolan uly göwrümli görkezmeleri logiki taýdan yzygiderli beýan etmek üçin ulanylýar. Eýsem-de bolsa, çylşyrymly gurluşy bolan kanunçylyk maddalaryny döretmegiň geregi ýokdur.[45] Olaryň agyrlygy we köpbasgançaklaýyn yzygiderliligi görkezmeler ulgamynda ugur-ýol tapmany kynlaşdyrýarlar we netijede kadalaşdyryjy-hukuk namalaryň toplumlaýyn durmuşa geçmegine päsgelçilik döredýär. Mundan başga-da, gurluşy boýunça şunuň kysmy maddalara salgylanmak kyn bolýar – onuň ilkinji bölekleriniň köp basgançakly ulgamy olaryň hemmesiniň berk yzygiderlilikde sanalmagynyň zerurulygyny ýüze çykarýar, ol bolsa oňaýly däl. Şonuň üçin-de maddalary emeli we pikirlenmezden ulaldyp gidip oturanyňdan (köplenç kanunda maddalaryň sanyny azaltmak, ony has ykjamlamak niýeti bilen edilýär), kiçi göwrümli maddalary köpeldeniň has netijeli we maksadalaýyk bolar. Maddanyň teksti näçe az boldugyça, onuň gurluşy sada, ondaky görkezmeler has aýdyň we ulanmaga çemeli bolar. Kanunçykaryjy maddany hökmany suratda gurluşlar bilen agraltmaly däldir, ol usuly diňe zerurlyk çykan halatynda ulanmak bolar. Eger-de şonuň ýaly zerurlyk ýok bolsa, onda madda bütewiligine galmalydyr.

**Bölüm** kanun maddasynyň iň uly gurluş düzümidir (ony kanunyň gurluş düzümi bolan bölüm bilen bulaşdyrmak bolmaz). Manydaş, ýöne doly gabat gelmeýän soraglaryň beýan edilmegine bagyşlanan birnäçe dürli görkezmeleriň elementlerini beýan etmek üçin hukuk kadalarynyň maddalary bölümlere bölünýär. Mysal üçin, maddanyň bölekleri hukuk görkezmesiniň sada we hünärli düzümini beýän etmek üçin hyzmat edip biler. Şeýle-de, maddanyň birinji bölüminde esasy görkezmäniň beýan edilmegi, ikinji bölüminde bolsa, ondan aýyrmalary görkezmek mümkindir (biri-birinden aýyrmaz ýaly, okaýanyň görkezmäni aňy bilen tutuş kabul ederi ýaly olary bir maddada beýan etmek maksadalaýykdyr). Kanunyň madda bölekleri arap sany we nokat bilen alamatlandyrylýar. Madda bölekleriniň öz ady bolmaýar. Kanun maddalarynyň böleklere bölünmegi onuň gurluşyna bolan hökmany talap däldir – böleklere bölünmezden, maddalar köplenç ownuk düzüm böleklerine bölünýär.

Kanunyň has kiçi gurluş birligi **bentdir**. Maddanyň bentleri tegelek ýaý bilen ýapylýan arap sanlary bilen belgilenilýär. Beýle etmek bilen olar has iri gurluş düzüm bölegi bolan maddalardan tapawutlandyrylýar.

Bentler hukuk kadasynyň element düzümine girýän logiki taýdan aýrybaşga düzgünleri emele getirmek üçin ulanylýar. Şol düzgünler mazmuny taýdan bütewi bolup, logiki taýdan biri-biriniň üstüni ýetirip, manysy boýunça bir bütewiligi emele getirýär. Şonuň üçin, bentler düzülende kanun logikasynyň kadalaryny berjaý etmek has-da möhümdir. Bent kanun maddasynyň gurluş bölegi hökmünde çykyş edip biler, ýöne maddanyň düzüm bölegine girip bilmez.

**Kiçi bentler** elipbiýiň tegelek ýaý bilen ýapylan setir harplary bilen alamatlandyrylýar we belgisiz bentlere bölünýär. Kiçi bentler uly göwrümli we manysy çylşyrymly bent düzgünini

[45] Seret: Тихомиров. Ю. В. Как готовить законы. М. 1993. sah. 44-46; Пиголкин. А.И. Законодательство в Российской Федерации. М., 2000. S.271-272.

ownatmak üçin hyzmat edýär. Eger şeýle bölünmese, şol bentler düşünilmesi we özleşdirmesi üçin kyn bolar.

Aýratyn ýagdaýlarda kanun maddasynyň bölekleri, bentleri we kiçi bentleri **ak setirlere (abzaslara)** bölünýär (kanun maddasynda olar bäşden artyk bolup bilmez). Adatça ak setirler birdürli düzgünleri sanamak, görkezme elementleriniň sanawyny kesgitlemek üçin (mysal üçin, hukuk gatnaşyklarynyň, hukuklarynyň, borçlarynyň, şol hukuklaryň we borçlaryň obýektlerini we beýlekiler). Ak setirleri aýrybaşgalamak üçin elipbiý harplaryny, şeýle-de sanlary ulanmak bolar. Şu maksatlarda paragrafyň alamatyny ulanmak hem mümkindir. Şeýle-de hiç hili aýrabaşgalaýjy alamatlar bolmazdan ak setirleri kesgitlemeklik mümkindir.

Ak setirleriň mukdarynyň çäkliligi kanun taslamada ulanylýan özünde esasy düşünjeleriň sanawyny jemleýän maddalara degişli däl bolmagy mümkindir.

Madda böleklerinde ýa-da bir kadalaşydyrjy hukuk namanyň dürli maddalarynda, bendiň tekstinde goşa nokatdan soň geljek kiçi bentlere we ak setirlere bentleriň bölünmegine ýol berilmeýär.

Bent kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalarynda esasy many gurluş düzüjisi – madda meňzetmesi hökmünde çykyş edýär. Kanunasty namalarda ondan uly gurluş birligi ulanylmaýar.

2. Hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň mazmunynyň otnositel umumylygynyň esasynda, kanun maddalary *baplara* birleşip bilýär. Bap kanunyň has uly gurluşy üçin ulanylýar. Ol gurluş taýdan logikanyň ösüşine, görkezmeleriň manysyna gabat gelmek bilen, maddalary birikdirýär. Göwrümi kiçiräk, gurluşy boýunça çylşyrymly bolmadyk, ähmiýeti boýunça ikinji derejeli hukuk institutlary, şeýle-de hukuk subinstitutlary düzýän kadalaşdyryjy hukuk görkezmeler baplara birleşýär. Hukuk kadalarynyň elementleri predmet, şeýle-de funksional ölçegleriniň esasynda baplara birigip biler. Ýagny, baplar hukuk kadalaşdyrylyşyň umumy predmeti bilen, şeýle-de şonuň ýaly kadalaşdyrylyşyň mehanizmindäki birmeňzeş funksional ähmiýeti bolan kadalardan hem gelip çykyp biler (gönüden-göni subýektiň özüni alyp barşyna anyk görkezmeleriň ýüze çykarylmagy ýa-da anyk görkezmeleriň manysyny dogry düşündirmek üçin kanunçylyk taýdan beýan edilmegi).

Diňe kanunyň gurluş birligi bolmak bilen çäklenmän, bap onuň düzümindäki özbaşdak many birligidir. Bir tarapdan, bap (kanunyň düzümindäki beýleki madda birleşikleri ýaly) çylşyrymly mazmun we gurluş ulgamydyr, beýleki tarapdan bolsa, has uly ulgamyň elementidir. Baplaryň döredilmegi we olaryň kanun gurluşyndaky orny şol kanunyň logikasy, ondaky görkezmeleriň mazmun taýdan ösmegi bilen kesgitlenilmelidir.

3. Has uly kanunlarda (hukuk kadalaşdyrylyşyň ulgamynda göwrümi we manysy boýunça) baplar ***bölüme*** birleşip bilýär. Bölüm toplumlaýyn we logika taýdan bütewiligine beýan etmekde, şeýle-de uly göwrümli, çylşyrymly gurluşly we hukuk institutynyň hukuk mehanizminiň işlemeginde uly orun tutýan kiçi pudaklary düzüji hukuk kadalaryny beýan etmek üçin ulanylýar. Şeýlelik bilen, kanun bölümlerinde ulgamlaýyn beýan etmek üçin, jemgyýetçilik gatnaşyklary toplumynyň hukuk pudagy tarapyndan kesgitlenen çäklerinde aýrybaşgalanan hukuk kadalaşdyrylyş meselesiniň umumylygy bilen birigen uly toplumlaýyn hukuk kadalary birleşýär. Kanunyň gurluş düzüjileriniň şu görnüşi sosial durmuşa kanunçylyk täsir etmek mehanizminde aýratyn maksatlara, aýratyn orna eýe bolan kanunçylyk emele gelmesidir.

Gurluşy bölümlere bölmek uly göwrümli, umumy pudak we institutara ähmiýetli kanunlar babatda mümkindir. Tutuş hukuk pudagynda ýa-da kiçi pudakda aýgytly orun tutýan ýa-da hukuk institutlarynyň birnäçesini (eýsem-de bolsa, soňky görnüşi gerekli däl) özünde jemleýän kanunçylyk namalary döredilende şol gurluş birligini ulanmak mümkindir. Mysal üçin, bölümler köplenç hukugyň kodifisirlenýän pudagyna girýän esasy institutlary toplumlaýyn beýan ediji kodeksiň has uly gurluş düzüjisi bolup durýar. Gurluş düzmegiň şunuň ýaly usulyýeti kiçiräk, gurluş taýdan çylşyrymly bolmadyk we heniz hukuk pudaklarynyň ylmy taýdan çuň işlenilmedik hukuk pudaklarynyň kadalarynyň hukugyny kanunçylyk taýdan beýan edilýän kodeksler üçin häsiýetlidir. Bölümlerden ybarat bolan kodeksler fransuz usulyýeti diýlip atlandyrylýan kodifikasiýasy geçirilen halatynda döredilýär. Ol usulyýet umumy düzgünleriň uly

ulgamlaýyn massiwi bolmadyk halatynda gönüden-göni hukuk kadalaşdyrylyşyň kadalaryna ýykgyn etmegi göz öňünde tutýar.

Ondan başga-da, bölüm, uly gurluş düzüjisi hökmünde, aýry-aýry uly institut toplumlary, kiçi pudaklar, şeýle-de bir pudaga girýän öz arasynda jebis baglanyşykly birnäçe hukuk institutlary üçin esas goýujy çeşme bolup hyzmat edýän uly göwrümli we mazmun taýdan çylşyrymly kanunlarda duş gelýär. Kanunyň bölümi döredilende predmet we funksional ölçegler ulanylyp biler. Kiçi bölüm görnüşindäki gurluş düzüm bölegini ulanmagyň geregi ýokdur we diňe kanunyň gurluş taýdan birsydyrgynlygyny üpjün etmek üçin zerur bolan halatynda mümkindir (mysal üçin, özboluşlylygy sebäpli, beýleki bölümler bilen ugrukdyrylmaýan, kiçiräk, ýöne düýpli aýratynlyklary bilen tapawutlanýan meseläni aýratyn düzgünleşdirmek üçin).

Bölümleriň we kiçi bölümleriň atlary baş düşümde, ýarym ýogyn şriftde sahypanyň merkezinden ýazylýar we rim sifirleri bilen alamatlandyrylýar.

Kanunda bap bolmasa, onda oňa kanunyň bölüm (kiçi bölüm) kysmy gurluş birligini salmaly däldir.

4. Kadalaşydyrjy hukuk namalaryň has uly (we has seýrek gabat gelýän) gurluş düzüm bölegi ***bölekdir.***

Diňe kanunyň özboluşly kysymy bolan kodeksde böleklere bölmek bolar. Bölekler ugrukdyryjy laýykaty dürli-dürli hukuk görkezmelerini aýratyn beýan etmäge, belli bir ýagdaýlarda hukuk gatnaşyklaryň subýektleriniň özüni alyp barşynyň gutarnykly modellerini özünde jemleýän berk belli edilen gönüden-göni jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrylmaga gönükdirilen umumy düzgünleriň kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namalaryny tekstde aýrybaşgalamak üçin niýetlenendir. Kodeksiň tekstinde şunuň ýaly umumy we anyk hukuk görkezmelerini belli etmek olary beýan etmekde ýokary ulgamlaýynlyga ýetmäge, olaryň toplumlaýyn kabul edilmegini ýeňilleşdirýär, şeýle-de olaryň dogry, anyk we bütewi düşündirilmegine ýardam berýär.

Kanunyň gurluşynyň düzüjisini bölek hökmünde ulanmagyň hut şu esasy maksady böleklere bölmegiň diňe kodeks babatda ulanylýandygyny belli edýär. Kanunlaryň şol görnüşi predmetiň umumylygy we hukuk täsiriniň maksady - hukuk pudaklary bilen birleşen hukuk kadalarynyň iň uly ulgamlaryny kanunçylyk taýdan beýan etmegiň we berkitmegiň (kähalatlarda bolsa, ýeke-täk çeşme) esasy hökmünde ulanylýar (aýratyn halatlarda, kodeks has uly we aýrybaşgalanan hukuk institutlary üçin ulgamlaýyn beýan ediji bolup hyzmat edip bilýär). Şonuň bilen baglylykda, kodeksde gönüden-göni, anyk görkezmeler bilen bir hatarda umumy düzgünler bar, özü-de soňkulary örän köp bolup çykýar – olar düzgünlerini ulgamlaýyn we toplumlaýyn beýan etmek üçin kodifikasiýa amala aşyrylýan, kodeks döredilýän hukuk ulgamynyň esasyny, binýat bölegini emele getirýär. Hukuk ulgamyna girýän kadalaryň diňe belli bir bölegini beýan edýän kanunlaryň käbirinde (kanunasty namalarda) şonuň kysmy umumy düzgünler ýa-ha asla ýok, ýa-da olar örän az, olary beýan etmek üçin ýörite gurluş düzüjisiniň geregi ýok.

Kodeksleriň her biriniň gurluşynda bölekler ýok. Umumy we aýratyn iki bölegiň bolmagy kodeksiň pandekt gurluşyna mahsusdyr. Onuň ulanylmagy german kodifikasiýa usulyýeti üçin häsiýetlidir (bu barada aşakda jikme-jik aýdylar). Kodeksiň gurluşyna umumy we aýratyn bölekleriň goşulmagyny göz öňünde tutýan şu usulyýetiň ulanylmagy göwrümli, çylşyrymly we ylmy taýdan oňat işlenilen hukuk pudaklarynyň kodifikasiýasy geçirilende maksadalaýykdyr. Diňe şunuň ýaly şertlerde umumy düzgünler köp sanly, göwrümli we çylşyrymly bolýar, netijede bolsa, kodeksiň funksional ýörelge boýunça böleklere bölünmegi maksadalaýyk bolýar. Kodeksiň klassik pandekt gurluşy umumy we aýratyn iki bölegiň organiki bileleşigini aňladýar. Adyndan belli bolşy ýaly, umumysy özünde umumy düzgünleri birleşdirýär, aýratyny bolsa, hukuk gatnaşyklarynyň subýektiniň özüni alyp barşyna gönüden-göni täsir etmek maksady bolan görkezmelerdir. Türkmenistanyň kanunçylygynda kodeksiň şonuň ýaly gurluşy ulanylýan mysaly hereket edýän Jenaýat kodeksidir. Şol möhüm kadalaşdyryjy hukuk namasy kodeksiň uly göwrümli çylşyrymly gurluşly we ylmy taýdan oňat işlenen umumy düzgünli tekstiniň bölünmeginiň artykmaçlyklaryny aýdyň görkezýär. Hereket

edýän Jenaýat kodeksinde umumy we ýörite düzgünleriň arasynda şowly gatnaşyklar, logiki özara baglanyşyk bilen özara täsirler gazanyldy.

Kodeksiň gurluş düzüjisi hökmünde bölüm diňe haçan-da olarda hukuk kadalaşdyrylyşyň mehanizminde berk kesgitli kadalar – ýa hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özüni alyp barşyny kesgitli edýän aýratyn, ýa-da kadalary dürs, bir dürli we ulgamlaýyn beýan ediji aýratyn kadalar jemlenen halatynda funksional ýörelgäniň esasynda döräp biljekdigi baradaky pikire gelse bolar. Kodeksleriň bar bolma we işleme tejribesi maddalary bölümlerde hukuk kadalaşdyrylyşy boýunça umumy mazmun bilen birigen düzgünleri jemlemek bilen mazmun ölçegleri boýunça toplumlamanyň maksada laýyk däldigini görkezýär. Şeýle-de bolsa, kanun düzgünlerini bölege birleşdirmek üçin hukugyň umumy kadalaryndan şol gurluş düzüjileriň birini we ýene hukugyň dürli institutlaryndan ýa-da kiçi pudaklaryndan birnäçesini düzmek bilen şol esaslary garyşdyrmagyň geregi ýokdur. Kodeksiň düzgünlerini böleklere bölmek zerurlygy bar bolan halatynda, kodeksiň umumy we aýratyn bölekleri özünde jemleýän iki zynjyrly gurluşy has şowly bolup görünýär. Şonuň ýaly gurluşyň bozulmagy kodeks üçin zerur bolan kanunçylyk görkezmeleriň ulgamlaýynlygyna ýetmegine bökdençlik döredýär, şonuň ýaly ulgamlaýynlyk bolsa – kodifikasiýany geçirmegiň maksadydyr.

5. Kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalar kanun bilen deňeşdireniňde diňe hukuk güýji boýunça däl, eýsem manysy boýunça hem ikinji orun eýeleýär. Ýerine ýetiriji häkimiýet edarasy tarapyndan kanunasty kadalaşdyryjy namalaryň çap edilmeginiň esasy logiki maksady – kanunlarda beýan edilen we berkidilen düzgünleri düşündirmek we anyklamakdyr. Aýdylyşy ýaly, kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalarynda ***bent*** many taýdan esasy gurluş düzüji maddanyň kybapdaşy bolup çykyş edýär. Kanunasty namalarda ondan uly gurluş birligi ulanylmaýar.

6. Kadalaşdyryjy hukuk namalar döredilende ulanylýan gurluş birlikleriniň umumy ulgamyndan aýratyn ýagdaýlarda ulanylýan we ýörite funksional laýykaty bolan birnäçe aýratyn düzüjiler öňe çykýar.

Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň gurluşyny düzüjileriň arasynda ***bellikler*** (maddalara, baplara, böleklere ýa-da tutuş nama) aýratyn orun tutýar. Olar kadalaşdyryjy hukuk namanyň kesgitlenen düzüji böleklerini aýratyn öňe çykarmalydyr we ýöriteleşdirmelidirler. Bellik ýörite teksti ýzarlamak üçin ýörite niýetlenen kadalaşdyryjy hukuk namanyň gurluş düzüjisidir. Belligiň esasy häsiýeti – ondaky hökmany görkezmelere ugradyjy düşündiriş berijilik häsiýetidir.

Kadalaşdyryjy namalaryň bellikleri diňe şulary ýerine ýetirmäge niýetlenip biler:

- Kanunyň (kanunasty namanyň) belli bir düzgünleriniň hereket edýän ýaýrawyny giňeltmek ýa-da daraltmak;
- Kanunçylyk nama bilen bellenilen umumy düzgünden çykmalary göz öňünde tutmak;
- Ol ýa-da beýleki adalganyň ýa-da tutuş maddanyň manysyny anyklamak (namanyň teksti boýunça definisiýalar);
- Kadalaşdyryjy hukuk namasynda beýan edilen kadalaryň hereket çäklerini kesgitlemek;
- Madda düzgünlerini ulanmagyň şertlerini belli etmek;
- Kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bar bolan baha beriji düşünjeleri ýa-da gymmatlyk ölçeglerini anyklamak;
- Kadalaşdyrylýan pudakda hukugyň ulanylmagyny amala aşyrjak ýa-da ygtyýarlyk hakyndaky gaýry meseleleri çözjek döwlet häkimiýet edarasyny kesgitlemek;
- Namanyň umumy logiki ulgamyndan aýrylyp çykýan, manysy boýunça özbaşdak kadalary kesgitlemek.

Bellikler kadalaşdyryjy hukuk namada beýan edilen çylşyrymly we bir many bermeýän görkezmeleriň has anyk we düşnükli bolmagyna getirýär. Olar umumy we aýratyn düzgünleriň arasyndaky logiki gatnaşygy üpjün etmekde örän gymmatly gural bolup çykyş edýär.

Emma bellikleriň ulanylmagy kanunçylyk namalary döredileninde we üýtgedileninde adaty tejribä öwrülmeli däldir. Kadalaşdyryjy hukuk namalar döredilenden soň bellikleri ýygy-ýygydan ulanmaga ýol berilmeýär. Olar kanunçylygy hapalaýarlar we doldurýarlar,

kadalaşdyryjy namalaryň gurluşyny ýaramazlaşdyrýarlar, ýerine ýetirijileriň ünsüni sowýar, şeýle-de salgylanmalary we hukuk kadalaryň ulanylmagyny kynlaşdyrýar. Hukuk kadalaryny beýan ediji ýaly, belliklerde beýan edilen düzgünleriň deň bahaly dälligi, ikinji orunlydygy baradaky pikiri döretmek bilen, bellikler namanyň gurluşyny bozýar, hukuk görkezmeleriniň subýektini ýaýradýar, kadalaryň kesgitlenmesini kynlaşdyrýar. Şol sebäpden, kanunçylyk tekstinde belligi ulanmagyň geregi ýokdur. Şonuň kysmy düzgünleri, iň ýagşysy, özbaşdak maddalar hökmünde kesgitlemeli ýa-da olaryň degişli bolan gurluş birliginiň tekstine gönüden-göni goşmaly. Şeýle-de kanunyň bir maddasyna birnaçe belligiň goşulmagy düýbünden ýol berilgisizdir.

Bellikleriň kanunyň kabul edilmegini we ulanylmagyny kynlaşdyrýandygy sebäpli, kanunçylykda olary diňe aýratyn ýagdaýlarda ulanmalydyr. Diňe aýratyn ýagdaýlarda, haçan-da kadalaşdyryjy düzgün goşmaça, düşündiriji häsiýetde bolanynda manysy boýunça namanyň umumy ýerliginde düşüp galýar, nazarýet taýdan onuň bellik hökmünde kadalaşdyryjy namada berkidilmegi mümkindir. Bellikler şu ýagdaýlarda ulanylanda kabul ederliklidir:

1) kadalaşdyryjy namada ol ýa-da beýleki anyk soraga rugsat berilmeýär, we şol soragyň çözgüdi üçin çözgüdi tapylýan ýa-da şol soragy çözüp biljek edaranyň ady tutulýan başga bir madda ýa-da başga bir kadalaşdyryjy nama salgylanylýar;

2) kadalaşdyryjy namanyň belliginde kanunçykaryjy bir ýa-da ondan köp maddada ulanylýan düşünjeleriň we adalgalaryň manysyny düşündirýär. Ilkinji nobatda ol özbaşdak maddada berkidilmesi hökmany bolmadyk inçe ugurly tehniki adalgalara degişlidir;

3) maddalarda sanaw bar, olaryň bir bendi aýratyn düşündirilmäge mätäçdir;

4) kanundörediji edara kadalaşdyryjy namanyň goşundysynda ýerleşdirilen materiallary – jedwelleri, diagrammalary we beýlekileri düşündirmek zerur diýip hasaplaýar.

Emma, ýokarda agzalan belligi namanyň logiki taýdan bütewiligi we aýdyňlygy üçin saklap galmakdan gaça durmalydyr.

Şol sebäbe görä-de **setirasty bellikleri (çykgytlary)** ulanmagyň geregi ýokdur. Setirasty bellikleri diňe tekste düşündiriş berme zerurlygy ýüze çykan halatynda kadalaşdyryjy materialyň resmi ýygyndylary taýýarlanylanda, kanunçylyk ulgamlaşdyrylanda mümkindir.

***Bellikleriň*** ulanylmagy manysy taýdan esasy kadalaşdyryjy hukuk materialyndan tapawutlanýan, olardan özbaşdak düzgünleri kadalaşdyrmak üçin ulanmak mümkindir. Mysal üçin, goşundylarda jedwelleri, hasaplary, rejeleri, sanawlary, grafiki şekilleri, resminamalaryň nusgalaryny, blankalary we ş.m. getirmek bolar. Ondan başga-da, goşundyda kanunçylyk namasyny durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň maksatnamasy getirilip bilner. Goşundylaryň tekstine kadalaşdyryjy görkezmeleri goşmagyň geregi ýok.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň tekstinde kursiwleri, petitleri we tekstiň bölegini aýrybaşgalamagyň gaýry usullaryny ulanmak maksadalaýyk hasap edilmeýär. Kanunçylyk namasyny düzüjileriň hemmesi, sözleriň, jümleleriň, sözlemleriň, bentleriň, maddalaryň we ş.m. hemmesi ähmiýeti boýunça deňdir. Namanyň tekstiniň haýsydyr bir bölegini goşmaça öňe çykarmagyň zerurlygy hem, manysy hem ýok, şeýle edilende diňe hukuk görkezmeleriniň subýektlerinde şol bölegiň aýratyn ýagdaýy hakynda, galan tekstden ileri tutulýandygy barada düşünje döretmek bilen olaryň ugruny bozar. Kanunyň logikasy we ýazylyş usuly berjaý edilen halatynda petitleriň we kursiwleriň bolmagyna zerurlyk ýok.

## 8.2. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň manylaýyn ulgamy (mazmuny)

Geliň indi kadalaşdyryjy hukuk namalaryň mazmunyny many taýdan beýan ediji namalaryň görnüşini we tertibini kesgitleýän kadalary gözden geçireliň. Bu soragyň kanundörediji tehnikasy üçin ähmiýeti öňündäki soragdan kem däldir. Kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň logiki bütewiligini we beýan etmegiň yzygiderliligini üpjün etmek üçin, kanundöredijilik işine gatnaşyjy üçin kadalaşdyryjy hukuk namanyň many taýdan düzüjilerini dogry birikdirmek örän möhümdir.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň mazmuny onuň göwrümine, formasyna we görnüşine, şeýle-de hukuk kadalaşdyrylyşyň mazmunyna baglydyr. Onuň kadalaşdyryjy mümkinçiliklerine esli derejede täsir edýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň gurluşyny hem şolar kesgitleýär. Kanun taslamanyň gurluşy hukuk kadalaşdyrylyşyň mowzugyny logiki taýdan ösdürmelidir we onuň mazmunynyň açylmagyna gabat gelmelidir. Şeýle edilmegi kadalaşdyryjy-hukuk namalara düşünmek we olaryň manysyny özleşdirmek üçin örän möhümdir.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň many taýdan düzüjilerini ýerleşdirmeginiň nukdaýnazaryndan has oňyn gurnawy şeýledir:

1. ***Kadalaşdyryjy hukuk namanyň ady.***
2. ***Deklaratiw düzgünleri özünde jemleýän giriş (preambula).***
3. ***Umumy düzgünler:***
   - *Hukuk kadalaşdyrylyşyň kanun tarapyndan girizilýän we berkidilýän esasy ýörelgeleri;*
   - *Kanunda ulanylýan ýörite adalgalaryň kanuny kesgitlenilmegi;*
   - *Gaýry umumy düzgünler.*
4. ***Kadalaşdyrylýan mesele boýunça anyk hukuk görkezmeleriniň beýan edilmegi.***
5. ***Şol görkezmeleriň bozulmagy üçin temmi çäreleriniň (sanksiýalaryň) bellenilmegi.***
6. ***Geçiş we jemleýji düzgünler.***
7. ***Namanyň kanuny güýje girmegi hakynda düzgünnama.***

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň şu esasy düzüm bölekleriniň düýp mazmunyny we ähmiýetini gözden geçireliň.

Köp babatda, kadalaşdyryjy hukuk kadalaşdyrylyş namanyň ***ady*** bilen belli edilýär. Ol hukuk taýdan kadalaşdyrylyşyň mazmunyny we esasy predmetini beýan etmelidir. Özüniň ýagdaýy boýunça we tutýan manylaýyn orny boýunça at kadalaşdyryjy hukuk namanyň başlangyç bölegi bolup durýar. Adyň emele gelmegine kadalaşdyryjy-hukuk görkezmeleriň döredilmegine bildirilýän talaplardan köp babatda tapawutly aýratyn talaplar bildirilýär. At, ýerine ýetirijiler kanunçylyk namanyň adyndan onuň esasy mazmunyny kesgitläp bileri, ýeňil ýatda saklary we zerurlyk ýüze çykan halatynda tiz agtaryp tapary ýaly dürs, anyk we boldugyndan maglumat taýdan doly bolmalydyr. Hukuk kadalaşdyrylmasyna salgylanma anyk bolmaly däldir (at artykmaç uzyn we çylşyrymly bolmazy ýaly) we baş düşümde ýazylmalydyr (kodekslerden başgasy).

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň ady gysga we ýönekeý bolmalydyr. Çylşyrymly we uzyn atly kanunçylyk namalary kanunçylygy hyryn-dykyn edýär, kanunçylyk namalaryň ulgamlaşdyrylmagyny we düşünilmegini kynlaşdyrýar. Esasan-da, olar beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda, hukugy ulanmak kadalarynda, resminamalarda, maddalarda we ş.m. olara salgylananynda oňaýly däldir. Şonuň ýaly çylşyrymly at bilen gabat gelen hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjy hut şu namanyň özüne gerekdigini, onuň tutuş mazmuny bilen tanyşmagyň geregi barmy-ýokmy, kadalaşdyryjy hukuk namanyň umumy manysyna destine düşünibem bilmeýär. Ondan başga-da, uzyn we çylşyrymly atlar namanyň anyk ýat tutulmagyny kynlaşdyrýar, ol bolsa öz gezeginde onuň tapylmagyny kynlaşdyrýar.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň ady onuň esasy barabarlyk maglumatlaryny: namanyň görnüşini, kabul edilen we tassyklanylan senesini, kabul edilen belgisini (Adalat ministrliginde hasaba alynmaly kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalar üçin – şonuň ýaly hasaba alynmanyň senesini we belgisini) onuň doly dürs adyny özünde jemlemelidir. Bu esasy düzüji bölekleriň ählisi aýra bölünip çykarmalydyr we biri-biri bilen birikmeli däldir. Bir wagtda häkimiýet edaralarynyň birnäçesi (mysal üçin, pudakara kanunasty nama) tarapyndan kabul edilen bilelikdäki kadalaşdyryjy hukuk namanyň ady ony kabul eden edaralaryň atlaryny we hemme belgilerini (olaryň her haýsysyny kabul eden edaranyň gönüden-göni adynyň yz ýanynda ýerleşdirmeli) özünde jemlemelidir.

Kanun güýje gireninden soňra oňa üýtgetmeleri girizmek ýol berilgisizdir.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň adyny dogry düzmek esasy görkezmeleri has netijeli, ulgamlaýyn we bütewi beýan etmäge, mundan başga-da, onuň gözlegini, ýat tutulmagyny we ulanylmagyny ýeňilleşdirmek bilen ony has hereketli edýär. Kadalaşdyryjy hukuk namalary atlandyrmagyň bütewi usulyýeti – olaryň ulgamlylygynyň zerur şertidir.

Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň giň ulgamyny kadalaşdyrmaga gönükdirilen, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň beýleki köpüsiniň mazmunyny kesgitleýji kanunlaryň ***girişi (preambulasy)*** bolup biler. Girişde (preambulada) hukuk kadalaşdyrylmasy üçin ähmiýetli bolan doktrinal düzgünler: kanuny kabul etmegiň maksady we meýilleri, onuň amala aşyrýan hukuk kadalaşdyrylyşyň predmeti, kanunyň amala aşyrýan hukuk taýdan kadalaşdyrylyşyň esas goýujy maksatlary, şeýle-de onuň kadalaşdyryjy ähmiýeti beýan edilýär. Giriş (preambula) kanun çykaryjynyň meýillerini aýan etmekde hyzmat edýär, hukuk kadasynyň belli bir ulgamyny (pudaklar, kiçi pudaklar, institutlar) kadalaşdyrylyşyň esaslaryny kesgitleýär we jemgyýetçilik gatnaşyklaryna kanunçylyk taýdan täsir etmekde ýeterlik derejede uly orun tutýar. Girişde (preambulada) umumy görkezmeler üçin esas bolup duran düzgünler jemlenýär we berkidilýär. Giriş diňe jemgyýetçilik durmuşynyň kesgitli ýaýrawynda hukuk kadalaşdyrylyşyň esasy bolan pudak esasy ýa-da hukuk instituty bolan kanunlar üçin zerurdyr. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň şol pudagynda hukuk taýdan kadalaşdyrylyşyň esasy başlangyçlaryny aýdyň we formal berkidilen görnüşde beýan etmek zerurlygy ýüze çykan halatynda hukugyň deňeçerini ulanmak arkaly hukukdaky boşluklary doldurmakda girişiň (preambulanyň) jarnama häsiýeti aýratyn orun tutýar.

Özbaşyna adamlaryň özüni alyp barşyna (ne gönüden-göni, ne-de gytaklaýyn) täsir etmekde ulanyp bolmajak, emma kadalaşdyryjy görkezmeleriň binýady bolup biljek, hukuk kadalaşdyrmasynyň umumy ugruny beýan edýän düzgünleri goşmak bolar. Kanunyň girişine (preambulasyna) goşulmaly şonuň ýaly jarnama häsiýetli düzgünleriň sanyna, ilkinji nobatda olaryň rejeleýän jemgyýetçilik gatnaşyklary, sosial ýaşaýşyň kanunçylygynyň döredilýän namasyny hukuk taýdan kadalaşdyrylyş predmetiniň esas goýujysyny kesgitlemek, onuň kadalaşdyrýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň sanawy girýär. Ondan başga-da, ikinjiden, şol kanunyň kabul edilmeginiň zerurlygyny belli eden, hukuk kadalaşdyryş ulgamynda onuň derkarlygyny esaslandyran esasy sebäpler goşulyp biler. Üçünjiden, kanun işlenilip taýýarlanylanda we kabul edileninde kanunçylar tarapyndan eýerilýän esasy maksatlar, jemgyýetiň ösüşine we ýaşaýşa, sosial hadysalara edýän kadalaşdyryjy täsiriniň sosial netijeleri girişe goşulyp biler. Dördünjiden bolsa, Konstitusiýada beýan edilen umumy hukuk ýörelgeleriniň hem girişe (preambula) goşulmagy mümkindir. Gürrüň hukugyň islendik pudagy üçin häsiýetli bolan, hukuk pudagynyň hiç biri ýa-da hukuk kadalarynyň gaýry bir topary bilen gönüden-göni bagly bolmadyk hukuk kadalaşdyrylyşyny tutuşlygyna kesgitleýän jarnama ýörelgeleri hakynda barýar. Özbaşyna şol jarnama görnüşindäki ýörelgeler gönüden-göni hukuk kadalaşdyrylyşa hiç hili täsir edip bilmeýär - onuň üçin hukuk taýdan kadalaşdyrylyşyň pudaklaýyn umumy ýörelgeleri gerekdir (ýörelgäniň şol iki görnüşini garyşdyrmaly däl).

Özüni alyp barmagyna gönüden-göni täsir ediji kadalaşdyryjy görkezmeleri girişe (preambula) salmak ýol berilmeýär, sebäbi beýle edilmegi kadalaşdyryjy mehanizme bulaşyklyk salar we kanunyň bir bütewi logiki ulgamyny bozar. Umumy düzgünleri girişe (preambula) salmakdan has ägä bolmalydyr. Özüniň jarnama häsiýetini saklap galmak üçin, giriş (preambula) maddalara ýa-da gaýry gurluş birliklerine bölünmeli däldir, özünde kanuny definisiýalary, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna salgylanmalary saklamaly däldir, kanun kadalaşdyrylyşyň predmetini düzmeli däldir. Kanunyň beýleki gurluş bölekleri ýaly, giriş (preambula) belgilenmeýär. Şol talaplaryň bozulmagy kanunyň ýöriteden jarnama häsiýetli düzgünleriniň we onda beýan edilen gönüden-göni kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň garyşmagyna getirer, bu bolsa, belleýşimiz ýaly, kanunçylyk namalarynyň logika bildirýän esasy talaplarynyň bozulmagyna we kadalaşdyryjy mümkinçilikleriniň peselmegine getirer.

Kanuny ýerine ýetirmek üçin döredilýän kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namasyna girişi (preambulany) goşmaly däldir, laýykaty boýunça ol hukuk kadalaşdyrmanyň esasy bolup

hyzmat etmeli däldir, sebäbi oňa kanundöredijileriň iş ýörelgelerini we maksatlaryny beýan edijilik häsiýeti mahsus däldir. Kanunasty nama üçin girişiň (preambulanyň) zerur bolan halaty düýpli kanun döredijilik ýalňyşlygynyň goýberilendigine, ýerine ýetiriji edaranyň kanun tarapyndan kadalaşdyrylmaly ulgama kadalaşdyryjy hukuk täsirini amala aşyrmaga başlan bolsa, munuň özi düýpli kanun döredijilik ýalňyşlygynyň goýberilendigine şaýatlyk edýär.

Şeýle-de, kanuny tutuşlygyna kesgitleýän umumy başlangyçlardan tapawutlylykda, hususy ýörelgeleri we maksatlary bolup bilmejek kanuny gurluş taýdan düzüjileri giriş (preambula) bilen açmak bolmaz.

Kadalaşdyryjy-hukuk namanyň başynda, gönüden-göni girişden (preambuladan) soňra (eger-de ol bar bolsa), aýratyn maddada ***umumy düzgünleri*** beýän etmek gerek. Ol ýa-da beýleki görnüşde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir ulgamynyň hukuk taýdan kadalaşdyrylyşy kesgitleýän şol görkezmeler hukugyň tutuş ulgamyna ýa-da intitutlaryň şol ulgamyny düzýän esli bölegine ýaýraýar. Şonuň ýaly umumy düzgünler hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň özüni alyp barşyna gönüden-göni täsir ediji görkezmeleri kesgitlemek üçin binýat hökmünde hem, şeýle-de şol anyk görkezmeleri dogry, anyk, ulgamlaýyn we bir şekilde düşündirmek üçin hem çykyş edýär. Olar deklaratiw düzgünlerden hukuk kadalaşdyrylyşa özbaşyna täsir edýändigi, edil kadalaşdyryjy görkezmeler hökmünde çykyş edýändigi bilen düýpli tapawutlanýar. Umumy düzgünler bilen hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň özüni alyp barşynyň rejesine gönüden-göni ugrukdyrylan görkezmeleriň arasyndaky logiki baglanşygy görmek bolýar.

Umumy düzgünleri islendik kadalaşdyryjy hukuk namasynda beýan etmegiň maksada laýyk gelmeýändigini bellemek gerek. Umumy düzgünleriň aýratyn kanunda beýan edilmegi we formal taýdan berkidilmegi, umumy düzgünleriň hukuk kadalaryň aýrybaşgalanan toparynyň – hukuk pudagynyň ýa-da ýöriteleşdirilen hukuk institutynyň esaslarynyň toplumlaýyn we ulgamlaýyn beýan edilmegi üçin hyzmat ediji aýratyn kanunda beýan edilmegi we formal taýdan berkidilmegi iň oňat görnüşi bolup durýar. Şonuň ýaly kadalaşdyryjy hukuk namasy hökmünde kodeksi (ýa-da kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň beýleki görnüşleri) ulanmak has maksadalaýyk bolar, sebäbi olaryň ülňüsi umumy düzgünleri beýän etmek we olaryň anyk görkezmeler bilen baglaşmagy üçin has golaý gelýär. Şeýle-de bolsa, mysal üçin, kodeksiň döredilmegi maksadalaýyk däldir, emma hukuk kadalaşdyrylyşyň aýratynlygyny görkezmek bar bolan halatlarynda şol düzgünleriň kanunyň başga görnüşlerinde kesgitlenilmegi mümkindir. Umumy düzgünleriň kanunasty namalarda beýan edilmegi maksada laýyk hasaplanylmaýar we diňe aýratynlyk hökmünde kabul edilip biler. Umumy düzgünleri kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalarynda beýan etmek maksada laýyk däldir (hasapdan aýrylmasa-da).

Umumy düzgünleriň beýan edilmegine we berkidilmegine kanunyň aýratyn gurluş düzüjisini we şunda maddadan has uly bolan baby, bölümi ýa-da bölegi (öňden bellenilişi ýaly, soňkusy kodeksler düzülende ulanylýar) bölüp bermek bolar. Kanunyň teksti boýunça gelýän aýry-aýry maddalarda umumy dügzünleri kesgitlemek, hukuk kadalaşdyrylyşyň subýektleri tarapyndan umumy düzgünleriň, şeýle-de olar bilen anyk görkezmeleriň arasyndaky logiki baglanşygyň dogry ýola goýulmagyny kynlaşdyryp biler.

*Hukuk taýdan kadalaşdyrmak ýörelgesi* hukuk taýdan kadalaşdyrmak üçin umumy düzgünleriň içinde iň möhümidir. Şol ýörelgeler beýleki kadalar üçin binýatlaýyndyr, ýöne hukuk kadalary ulgamyň her birinde (mysal üçin, hukuk ulgamynda) şonuň ýaly ýörelgeleriň ulgamy özbaşynadyr we ol gaýry pudaklaryň ýörelge toplumyndan düýpli tapawutlanyp biler. Ýörelgelerde pudagyň aýratynlygy, kähalatlarda bolsa, aýrybaşgalanan hukuk institutlarynyň aýratynlygy beýan edilýär. Özüniň wajyplygy babatda, hukuk taýdan kadalaşdyrylyşyň ýörelgeleri kanunlarda girişiň (preambulanyň) (eger ol bar bolsa) yz ýany, galan hemme görkezmeleriň öňünden beýan edilýär. Ýörelgäniň her biri üçin aýratyn madda ýa-da başga bir has iri gurluş düzüjisi bagyşlanan bolmalydyr. Hukuk kadalaşdyrylyşyň pudaklaýyn (ýörite) ýörelgeleriniň beýan edilmegi diňe şonuň ýaly ýörite gurluş düzüjisinde mümkindir, şonda hem umumy hukuk ýörelgelerini beýan etmek maksada laýykdyr.

Ýörelgeler hukuk kadasynyň (hukuk pudagynyň, hukuk institutynyň we beýlekileriň) kesgitli toparynyň kadalaryny beýan etmek üçin kanunçylyk logiki esasy bolup duran

kadalaşdyryjy hukuk namalarynda beýan edilýär. Şoňa baglylykda, ýörelgeleri kodekslerde beýan etmek maksada has golaý gelýär (olaryň kysymy onuň üçin has oňat görnüşde uýgunlaşandyr). Ýönekeý kadalaşdyryjy kanunlarda umumy düzgünleriň şu görnüşini beýan etmegiň geregi ýok. Şonuň ýaly-da, dürli kanunlaryň düzgünleri bilen hukuk taýdan kadalaşdyrylyşyň esasy ýörelgeleri hakyndaky düzgünleri gaýtalamagyň geregi ýokdur – hut şonuň üçin şol ýörelgeleriň bütewi, gaýtalanmaýan, esas goýujy, binýatlaýyn kanunda beýan edilmegi maksada has laýykdyr, şeýle edilmegi onuň dürli-dürli düşünilmeginden gaça durmaga mümkinçilik berýär. Eger-de haýsydyr bir sebäbe görä, hukuk taýdan kadalaşdyrylyşyň şol bir ýörelgelerini iki (ýa-da ondan köp) kanunda beýan etmeli bolsa, onda olaryň kesgitlemesi doly gabat gelmelidir. Kanun düzgünlerini anyklamagyň we takyklamagyň guraly bolup duran we hukuk taýdan kadalaşdyrmak üçin binýatlaýyn bolup bilmejek kanunasty kadalaşdyryjy-hukuk namalarda hukuk taýdan kadalaşdyrylyşyň umumy ýörelgelerini kesgitlemek we berkitmek düýbünden ýol berilgisizdir. Girişdäki (preamuladaky) ýaly, kanunasty namalaryň tekstinde hukuk taýdan kadalaşdyrylyşyň (pudaklaýyn ýa-da institutlaýyn) ýörelgelerini beýan etmek zerurlygy ýerine ýetiriji häkimiýetiň degişli edarasynyň öz üstüne kanunçylyk edaralaryň işini aljak bolýandygyna we kanunçykaryjylyk tehnikasynyň iň möhüm düzgünlerini gödek bozmak bilen, kanunçylyk taýdan kadalaşdyrylmaga mynasyp bolan gatnaşyklary öz görkezmeleri esasynda kadalaşdyrmaga synanyşýandygyna şaýatlyk edýär.

Umumy düzgünleriň dürli görnüşdäki kadalaşdyryjy-hukuk namalarda (diňe kodekslerde hem däl) ýygy-ýygydan beýan edilýän beýleki görnüşi *definisiýadyr*, ýagny edebi dilde meňzeşi bolmadyk ýa-da onda hukuk manysyndan tapawutly many berýän, *kanunda ulanylýan ýörite adalgalaryň kadalaşdyryjy kesgitlenmesi*. Şunuň ýaly definisiýalar kada talaplaryny dogry, esasan-da bir görnüşde kabul etmek üçin zerurdyr. Definisýalar hukuk, şeýle-de gaýry ýörite (tehniki, maliýe-ykdysady we beýleki) adalgalary kesgitlemek üçin talap edilýär.

Umumy düzgünleriň şu görnüşi kadalaşdyryjy hukuk namalarynda ýygy, hukuk taýdan kadalaşdyrmanyň ýokarda agzalan ýörelgelerinden has ýygy gabat gelýär. Mundan başga-da, definisiýalaryň kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalarda bolmagy hem mümkindir. Olar kodeksde, şeýle-de adaty kadalaşdyryjy kanunlarda berkidilip bilner. Definisiýalaryň hatda kanunasty kadalaşdyryjy-hukuk namalarynda gabat gelýän ýagdaýlary hem bar – eger-de degişli adalgalar diňe kanunasty derejede (mysal üçin, ähmiýeti boýunça ikinji derejeli dar ýaýrawly jemgyýetçilik gatnaşyklary kadalaşdyrylanda ulanylýan ýöriteleşdirilen tehniki adalgalar ýa-da ýaýramadyk hünär hukuk düşünjeleri ulanylanda) ulanylýan bolanlygynda.

Eger-de, ýörite hukuk adalganyň resmi taýdan kesgitlenmesi kanunlarda bar bolsa, ony kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namalarynda gaýtalamagyň geregi ýok. Şeýle-de, kanunçylykda eýýäm bir gezek kesgitlenen adalga kanunda kesgitleme bermeli däldir, definasiýa gaýtalanýan bolsa, eýýäm berkidilen kanuny kesgitlemä anyk laýyk gelmelidir. Başgaça bolanynda, kanunçylygyň adalgalarynyň bir görnüşliligini üpjün etmek mümkin däldir, kanunçylykda ulanylýan adalgalaryň hakyky manysynda bulam-bujarlyk we gümürtiklik ýüze çykýar. Şol talabyň berjaý edilmegi netijesinde kanunçylygyň bütewi we garşylykly däl ulgamyny döretmek üçin zerur bolan kanunçylyk adalgalarynyň we düşünjeleriniň bir nusgawa getirilen ulgamy emele gelýär.

Adalganyň kesgitleýän hadysasynyň ýa-da mazmunynyň düýpli alamatlaryny sanap geçmek definisiýany emele getirýär. Kesgitlemede şonuň ýaly hilli alamatlar köp boldugyça oňatdyr, sebäbi olaryň sanynyň köplügi adalganyň manysynyň dürli düşünilmegini kemeldýär. Şunda, şol mazmunyň özeni beýan edilýän diňe düýpli alamatlaryň definisiýada beýan edilmegi möhümdir. Definisiýa aňly-başly bolmalydyr, ýagny kesgitlenilýän düşünje bilen gabat gelmelidir. Şonuň ýaly düşünjede ulanylýan adalgalary definisiýa salmak (gaýtalamak) gödek ýalňyşlyk bolar.

Öňden aýdylşy ýaly, kanunyň aýratyn bir maddasynda (kanunasty kadalaşdyryjy hukuk namasynyň bendinde) sanalyp geçilmegi maksada has laýyk hasaplanylýar. Şunuň ýaly jemlenen görnüşde olary elipbiý tertibinde beýan etmelidir. Şu ýagdaýda, hukugyň amala aşyrylyşynyň barşynda tekstde ulanylýan ýörite adalgalaryň gözlegi, düşünilmegi we esasy zat, özleşdirilmegi

bilen kynçylyk ýüze çykmaz. Şonuň ýaly görnüşde berkidilen definisiýany tapmak kyn bolar. Adalgalaryň ähmiýeti hakynda bir gezek maglumat alyp, hukuk gatnaşyklarynyň kadalaşdyryjy hukuk namasynyň tekstini öwrenýän gelejekde olara düşünmek babatda kynçylyk çekmez.

Emma, aýratyn maddanyň definisiýalara bagyşlanylmagy hemişe mümkin bolmaýardy we maksada laýyk däldi. Göwrümli kadalaşdyryjy hukuk namasynda düşündirişi talap edýän adalgalaryň köp bolmagy mümkin, ilkibaşda olaryň kesgitlemesiniň toplanmagy düşünjeleriň manysynyň hemişe ýatdan çykarylmagyna getirer, hukuk gatnaşyklarynyň subýekti hemişe ýörite giriş maddasyna ýüzlenmek bilen bulaşar, namany bütewi birleşdirýän logiki zynjyry ýitirer. Mysal üçin, hukugyň ylmy taýdan işlenilen uly pudagyny hukuk taýdan kadalaşdyrylyşy kesgitleýji kodeks işlenilende, ýokarda agzalan adalga kesgitleýjilerini aýratyn gurluş düzüjisine ýygnamagyň geregi ýokdur, gowusy ulanylşyna baglylykda tekst boýunça şonuň ýaly kesgitlemeleri getirmek bolar. Ýagny, adalga kadalaşdyryjy-hukuk namasynda ilkinji gezek ulanylanda, onuň doly kesgitlemesi getirilýär, soňra bolsa, ýaýyň içinde şol düşünjäniň soňra kesgitlenen adalga bilen alamatlandyrylýandygy aýdylýar. Aýratyn-da ol kanunyň diňe kesgitli böleginde ulanylýan adalgalary kesgitlemek üçin gabat gelýär.

Alymlaryň käbiri kadalaşdyryjy-hukuk namalaryň tekstindäki definisiýalary kesgitlemegiň başga usullaryny teklip edýär,[46] emma kanunçykaryjylyk tejribesinde diňe şol iki usulyny ulanmagyň şowly tejribesi duş gelýär. Onuň doly ýeterlik bolmagy mümkindir.

Esasy hukuk adalgalary kesgitleninden soňra, kanunçylyk namanyň tekstinde gaýry umumy düzgünleri berkitmek gerek. Olaryň sanyna hukuk gurnawlary, hukuk prezumpsiýalary we fiksiýalary, hukuk aksiomalary degişlidir. Kanunyň logikasy olaryň kesgitlenmegini we hukuk gatnaşyklarynyň subýektiniň özüni alyp barşyna gönüden-göni görkezmeleri özünde jemleýän görkezmeleriň öň ýanyndaky ýörite düşünjeler kesgitlenilenden soňra berkidilmegini göz öňünde tutýar. Şol umumy düzgünleriň beýan edilmegi üçin kodeksler has laýyk gelýär.

Islendik kanunyň ýa-da kanunasty namanyň esasy mazmun bölegi ***kadalaşdyrylýan mesele boýunça anyk hukuk görkezmeleriň beýan edilmegidir***. Şol gurluş düzüjisi kadalaşdyryjy hukuk namanyň özeni bolup durýar, galan bölekleriň hemmesi onuň logiki we mazmun tabynlygyndadyr.

Şol gurluş düzüjisi gurlanynda, kadalaşdyryjy talaplaryň we rugsatlaryň gönüden-göni kesgitlenmeginiň barşynda, beýan edilmegi jemgyýetçilik durmuşy we ösüşi üçin ýaramsyz, gerekli däl netijelere getirjek talaplary taslamazlyk üçin olary ulanmagyň mümkin netijelerine baha bermek gerekdir. Görkezmeleriň hakykylygy we ýerine ýetirijiligi hakynda, olaryň kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň derejesine gabat gelmegini, olary goramagyň ygtybarly mehanizminiň bolmagyny alada etmelidir. Kanunçykaryjynyň işiniň hut şu tapgyrynda onuň kanunyň logikasyna, ýazylyş usulyna we diline eýeçilik etmegi, söz bilen öz piriklerini, düşünjelerini we arzuwlaryny anyk we düşnükli beýan edip bilme ukyby göze görünýär.

Anyk hukuk görkezmeleri kadalaşydyrjy hukuk namasynyň düzgünlerinde kadalaşdyryjy hukuk namanyň subýektiniň şol nama tarapyndan görkezilýän hereket (hereketsizlik) görnüşine eýermeli bolan şertlerini berkitmek ýoly bilen beýan edilýär, soňra - özüni alyp barmagyň şol zerur (ýa-da görkezmäniň häsiýetine baglylykda mümkin bolan) modeli beýan edilýär. Logikanyň düzgünlerine görä, şonuň kysmy ülňi has oňaýlydyr we kadalaşdyryjy namada beýan edilen hukuk düzgünini has netijeli, doly we ulgamlaýyn kabul etmegi üpjün edýär.

Gönüden-göni hukuk görkezmeleriň beýan edilmegi diňe olaryň gipotezasyny we dispozisiýasyny kesgitlemekligi göz öňünde tutýar. ***Görkezmäni ýerine ýetirmändigi üçin çäräni (sanksiýany)kesgitlemek,*** hukuk kadalarynyň ýerine ýetirilmezligi üçin döwletiň mejburylyk çärelerine salgylanma görkezmeden soňra, aýratyn beýan edilmelidir. Onuň ýaly kada özüňi alyp barmanyň belli bir talabyny kabul etmegiň psihologiki mehanizminiň aýratynlyklaryndan gelip çykýar – adamyň aňyna ilki bilen talabyň mazmuny, soňra bolsa, oňa tabyn bolmagyň zerurlygyny talap edýän ýagdaýlar ýetmelidir.

[46] Ser. mes. Кашанина Т.В. Юридическая техника. М. 2007; Туранин. В. Ю. Проблема выбора оптимального способа закрепления дефиниций в законодательном тексте//Законодательная техника современной России: состояние, проблемы, совершенствование. J. 1. Нижний Новгород, 2011, sah.253.

Jeza çäresi (sanksiýa) kesgitlenilende namada beýan edilýän kadalaryň degişli bolan hukuk pudagynyň aýratynlyklaryny, şol pudakda ulanylýan çäreleri we hukuk jogapkärçiliginiň ülňülerini hasaba almak gerek.

Ähmiýetiniň kemligi sebäpli kadalaşdyryjy hukuk namanyň täze tekstinde beýan edilmedik ikinji derejeli kadalaryň hemmesi ***geçiş we jemleýji düzgünlere bagyşlanan maddada ýa-da bapda*** aýratyn beýan edilýär. Şonuň ýaly bölüm (aýratyn bap, madda we ş.m.) namanyň soňunda ýerleşdirilýär.

Kanunyň güýje girme tertibine aýratyn gurluş birligi bagyşlanýar. Güýje girmek hakyndaky madda kanun tarapyndan standart diýlip kesgitlenileninden tapawutlylykda şol kanunçylyk namanyň güýje girme aýratyn tertibini belli etmeli bolanynda oturtmak zerur bolan halatynda girizilýär. Ilkinji nobatda ol kanunyň ýa-da onuň aýry-aýry bölekleriniň (bölümleriniň, baplarynyň, maddalarynyň) güýje girme möhletiniň belli edilmegine degişlidir. Şunda, kadalaşdyryjy hukuk namanyň güýje girme senesini seneler ýaýrawynyň güýji bilen kesgitlemek ýol berilmeýär. Kanunyň anyk senenama senesi kesgitlenilen güýje girmek pursatyny bolup geçjek hadysa hökmany garaşly edip goýmaly däldir.

Zerurlyk ýüze çykan halatynda, ýörite bölümde kadalaşdyryjy hukuk namanyň yza gaýtgyn güýji barmy, onuň düzgünleri onuň güýje girmeginden öň dörän gatnaşyklara ýaýraýarmy, eger ýaýraýan bolsa, onda haýsysyna anyk ýaýraýandygy kesgitlenilýär. Eger-de namanyň yzyna gaýtgyn güýji bar bolsa, kazyýetler ýa-da döwlet edaralary tarapyndan çözülen işleriň täze kanunyň düzgünlerine laýyklykda bes edilen ýa-da gaýtadan seredilen, iş ýöredijilikdäki işleri tamamlamagyň usullary belli edilýär.

Täze kanunyň (kanunasty namanyň) kabul edilmegi bilen öz güýjüni ýitirýän ýa-da üýtgetmelere sezewar bolýan kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny hem şu bölümde sanap geçmek gerekdir. Aslynda, şu kanuna gapma-garşy köne kanunlaryň güýji ýokdur diýilýäniniň jany bar, ýöne ol hukuk ulanyjylar üçin kynçylyklary döredýär, şonuň üçin ondan gaça durmak we onuň kanuny güýje girmegi bilen bagly hereket edýän kanunçylykdaky üýtgetmeleriň hemmesini kanunyň täze tekstinde kesgitlemek gerekdir. Güýjüni ýitiren diýlip hasaplanylmaly kanunçylyk namalary şonuň ýaly sanawda senenama tertibinde (olaryň gol çekilen senesi boýunça) ýerleşdirilýär. Şol bir senede gol çekilen kanunçylyk namalary hasaba alnan belgileri boýunça ulalýan tertipde ýerleşýär. Güýjüni ýitiren diýlip bilinmeli kanunçylyk namalaryň sanawy hukuk taýdan esaslandyrylan we doly bolmalydyr, degişlilikde şol sanaw düzülýän täze nama gapma-garşy gelýän hiç bir kanunçylyk namasy ünsden gaçmaly däldir.

Zerurlyk ýüze çykan halatynda, täze nama ýaly şol bir mazmuny kadalaşdyrmaga bagyşlanan namalaryň haýsysynyň we haýsy bölümde öz güýjüni saklaýandygy ýatlanylýar (mysal üçin, gürrüň Sowet Soýuzynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň güýjüni saklamagy hakynda barýan bolsa). Şol ýerde kanunçylyk ulgamyna girizilen üýtgetmeler bilen bagly, edaralaryň we wezipeleriň döredilmegi, saklanylmagy ýa-da ýok edilmegi barada görkezmek bolar.

Geregi bolmasa-da, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taýýarlanmagynyň – kabul edileniniň ýerine ýetirilmegi, şeýle-de bar bolan kanunçylygyň (mysal üçin, pudaklaýyn kanunasty namalar) onuň bilen laýyklyga getirilmeginiň zerurlygy hakyndaky düzgünleriň berkidilmegi mümkindir.

## 8.3. Hukuk kada düzgünlerini kadalaşdyryjy hukuk namasynda beýan etmegiň usullary we tärleri

Hukuk görkezmelerini kanunçylyk tekstinde beýan etmegiň usullary we tärleri köpdür. Olardan iň möhümlerini gözden geçireliň.

Hukuk kadasyny kadalaşdyryjy-hukuk namasynda beýan etmegiň ülňüsine baglylykda, şonuň ýaly beýan etmäniň iki – ***abstrakt*** we ***kazuistik*** usullary belli edilendir.

**Abstrakt usuly** durmuşdan mysallara esaslanmazdan anyk durmuş baglanyşygy bolmazdan, umumylaşdyrylan görnüşde düzülýändigi bilen häsiýetlenýär. Abstrakt kadasy görkezmeleri umumy maşgala häsiýetnamasy, mahsus alamatlary we kadalaşdyrylýan gatnaşyklaryň ýüze çykmagy we olaryň çäklendirilmegi üçin niýetlenen görkezmeler bilen baglaýar. Kada bilen kadalaşdyrylýan we olary hökmany özüni alyp barmagy bilen ugrukdyrylýan hukuk hadysalaryň, gatnaşyklara gatnaşyjylaryň alamatlary we umumy kesgitlemeleri berilýär. Abstrakt usuly kadalaşdyryjy hukuk namanyň tekstinde özüňi alyp barmanyň nusgalaryna salgylanma hökmünde anyk mysallara görkezmeleri göz öňünde tutmaýar. Ol ýagdaýda kanunçylyk namanyň tekstinde diňe umumy görkezmeler bar, hukuga laýyklykda özüňi alyp barmanyň, buýrugy alyjylaryň, talaplary berjaý etmezligiň netijeleriniň we ş.m. alamatlary düzgünleşdirilýär. Abstrakt usuly bilen beýan edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň maddalary olaryň ýeterlik derejede işjeň düşündirilmegini göz öňünde tutýar.

**Kazuistik usuly** kadalaryň esasy düzgünleriniň hemmesiniň mysal, nusga hökmünde ulanylýan ol ýa-da beýleki anyk hadysalary (çylşyrymly hadysalary) sanap çykmak bilen, özbaşdak ýörelge bilen häsiýetlenýändigini aňladýar. Kazuistik kada görkezmeleri (adatça, gipotezany we hukugyň kanunçylykda berkidilýän kadasynyň dispozisiýasyny) aýry-aýry berk kesgitlenen hususy ýagdaýlar bilen baglaşdyrýar. Eger-de şonuň ýaly hususy ýagdaýy abstrakt usulyň kömegi bilen kesgitlemek kyn düşse (ýa-da asla mümkin bolmasa), onuň ulanylmagy dogry hasaplanylýar. Hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyny, üýtgemegini ýa-da bes edilmegini esaslandyryjy ýagdaýlaryň doly sanawy berilýär, sanawy maddada doly berlen anyk görkezmeler getirilýär, hukuk kadalaşdyrylmasynyň subýektleriniň hemmesi sanalýar. Görkezmeleri beýan etmegiň kazuistik usuly olaryň işjeň düşündirilmegine mümkinçilik bermeýär, kähalatlarda bolsa, ony düýbünden aýyrýar (mysal üçin, bir zadyň ýapyk sanawy berleninde). Şol usulyň ulanylşynyň mysaly hökmünde Türkmenistanyň Raýat Kodeksiniň 8-nji maddasyny görkezmek bolar. Ady agzalýan maddada raýat hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagy üçin esas bolup hyzmat edip biljek anyk hadysalaryň berk kesgitli we ýapyk sanawy bar.

Kanun döredijiliginde, hukuk taýdan kadalaşdyrylyşyň dolulyk häsiýetnamasyny ileri tutmak bilen, her anyk ýagdaýda olaryň arasyndan saýlap almany kesgitlemek bilen şol usullaryň ikisini hem ulanmak gerekdir. Şonuň ýaly kadalaşdyrylyşyň dolulygy üçin jemgyýetçilik gatnaşyklaryny has giňişleýin almak bilen, hukukdaky boşluklardan gaça durmaga mümkinçilik beriji abstrakt usuly has-da kabul ederliklidir. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryny abstrakt usulynda beýan etmeklik kanun döredijilik işine gatnaşyjylaryň has ýokary derejeli kanunçylyk tehnikasyndan habar berýär. Emma, kazuistik usuldan doly ýüz öwräýmegem mümkin däl, dogrusy beýle etmegiň geregi hem ýok. Kazuistik usul has anyk we kesgitlilik, şeýle-de has jikme-jik dürslük (düşündirmek zerurlygy bolmazdan) bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Şonuň üçin-de, görkezmeleri abstrakt usulda beýan etmäni hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň dolulygy, onuň ählumumylygy möhüm bolan halatynda ulanmak, kazuistik usuly bolsa, görkezmeleriň giňişleýin düşündirilme mümkinçiligini aradan aýyrýan we has anyklygy talap ediji gatnaşyklary kadalaşdyrmakda laýyk gelýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddasynda hukuk kadasyny doly beýan etmekden gelip çykmak bilen, hukuk ylmynda kadalaşdyryjy-hukuk namasynyň maddalarynda hukuk kadasyny beýan etmegiň üç usuly belli edilýär: gönüden-göni, ugradylýan we blanket.

**Gönüden-göni usul** hukuk kadasyny tutuşlygyna, şeýle-de onuň üç elenemtiniň kadalaşdyryjy hukuk namanyň bir maddasynda beýan edilmegi göz öňünde tutýar. Raýat hukugynyň kadalary beýan edileninde şu usul has ýygy ulanylýar. Görkezmeleriň tehniki täsirliligi, dolulygy, anyklygy babatda ol usul idealdyr, emma, gynansak-da, tejribede seýrek ulanylýar. Bir maddada ulanylmadyk halatynda ulanyş şertleri we jeza çäreleri (sanksiýa) bilen bilelikde hukuk görkezmeleriniň (köplenç çylşyrymlylygy we köp manylylygy bilen häsiýetlendirilýän) hemmesini beýan etmek örän çylşyrymlydyr, kähalatlarda bolsa, asla mümkin däldir. Adat bolşy ýaly, gönüden-göni usul göwrümi boýunça uly bolmadyk we ähmiýeti boýunça ikinji derejeli hukuk kadalary beýan etmek üçin ulanylýar.

Hukuk kadasyny beýan etmegiň **ugradylýan usuly** onuň şol bir kadalaşdyryjy-hukuk namasynyň birnäçe maddasynda beýan edilmegini göz öňünde tutýar. Şol usul uly göwrümli kadalaşdyryjy hukuk namalaryň maddalarynda hukuk kadalaryny – mysal üçin, kodeksleriň beýan edilmegine laýyk gelýär. Şonuň kysmy namanyň maddalarynda biri-birine bolan salgylanmalar bar. Mysal hökmünde, Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksiniň 59-njy maddasynyň 2-nji bölegini getirmek bolar: «Şu Kodeksiň 57-nji maddasynda göz öňünde tutulan aýry-aýry ýumşadyjy ýagdaýlaryň, şeýle-de, ýagdaýlaryň toplumy”,[47] ýagny şol maddanyň çaklamasynyň bölegi şol Kodeksiň beýleki maddasynda bardyr. Ugradylýan usul manysy boýunça özbaşdak köp, emma aralarynda özara baglanyşykly uly we çylşyrymly kadalaşdyryjy hukuk namanyň bütewiligini üpjün etmek üçin niýetlenendir.

**Blanket usuly** hukuk kadalarynyň dürli kadalaşdyryjy hukuk namalarynda, haçan-da bir namanyň maddalarynda beýleki kanuna ýa-da kanunasty namasyna salgylanma bal bolan halatynda beýan edilmegini aňladýar. Şol ýagdaýda bir kadalaşdyryjy hukuk namasynda ýetmeýän hukuk kadasynyň many düzüjisini almak üçin ýüzlenmeli bolan beýleki nama ýüzlenme bar. Mysal hökmünde, jenaýat işini bes etmek hakyndaky çözgüdi resmileşdirmek amalyny çäklendirýän Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 33-nji maddasynyň 2-nji bölegini getirmek bolar: «Prokuroryň rugsady esasynda, kazyýet, kazy, aňtawçy şeýle-de sülçi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 71-73-nji maddalarynda görkezilen esaslar boýunça jenaýat işini bes etmek hakynda kesgitleme ýa-da karar çykaryp biler».[48] Gipotezanyň (kadanyň güýje girmegi şerti bilen) yzysüre, şol bölek beýleki nama – Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine salgylaýar.

## 8.4. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynda salgylanmalary resmileşdirmegiň düzgünleri

Ýokarda bellenilişi ýaly, kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň köpüsi ugradylýan we blanket usullaryny ulanmak bilen hereket edýän kanunçylykda beýan edilýär we beridilýär. Hukuk kadalaryny beýan etmegiň şol usullary degişli jemgyýetçilik gatnaşyklary jikme-jik kadalaşdyrýan beýleki kadalaşdyryjy hukuk namasyna **salgylanmany** (mysal üçin, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namasy bilen berkidilen düzgünleriň bozulmagy üçin jogapkärçiligi özünde saklaýan) öz içine alýan ýa-da şol bir kadalaşdyryjy hukuk namanyň beýleki maddasyna salgylanmany öz içine alýan aýratyn görkezmeleriň ulanylmagyny göz öňünde tutýar. Salgylanma *şol ýa-da gaýry kadalaşdyryjy* hukuk namanyň *kesgitlenen maddasynyň haýsydyr bir hukuk kadasynyň elementine ýüzlenmä* berilýän görkezmedir.

Belli bir kanunyň ýa-da kanunasty namanyň anyk maddasyna dogry görkezme bermezden kadalaşdyryjy hukuk namanyň beýleki hukuk kadalary bilen baglanyşygyny umumy görnüşde görkeziji **ugratmalary** salgylanmalardan aýrybaşgalamalydyr. Mysal üçin, “hereket edýän kanunçylyk boýunça”, “kanun tarapyndan bellenilen tertipde”, “kanunda bellenilen esaslar boýunça” we ş.m. jümleler ugradylan bolup durýar.

Salgylanmalar beýan edilýän kadanyň birligini we bütewiligini üpjün etmelidir, onuň gurluş we many düzüjileriniň arasynyň üzülmegine ýol bermeli däldirler. Hut şonuň üçin-de kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döretmegiň düzgünleri kanun döredijilik işine gatnaşyjylaryň gyşarnyksyz eýermeli bolan salgylanmalar ulgamyny döretmegiň kadalaryny we usullaryny özünde jemleýär. Şol kadalaryň berjaý edilmezligi kanunçykykdaky hukuk kadalaryny beýan ediji ulgamyň bütewiliginiň bozulmagyna getirýändigi, hukuk kadalaşdyryşyň subýekti üçin

---

[47] “Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek we onuň täze redaksiýasyny tassyklamak barada” Türkmenistanyň Kanunynyň täze neşirinde ykrar edilen Türkmenistanyň Jenaýat Kodeksi, №104-IV, 2010-njy ýylyň 10-njy maýy. (Türkmenistanyň Mejlisiniň Habarlary. 2010ýy., №2, madda 28) soňky üýtgetmeler we goşmaçalar bilen.

[48] “Türkmenistanyň Jenaýat-Prosessual Kodeksini tassyklamak we güýje girizmek barada” Türkmenistanyň Kanunynyň tarapyndan ykrar eilen Türkmenistanyň Jenaýat-Prossesual Kodeksi, №28-IV, 2009-njy ýylyň 18-nji apreli. (Türkmenistanyň Mejlisiniň Habarlary. 2009ýy., №2, madda 29) soňky üýtgeşmeler we goşmaçalar bilen.

kadalaşdyryjy hukuk görkezmäniň düýp manysy hakynda toplumlaýyn netijäni alyp bolmaýandygy üçin has-da howpludyr.

Ilkinji nobatda, salgylanmalary öte köp ulanmagyň geregi ýok. Olaryň ýygy-ýygydan we gerekmejek ýerinde ulanylmagy kanunçylykdaky kadalaşdyryjy hukuk namanyň manysyna bütewi we dürs düşünilmegini örän kynlaşdyrýar. Maddalarda başga maddalara, şeýle-de öň kabul edilen kanunçylyk namalaryna salgylanmak, hukuk kadalarynyň özara baglanşygyny görkezmek zerurlygynda ýa-da gaýtalanmalardan gaça durmaly bolanlygynda ulanylýar.

Häzirkizaman hukuk ulgamlarynyň kada döredijilik tejribesinde ulanylýan salgylanmalaryň iki görnüşini aýrybaşgalap bolýar. **Ugrukdyryjy salgylanmalaryň** kadalaşdyryjy-ugrukdyryjy manysy ýokdur, olar diňe şol bir kanunçylyk namanyň beýleki böleklerine ýa-da şol salgylanmasy bolan maddany dogry düşünmeli we ulanmaly bolan beýleki maddalara salgylanma berýär. Olaryň düşündiriş berijilik, düşündirijilik häsiýeti agdyklyk edýär. Maşgala we nika hakynda Türkmenistanyň Kodeksiniň 171-nji maddasy şonuň mysaly bolup biler: «Hossarlyk we howandarlyk edaralary çagalar terbiýelenmäge öz ene-atasyna gaýtarylyp berleninde, ogullyga alnanynda, şeýle-de hossarlyk we howandarlyk astyndaky şahslar döwlet we jemgyýetçilik edaralaryna ýerleşdirilende hossarlary we howandarlary jogapkärçilikden boşadýar (şu Kodeksiň 156-njy maddasy)».[49] **Ugrukdyryjy** salgylanmalaryň kadalaşdyryjy häsiýeti bar we olar şol maddalaryň tabynlyk häsiýetini kesgitlemek bilen, kanunçylygyň dürli maddalarynda beýan edilen hukuk görkezmeleriň arasyndaky hökmany baglanşygy kesgitlemek üçin hyzmat edýär. Hut şol ugrukdyryjy salgylanmalar hukuk kadalaşdyrmasynda möhüm orun eýeleýär we şonuň üçin olara aýratyn üns berilmelidir.

Diňe güýje giren (herekete giren) kanunçylyk namalaryna salgylanmalar berlip bilner. Güýjüni ýitiren kanunçylyk namalaryna we kanuny taslamalara salgylanma berilmeýär. Eger-de salgylanylýan kadalaşdyryjy hukuk nama güýjüni ýitiren bolsa, salgylanma düzedilmelidir, – gowusy täze kadalaşdyryjy hukuk nama salgylanmalydyr. Diňe türkmen kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we Türkmenistanyň ratifisirlän halkara ylalaşyklaryna salgylanyp bolar.

Kanunçylyk namalaryndaky salgylanmalar diňe ýokary ýa-da deň hukuk güýji bolan kanunçylyk namalaryna berlip bilner. Hukuk güýji pes anyk kadalaşdyryjy hukuk namalaryna ýa-da olaryň aýry-aýry gurluş birliklerine salgylanmalar berilmeýär (mysal üçin, kanunda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň anyk kararyna salgylanma).

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň tekstinde öz nobatynda sagylanma bolup duran beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň kadalaşdyryjy görkezmelerine salgylanmalar (salgylanmalara salgylanmalar) ýol berilgisizdir.

Türkmenistanyň hereket edýan kanunçylyk ulgamynda ulanylýan salgylanmalary resmileşdirmegiň anyk düzgünlerini öwrenmäge geçeliň.

Kanunçylyk namasyna salgylanma etmek zerurlygy ýüze çykan halatynda, belli bir yzygiderlilikde onuň şu serenjamlary görkezilýär: kanunçylyk namanyň görnüşi we ady (mysal: «… öz işini "Tükmenistanda saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça Merkezi Topar hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda guraýar).

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna salgylanmalar gürrüňiň hut Türkmenistanyň Konstitusiýasy hakynda barýandygyny bellemek bilen resmileşdirilýär. Hut hereket edýän Konstitusiýanyň göz öňünde tutulýandygy hakynda ýörite görkezilmeýär – şeýle edilmegine zerurlyk ýok, hereket etmeýän resminamalar salgylanylmaýar.

Hut şol sebäpden, kodekse bolan salgylanmada kodeksiň diňe ady görkezilýär. Kodeksiň gol çekilen senesi we hasaba alyş belgisi görkezilmeýär, emma gürrüňiň Türkmenistanyň kodeksi hakynda barýandygy belli edilýär («…Türkmenistanyň Gümrük kodeksi tarapyndan bellenilen tertipde», «…Türkmenistanyň Raýat Kodeksiniň ikinji bölegine laýyklykda»). Birnäçe bölekden ybarat kodeksiň anyk maddasyna salgylanmalarda, kodeksiň böleginiň ady (umumy ýa-da aýratyn), şol böleklerdäki maddalaryň zowwam belgilenýändigi sebäpli (mysal üçin,

---

[49] Türkmenistan SSR-niň Kanuny tarapyndan tassyklanylan Türkmenistan SSR-niň Nika we maşgala Kodeksi, 1969ý. 29-njy dekabry. (TSSR-iň Yokary Sowetiniň Habarlary. 1969ýy., №24, madda 141) soňky üytgetmeler we goşmaçalar bilen.

“Türkmenistanyň Salgyt kodeksiniň 221-nji maddasy bilen kadalaşdyrylýar”, “Türkmenistanyň Raýat-iş ýörediş kodeksiniň 217-nji maddasy bilen kesgitlenen tertipde”, “Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 190-njy maddasyna laýyklykda”) görkezilmeýär. Şunda, kodekslere salgylanmalarda şol kodeksleriň adyny we abbrewiaturasyny gysgaltmaga (JK, RK, Türkmenistanyň AHBK we ş.m.) ýol berilmeýär, sebäbi şonuň ýaly abbrewiaturalaryň bütewi ulgamy ýok we bulam-bujarlyk we kesgitsizlik bolup biler (mysal üçin, “Türkmenistanyň ZK” deň derejede “Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi” diýlip hem düşünilip bilner).

Tutuş kanunçylyk namasyna däl-de onuň kesgitli gurluş bölegine salgylanma bermek zerurlygynda, ilki bilen şol anyk birlik görkezilýär (kiçisinden başlamak bilen). Şunda maddanyň we has ownuk birlikleriň (eger olar bar bolsa) görkezilmegi hökmanydyr, kadalaşdyryjy-hukuk namanyň has iri gurluş birlikleri görkezilmeýär.

Şol bir kadalaşdyryjy hukuk namanyň gurluş birliklerine bolan salgylanmalar (hukuk kadasyny beýan etmegiň ugradyjy usuly ulanylanda), ýönekeýleşdirilen görnüşde, şol amalyň hemme serenjamlaryny görkezmezden şunuň ýaly resmileşdirilýär: «…şu Kanunyň 4-nji babynda bar bolan», «…şu babyň düzgünlerine laýyklykda», «…şu Kodeksiň 15-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda», «… şu Kodeksiň 5-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda», «…şu maddanyň 1-nji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda», «…Şu Kodekse laýyklykda».

## 8.5. Kadalaşdyryjy hukuk namalara üýtgetmeler girizmegiň düzgünleri we kadalaşydyjy hukuk namalary ýatyrmagyň düzgünleri

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň üýtgedilmegi kanundöredijilik prosesiň aýrylmaz düzüm bölegi bolup durýar. Kanunçylyk ulgamy hemişe üýtgäp dur we şeýle bolmalydyr. Şeýle edilmegi onuň kämil dälliginiň ýa-da ony döredenleriň kanun tehnikasyny bozanlygynyň netijesi däldir. Ol jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bir ýerde durmaýanlygynyň, olaryň hemişe we öňe gidijilikli ösýänliginiň alamatydyr. Şol bir wagtda kanunçylyk ulgamy hem täzelenmelidir, könelişen we hukuk häsiýetini ýitiren düzgünler, täze jemgyýetçilik şertlerine gabat gelýän, ýaşaýşyň täze talaplaryna we jemgyýetiň ösüşine jogap berýän täzeleri bilen çalşylmalydyr. Kähalatlarda, namanyň bir anyk maddasyna üýtgetme girizilen halatynda ol täze hukuk häsiýetine eýe bolýar, onuň üçin täzesini kabul etmäniň hajaty ýok. Hut şonuň üçin, kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna üýtgetmeleri girizmek adaty ýagdaý bolmak bilen, şonuň kysmy üýtgetmeleri girizmegiň kadalaryny öwrenmek kanunçylyk tehnikasynyň aýrylmaz bölegidir. Kanunçylykda hukuk häsiýetini ýitiren ýa-da hukuk güýji ýokary bolan has soňraky namalara çapraz gelýän könelişen namalaryň aşa köpelmegi kanunçylygyň netijeliligini we ugrukdyryjy mümkinçiliklerini düýpli peseldýär. Türkmen kanunçylygy üçin hem bu mesele wajypdyr.

Kadalaşdyryjy hukuk namanyň üýtgedilmegi şol bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan başga bir namanyň (hukuk güýji boýunça oňa deň ýa-da has ýokary) kabul edilmegi ýoly bilen amala aşyrylyp bilner. Soňraky kabul edilen nama öňki kabul edilenlere garanyňda hereket etmekde ileri tutulýar, meseleler onuň bähbidinde çözülýär. Emma hereket edýän kanunçylygyň täzelenmeginiň şunuň ýaly usuly hiç jähtden kabul ederlikli däldir. Şonuň ýaly üýtgetmeleriň netijesinde hukuk taýdan kadalaşdyrmanyň subýektleriniň üýtgetmeleriň manysyny öz wagtynda özleşdirmäge, olaryň özüni alyp barşyna hukuk taýdan bildirilýän täze talaplar hakynda düşünje almaga mümkinçiligi ýok. Üýtgetmeleri awtomatlaşdyrylan görnüşde sessiz-üýnsiz, diňe beýleki namada täze düzgüni berkitmek ýoly bilen kanunçylyk namalaryna girizmek tejribesi kanunçylygyň tehniki derejesiniň pesligine şaýatlyk edýär we täze düzgünleriň ugrukdyryjylyk netijesiniň peselmegine getirýär. Ondan başga-da, köne we täze kanunlar doly kesişmeýärler we netijede durmuşa ornaşdyrmaga degişli kadalar kesgitlenilende hukugy durmuşa geçirmek (esasan-da hukuk ulanyjylyk) tejribesinde çynlakaý düşünmezçilikler we ýalňyşlyklar mümkindir.

Kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleriň hemmesi dürs we anyk kesgitlenen, şeýle-de resmi taýdan ýerine ýetirilen bolmalydyr. Hukuk taýdan kadalaşdyrmanyň subýektiniň haýsy kanunyň ýa-da kanynasty namanyň haýsy maddasyna, bölegine ýa-da ak setirine üýtgetmeleriň ýa goşmaçalaryň girizilýändigi hakynda gutarnykly pikiri bolmalydyr. Şonuň bilen baglylykda, üýtgetmeleri girizmek hakynda ýörite namanyň kabul edilmegi bilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryna islendik üýtgetmeleri goşmak zerur hasap edilýär.

Şonuň ýaly usul bilen kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleri girizmek üçin üýtgetmelerden soň kanunçylygyň ulgamlaýynlygyny saklamaga we bulam-bujarlykdan, gaýtalanmalardan, esasanam, boşluklardan we hyýal ýüwürtmelerden gaça durmaga mümkinçilik berýän ýörite tehnika ulanylýar. Ondan başga-da, kadalaşdyryjy hukuk namalaryna üýtgetmeleri girizmegiň usulyýetini ylmy taýdan işlemek hukuk taýdan kadalaşdyrylýan subýektiň aňyna edilýän kanundöredijilik täsiriniň bütewiligini saklamaga, şeýle-de köne (ýatyrylan) we täze düzgünleriň arasynda yzygiderliligi saklamaga mümkinçilik berýär.

Bar bolan kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleri girizmegiň düzgünlerini bir görnüşe getirmäge we olary sanamaga synanşalyň.

Üýtgetme girizmek diýip, şulara düşünilýär:

- Sözleri, sanlary çalyşmak;
- Sözleri, sanlary, sözlemleri aýyrmak;
- Güýje girmedik kanunçylyk namanyň gurluş birliklerini aýyrmak;
- Kanunçylyk namanyň gurluş birliginiň täze redaksiýasy;
- Kanunçylyk namanyň maddasynyň gurluş birligini täze sözler, sifirler ýa-da sözlemler bilen üstüni ýetirmek;
- Kanunçylyk namany gurluş birlikleri bilen üstüni ýetirmek;
- Kanunçylyk namanyň ýa-da onuň gurluş birlikleriniň hereketini togtatmak;
- Kanunçylyk namanyň ýa-da onuň gurluş birlikleriniň hereketini uzaltmak.

Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hakykatda gönüden-göni kadalaşdyrylyşyna bagyşlanan täze kanunda kanunyň üýtgetmeleri hakynda agzamagyň geregi ýok - täze kabul edilen kanunda diňe öň hereket eden kadalaşdyryjy hukuk namany hukuk güýjünden aýryp bolar, üýtgetmeleriň girizilmegi diňe bulam-bujarlyga getirer (namanyň kabul edilmegi hukuk güýji has pes bolan namalara üýtgetmeleriň bolup geçmegine getirer).

Kadalaşdyryjy hukuk namasyna girizilýän üýtgetmeleriň hemmesi şol hukuk güýji bolan ýörite üýtgeýän namanyň kabul edilmegi arkaly amala aşyrylýar. Kanun kanun bilen, konstitusion kanuny – konstitusion kanuny bilen, Prezidentiň permany – Prezidentiň permany bilen, häkimiň karary şol wezipeli şahsyň karary bilen we ş.m. üýtgedilýär. Başga ülňüli ýa-da başga hukuk güýji bolan (hatda, has ýokary hukuk güýji bolaýanda-da) nama esasynda kadalaşdyryjy hukuk namasyna üýtgetmeleri girizmek ýol berilmeýär.

Täze kadalaşdyryjy hukuk namasyny işläp taýýarlamagyň barşynda bir wagtda öň hereket eden kanunçylygyň şol nama gabat getirilmegine taýýarlygy başlamalydyr. Bar bolan kanunçylyk namalarynyň täze kabul edilen nama bilen gabat getirilmegi, şol bir sorag boýunça hukuk kadalarynyň köplügini aradan aýyrmak üçin, kanuny taslamany işläp taýýarlamak bilen, kanun döredijilik işine gatnaşyjylar kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleri girizmek arkaly kanunçylygy täze kabul edilýän nama laýyk getirmek barada teklipleri taýýarlamalydyr. Täze hukuk kadalaşdyrylyşy berkidýän kanunçylyk taslamalary bilen bir wagtda, parlamentiň garamagyna üýtgedilmäge degişli hereket edýän kanunçylyk namalary ýa-da olaryň gurluş birlikleri hakynda özbaşdak kanuny taslamalary girizmek gerek.

Öňden kabul edilen kanuna üýtgetmeleri girizmek hakyndaky kanun ülňüsi boýunça ep-esli aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Üýtgetmeleri girizmek hakynda kanunyň şu aýratynlyklaryny agzamak bolar:

- Onuň adynda şol kanunyň maksatlaýyn laýykatyna salgylanma bar – öň kabul edilen we hereket edýän kanuna üýtgetmeler girizmek, oňa salgylanmalar şol ýerde, ýagny adyndan berilýär (mysal üçin: «Kanuna üýtgetmeler girizmek hakynda…» Kanun);

- Şonuň ýaly kanunyň ýönekeýleşdirilen gurluşy bolýar: onuň düzüminde diňe maddalar bolýar, döredilende has iri gurluş birlikleri ýüze çykarylmaýar;
- Şonuň ýaly kanunyň maddalarynyň öz ady bolmaýar – diňe belgileri bolýar;
- Üýtgedilýän kanunyň görnüşini, gol çekilen senesini, onuň hasaba alnan belgisini, adyny, şeýle-de onuň resmi taýdan neşir edilmeginiň degişli çeşmelerini (mysal üçin: "1997-nji ýylyň iýun aýynyň 12-inde kabul edilen "Bosgunlar hakynda" Türkmenistanyň kanunyna şu üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmeli (Türkmenistanyň Mejlisiniň habarlary, 1997 ý., 2-nji sany, 18-nji sahypa) hökmany görkezmek bilen üýtgetmeleri girizmek hakyndaky düzgünnama şonuň kysmy kanunyň birinji düzgüni bolar;
- Şonuň kysmy kanunda hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjynyň özüni alyp barşyna gönüden-göni görkezmeler ýok – diňe üýtgetmeleriň girizilmegi hakynda görkezmeler bar;
- Üýtgetmeler hakyndaky kanuna üýtgetmeler girizilmeýär (beýle edilmegi bulaşyklyga getirer), esasy kanuna täze, gaýtalanýan üýtgetmeleri girizimek zerurlygy ýüze çykan halatynda, täze üýtgediji kanun kabul edilmelidir;
- Üýtgediji kanun uzyn bolmaly däldir, şonuň ýaly kanunyň düzümine 20-den köp madda salmak ýalňyşlykdyr – eger-de üýtgetmeler aşa kän bolsa, kanun maddalarynyň köpüsi üýtgeýän bolsa, gowusy ony täze redaksiýada beýan etmek gerek. Şeýle edilmese, hukuk taýdan kadalaşdyrylyşyň subýektiniň aşa köp sanly üýtgetmeleri ýatda saklap bilmezligi we öň hereket eden we täze girizilen görkezmeleriň içinde azaşmagy mümkindir.

Şol düzgünler kanunasty namalara üýtgetmeleri girizmegiň barşynda hem ulanylýar – güýji üýtgedilýäne deňeçer ýörite üýtgedilýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň neşir edilmegi kysymynda.

Üýtgeýän bir kadalaşdyryjy hukuk namasynda hereket edýän kanunçylyk namalaryň birnäçesiniň üýtgemegi bolup biler. Üýtgeýän kanunyň her maddasy belli bir üýtgemä bagyşlanandyr we üýtgedilýän namanyň serenjamlarynyň hemmesiniň gaýtalanmagyny hem goşmak bilen, şoňa salgylanmany özünde saklaýar. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ýokarda agzalan gurluş düzgünlerini bozýandygy sebäpli, onuň bir maddasynda birnäçe üýtgetmeleri beýan etmek ýol berilmeýär. Emma üýtgetmeleri girizmek we güýjüni ýitirendigi hakyndaky düzgünler bir madda bolup biler. Şunda girizilýän üýtgetmeler we güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeklik yzygider (maddalaýyn) beýan edilmelidir.

Dürli kanunçylyk namalary esasynda kabul edilen birnäçe bölekden ybarat kodekslere üýtgetmeler girizilende, kodeksiň üýtgetme girizilýän bölegi hökmany suratda görkezilýär.

Kanunçylyk namasyna üýtgetme girizlende ilki bilen haýsy gurluş birliginiň üýtgeýändigi, soňra bolsa üýtgetmeleriň häsiýeti görkezilýär (sözleri çalyşmak ýa-da aýyrmak, gurluş birliklerini aýyrmak, goşmaçalar we başgalar). Kanunçylyk namasyna girizilýän üýtgetmeleri iň kiçi gurluş birliginden başlap resmileşdirmelidir.

Kadalaşdyryjy hukuk namalaryna üýtgetmeler girizilende degişli tekst goşa dyrnagyň içine alynýar. Üýtgetmeleri kanunçylyk namasyna umumylaşdyrylan görnüşde girizmek (mysal üçin, "tekst boýunça" diýen jümläni ulanmak bilen sözleri ýa-da söz düzümlerini çalyşmak) ýol berilmeýär. Umumy kada boýunça, üýtgetmeleriň her biri üýtgedilýän kanunçylyk namasynyň anyk gurluş birligini görkezmek bilen resmileşdirilmelidir.

Madda, maddanyň bölegine, bende, kiçi bende, ak setire üýtgetmeler girizilende olaryň şol sözüň yzysüre ýazylmaly ýeri görkezilýär: «1-nji maddany «……………..» sözlerden soň «……………..» sözler bilen üstüni ýetirmeli».

Eger-de kadalaşdyryjy hukuk namanyň belli bir gurluş birliginiň üsti ýetirilýän bolsa we şol goşmaça şol gurluş birliginiň soňunda ýerleşmeli bolanlygynda, şunuň ýaly ýazylýar: «1-nji maddanyň …1-nji bendini «……………» sözler bilen üstüni ýetirmeli».

Sifir belgilerini çalyşmak zerurlygynda "sanlar" sözi däl-de "sifir" sözi (mysal üçin: «12, 14 , 125 sifirlerini» «13, 15, 126» sifirleri bilen çalyşmaly) ulanylmaly. Zerurlyk ýüze çykan halatynda "anyk sözler" jümlesini "sözler" sözi bilen çalyşmaly (mysal üçin: ... «50 esse» jümlesini «100 esse»… jümlesi bilen çalyşmaly»).

Üýtgedilýän nama täze gurluş düzüjilerini girizmek zerurlygynda şol düzüjileriň zowwam belgilenmesiniň galdyrylmagy hakynda alada etmek gerek.

Eger-de üýtgetmeler kanunçylyk namasynyň ilkibaşdaky manysyny düýpgöter üýtgedýän bolsa, onda onuň görkezmeleri düýpgöter täze häsiýete eýe bolýar we şol namany täze redaksiýada beýan etmek maksada has laýykdyr. Täze redaksiýada beýan etmeklik şol bir namanyň eýýäm girizilen üýtgetmeler bilen gaýtadan kabul edilmegini, öň hereket edýän namanyň bolsa, güýjüni ýitirýändigini aňladýar. Üýtgetmeleri girizmegiň şol ülňüsi diňe aşakdaky ýagdaýlarda, zerurlyk ýüze çykan halatynda mümkindir:

- Kanunçylyk namasynyň düýpgöter işlenilmegini talap ediji we onuň aýry-aýry gurluş birlikleriniň täze redaksiýasy bilen çäklenmäge mümkinçilik bermeýän (mysal üçin, hukuk kadalaşdyrmasynyň esaslanýan ýörelgelerini üýtgetmek zerurlygy ýüze çykanynda) üýtgetmeleri kanunçylyk namasyna girizmek;
- Kanunçylyk namasynyň gurluş birlikleriniň köp bölegine (mysal üçin, onuň baplarynyň we bölümleriniň ýarsyndan gowragy) täsir ediji üýtgetmeleri oňa girizmek;
- Kanunçylyk namasynyň diňe aýry-aýry gurluş bölekleriniň manysyny saklap galmak, özü-de bölekleýin;
- Aýrylmaz böleginde güýjüni ýitiren diýlip ykrar edilen kanynçylyk namasyna üýtgetmeleri girizmek.

Namany tutuşlygyna däl-de onuň aýry-aýry maddalaryny täze redaksiýada beýan etmek mümkindir. Eger-de kanunçylyk namanyň gurluş birligine düýpli üýtgetmeleri girizmek zerurlygy bar bolsa ýa-da şol gurluş birliginiň tekstine birnäçe gezek üýtgetmeler girizilen bolsa, onda onuň gurluş birligi täze redaksiýada beýan edilýär.

Kanunçylyk namanyň gurluş birliginiň täze redaksiýada beýan edilmegi şol gurluş birliginiň aralyk redaksiýalarynyň hemmesini güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek üçin esas bolup bilmeýär.

Kanunçylyk namasyny ýatyrmak zerurlygy ýüze çykan halatynda (dolulygyna ýa-da bölekleýin), ol iki usulda ýerine ýetirilip bilner. Ilkinjiden, hereket edýän kanunçylyk namany ýatyrmak üçin şol bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny täzeden ugrukdyryjy täze nama kabul edilip bilner. Şu ýagdaýda kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýatyrylmagy netijesinde hukukda boşluklaryň emele gelmezligi üçin bu usul ileri tutulýar. Şol ýagdaýda täze namanyň tekstinde (geçiş pursatlaryna bagyşlanan gurluş düzüjisinde) haýsy namanyň haýsy bölekde öz güýjüni ýitirýändigini ýörite görkezmek hökmanydyr. Ikinjiden, beýleki namany hukuk güýjünden mahrum ediji aýratyn kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilmegi mümkindir. Şol we beýleki ýagdaýda kanunçylyk namany ýatyrmak üçin şonuň ýaly hukuk güýji bolan namanyň kabul edilmegi talap edilýär.

Kanunyň (ýa-da kanunasty namanyň) hereketiniň bes edilmegi togtadylan nama esasynda öňden hereketi bes edilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň dikeldilmegine getirmeýär. Kanunyň özünde başgasy belli edilen bolmasa, öň kabul edilen namanyň hereketini bes ediji kadalaşdyryjy hukuk namanyň hereketi bes edileninden soň şol öň bes edilen namanyň hukuk güýji dikeldilmeýär. Agzalan düzgün kanunyň gurluş birligi babatda deň ulanylýar.

Täze kanun güýje gireninden soň, şonuň bilen baglylykda olaryň hereketi tamamlanýan kadalaşdyryjy namanyň sanawyna üýtgetmeleri girizmek bolmaz, edil şonuň ýaly onuň güýje girmeginiň tertibini (şol sanda senesini hem) üýtgetmek bolmaz. Onuň güýje girmeginden soň üýtgetme bolup geçse, kanun hereketiniň bes edilen senesini üýtgedip bolmaz.

Kanunyň soňky kadalaşdyryjy gurluş birliginiň hereketiniň bes edilmegi kanunyň hereketini umumylykda bes etmek ýoly bilen tamam edilýär.

Ýatyrylan kanunyň (kanunasty namanyň) gaýtadan herekete getirilmegine ýol berilmeýär.

Ýokarda agzalan düzgünler esasynda kadalaşdyryjy hukuk namanyň tekstini beýan etmegiň usullarynyň çäklenmeýändigi gürrüňsizdir. Emma, olar anyk kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň tekstiniň kanunçylykda düzülmegi boýunça galan ähli amallary kesgitleýji, has wajyp we ähmetli bolup görünýär.

## 9 BAP. KODIFIKASIÝA GEÇIRMEKLIGIŇ USULYÝETI

### 9.1. Kanunçylyk ulgamlaşdyrmaklygyň düşünjesi, ähmiýeti we görnüşleri

Hukuk ylmy we hukuk kadalaşdyrmaklygyň tejribesi onuň ulgamlylygynyň hukuk kadalaşdyrmaklygyna bildirilýän esasy talaplaryň biridigini görkezýär. Şeýle-de bolsa, kanunçylyk ulgamynyň yzygiderli okgunly ösüşiniň hukuk ulgamynyň emele gelen gurluşynyň eldegirmezliginiň saklanylmagyny mümkin etmeýär. Kanunçylykdaky yzygiderli üýtgetmeler, täze kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň döredilmegi, hereket edýän namalara üýtgetmeleriň girizilmegi, olaryň ýatyrylmagy – bu zatlaryň ählisi kanunçylygy köp derejede ulgamsyzdyrýar, onuň gurluşyny bozýar we kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň gatnaşygyny we özara hereketini üýtgedýär. Hukuk kadalaşdyrmaklygyň ulgamlylygy kanunlaryň we kanunasty namalaryň yzygiderli tertipleşdirilmegini, gaýtalanmalaryň, çaknyşyklaryň, hereket etmeýän kararlaryň aýrylmagyny, görkezmeleriň bir nusga getirilmegini we olary bir-birine laýyk getirilmegini talap edýär. Bu bolsa kanunçylygyň hereket etmeginde ulgamlaşdyrmaklygyň uly ähmiýetini şertlendirýär.

**Kanunçylygyň ulgamlaşdyrylmagy** *kadalaşdyryjy hukuk namalaryny belli-bir gurluş tertibine getirmeklige gönükdirilen çäreleriň toplumy* hökmünde kesgitlenilip bilner. Ulgamlaşdyrmaklyk kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň köpsanly toplumyna tertip girizmeklik, olary belli-bir ölçeglere laýyklykda ýerleşdirilmegidir. Ulgamlaşdyrmaklygyň netijesinde kanunçylyk belli-bir derejede ösüşiň we üýtgetmeleriň dowamynda ýitirilen öz içki gurluşyny we sazlaşygyny, öz kadalaşdyryjy mümkinçiliklerini dikeldýär. Kanunçylyk dürli derejeli we görnüşli ulgamlaşdyrylmalaryň yzygiderli geçirilmegine mätäçdir.

Kanunçylygyň ulgamlaşdyrylmagyny **resmi** we **resmi däl** görnüşlere bölüp bolýar.

Resmi ulgamlaşdyrmalar döwlet häkimiýet edaralary (ýa-da aýry-aýry ýokary wezipeli adamlar) tarapyndan öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekligiň çäklerinde geçirilýär. Adaty boýunça, kanunçylygyň resmi ulgamlaşdyrylmagynyň formal-hukuk netijeleri bardyr: umumy hökmany ykrar edilmeli hukuk ýygyndylar ýa-da hatda täze toplumlaýyn kadalaşdyryjy hukuk namalar döredilýär.

Kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň häsiýeti onuň esasy maksatlary bilen kesgitlenilýär. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamlaşdyrylmagy hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýektlerine anyk ýagdaýlarda özlerine gerek bolan kadalaşdyryjy hukuk görkezmelerini çalt we takyk tapmaga kömek berip biljek kesgitlenen tertipleşdirilmegine gyşarnyksyz ugrukdyrylandyr. Şeýle-de bolsa, bu maksady dürli ýollar bilen, ýagny ulgamlaşdyrmaklygyň subýektleriniň ugur alýan esasy ýörelgelerine laýyklykda gazanyp bolar.

Kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň şu aşakdaky görnüşlerini görkezmek zerurdyr:

1) **Inkorporasiýa**. Kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň bu görnüşi haýsy hem bolsa bir ölçeglere laýyklykda belli-bir tertipde kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ýerleşdirmeklik, toparlara bölmeklik (mysal üçin, olary hronologik tertipde ýerleşdirmek ýa-da hukuk kadalaşdyrmaklygyň predmetine laýyklykda toparlara bölmeklik). Inkorporasiýa kanunçylygy daşky ulgamlaşdyrylmagydyr – belli-bir umumy sypatlaryň esasynda, kadalaşdyryjy mazmunyny üýtgetmezden ony dürli görnüşli ýygyndylarda birleşdirilmegidir. Resmi inkorporasiýa, ygtyýarlandyrylan döwlet edaralary tarapyndan degişli ulgamlaýyn toplumlaryň we kanunçylyk ýygyndylarynyň taýýarlanylmagy we çap edilmegidir. Bu tehniki nukdaýnazardan kanunçylyk massiwini ulgamlaşdyrmaklygyň iň ýönekeý görnüşidir. Inkorporasiýanyň gidişinde kadalaşdyryjy hukuk namalara hiç-hili üýtgetmeler girizilmeýär, diňe ulgam döredýän ölçegler saýlanylýar we kadalaşdyryjy hukuk namalar degişli toparlara bölünýär. Inkorporasiýanyň netijesinde hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri anyk ýagdaýlar üçin laýyk gelýän kadalaşdyryjy hukuk namalary has çalt we takyk tapyp bilýärler, ýöne bu ýagdaýda şol namanyň ulanylyp boljakdygyny, onuň üýtgedilen ýa-da üýtgedilmedikdigini operatiw taýdan kesgitlemäge mümkinçiligi ýokdur.

Kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň usuly hökmünde inkorporasiýa Türkmenistanyň häzirkizaman şertlerinde hukuk görkezmelerini durmuşa geçirmeklik prosesinde oňa bolan isleg diýseň uludyr. Ol hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylaryna kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamynda ugur tapmaklygy diýseň ýeňilleşdirýär. Hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýektleri olara zerur bolan kanunçylyk namany gözlemekligiň ugry barada ilkinji düşünje alýarlar, köpsanly kadalaşdyryjy hukuk namalarynda ugur almaga mümkinçiligi bardyr. Mundan başga-da, inkorporasiýa aşakda beýan ediljek ulgamlaşdyrmaklygyň beýleki görnüşleri üçin örän wajypdyr, bu olaryň ilkinji adimidir. Türkmenistanda, esasan, kadalaşdyrmaklygyň diýseň dar anyk predmeti boýunça kanunçylyk ýygyndysyny düzmeklik görnüşinde çalt we operatiw geçirilýän hususy inkorporasiýalar giň ýaýrandyr.

Kanunçylyk ulgamlaşdyrmaklygyň hut şu görnüşiniň saýlanylmagyny kesgitleýän inkorporasiýanyň esasy artykmaçlygy – ony operatiw geçirmekligiň mümkinçiligidir (esasan hem gürrüň hukuk kadalaşdyrmaklygyň belli-bir predmetine bagyşlanan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýygyndysyny düzmek barada gidýän bolsa). Esasy kemçilik – ýeterlik däl tejribe ähmiýeti, inkorporasiýa netijesinde düzülen ýygyndylarynyň gysga dowamlylygy, olary ulanmaklygyň juda çäklendirilen wagty, sebäbi namalaryň şeýle ýygyndylaryna girizilen üýtgetmeler hukuk gatnaşyklarynyň gidişinde olara bolan talaby has-da peseldýär (şeýle-de zyýan ýetirip biler).

2) **Jebisleşdirme (konsolidirleme).** Bu ulgamlaşdyrmaklygyň has ýokary derejesidir, onuň gidişinde kadalaşdyryjy hukuk namalar diňe bir belli-bir tertipde ýerleşdirilmän, eýsem ýygyndynyň düzülen wagty girizilen üýtgetmeleri göz öňüne tutmak bilen kabul edilen diňe hereket edýän redaksiýasynda beýan edilýär. Konsolidirleme hukuk gatnaşyklarynyň subýektlerine diňe bir köpsanly kanunlardan we kanuna degişli namalardan baş alyp çykmaklyga dälde, eýsem kanun taýdan ähmiýetli özüňi alyp barmaklyga olaryň haýsylaryndan we haýsy görnüşde ugur almalydygyna mümkinçilik berýär. Diňe hereket edýän kanunçylygyň dürli görnüşli ýygyndylary konsolidirlemegiň netijeleridir. Emma, belli-bir umumylygy bilen bileleşen hereket edýän hukuk namalarynyň (mazmuny üýtgetmezden) birleşýän kadalaşdyrylan hukuk namanyň konsolidirlemeginiň üsti bilen düzülmegi hem mümkin – hukuk kadalaşdyrmaklygyň taryhynda şeýle mysallaryň köpüsini tapmak mümkin. Kanunlaryň degişli predmeti boýunça olaryň mazmunyny düýpli üýtgetmezden we bu köne kanunlary haýsy hem bolsa bütewi logiki gurluşyny birleşdirmeklige çalyşmaýan öň birnäçe edilen görkezmelerini jemleýän şeýle kanunçylyk namalary konsolidirlenen namalar diýip atlandyrylýar. Bu ýerde görkezmeler täzeden işlenilmeýär, umumy düzgünler kesgitlenilmeýär, kanunçylyk görkezmeleriniň kemçilikleriniň öwezi dolmaýar. Kada bolşy ýaly, täze döredilen konsolidirlenen namanyň gurluşyna belli-bir yzygiderlikde ýerleşdirilen aýry-aýry bir ugurly maksatlar, baplar, paragraflar girýär.

Kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň şu görnüşini kesgitleýän konsolidirlemegiň artykmaçlygy – islegiň has ýokary derejesi, onda hereket etmeýän, ýatyrylan ýa-da üýtgedilen görkezmeleriniň bolmak mümkinçiligini ýoldan aýyrýan hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ygtybarly ýygyndysyny almak üçin hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýekti üçin mümkinçiligiň bolmagydyr. Konsolidirlemegi kynlaşdyrýan ýagdaý, ol hem hukuk güýji bolan öňa girýän namalaryň hereket edýän redaksiýada yzygiderli beýan edilmek üçin kanunçylygyň konsolidirlenen ýygyndysyny goldamaklygyň uly zähmeti talap edýän prosesidir.

Öňki wagtlarda inkorporasiýany we konsolidirlemegi geçirmeklik örän kyndy, sebäbi düzülýän ýygyndylaryň uzakmöhletliligini üpjün etmek üçin (esasan, kagyz ýüzünde ýazylandyr – bu ýygyndylarda bar bolan kanunçylyk namalaryndaky üýtgetmeler inkorporasiýany täzeden geçirilmelidigini aňladýardy. Bu örän kyndy, şonuň üçin birnäçe onýyllyklar mundan öň şowly çykan konsolidirleme örän seýrek duş gelýän zatdy. Häzirkizaman tehniki serişdeler hukuk ýygyndylarynyň yzygiderli täzelenmekligini, ondaky kanunlaryň we kanunasty namalaryň hereket edýän redaksiýalarynda berilmek ýagdaýynyň saklanylmagyny mümkin edýär. Hukuk maglumatlarynyň işeňňir ulanylýan elektron bazalary muňa mysal bolup biler (meselem, Russiýada – Garant, Konsultant, ABŞ-da – Westlaw, LexusNexis). Türkmenistanda entek şeýle

doly güýjünde hereket edýän elektron hukuk bazalary ýok. Bu ugurdan ilkinji tejribe hökmünde ÝeHHG-niň Aşgabatdaky Merkezi tarapyndan taýýarlanylan Türkmenistanyň kanunçylygy boýunça elektron bazany görkezmek bolar.[50]

Kadalaşdyrylan hukuk namalarynyň konsolidirlenen ýygyndylary hemişe üýtgedilýän we goşmaçalar girizilýän ägirt uly kanunçylykda hereket edýän kanunçylyk ulgamynda hut hereket edýän, ulanylmaly görkezmeleri gözläp tapmak üçin netijeli seljermäge mümkinçilik berýärler. Konsolidirleme hukukçylara öz tejribe işlerinde örän uly kömek berýär, kanunçylygyň şeýle ulgamlaşdyrylmagynyň ähmiýeti inkorporasiýadan hem has uludyr. Esasan hem hukuk kadalarynyň çalt depginler bilen üýtgedýän ulgamlary bilen baglanyşykly işleýän tejribeçi-hukukçylaryň işinde konsolidirlemegiň netijelerine bolan talap uludyr: mysal üçin, maliýe, bank, salgyt hukugynyň ýaýrawynda.

**3) Kodifikasiýa** kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň has netijeli we hereket edýän usulydyr. Kodifikasiýalaşdyrma tehniki nukdaýnazardan örän gyzykly prosesdir, ony öwrenmekligiň bolsa hukuk ylmynda örän uly ähmiýeti bardyr we ol bütin kanunçylyk ulgamynyň düýpgöter üýtgedilmegini güman edýär. Bu kanunçylygyň zähmeti köp talap edýän görnüşidir, emma ulgamsyzlylygyň, çylşyrymlylygyň, uly göwrümliligiň we köpsanly kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kemçilikleriniň hukuk kadalaşdyrmaklyk üçin ýaramaz netijeleri ýeňip geçmeklige has uly mümkinçilik berýär. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryny düzmek usullarynyň ählisiniň içinde kodifikasiýa kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň döredilmegi, hereket edýän kanunçylyk ulgamyna düýpli üýtgetmeleri girizmek bilen baglanyşykly bolan ýeke-tägidir. Iş ýüzünde, häzirkizaman şertlerinde inkorporasiýa we konsolidirme kodifikasiýa geçirmeklige we ony taýýarlamaga ugrukdyrylan kömek hereketi bolup çykyş edýär. Köpsanly kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ulgamlaşdyrmaklygyň şu görnüşi,[51] kada bolşy ýaly, kanundöredijiligiň aýratyn görnüşiniň biridir we aýratynlykda öwrenilmegine mynasypdyr.

## 9.2. Kodifikasiýanyň düşünjesi we ähmiýeti

Kodifikasiýanyň kesgitlemeleri örän köpdür. Iň umumy görnüşde **kodifikasiýa resmi taýdan kabul edilen we tassyklanylan bir täze namada ulgamlaşdyrylýan namalaryň ählisiniň kanuny güýjüni mahrum edýän kanunçylyk nama hökmünde ulgamlaşdyrylýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynda we hukugyň beýleki formalarynda bar bolan hukuk kadalarynyň beýany bolup durýan kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň aýratyn görnüşi hökmünde kesgitläp bolar**. Kodifikasiýanyň dowamynda bir täze kodifisirlenen namada ulgamlaşdyrylýan kanunçyygyň kadalaşdyryjy-hukuk görkezmeleriniň ählisi birleşýär, şu ýagdaýda şol kodifisirlenen namanyň kabul edilmegi bilen ähli köne namalar öz kadalaşdyryjy derwaýyslygyny we hukuk güýjüni ýitirýärler.

Kodifikasiýa, kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ulgamlaşdyrmaklygyň iň netijeli usulydyr. Bu hereket edýän kanunçylygy, ony aýry-aýry kadalaşdyryjy hukuk namalary olaryň manysyny bir täze bütewi toplumlaýyn kanunçylyk namalaryny birleşdirmekligiň üsti bilen azat edip „ýeňletmegiň“ ajaýyp usulydyr. Kodifikasiýanyň netijesinde kadalaşdyryjy hukuk görkezmeler jemlenen görnüşde beýan edilýär, hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri tarapyndan öwrenilmeli kanunçylygyň göwrümi azalýar, adamlarda aýry-aýry düzgünleriň gözleginde kanunçylygyň bütin ulgamyny öwrenmän hukuk kadalarynyň talaplaryny has doly we ulgamlaýyn düşünmäge mümkinçilik peýda bolýar. Kodifikasiýa – hukugyň kadalaşdyryjy netijeliligini ösdürmekligiň oňyn serişdesidir, ol köpsanly ulgamsyz we dürli görnüşli

---

[50] Seret. ‹http://www.turkmenlegaldatabase, info/› ‹http://www.osce.org/ashgabat/›.-da

[51] Käbir alymlaryň pikirine görä, kodifikasiýa kanunçylygyň ulgamlaşdyrylmagy däl-de, eýsem kanundöredijiligiň aýratyn bir görnüşidir – seret, mes. Пиголкин А.С. Законотворчество в Российской Федерации. М.2000. sah.130. Bu pikir bilen razylaşmak kyn, bu ýerde kodifikasiýa geçirmekligi kesgitleýän kanunçylyk ulgamynyň bu işi üçin kodifikasiýanyň ähmiýetini göz öňüne tutmaly.

kadalaşdyryjy hukuk namalaryny olaryň manysyny ýeke-täk täze namada birleşdirmekligiň üsti bilen ýoldan aýyrmaklyk üçin ulanylýar, bu ýerde täze bütewi namanyň toplumlaýyn häsiýeti bardyr we ol oň kanunçylygyň uly göwrüminde bar bolan kadalaşdyryjy hukuk görkezmelerini toplumlaýyn bütewi beýan edilmegi üçin ulanylýar. Kanunçylygyň şeýle ähmiýeti hukuk kadasynyň elementlerini (gipoteza, dispozisiýa we sanksiýa) jemlemäge, olary bir ulgamlaýyn toplumlaýyn kadalaşdyryjy hukuk namada ýerleşdirmäge mümkinçilik berýär. Kodifikasiýa kanunçylygyň artykmaç göwrümi, onuň çişirilmegi, çylşyrymlylygy, onuň elementleriniň biri-birini gaýtalamaklygy bilen göreş alyp barýan usuldyr. Ulgamlaşdyrmaklygyň şu görnüşi jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir toplumyny, şeýle-de, ahyrky netijede, döwletde hereket edýän bütin kanunçylygy kadalaşdyrýan kanunçylygyň toplumlaýyn kämilleşdirilmegini göz öňünde tutýar. „Kodifikasiýanyň wezipesine hereket edýän kanunçylygyň ýeke-täk logiki ulgama getirmekligiň üsti bilen onuň içki işlenilip taýýarlanylmagy girýär. Kodifikasiýadaiýa hereket edýän kanunçylygyň işlenilip taýýarlanylmagy onuň diňe bir daşky taraplaryna degişli bolman, eýsem aýratyn hukuk namalarynyň düýp mazmunyna hem girýär. Kodifikasiýa prosesinde ähli hereket edýän hukuk namalaryna täzeden seredilýär, köneleri ýatyrylýar, kanunçylykda ýetmezçilikleriň öwezi dolýan täze namalar döredilýär, ylalaşyksyzlyklar, maksada laýyk bolmadyk gaýtalamalar we aýry-aýry hukuk görkezmeleriniň arasyndaky gapma-garşylyklar ýoldan aýrylýar, öz aralarynda baglanyşykly hukuk namalary birleşdirilýär we ulaldylýar“.[52]

Kodifikasiýa ýazylan hukuk ulgamyny düýpgöter üýtgetýär, bu ýagdaýda ondaky bir elementleri aýyrýar we täzeleri girizýär, çaknyşmalary ýok edýär we aýratyn ähmiýetli zat, kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň ulgamlylygy üçin göreşde hukukda bar bolan kemçilikleriň öwezini doldurýar.

Kodifikasiýanyň dowamynda ulgamlaşdyrylýan hukuk görkezmeleri bütewi toplumlaýyn kadalaşdyryjy hukuk namada (kada bolşy ýaly – kanunda) beýan edilýär. Öň kanunçylyga belli bolmadyk täze kadalar hem şeýle namada öz beýanyny tapyp biler (bu kodifikasiýanyň dowamynda hukukdaky kemçilikler ýüze çykarylyp, dessine öwezi dolan ýagdaýynda mümkindir), emma bu kadalaşdyrmaklygyň esasy maksady däldir, bu ähmiýeti boýunça ikinji derejeli, esasy maksatdan gelip çykýan-eýýäm hereket edýän kanunçylygyň ulgamlaşdyrylmagydyr.

Kodifikasiýany dowamynda döredilýän kanunçylyk namanyň üsti bilen resmi taýdan tassyklanylan ýa-da ýörite ygtyýarly döwlet edaralar tarapyndan ykrar edilen, şeýle-de, formal däl-de iş ýüzünde bar bolan ähli zerur hukuk görkezmeleri bir nusga getirilýär we jemlenýär. Kadalaşdyrylan nama, resmi kodifikasiýanyň kadalaşdyryjy hukuk netijesi hukuk kadalaşdyrmaklygyň netijeleri boýunça doly we oňyn bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryň belli bir ugry üçin zerur görkezmeler toplumynyň jemlenilen görnüşi hökmünde çykyş edýär. Hut kanunçylyk namasynda beýanyny tapan şeýle görkezmeleriň niýetlenen adamlary, hukuk formasy hökmünde kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ähli artykmaçlyklaryny (kanunçylyga häzirkizaman hukuk ulgamlarynyň köpüsiniň hukuk kadalaşdyrmasynda belli bir ähmiýetiniň bolmagyna mümkinçilik berýän) ulanmak bilen onuň düýp mazmunyny, manysyny has netijeli düşünmäge mümkinçilik berýärler.

Islendik ýagdaýda, kodifikasiýanyň awtorlarynyň hereket edýän hukuk görkezmeleriniň logiki tertipleşdirilmegini özleriniň esasy maksat edip goýulmagyna ýa-da kanunçylykda beýan edilen hukuk namalarynyň ulgamyny kämilleşdirmäge, üstüni doldurmaga we täzelemäge çalşanlygyna garamazdan, kodifikasiýanyň netijesinde alnan kanunçylyk namasy hukuk kadalaryň kiçi ulgamynda (pudakda, pudaga degişli edarada, institutda we beýlekilerde) esasy bolmak bilen hukuk kadalaşdyrmaklygyň ulgamynda esasy orun tutýar. Ol diňe bir özüňi alyp barmaklygyň görkezmesini özünde saklaman, eýsem, şeýle nama hukugyň degişli pudagynyň ýa-da institutyň gurluşy üçin ulgamdörediji esas bolup çykyş edýär. Kodeksler özünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir pudagyndaky hukuk kadalaşdyrmaklygyň esasy

[52] Керимов. Д. А. Кодификации и законодательная техника. М.1962.sah.33-34.

ýöriteleşdirilen ýörelgelerini, esasy kesgitlemeleri we hukuk shemalaryny, şeýle-de hukuk namalaryň belli bir toplumynyň esasy başlangyçlaryny saklaýar. Hakykatdan-da, „Kodifikasiýa diňe bir formasynyň üýtgemegi bilen çäklenmän, eýsem ol ulgamlaýyn bilelişigi we mazmunyny berýär. Kodeks diňe bir köne kanunyň täze formasy däl, eýsem sözüň doly manysynda täze kanundyr“[53] diýlip bellenildi. Kanunçylygyň kodifikasiýasy hukuk kadalaşdyrmaklygyň köpsanly meselelerini belli bir derejede çözmäge mümkinçilik berýär (diňe bir kanunçylyk bilen bagly bolmadyklary hem) onuň berýän bähbitleriniň tutuş toplumyny görkezip bolar.

1. Kodifikasiýanyň netijesinde hukuk görkezmeleriniň jemlenmegi bolup geçýär, hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri bu görkezmeleri has aýdyň we ulgamlaýyn almaga we özleşdirmäge mümkinçilik alýarlar. Hukuk kadalary gurluşly tertipleşdirilen beýan edilýär, bu bolsa şahsyýetleriň aňyna we özüni alyp barmaklygyna edilýän täsiri has netijeli edýär. Hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýektleri olaryň gönüden-göni gatnaşýan anyk gatnaşyklary kadalaşdyrýan berk belli-bir düzgünleriň gözleginde kanunçylygyň uly göwrümini öwrenmek zerurlygyndan azat edýär. Hukuk nukdaýnazardan özüňi alyp barmaklygyň bolmaly (ýa-da mümkin bolan) warianty boýunça gerek bolan maglumaty diňe bir çeşmeden, bir namadan, toplumlaýyn, belli bir ýagdaýada olara zerur bolan haýsy namalar haýsy bölümde, haýsy derejede uzakwagtlaýyn gözleglerden we pikir etmezden alyp bolýar.

Hukuk kadalaşdyrmaklygyň jemlenilmegi hukuk durmuşynda diňe bir amatly bolan onuň kesgitlenilmegine eltmän, eýsem hukuk kadalaşdyrmaklygyň aýdyňsyzlygyna we çylşyrymlylygyna ýardam berýän eden-etdiligiň we hyýanatçylyklaryň mümkinçiligini peseltýär.

2. Kodifikasiýa kanunçylykda toplanan gapma-garşylyklaryň ýok etmekligiň usulydyr. Kodifisirlenen kanunçylyk namasy özüniň ulgamlaşdyrýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ýatyrmak bilen olardaky bar bolan görkezmeleri diňe hereket edýän redaksiýada galdyrýar. Hukuk kadalaşdyrma kodeksler tarapyndan amala aşyrylan wagty hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan adamlar ýatyrylan kadalaşdyryjy namalaryň hereket edýänlere derek kabul etmek howpundan, hukuk güýjüni ýitiren düzgünleri ýalňyşlyk bilen ulanmakdan ätiýaçlandyrylan bolýarlar. Durnuklylyk we takyklyk – kodeksleriň örän wajyp artykmaçlygydyr. Hut şu sebäpden hereket edýän kanunçylykda (mümkin, hat-da konstitusion derejede) kodeksleriň hukuk güýjüni kanunçylygyň beýleki namalaryndan artykmaçlygyny berkitmek hökmandyr. Kodifisirlenen hukuk namalarynyň jemgyýetçilik durmuşynyň belli bir ugurlarynda hukuk kadalaşdyrmaklygyň fundamental esasynyň, durnukly, yzygiderli, global häsiýeti bolmadyk hereket edýän kanundöredijilige üýtgetmeler girizilmezligi üçin kodifikasiýasynyň netijeleriniň şu düzgünlerine üýtgetmeler girizilmek mümkinçiliklerinden gaça durmaklyk örän derwaýysdyr. Kodifikasiýa soňrak kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen deňeşdirmek bilen olara zerur bolan namanyň hereket edýän redaksiýasyny kesgitlemek zerurlygyndan mahrum edýär. Hukuk kadalaşdyrmaklygyň könelşen wariantyny ýalňyşlyk bilen ulanylmagyna esaslanan hukuk däl özüňi alyp barmaklygyň mümkinçiligi peselýär.

3. Kanunçylygyň ulgamlylygy diňe bir tertipleşdirilmegi däl, eýsem hukuk kadalaşdyrmaklygyň bütewiligini hem güman edýär. Belli bir mesele boýunça kanunçylykda berkidilen kadalaşdyryjy hukuk görkezmeler barada ýeke-täk we toplumlaýyn garaýyşly bolmak bilen, kanundöredijiligiň gatnaşyjylary bar bolan ýetmezçilikleri takyk we öz wagtynda ýüze çykaryp, netijeli öwezini doldurmaklyga, jemgyýetçilik durmuşy we ösmegi üçin hukuk kadalaşdyrylmagyna mynasyp bolan, ýöne henize çenli kadalaşdyrylmadyk sosial gatnaşyklaryny we proseslerini kanunçylyk kadalaşdyrmaga mümkinçilik bardyr. Kodifikasiýa hukuk kadasynyň kanunçylykda orun tapan talaplaryny bir namada ulgamlaşdyryp beýan etmek bilen bu ulgamdaky kanunbozmalary çalt ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, kodeksiň yzygiderliligi we many bütewililigi, ondaky bar bolan hukuk düzgünleriň arasyndaky ulgam aragatnaşyklary ýetmeýän hukuk görkezmeleriň häsiýetini we manysyny takyk kesgitlemekde uly kömek berýär. Şeýlelik-de, kodifikasiýa kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamynyň hukuk görkezmeleriniň hakyky manysyna laýyklygynyň üpjün

[53] Н.М. Коркунов. Лекции по общей теории права.СПб., 1893.sah.305.

etmekliginiň, wagtyň geçmegi bilen bölekleýin ýitip biljek (kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň statiçligini we sosial gatnaşyklarynyň dinamizmi bilen laýyk gelmezliginiň netijesinde) kanunçylyk ulgamynyň hukuk häsiýetiniň üpjün etmekliginiň bir usulydyr.

4. Kodeksde kodifisirlenen hukuk pudaklaryň ýa-da institutlaryň ulgam emele getiriji başlangyçlarynyň görkezilmeginiň, kesgitlenilmeginiň we formal berkidilmeginiň mümkinçiligi kodifikasiýanyň iň wajyp artykmaçlygydyr. Umumy diýlip atlandyrylýan düzgünler şeýle pudaklaýyn (institusion) hukuk başlangyçlary hökmünde çykyş edýärler. Olar hukuk görkezmeleriniň umumy manysyny kesgitlemek we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň degişli ugruny kadalaşdyrmak bilen umuman, bütin kodifisirlenen kanunçylyga degişliligi bilen köpsanly hukuk görkezmeleriniň içinden saýlanylýarlar. Umumy düzgünler jemgyýetiň hukuk ulgamynyň ösüşiniň gidişinde hukuk ylmy we tejribesi tarapyndan işlenilen hukuk kadalaşdyrmany unifisirlemeginiň ýörite hukuk serişdesidir. Şonuň üçin olaryň hut kodekslerde beýan edilmegi has göwnejaý.

5. Kodifikasiýanyň dowamynda umumy düzgünleriň görkezilmegi, kesgitlenilmegi we kadalaýyk berkidilmegi diňe bir kabul edilen däl, eýsem gelejekde dörediljek kanunçylyk namalarynyň ulgamlylygyny üpjün etmäge mümkinçilik berer. Kodifikasiýa kanundöredijilik prosesi, indi bolmaly kadalaşdyryjy hukuk kadalaşdyrmany hem tertipleşdirýär. Umumy düzgünler döredilýän kodeksler (ýa-da başga görnüşli kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namasy), şeýle-de köpsanly kadalaşdyryjy hukuk namalaryny belli-bir görnüşde kesgitlemek bilen, olar bilen baglanyşykly galan kanunçylyk üçin hem uly ähmiýeti bardyr. Olar onuň prinsipial esasyny, adalga ulgamyny, kanunçylygyň ulgamlaşdyrylýan pudagynyň hukuk shemalaryny we gurluşlaryny kesgitleýär. Bularyň ählisi boljak kanundöredijiligiň gurluş durnuklylygyny we netijeleriniň logiki tamamlanmagynyň goşmaça kepili bolmak bilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döretmek prosesini hukuk kadalaşdyrmaklygyň bütewi başlangyjyna we bütewi maksadyna tabyn edýär. Kodifisirlenen namalarynyň öz umumy düzgünleriniň hasabyna diňe bir hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny däl, eýsem jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli-bir ugrunyň geljekki kanunçylyk kadalaşdyrmany (sebäbi kodifisirlenen nama hukuk kadalaşdyrmaklygyň degişli ugrunda hukugyň ýeke-täk formal çeşmesi bolup seýrek çykyş edýär), ony kadalaşdyrýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň soňraky çap etmeleri ulgamlaşdyrýar, tertipleşdirýän diýen netije gelip bolýar. Kodeksleriň umumy düzgünleri geljekde kanunçylygyň belli-bir böleginde ulgamsyzlygyň ýüze çykmazlygynyň kepilidir. Geljekde kanundöredijiligiň belli-bir ulgamdörediji başlangyçlara tabynlylygy kanunçylygyň gidişinde onuň geljekki ösüşiniň we çylşyrymlylygynyň ulgamlylygynyň we tertipleşdirilmeginiň saklanylmagyny üpjün edýän örän wajyp faktordyr.

Mundan başga-da, kodifikasiýa jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli-bir ugrundaky kanunçylygyň geljekki ösüşini diňe bir ulgamlaşdyrýan däl, eýesem durnuklaşdyrýan faktor hökmünde çykyş edýändigini bellemek gerek. Kodifikasiýa jemgyýetçilik gatnaşmaklygyň ýörite ýaýrawyny kadalaşdyrylýan hukuk kadalarynyň belli-bir toplumynyň ösüşiniň ýeterlik ýokary derejesiniň kabul edilmesi (eger gürrüň resmi kodifikasiýa barada gitse – formal berkidilmesi) hökmünde çykyş edýär. Kodifikasiýanyň üsti bilen jemgyýetçilik durmuşynyň bu ugruna hukuk täsiriniň ulgamlaşdyrylmagy hukuk pudagynyň (institutynyň) bu derejesiniň we geljekki durnukdyrylmasyny berkidilmegini (formal-hukuk, doktrinal ýa-da başga-bir kodifikasiýa geçirmekligiň görnüşine we ony geçirýän subýektlere baglylykda) güman edýär. Hukuk kadalaşdyrmaklygyň bu pudagynyň kodifikasiýasyndan soň, kanunçylyk materialynyň tötänleýin we wagtal-wagtal ulaldylmaklygy bes edilýär. „Haýsy hem bolsa kodeksiň kabul edilmeginden soňky ýyllar özgertmelere baý däldir, hamana kodifikasiýa bütin kanunçylyk energiýany boşadýan ýaly“.[54]

Kodifikasiýanyň bu netijeleri käbir alymlar tarapyndan, belli bir derejede, kanunçylygyň geljekki ösüşi üçin hukuk kadalaşdyrmaklygyň ýaramaz üýtgedilmegi hökmünde seredilýändigini belläp geçmelidir. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamynyň geljekki

[54] Р.Кабрияк. Кодификация. М.2007.sah.154.

kämilleşdirilmeginiň durnuklylygyna getirýän kodeksiň döredilmegi olar tarapyndan belli bir ýagdaýynda bu toplumyň konserwasiýasy, hukuk kadalaşdyrmaklygyň geljekki ösüşine päsgel berýän faktor hökmünde kabul edýärler. Bu nukdaýnazaryň tarapdarlarynyň pikirine görä, kodifikasiýa, eýýäm kodifikasiýa geçirilenden soň ýüze çykýan täze hukuk kadalarynyň kanunçylyk görkezmeleri görnüşinde geljekki formal beýan edilmegine we berkidilmegine päs gel berýän prosesdir. Kodifikasiýa geçirmekligiň netijesi hökmünde kanunçylygyň ösüşindäki durnuklylyga Sawinýi hem ony tankyt etmek bilen ýörite üns beripdi. Bu tanymal alym-hukukçynyň pikirine görä, kodeksler (XIX asyryň birinji ýarymynda Germaniýada Fransiýanyň Raýat kodeksi – Napoleonyň meşhur kodeksi ýasama girizilýärdi) öz mertebesine we garaýşyna görä hereket edýän suwereniň (häkimli adamyň) islegine laýyklykda hukukga tebigy taýdan ösmegine päsgel berýärler, ýagny oňa hakyky umumy islege, sosial zerurlyga laýyklykda kanundöredijiligi amala aşyrmaga ýol bermeýärler.[55] Olaryň pikirine görä, kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk nama „...häzirkizaman ykdysadyýetiniň talaplaryna laýyk bolmajak kanunçylyk düzgünlerini doňdurmak“[56] howpuny döredýär (bu ýerde Sawinýiniň şeýle garaýşy onuň watançylyk duýgusy bilen ýüze çykandygyny göz öňünde tutmaly – german döwleti tarapyndan fransuz kanunçylygyň dakylmagy şol döwürde Napoleon Fransiýasynyň Ýewropa ekspansiýasynyň görnüşleriniň biridir. Birnäçe başga alymlaryň hem belli bir derejede şeýle garaýşy bardy.[57]

Şeýle nukdaýnazar bilen ylalaşmak kyn. Kodeksiň döredilmegi (hat-da resmi, kadalaşdyryjy hukuk nama görnüşinde) hukuk kadalaşdyrmaklygyň kämilleşdirilmeginiň bes edilmegini asla aňlatmaýar, hukuk kadalaşdyrmaklygyň ösüşiniň bes edilmegini aňlatmaýar, täze hukuk kadalarynyň ýüze çykmagynyň mümkin däldigine, şeýle-de könelerin üýtgedilmegine ýa-da ýatyrylmagyna getirmeýär. Hatda resmi kodifikasiýadan soň degişli hukuk pudagynyň düzgünleriniň formal beýan edilmeginiň we berkidilmeginiň serişdesi hökmünde kanunçylyk hereketsiz bolmaýar, öz ösüşini bes etmeýär. Ol öz ösüşinde durnuklylyga eýe bolýar. Kodifikasiýanyň netijesinde jemgyýetçilik gatnaşyklaryň belli-bir ulgamyny kadalaşdyrýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryň toplumy öz ösüşinde täze basgançaga geçýär, onuň soňraky kämilleşdirilmegi ýeke-täk maksada ulgamlaşdyrylýan hukuk kadalarynyň hemmeler üçin umumy ýörelgelerine dürs kesgitlenilen we anyk beýan edilen hukuk gurluşlary, adalgalary we düşünjeleri ulanmak bilen tabyn bolýandyr. Kodifikasiýadan soň, pudak hukuk kadalaşdyrmany (ýa-da hukuk institutlarynyň çäklerindäki kadalaşdyrmany) kesgitleýän umumy düzgünler beýan edilende, şeýle kadalaşdyrmanyň soňky ösüşi esasan kodeksde eýýäm beýan edilen jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kanunçylyk reglamentirlemegiň ulgam dörediji esas bolup çykyş edýän düzgünleriň takyklamak görnüşinde bolup geçýär. „Hereket edýän hukugy kristallaşdyrmak bilen, kodifikasiýa, ony ömürlik doňdurmaýar: hukugyň ýetmezçiligini, kämil däl ýerlerini gowrak ýüze çykarmaga mümkinçilik bermek bilen oňa aň ýetirmäge hemaýat edýär, bu bolsa täze özgertmeleri başlamaklygyň nokady bolup hyzmat edýär“.[58] Mundan başga-da, hukuk görkezmeleri kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň maddalarynda soňraky beýan edilmegi has gurluşly bolup geçýär – eýýäm kodifisirlenen hukuk toplumynyň düzüm bölekleri ösýär: hukugyň pudaga degişli edaralary, institutlary, institutlara degişli edaralar. Şeýlelikde, kodifikasiýa prosesinde ýüze çykýan kanunçylyk materialynyň durnuklaşdyrylmagy (ýa-da ony başgaça atlandyrylanda kristallaşdyrmak täsiri) hiç bir ýagdaýda hukuk progresiniň ýolunda togtadyjy hökmünde seredilip bilinmez.

---

[55] Seret. Z.Krystufek. La querelle entre Saigny et Thibaut et son influence sur La pensee juridique europennell Rewue historique de droit francais et etranger, 1966.sah.65.
[56] Р.Кабрияк. Кодификация. М. 2007,sah.155.
[57] Seret, mysal üçin, E.Thaller. Rapport preliminare sur la question de la revision du Code civil/Bulletin de La Sosiete d'etudes legislatives, 1904,sah.497; R.Salleilles. Introduction a l'etude droit allemande, op.cit.,sah.89; D.Bureau. La codification du droit international prive? Art/cite №45; M. Latourneus. Reflexions sur la codification en droit administrativell E. Melanges. De La Morandiere, 1964., sah .281 we başgalar.
[58] Р.Кабрияк. Кодификация. М. 2007. sah.159.

6. Umumy düzgünler, kodifikasiýa geçirilende kesgitlenilýän we formal beýan edilýän düzgünler, diňe bir kadalaşdyryjy hukuk kadalaşdyrmaklygyň ulgamlaýyn häsiýetini üpjün etmän, eýsem, köp ýagdaýlarda, hukuk görkezmeleriniň durmuşa geçirilmegini hem üpjün edýär. Kodifikasiýanyň netijesinde hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri diňe bir kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň ulgamyny däl, eýsem olary durmuşa geçirmekligiň görkezmeleriniň toplumyny alýarlar. Hukuk görkezmeleriniň niýetlenen adamlary kodeksleriň umumy düzgünlerini has takyk, we esasan, hukuk kadasyny birsydyrgyn düşündirmäge, olaryň hakyky manysyna düşünmäge mümkinçilik alýarlar. Netijede, hukuk gatnaşyklarynyň bu gatnaşyjylarynda özlerini alyp barmaklygyň hakyky hukuk häsiýetiniň goşmaça kepillikleri, jemgyýetiň durmuşynyň we ösüşiniň hakyky bähbitlerine has takyk laýyklyklary bar. Kodifisirlenýän kanunçylyk namalarynyň umumy düzgünleri hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýektlerine ýörite hukuk (we diňe bir hukuk däl) düşünjeleriň we adalgalaryň manysyny dürs kesgitlemäge, hukuk shemalaryny we gurluşlary ulanmak bilen hukuk kadalarynyň ýörelgelerine esaslanyp, kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleri durmuşa geçirmekligiň prosesini bir nusga getirmäge kömek edýärler. Kodeksiň umumy düzgünleriniň bolmagy bilen hukuk amala aşyrmalar bütewi kadalaşdyryjy berkidilen esasy başlangyçlarda bütewi, ulgamlaýyn kanunçylyk düzgünlerine täzeden aň ýetirmeklik, özbaşdak düşündirmeklik zerurlygy bolmazdan, özüňi alyp barmaklygyň iş ýüzündäki nama bilen formal görkezmäniň arasyndaky takyk laýyklygy kesgitlemek bilen ýerine ýetirilýär.

7. Kodifikasiýa kanundöredijiligiň dowamynda onuň ylmy esaslandyrma ýaly wajyp ýörelgesiniň berjaý edilişini uly derejede ýeňilleşdirýär. Kodeksleriň umumy düzgünleri jemlenilen görnüşinde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli-bir pudagynyň hukuk kadalaşdyrmanyň ýatan doktrinal tezisleri beýan etmäge ajaýyp mümkinçiligini berýär.

Hukuk kadalaşdyrmaklygyň ýörelgeleri jemgyýetçilik gatnaşyklaryna hukuk gatyşmaklygynyň ylmy esaslandyrmasynda ähmiýeti uludyr. Kodifikasiýanyň dowamynda kesgitlenilýän we kadaly berkidilýän hukuk kadalaşdyrmaklygyň esasy ýörelgeleri jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylýan pudagynda jemgyýetçilik durmuşyň we ösüşiň bähbitleriniň wajyplygy boýunça kesgitleýän obýektiw sosial zerurlygyň jemlenilen beýanydyr. Şeýle bähbitlere aň ýetirmeklik jemgyýetçilik prosesleriň ugruny we häsiýetini kesgitleýän esasy sosial kanunylyklaryň, faktorlaryň ylmy öwrenilmegini göz öňünde tutýar. Döredilen kadalaşdyryjy hukuk namanyň netijesinde umumy bölümde beýan edilen kodifisirlenen kanunçylygyň umumy ýörelgeleri amatly hukuk kadalaşdyrmaklygyň maksatlary, şeýle-de usullary we ýollary barada ylmy netijeleri beýan etmekligiň serişdesidir. Kanundöredijiligiň ylmylygy şeýle namalarda ulanylýan hukuk shemalarynda we gurluşlarda, aýratyn ýerli hukuk institutlaryň düýp manysynyň ylmy aň ýetirmekligiň üsti bilen işlenilip taýýarlanylan, çylşyrymly köp manyly düşünjelerde, olaryň doktrinal işlenip taýýarlanmagynda, şeýle-de olaryň arasyndaky logiki we funksional gatnaşyklarynyň ösüşinde ýüze çykýar. Ýörite hukuk düşünjeler hem ylmy-hukuk işläp taýýarlamalaryň netijesi bolup durýar we kanunçylygyň talaplarynyň ylmy esaslandyrmasyny üpjün edýärler. Kodekslerde hukuk görkezmeleriniň jemlenilen beýanlary onuň düýp mazmunynyň, şeýle kadalaşdyrmanyň esasy pikirleriniň açyp görkezilmegi üçin olaryň aň ýetirilmegini şertlendirýär we öňünden kesgitleýär. Özüniň umumy düzgünleri boýunça kodeksler hukuk kadalaşdyrmaklygyň esaslary hökmünde doktrinal ylmy başlangyçlaryň beýany we formal berkidilmeginiň serişdesi bolup hereket edýär. Kodifikasiýa hukuk durmuşynyň kanuny esasy hökmünde ylmy düzgünleriň (roman-german hukuk maşgalarynyň ýurtlarynda hukugyň formal çeşmesi bolmaýarlar) amala aşyrmaklygyň serişdesi bolup hyzmat edýär.

Kanundöredijiligiň ylmylygy olaryň hukuk häsiýetiniň, subýektiw faktorlardan garaşsyzlygynyň, sosial zerurlyklara laýyklygynyň we hukuk kadalaşdyrmaklygyň funksional wezipesiniň goşmaça kepili bolup durýar. Şeýlelikde, ylmylygyň üsti bilen kodifikasiýa prosesi kanunçylygyň hukuk kadasynyň hakyky manysyna laýyk gelmesiniň goşmaça üpjün edilmesi bolup çykyş edýär.

8. Kodifikasiýanyň dowamynda öň hukugyň başga görnüşleriniň (formal çeşmeleriniň) kömegi bilen beýan edilen hukuk kadalary kanunçylygyň kodifisirlenen namasynda amala aşyrylýar. Islendik hukuk ulgamynda kadalaşdyryjy hukuk namalar toplumyndan başga (döwletleriň köpüsinde olar wajyplylygy we hukuk kadalaşdyrmanyň göwrümi boýunça esasy hukuk çeşmesi bolup durýar) hukuk görkezmeleriniň beýan etmekliginiň we formal berkidilmeginiň başga usullary ulanylýar. Olar (özleriniň logiki ähmiýeti boýunça) kanunlaryň we kanunasty namalarynyň ulgamyny doldurmaga, belli-bir sebäplere görä kanunçylykda görkezip bolmadyk kadalary beýan etmäge niýetlenendir. Emma hukugyň dürli birnäçe görnüşleriniň deň ulanylmagy (hukuk kadalaşdyrmaklygyň tejribesiniň görkezişi ýaly) zerur, gutulgysyz bolsa-da, emma islenilýän däldir (iň bolmanda Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň degişli bolan roman-german hukuk maşgalasynyň şertlerinde). Hukugyň kömekçi formal (resmi taýdan kabul edilen) çeşmeleriniň ulanylyşynyň mukdaryny iň pes derejä ýetirmeli, sebäbi hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň özüni alyp barmaklaryna hukugyň dürli formalarynyň täsir etmekliginiň mehanizmleri dürlidir: görkezmeleriň beýan etmekligiň usulyýeti, bu görkezmeleri amala aşyrylmagynyň üpjün etmekliginiň usullary, degişli ulgamlaryň kämilleşdirmekligiň tehnikasy, görkezmeleri ýerine ýetirilmändigi üçin jogapkärçilige çekmekligiň mehanizmleri, hukuk baradaky jedelleriň çözmekligiň usullary we ş.m. üýtgeýändir. Hukugyň dürli formalary fiziki we ýuridiki şahslaryň hukuk ähmiýetli özüni alyp barmaklygy dürlüçe kesgitleýärler, hukugyň dürli çeşmeleriniň özara gatnaşygyny adatça kyn işdir, kähalatlarda bolsa – mümkin däl zatdyr. Kodifikasiýa hukuk kadalaşdyrmaklygyň bu meselesini hem çözmäge kömek edýär. Sosial gatnaşyklara we proseslere kadalaşdyryjy hukuk täsiriniň global ulgamlaşdyrylmagynyň netijesinde düzülýän kodifisirlenen namada hukuk görkezmeleriň daşky beýan etmekligiň we formal berkitmekligiň usuluna garamazdan jemgyýetçilik durmuşynyň belli-bir ugruny düzgünleşdirýän ähli hukuk görkezmeleri jemlenýär. Kodifisirlenen nama olaryň hut kanunçylyk namada jemlenilen beýan edilmegine ýardam berýän hukuk kadasynyň bir nusga getirilip beýan etmekligiň serişdesi bolup hyzmat edýär, bu bolsa, birinjiden, olaryň beýan edilmesiniň düzgünleşdirilmegine getirýär, ikinjiden bolsa, kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň ähli artykmaçlyklary ulanmaga mümkinçilik berýär. Hukuk kadasynyň belli ulgamy (pudak, pudaga degişli edara, hukuk instituty) ýazylan hukuga esaslanan, çeşmeleriň beýleki görnüşleri ondan gysylyp çykarylýar. Netijede, diňe bir kanunçylygyň ulgamlylygy güýçlenmän, eýsem tutuş alaňda hukuk kadalaşdyrmaklygyň netijeliligi artýar, sebäbi kanunçylygyň bu mehanizmde ähmiýeti artýar we hut kanunçylyk onuň merkezi bölegi bolýar.

9. Ahyrky netijede, kodifikasiýanyň diňe bir kanunçylyk kadalaşdyrmany kämilleşdirmekde däl-de, eýsem hukugyň bütin ulgamynyň ösüşinde ähmiýeti uludyr. Kodifikasiýa hukuk ulgamynyň gutarnykly emele getirmeklik we gurluş düzümlerini – onuň pudaklaryny (az derejede – pudaga degişli edaralar, we kadadan çykma hökmünde institutlar) görkezmek üçin hyzmat edýär. Kodifikasion kadalaşdyryjy hukuk namalarynda umumy düzgünleriň formal beýany we berkidilmegi beýlekilerden başga-da, belli bir hukuk kadalarynyň umumylygyny beýan etmek üçin hyzmat edýän esasgoýujy başlangyçlarynyň aýratyn görkezilmegidir. Bu umumy düzgünler (hut kodifikasiýanyň dowamynda kesgitlemäge we formal berkitmeklige has amatly bolan) belli hukuk ulgamlaryň hukuk kadalaşdyrmada umumylygy beýan edýär: jemgyýetçilik durmuşynyň belli pudagynyň hukuk düzgünleşdirmekligiň umumy maksatlary, şeýle düzgünleşdirmäniň umumy usullary, onuň esasy ýöriteleşdirilen häsiýetleri. Şeýle aýratynlyklar iş ýüzünde hereket edip biler, ýöne olaryň formal beýany we hereket edýän kanunçylygyň düzgünlerinde berkidilmegi hukuk pudagynyň doly güýjünde bolmagy we işlemegi üçin zerurdyr. Bu hukugyň kanunçylyga dahyllygy, haçanda kadalaşdyryjy hukuk namalar toplumynyň ýagdaýy, ýagny kanunçykaryjylar tarapyndan kadalaşdyrmaklygyň jemgyýetçilik zerurlygyna subýektiw aň ýetirmekligiň netijesiniň, hukugyň obýektiw kadasynyň barlygyny, olaryň netijeliligini, bu kadalar tarapyndan öz sosial wezipelerini ýerine ýetirmek mümkinçiliginiň ýagdaýydyr. Bu düýp manysynda obýektiw we subýektiw başlangyçlaryň biri-birini doldurmak bilen birleşmegi sosio-medeni fenomen hökmünde dialektikanyň ýüze çykmalarynyň biridir. „Her bir täze kodeks bilen hukugyň ýene-de

bir pudagy öz awtonomiýasyna tarap uly ädim edýär, sebäbi islendik kodifikasiýa hukugyň kodifisirlenen ulgamyň çeşmeleri kodifikasiýanyň daşynda bolup bilmeýändigini; ýaramaz ýagdaýda, onuň manysyzlygyny güman edýär“.[59]

Hukugyň dünýä taryhynda hukuk pudaklarynyň gutarnykly emele gelmeginiň kodifikasiýa we kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilmegi bilen baglanyşykly bolmagynyň köp mysalyny getirip bolar. Olarda pudaklaýyn hukuk kadalaşdyrmaklygyň düýp manysy kesgitlenildi. Aslyýetinde, hukuk kadalaşdyrma mehanizminiň elementleri hökmünde hukuk pudaklarynyň ýüze çykmagy ilkinji gezek hut kodifikasiýanyň geçirilmegi bilen yzarlanýar – mysal üçin, Fransiýada bu proses XVII asyryň ahyrlaryna – XIX asyryň başlaryna düşýär, Germaniýada bolsa XIX asyryň ahyrlaryna we XX asyryň başlarynda bolup geçýär.

Bu ýerde pudagyň ösüşiniň tamamlanmagyny resmileşdirmek bilen, kodifikasiýa jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli-bir ugruny düzgünleşdirýän kanunçylygyň ösüşindäki durnuklylygy öňünden kesgitleýär, kodeks diňe bir kadalaşdyryjy görkezmeleriniň ulgamlaýyn beýany bolman, eýsem onuň düzgünleriniň logiki aragatnaşygy olaryň ykjamlylygyny we az sözlüligi göz öňünde tutýar, kodifikasiýanyň netijesinde döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň gurluş tamamlanmagy bolsa kodifikasiýa geçirilen kanunçylykda pudagyň täzelenmeginiň diňe döredilen kodekse (bu örän çylşyrymly we jogapkärçilikli iş) üýtgetmeler girizmek ýa-da täze kodeksi kabul etmekligiň görnüşinde göz öňünde tutýar. Bu pudakda gatnaşyklary kadalaşdyrýan täze kanunlaryň kabul edilmegi artykmaç bolýar.

Mundan başga-da, kodifikasiýanyň geçirilmegi we täze kodeksiň geçirilmegi adamlar tarapyndan hukugyň degişli pudagynyň ykrar edilmegine, onuň abraýynyň artmagyna getirýär. Psihologik tarapyndan hukuk pudagynyň otnositel awtonomlygyna göz ýetirmeklik (bu degişli kadalaryň özleşdirilmeginde örän uly ähmiýeti bolup biler, sebäbi onuň üçin pudak görkezmeleriniň arasynda logiki aragatnaşygyň aň ýetirilmegi, ulgamlylygy, toplumlylygy zerurdyr), eger adam kodeks görnüşinde şeýle pudagyň ulgam dörediji başlangyjy alýan bolsa has aňsatdyr. Ýer hukugy, gümrük hukugy we şeýle birnäçe beýlekiler ýaly hukuk pudaklarynyň özbaşdaklygy degişli kodeksleriň kabul etmeklerinden soň ykrar edilmegi tötänleýin däldir, emma saýlaw hukugy ýa-da ekologiýa hukugy – şu wagta çenli kodifikasiýa geçirilmedik hukuk döredilmelerde analogik pudaklaýyn awtonomlylygy henize çenli şubheli bolup galýar.

Şeýle-de bolsa, käbir alymlaryň kodifikasiýany ideallaşdyrmaly däldigi baradaky pikiri aýdandyklaryny bellemän geçip bolmaz, bu bolsa, oňaýly netijelerden başga belli-bir ýaramaz netijeleri hem döredýär (kanunçylyk kadalaşdyrmaklyga kodifikasiýa bilen getirilýän bähbitleriň dowamy, kanunçylygy kämilleşdirmekligiň netijesi, onuň kadalaşdyryjy mümkinçilikleriniň artdyrylmagy, we hukuk kadalaşdyrmada we umuman, jemgyýetiň durmuşynda kadalaşdyryjy hukuk namalarda ähmiýetiniň ösmegi hökmünde seretmek bolar).

Hukukçy alymlar tarapyndan kodifikasiýanyň şeýle „minuslarynyň“ tutuş toplumyny görkezýärler, olaryň içinde has göze görnüp duranlaryny we esaslandyrylanlaryny görkezmäge synanyşmaly.

Birinjiden, roman-german hukuk ulgamynyň kodifikasiýasynyň tejribesinde ilkibaşdan kontinental Ýewropa ýurtlarynyň uniwersitet däp-dessuryny, ýagny „...adalat hukugyň gözleglerini öwretmek höwesini, haýsy hem bolsa bir ýurduň ýa-da pudagyň hukuk düşündirişlerini ýa-da ulgamlaşdyrylmagyny däl-de, hukuk nusgasyny teklip etmek islegini „ünsden düşürdiler“.[60] Başga sözler bilen aýdylanda, kodifikasiýanyň hukuk kadalaşdyrma getirýän formallylygy bellemän geçip bolmaz, kanunçylygy berkitmeklik adamlaryň aňynda we has howply bolan, hukugyň we kanunyň hukuk ulanyjylyk tejribesinde kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamyny gürrüňsiz hukuk hökmünde, hukugyň ýeke-täk çeşmesi hökmünde düşünilmegine deň hasaplamak meýlini çykarýar. Hakyky hukuk kadalaşdyrmasy üçin amatly bolan hemme zady öz içine alýan kodeks onuň ideallylygy baradaky baş hyýaly we onuň üýtgewsizligi, hereket edýän kanunçylyk babatda tankydyň ýoklugyna bolan islegi döredýär.

---

[59] F.Grua. Revue trimestrel la de droit civil. 1993.sah.71.

[60] Р.Давид, Жоффе-Спинози К. Основные правовые системы современности. М.1998.sah.50.

Mundan başga-da, netijeli kodifikasiýalar belli-bir derejede aýry-aýry döwletleriň milli hukuk ulgamlarynyň özbaşdak bolmagyna eltýär, bu bolsa olaryň arasyndaky alyşmany, talap edilýän hukuk institutlaryň we kadalaşdyryjy mehanizmleriň esaslandyrylan alynmalary kynlaşdyrýar. Abraýly alymlaryň pikirine görä, kodeksleriň döredilmegi „...hukuk pozitiwizme, güýçlendirilen milletparazlyga“[61] ýardam edýär. Kodifikasiýa geçirýän adamlar “...öz kodeksleri bilen başagaý boldular we öz manysy boýunça hakyky hukugy jemgyýetçilik özüňi alyp barmaklygyň kadasy hökmünde milli hukukdygyny görkezmelerini bes etdiler“.[62]

Bu alymlaryň nukdaýnazary bilen belli-bir derejede razylaşyp bolar. Emma bu ýerde kodifikasiýanyň dowamynda ylmy taýdan işlenilip düzülen we tejribede barlanylan usulyýet düzgünleriň berjaý edilmegi ýaramaz ýagdaýlardan gaça durmaga mümkinçilik berýär. Görkezilen (juda köpsanly däl) kodifikasiýanyň ýaramaz netijeleri „...onuň ýörelgeleri bilen baglanyşykly bolmandy we ilki bilen hukukçylaryň öz taraplaryndan düzedilmeli“.[63] Bu roman-german hukuk maşgalasynyň Ýewropa kontinentinde „...jemgyýetiň bähbitlerine laýyk gelýän Ýustinianyň kompilýasiýalarynyň bulam-bujarlygyndan (haosyndan) tapawutlylykda tebigy hukuk mekdebiniň pikirlerini anyk beýan etmek bilen, hukuk ylmynyň köpasyrlyk ewolýusiýasynyň tamamlanmagyny ýerine ýetirmäge mümkinçilik berdiler“.[64]

Kodifikasiýa, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilmegi üçin ulanylýan özara baglanyşykly hukuk kadalaşdyryjylarynyň ýeke-täk we özboluşly toplumy hökmünde ulgamynyň emele getirmeginde ähmiýeti uludyr. Kanunçylygyň kodifisirlenen häsiýeti roman-german hukuk ulgamyna degişli hukuk ulgamlaryny häsiýetlendirýän wajyp tapawutlandyryjy alamatdyr. Kodifikasiýa geçirilýän beýleki hukuk ulgamlaryna degişli hukuk ulgamlaryndan tapawutlylykda, roman-german hukugyň kodifikasiýalary ähli taraplaryny, hukuk kadalaşdyrmanyň ähli taraplaryny, hukuk pudaklarynyň we institutlarynyň ählisini diýen ýaly öz içine alýan global häsiýeti bardyr. Iş ýüzünde, kodifikasiýanyň globallylygy, bütin kanunçylyk giňişliginiň kodifisirlenmegi roman-german hukuk maşgalasynyň düýp mazmunyny we aýratynlygyny kesgitleýän faktorlaryň biridir. Kadalaşdyryjy hukuk materialynyň kodifikasiýasynyň roman-german hukuk maşgalasynyň hukuk ulgamlarynyň has göze görünýän aýratynlygydygyny ynam bilen ykrar etmek bolar. Bu ulgamyň galan häsiýetlendiriji alamatlary kanunçylygyň kodifikasiýasy bilen özara kesgitleniji baglanyşyklydyr. Kodifikasiýa hukuk kadalaşdyrma bilen rim hukugynyň aragatnaşygyny şertlendirýär hem-de rim hukuk ýörelgelerine we gurluşlaryna „diri“ häzirkizaman hukugynda amala aşyrylmagyna, oňa organiki taýdan uýgunlaşmagyna, garşy bolmazdan we hususy hukuk düzgünleri netijeli kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Kadalaşdyryjy hukuk kadalaşdyrmanyň kämilleşdirilmeginiň bu görnüşi kanunçylyga aňryçäk kadalaşdyryjy netijeliligi gazanmaga we şonuň netijesinde hukuk kadalaşdyrmada hukugyň agdaklyk edýän görnüşi hökmünde çykyş etmäge mümkinçilik berýär. Hukuk ulgamynyň konseptuallygy we doktrinallygy hem köp derejede kodifikasiýa bilen kesgitlenilýär, sebäbi, ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, olaryň geçirilmegi netijesinde hukuk ylmynyň degişli ugrunda agdyklyk edýän doktrinal netijeler we çözgütler kodifisirlenýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň tekstlerinde umumy düzgünler görnüşinde formal beýan edilýär we berkidilýär. Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, hut kodifikasiýa hukuk pudaklaryna (bu ýerde şahsy hukuk we jemagat hukuk görnüşlerine bölünýär) daşky ýüze çykarylmagyna, emele gelmegine we gutarnykly taýýarlanmagyna mümkinçilik berýär. Hut kodifikasiýanyň roman-german hukuk maşgalasynyň hukuk ulgamlaryna olaryň nusgawy ýagdaýyny hukuk güýjüni hut şu görnüşde goldamagy bilen gazanmaga mümkinçilik berdi, bu bolsa roman-german ulgamyna häzirkizaman dünýäsinde iň giňden ýaýran bolmagyna mümkinçilik beren hukuk kadalaşdyrmagyň maksatlaryny gazanmak üçin has netijeli diýlip kabul edilýär. Kanunçylyk görkezmeleriň kodifikasiýasy milli hukuk ulgamlaryň bu toplumynyň hukuk kadalaşdyrylmagynyň hukuk usulyýetiniň alamatlary we beýleki kesgitleýji häsiýeti bilen

---

[61] Р.Давид, Жоффе-Спинози К. Основные правовые системы современности. М.1998.sah.51.

[62] Şol ýerde.

[63] Р.Давид. Основные правовые системы современности. М.1988.sah.35.

[64] Р.Давид, Жоффе-Спинози К. Основные правовые системы современности. М.1998.sah.49.

organiki taýdan özara bagly hut roman-german hukuk maşgalasyna degişli hukuk ulgamynyň aýrylmaz alamaty bolup durýar. Beýleki hukuk maşgalalarynda kodifikasiýanyň ähmiýeti ýok (şonuň üçin olarda ony geçirmekligiň ýörite ulgamyny işläp taýýarlamaklygyň zerurlygy ýok), seýrek halatlarda, geçiriläýen halatynda-da, köplenç roman-german hukuk maşgalasynyň hukuk ulgamlarynda kodifikasiýalara meňzetme bolup durýar. Mysal üçin, şeýle ýagdaý köplenç Merkezi we Günorta Afrika ýurtlarynda, ýagny, hukuk ulgamlarynyň adaty hukuk maşgalasyna degişli bolan ýurtlarynda görmek bolýar. Käbir hukuk ulgamlarynda bolsa kodifikasiýa düýbünden ret edilýär – mysal üçin, anglo-sakson hukuk maşgalasy ýurtlarynda (dogrusynda, bu kodeksleriň, biri-biri bilen bagly bolman, hat-da hukugyň aýry-aýry pudaklarynyň çäklerinde hukuk kadalaşdyrmany kesgitlemeýän bu hukuk ulgamlarynyň käbirinde döretmäge päsgel bermeýär. Munuň sebäbi hem käbir alymlaryň ykrarlamagyna görä bu ýurtlara häsiýetli bolmadyk umumy hukugyň adatlylygydyr.[65] Ýöne roman-german hukuk maşgalasy ýurtlarynda kanunçylygyň bu kämilleşdirilmegine mahsus bolan kodifikasiýanyň ähmiýeti bu ýerde ýokdur, onuň haýsy hem bolsa bir görnüşi talap edilýär.

Roman-german hukuk ulgamyndan galan hukuk ulgamlarynda, kodifikasiýa hukuk mehanizminiň işlemeginiň netijeliliginiň hökmany şerti däldir, olar diňe başga bir keseki zadyň kabul edilmegidir, onuň bolsa düýpli we berk taryhy kökleri ýokdur. Diňe roman-german hukuk maşgalasynda yzygiderli geçirilýän kodifikasiýa hökmany element bolup durandyr, şonuň üçin olaryň geçirilmegini we olaryň häsiýetiniň zerurlygyny esaslandyrýan özüniň aýratyn ideologiýasy bardyr. Diňe roman-german hukuk maşgalasynda kodifikasiýa geçirmekligiň usulyýetini kesgitleýän kanunçykaryjylyk tehnikasynyň ýörite usullarynyň ylmy işläp taýýarlamaklygyň hakyky zerurlygy bardyr.

Ýokarda beýan edilen zatlaryň hemmesi diňe bir kodifikasiýanyň ähmiýeti, onuň kanundöredijilik ulgamynda onuň tutýan aýratyn orny däl, eýsem hukuk kadalaşdyrma mehanizmiň işinde hem onuň ägirt uly ähmiýetini görkezýär. Kodifikasiýanyň ähli sanalyp geçilen onyň netijeleri kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň şu görnüşiniň geçirilmeginiň maksatlaryny kesgitlemek üçin görkezildi. Olar bu düýpli özgertmeleriň, kanunçylygyň hereket edýän ulgamynyň amala aşyrylmagynyň ýollaryny kesgitleýärler. Hereket edýän kanunçylygyň ulgamlaşdyrylmagynyň bu görnüşiniň, kadalaşdyryjy hukuk giňişligini kämilleşdirmekligiň bu aýratyn görnüşiniň ähmiýeti we funksional wajyplylygy ony amala aşyrmaklygyň esasy ýörelgelerini, düzgünlerini we usullaryny kesgitleýär. Kodifikasiýanyň düýp manysy onuň hukuk kadalaşdyrmaklygy üçin döredýän esasy artykmaçlyklary, prosesiň aýratynlygyny şertlendirýär, ony gazanmagyň ýollaryny we usullaryny öňünden kesgitleýär.

Kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň bu görnüşi kanundöredijiligiň aýratyn kadalaşdyryjy hukuk namalar ulgamynyň – hukuk pudaklarynyň we institutlarynyň ulgamyny kesgitleýän kodeksleriň we kodifisirlenen (ýa-da toplumlaýyn) kanunlaryň ýüze çykmasydyr. Kanundöredijiligiň şu formasynyň aýratynlygy döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň, bir tarapdan, tertipleşdirilen görnüşinde öň beýan edilen hukuk görkezmelerini açyp görkezýänligidir, beýleki bir tarapdan bolsa, kanunçykaryjy oňa kanunçylyga öň belli bolmadyk täze düzgünleri hem goşup biler. Islendik ýagdaýda kodifikasiýanyň netijesinde alnan kanunçylyk namasy hukuk kadasynyň anyk ulgama degişli ugurda (podsistemada) (pudakda, pudaga degişli edarada, institutda we ş.m.) esasgoýujy bolmak bilen, hukuk kadalaşdyrma ulgamynda aýratyn orun eýeleýär. Ol özünde diňe bir özüňi alyp barmaklygyň görkezmelerini saklamaýar; şeýle nama hukugyň degişli pudagynyň ýa-da institutynyň ulgamdörediji başlangyjy, gurmaklygyň esasy bolup çykyş edýär. Şeýle nama özünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň anyk pudagynyň hukuk kadalaşdyrmaklygyň aýratyn ýörelgelerini, esasy kesgitlemelerini we hukuk shemalaryny, şeýle-de hukuk kadasynyň belli toplumynyň esasgoýujy başlangyçlaryny özünde jemleýär. Kadalaşdyryjy-hukuk giňişliginiň kodifikasiýasy diňe bir kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň görnüşi bolman, eýsem kanundöredijiligiň diýseň aýratyn görnüşidir. Hut şonuň üçin kanunçylygyň kodifikasiýasynyň düzgünleri we usullary

[65] Meselem seret. Р.Кабрияк. Кодификации. М. 2007.sah.141-143.

kanunçykaryjylyk tehnikasynyň iň wajyp elementleridir. Olary äsgermezlik geçirilýän kodifikasiýanyň ähmiýetini ýitirýär. Kodifikasiýa geçirmekligiň tertibine we tehnikasyna, bu prosesiň aýratynlygyna aýratyn üns bermelidir.

## 9.3. Kodifikasiýa geçirmekligiň ýörelgeleri

Umuman, kodifikasiýanyň tehnikasy kanunçykaryjylyk tehnikasynyň ähli ýörelgelerine esaslandyrylan, şeýle hem bolsa olaryň möhüm aýratynlygynyň, ýagny kodifikasiýa prosesiniň aýratynlygynyň emele gelmegidir. Şoňa görä kodifikasiýa – kanunçylygyň täze namalarynyň ýönekeý döredilmegi däl, kadalaşdyryjy hukuk namalar ulgamynda girizilen üýtgetmeler däl, ol täze toplumlaýyn häsiýetli kanunlarda eýýäm kesgitlenilen kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň beýanydyr. Kanundöredijilik işiniň gatnaşyjylarynyň öňünde duran wezipe: bu düzgünleri ýönekeý aýyryp görkezmek we olary täzeden kesgitlemek däl-de, eýsem olaryň içinden özüniň ähmiýetini, özüniň hukuk häsiýetini we hukuk güýjüni saklaýanlary saýlamak, olary ulgamlaşdyrmak, hukukda ýetmezçilikleri ýüze çykaryp, olary täze görkezmeler bilen üstüni doldurmakdyr. Kodifikasiýanyň gatnaşyjylaryna şu kodifisirleýän başlangyç bilen bagly bolan, öz güýjüni saklaýan we täze döredilýän nama özüne olary goşmaklyga mätäç bolan şol kadalary kesgitlenen ýörelgelere laýyklykda olaryň saýlawyny amala aşyryp hökmany suratda kadalaşdyryjy materialyň uly möçberini derňemek zerurdyr. Bularyň ählisi kanunçykarýjylyk işiniň özboluşly görnüşi hökmünde kodifikasiýa prosesine bolan esasy talaplary şertlendiýär.

Kodifikasion tejribesinini seljerip, kanunçylygy ulgamlaşyrmaklygyň bu görnüşini geçirmekligiň şu aşakdaky esasy özboluşly düzgünleri-ýörelgeleri kesgitläp bolar:

1. **Kodifikasiýa geçirilmekliginiň öz wagtlylygy.** Kodifikasiýa esasan ulgamlaşdyrylýan kadalaşdyryjy materiýal, kanunçylygyň kadalaşdyrylýan bölegi „ýetişende“, ulgamlaşdyrmanyň bu görnüşine taýýar we oňa mätäç bolanda zerurdyr. Wagtyndan öň kodifikasiýanyň geçirilmegi we şeýle-de onuň geçirmekligini saklamaklyk hukuk kadalalaşdyrma üçin zyýanlydyr.

Birinjiden, kodifikasiýa ulgamlaşdyrylýan kadalaşdyryjy hukuk namalar özüniň jeminde hukuk kadalaryň anyk ulgamy (pudakda, pudaga degişli edarada, institutda, instituta degişli edarada) hökmünde öz emele gelmegini tamamlandan soň maksadalaýykdyr we bu ulgamda hakyky üýtgemeler bolup bilmekligi mümkin däl. Jemgyýetçilik durmuşyň belli bir pudagynyň hukuk kadalaşdyrmasynyň ugruny kesgitleýän esasgoýujy umumy düzgünleriň toplumy emele gelmelidir. Kodigikasiýa onuň astyna düşen kadalaşdyryjy materialyň durnuklylygyny göz öňünde tutýar, sebäbi netijede döredilýän kanunçylyk nama durnukly bolmalydyr, hemişe täzelenip durmaga mätäç bolamy däldir. Eger-de kodifisirlenýän hukuk pudagynda (pudaga degişli edarada, institutda) ösüş dowam etse, eger ol heniz düzülmedik kadalaşdyryjy hukuk ulgamy bolmasa, eger hukuk kadalaşdyrmanyň bu ugrunda täze namalar dörese we köneler üýtgese, kodifikasiýa öz manysyny ýitirýär, ol özüniň esasy maksadyna – hukuk kadalaşdyrmanyň jebisligine we ulgamlylygyna – ýetmeýär. Durnuklylyk we berklilik islendik kadalaşdyryjy hukuk nama gerekdir, oňa tiz-yiz üýtgetmeleri girizmek zerurlygy kanundöredijiligiň gatnaşyjylarynyň hünär derejesiniň pesdigine şaýatlyk edýär. Esasgoýujy, ulgamlaşdyryjy kodifisirlenen namalar üçin şeýle durnuklylyk kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk emele gelmäniň ulgamlylygynyň we durnuklylygynyň kepili hökmünde zerurdyr. 90-njy ýyllaryň başynda S.S. Alekseýewiň belleýşi ýaly, düýpli işlenilen Russiýanyň Raýat kodekisiniň geljek ýagdaýlaryny üns bilen işläp şeýle çykyş etdi, “...Kodekse şu günki gapma-garşylyklara niýetlenen geçiriş ýagdaýlary berkit, käte gelşiksiz döwlet realiýalaryny, ol bu realiýalary ebedileşdirmegi has öňe geçirerdi”.[66] Kodifikasiýanyň esasy wezipesi eýýäm emele gelen hukuk kadalaşdyrmanyň tertipleşdirilmegi bolup durýar, şeýle kadalaşdyrmakdaky nobatdaky tejribesi bolup durmaýar. ”Biziň pikrimizçe, geçiş şertlerinde hemişelik we geçiş kodeksleriň kabul edilişi

[66] Алексеев.С.С. Уроки. Тяжкий путь России к праву. М., 1997. Sah.142.

heniz delillendirilmedik. Geçiş şertlerinde kabul edilen kodeks iş ýüzünde hukuk çäreleriniň ylalaşdyryjy ulgamy bolup bilmez“.[67]

Başga bir tarapdan, kodifikasiýanyň geçirilişini saklamaklyga hem yol bermeli däldir, kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň bu görnüşini amala aşyrmaklygyň haýallandyrylmagy hem ýaramaz netijelere eltip biler. Kodifisirlemek üçin "bişen" kadalaşdyryjy hukuk toplumy şu ulgamlaşdyrmasyz, hukuk kadalaşdyrmanyň doly guraly hökmünde seredip bolmaz. Zerur bolan kodifikasiýanyň geçirilmezligi hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryna dagynak we biri-biri bilen ýaramaz gatnaşykda duran kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň ýerine ýetirmekligini has kynlaşdyrýar, adamlaryň özlerini alyp barmaklygyň hukuk talaplarynyň toplumyny özleşdirmeklige mümkinçiligi bolmaýar. Kanunçylygyň ulgamsyz aglaba giňişliginde çolaşmak we kynçylyk çekmek bilen öz hereketlerini doly we ulgamlaýyn hukugyň talaplarynyň we ýörelgeleriniň esasynda gurup bilmeýärler. Netijede, olaryň hukuk ähmiýetli özlerini alyp barşy hukuk kadalaşdyryjy ulgamynyň çäginden daşarda galmagy mümkin, adamlar ony öz öwrenişen hukuk kadalarynyň esasynda däl-de, başga kadalaşdyryjylara (hukuk häsiýeti bolmadyk): däp-dessurlara, ýagşylyk we ýamanlyk barada garaýyşlaryna, dini kadalara we başgalara esaslanyp bilerler. Bu bolsa hukuk kadalaşdyrmakda uly meseleleri, diňe bir hereket edýän kanunçylyk namalary bilen däl, eýsem täze kabul edilýänler bilen hem kynçylyklary ýüze çykaryp biler. Giç galmak bilen döredilen kodeks gereksiz, hakyky durmuşda ulanmasyz bolup biler.

2. **Kodifikasiýanyň dolulygy**. Kanunçylyk ulgamynyň kämilleşdirmekligiň netijeliligi bu kämilleşdirmeklige ulgamlaşdyrylmaly kanunlaryň we kanunasty namalaryň ählisiniň düşmegini talap edýär. Bolmadyk ýagdaýynda, täze kämilleşdirilen kanunçylygyň kadalaşdyryjy täsiriniň ulgamlaýyn bitewilik häsiýetiniň saklanylmagyna güwä geçmek kyn bolar. Şonuň üçin, kodifikasiýa geçirilen wagty kodifikasiýa alamatyna laýyk gelýän (köplenç jemgiýetçilik durmuşynyň belli bir pudagynyň kodifikasiýasy üçin umumy hukuk kadalaşdyrma predmetine) kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ählisiniň düşmegidir. Kodifikasiýa degişli bolan kanunçylyk namalaryň ýekejesi hem kodifikasiýa geçirýänleriň ünsünden düşmeli däldir we ony täze nama goşmaly däl. Kodifikasiýanyň doly dälligi (biwagtlylygy hem) bu işiň esasy maksadyna ýetmegine mümkinçilik bermeýär soňuna çenli ulgamlaşdyrylmadyk (iň pes derejede bolsada) kanunçylyk ulgamlaşdyrylman galýar we ony amala aşyrmak hem ýeňil düşmeýär. Eger-de hukuk gatnaşyklaryň subýektleri iň bolmanda görkezmeleriň haýsydyr-bir bölejigini, haýsydyr-bir hukuk namanyň elementlerini ulgamlaşdyrylmadyk başga namalardan gözlemäge mejbur bolsalar - kodifikasiýa geçirýänleriň ähli tagallalary netijesiz bolýar, hukuk täsir etmeklik guramaçylyksyz häsiýetini saklaýar, hukuk dolandyryjylygyň anyk alnan durmuş pudagynda hukuk kadalaşdyrmaklygyň ähli meselesini çözýän eke-täk kadalaşdyryjy hukuk nama bolmaýar. Umuman, kadalaşdyryjy hukuk toplumy ulgamsyz galýar. Şonuň üçin, ýarym-ýalta, gutarylmadyk kodifikasiýa ýol bermeli däldir, bu diňe ýagdaýy ýaramazlaşdyrýar, goşmaça, düzedýän kodifikasiýany döretmän, bu çylşyrymly jogapkärçilikli işi başgalara tabşyrmaklyk has oňat bolar.

Mundan başga-da, kodifikasiýa geçirilende diňe bir bar bolan namalary däl, eýsem täze taýýarlanylýan kanunlaryň we kanunasty namalaryň taslamalaryny hem kodifikasiýa gatnaşýanlar şeýle taslamalaryň kanunydygyny hasap eden şertinde göz öňünde tutmaly. Şeýle-de, kodifikasiýanyň dolulygy ony geçirmekligiň gidişinde hereket edýan kanunçylykda bar bolan ýetmezçilikleri aýan etmekligiň zerurlygyny güman edýär. Bu tertipsizligiň, geljekki kanunçylykda kodeksiň düzgünleriniň gaytalanmazlygynyň, kodeksiň durnuksyzlygynyň, olaryň tiz üýtgemeklik meýilleriniň öňüni alýar.[68]

3. **Kodifikasiýanyň ýeketäk ugry**. Bu logikanyň talaplaryna laýyklykda ýokarda garalyp geçilen ýörelgeleriň biridir. Ulgamlaşdyrmak, kadalaşdyryjy hukuk toplumy belli bir ulgama getirmeklik, bu ulgamyň funksional birligine we onuň ýeke-täk dolandyryş ugruny ýüze çykarýar. Kodifikasiýa kadalaşdyryjy hukuk namalaryň tötänleýin toplumy däl-de, eýsem hukuk

[67] В.В. Сорокин. О систематизации переходного законодательства. Журнал Российского права. 2011. №7. Sah.42.

[68] Ser. Керимов. Д.А. Кодификация и законодательная техника. М., 1962. sah.14.

kadalaşdyrmagyň toplumyny öz içine almalydyr. Kodifikasiýanyň netijesinde emele gelýän bütewi toplumlaýyn hukuk namany many birligi bilen üpjün etmek üçin ulgamlaşdyrmagyň bu görnüşi kodifisirlenýän hukuk ulgamlarynyň (pudaga degişli edaranyň, institutyň) diňe berk anyklanylýan kanunlar we kanunasty namalar babatynda amala aşyrylmalydyr. Şeýle edilmedik ýagdaýynda, ulgamlaşdyrylýan hukuk namalary birleşdirmeklige niýetlenýän döredilýän kodeks (kodifisirlenen hukuk kadalaşdyryjy nama) anyk bolmaýar we ulgamsyzdyr. Bu ýagdaýda kodifikasiýa manysyny ýitirýär, sebäbi ysnyşykly arabaglanyşygy bolmadyk elementleri ulgamlaşdyrmak mümkin däldir (hukuk kadalaşdyrmaklygyň predmetiniň umumylygy, olary has ýakyn birleşdirýän hukuk kadasynyň faktorydyr).

Kodifikasiýa geçirililende maddy we prosesual kadalary garyşdyrmaklyk tehniki nukdaýnazardan has howplydyr. Hukuk kadasynyň bu iki dürli görnüşleri hukugyň dürli pudaklaryna degişlidir, olary bir-birinden predmeti, şeýle-de, hukuk kadalaşdyrmaklygyň usulyýeti tapawutlandyrýar. Şonuň üçin, olaryň bir kadalaşdyryjy hukuk nama birleşdirmeklik şeýle namanyň logiki bütewiliginiň gödek bozulmasy hasap edilýär we onuň netijeliligini gaty peselder. Bu ýörelgäniň bozulmagynyň mysaly hökmünde milli kanunçykaryjylyk tejribesinden hereket edýän Administratiw hukuk bozulmalar baradaky Kodeksi getirip bolar. Bu resminamada kanunçykaryjylar hukuk täsir etmekligiň mazmuny we usulyýeti boýunça özara gowşak baglaşýan, durmuşyň köp ugurlarynda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan dürli kadalary bir ýere toplanan. Prosessual we maddy kadalar öz aralarynda gatyşdyrylan bolup çykdy. Netijede alnan resminama özüniň uly göwrümine, tamamlanmadygyna, ähli administratiw gatnaşyklary gurşap almaga ukypsyz bolmagyna garamazdan, ulgamsyz, uly bolup çykdy.

Resminamanyň kadalaşdyryjy netijeliligi örän pes bolup çykdy, tejribe hukuk gatnaşyklaryň gatnaşyjylarynyň köplenç özüni alyp barmaklygy kesgitlemek üçin onuň düzgünlerini hemişe ulanmaýandyklaryny, köplenç logiki taýdan özara gowşak baglaşan görkezmelerden baş alyp bilmeýandigini tejribe görkezdi.

### 9.4 Kodifikasiýa geçirmekligiň esasy tapgyrlary

Kanunçylygyň kodifikasiýasynyň häsiýetini we maksatlaryny, biziň ýurdumyzda we daşary ýurtda ony geçirmekligiň tejribesini seljerip, ulgamlaşdyrmanyň bu görnüşiniň tehniki taýdan birnäçe tapgyrlara bolünýändigi barada netije çykaryp bolar.

**Kodifikasiýa geçirmegiň zerurlygyny kesgitlemek.** Bu tapgyrda kanundöredijilige gatnaşyjylar belli bir kadalaşdyryjy hukuk giňişligi kanunçylyk ulgamlaşdyrmanyň geçirilmegine taýýar diýen netijä gelýär. Bu kanundöredijilik aň ýetirmekligiň bir görnüşi bolup, ol özboluşly görnüşdir. Kanunçylyk ulgamyň ýagdaýyna jogapkärler belli bir kanunçylyk toplumyň resmileşdirilendigini we durnuklylygyny derňeýärler, onuň kodifikasiýasyny geçirilmeginiň mümkinçilikleri we zerurlygy baradaky netijäni çykarýarlar. Onda kadalaşdyryjy hukuk namalaryň umumy sany hasaba alynýar, ýöne olaryň köp sany oňyn netije üçin aýgytly esas bolup duranok. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli-bir pudagyny kadalaşdyrýan, emma hukuk kadalaşdyrmakda bulam-bujarlygy ýüze çykarýan 2-3 kanunyň bolmaklygynda kodifikasiýa zerur bolmagy mümkin, ýöne ösüşi tamamlanmadyk ulgamlaryň onlarça ölçenip bolýan namalaryň köp sany babatyndaky netijäni wagtyndan öň edip bolar. Kanunçylygyň fragmentiniň gutarnykly emele gelmegi we onuň durnuklylygy netije çykarmak üçin esasy ölçeg bolup durýar.

Kodifikasiýa üçin zerur bolan kanundöredijilik aň ýetirmekligiň dowamynda bu prosese gatnaşyjylar häzirki kanunçylykda bar bolan kemçilikleriň öwezini döredilýän kodeksiň täze görkezmeleri bilen dolduryp bolar ýaly kesgitläp bilýärler. Kemçilikleriň öwezini doldurmaklyk (täze namany kabul etmekde gutulgysyz bolan ulgamsyzlyk bilen gazanylýan) kodifikasiýanyň maksatlarynyň ýene biridir.

Kanunçylygyň belli bir pudagynyň (pudaga degişli edaranyň, institutyň) kodifikasiýanyň amala aşyrylmagyna taýýar wagtyny kesgitlemek aňsat däl. Bu wagty kesgitlemekde edilen ýalňyş gynançly netijelere getirip biler. Hukuk kadalaşdyrmaklygyň ulgamynyň kodifikasiýa geçirilmegine doly taýýardygyny kesgitlemäge ylmy taslamalar, esasan hem, şahsy kodifikasiýalar kanunçykaryjylara uly kömek edip bilerler. Kodeksleri şahsy adamlar tarapyndan (hukuk kadalaşdyrmanyň degişli ugrunda hukukçy-alymlar, hukukçy-amalçylar) işläp taýýarlanyşy we ýöne täsir edýän kodifikasiýany geçirmegiň mümkinçilikleri we zerurlygy baradaky netijeler şeýle taýýarlygyň nyşany bolup biler. Şahsy adamlaryň şowly tejribeleri, şahsy kodifikatorlaryň kadalaşdyryjy hukuk namalaryň belli bir toplumyna bolan uly gyzyklanmasy bu toplumyň kodifikasiýa geçirilmegi üçin ýeterlikli derejede ornaşandygyny görkezýär.

**Hukuk kadalarynyň ulgamyna degişli kodifikasiýany kesgitlemek.** Bu tapgyrda hukuk kodifikasiýa degişli pudak, pudaga degişli edara, institut ýa-da instituta degişli edara kesgitlenilýär. Ilki bilen kodifisirlenen hukuk kadalar ulgamynyň jemagat hukugyna ýa-da şahsy hukugyna degişliligi kesgitlenilýär. Geljekki kodeksiň hukuk kadalaşdyrmaklygyň predmeti, onuň hukuk gatnaşyklar ulgamyndaky orny, hukugyň belli bir pudagynyň predmetine degişliligi (ýa-da umuman hukuk gatnaşyklar ulgamyndaky özbaşdaklylyk), hukuk kadalaşdyrmanyň usuly we beýleki anyklaýjy alamatlar kesgitlenilýär. Hukuk kadalaşdyrmaklygyň maksatlaryny, kanun çykaryjy üçin möhüm bolan we geljekki kodekse esas boljak esasy ýörelgeleri dogry kesgitlemek has-da wajypdyr. Hukuk kadalar ulgamyna degişli kodifikasiýany dogry we takyk kesgitlemek – kanunçylygyň kodifisirlenýän namasynyň geljegi üçin we onuň toplumlaýyn häsiýetine görä örän wajyp bolan logiki talaplarynyň ýerine ýetirilmeginiň girewidir. Kodifikasiýa geçirmegiň bu tapgyrynda kadalaşdyryjy hukuk namalar ulgamyna degişli kodifikasiýany takyk geçirmeklige kömek edýän ýa-da kodifikasiýanyň başga şertini kesgitleýän ulgamlaşdyrma prosesiniň ylmy esaslylygynyň uly ähmiýeti bardyr.

**Kodifikasiýa degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bölünişi we hasabynyň ýöredilişi.** Indiki tapgyr kodifikasiýanyň şertine laýyk gelýän we kodifisirlenýän hukuk kadalarynyň ulgamyna degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryň kesgitlenilşini öz içine alýar. Kanundöredijilik işine gatnaşyjylar ähli kanunçylyk giňişliginden ulgamlaşdyrmaklyga laýyk kanunlary we kanunasty namalary hökman saýlap almaly. Bu proses öňden gelýän tapgyryň tebigy dowamaty bolup durýar.

Ulgamlaşdyrmaklygyň dowamynda ilki bilen inkorporasiýa (çykan kanunlary we kanun çykaryjylyk namalaryny hiç hili üýtgeşiklik girizmezden bir ýere jemlemek) geçirilýär - kanunçylygyň belli bir kiçi ulgama degişli kadalaşdyryjy hukuk materialy çykarylýar. Soňra olaryň düzüminden kanuny güýji bolan, häzirki wagt hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleri öz içine alýan, ulgamlaşdyrylýan kanunçylygyň hereket edýän redaksiýasy kesgitlenýär, ýagny jebisleşme geçirilýär. Şeýle ýagdaýda, kodifikasiýa laýyk gelýän diňe kanunlar däl, eýsem kanunasty namalar hem kesgitlenmelidir. Geçirilýän kodifikasiýanyň dolylygy we täsirliligi hut şu tapgyra baglydyr.

**Kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň ulgamlaşdyrylýan namalaryndan bölünmegi.** Öňki tapgyrda bölünip çykarylan köp sanly kadalaşdyryjy hukuk namalardan olaryň manysyny, hukuk kadalarynyň elementlerini ýüze çykarmak gerek. Bu tapgyrda bir kodifisirlenýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň üsti bilen beýan etmeklige degişli kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleri, kanunçylygyň ulgamlandyrylýan namalarynyň manysy kesgitlenilýär. Her bir kadanyň üç sany elementini (gipoteza, dispozisiýa we sanksiýa) kesgitlemek zerurdyr, sebäbi bu döredilýän kodeksiň logiki dolulygynyň we gutarnyklylygynyň möhüm girewi bolup durýar, hem-de şol bir wagtyň özünde kodifikasiýa geçirmekligiň dolylygyny üpjün edýär, ulgamlaşdyrma degişli ähli kadalaşdyryjy hukuk namalaryň gözlegini aňsatlaşdyrýar. Kanunçylygyň kodifisirlenen namasynyň öz içine alýan her bir kadasynyň üç elementini jemlemegini gazanmalydyr. Kodifikasiýanyň dowamynda ýazgylary beýan etmegiň blanket usulyny peýdalanmazlyk islegi bar we diňe garşylykly ýagdaýda kanunyň logiki bitewiligi bozulmagy sebäp bolanda ulanylyp bilner (mysal üçin, görkezme ýerine ýetirilmedik

ýagdaýynda jenaýat bolup durýar we hukugyň kadasynyň sanksiýasy diňe jenaýat kodeksinde beýan edilip bilinjek jenaýat jogapkärçiliginiň çäresi bolup durýar).

Umuman aýdanymyzda, kodisikasiýanyň bu tapgyry iň wajybydyr. Ol ulgamlaşdyrmanyň şu görnüşiniň bar manysyny öz içine alýan namalaryň däl, eýsem olarda beýan edilýän kadalaryň belli talaplara laýyklykda belli tertipde goýulmagy we birleşdirilmegidir. Kodifikasiýanyň esasy maksady hut şu tapgyrda amala aşyrylýar.

**Alnan hukuk kadalarynyň ýetmezçiliklerini dolmak we boşluklarynyň öwezini doldurmak.** Emma, kanundöredijilik aň ýetirmeklik kodifisirlenen nama döredilende kanunçylykda eýýäm öz beýanyny tapan hukuk kadalaryny kesgitlemek bilen çäklenmeýär. Ulgamlaşdyrylyşyň dowamynda hukukda bar bolan ýetmezçiligi, hereket edýän kanunçylykda jemgyýet üçin zerur bolan gatnaşyklary kadalaşdyrýan kadalaryň ýoklygyny kesgitlemek mümkin. Şonuň üçin kodifikasiýa diňe bir kanunçylykda beýan edilen hukuk kadalarynyň ulgamlaşdyrylmasy bilen çäklenip bilmez. Şeýle ýagdaýda kodifisirlenen namada ýetmezçilikler bolup biler, we kanundaky ýetmezçilik, onda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň toplumyna bolan gözegçiliginiň logiki bitewiliginiň we dolylygynyň bolmazlygy, ony içgin ýagdaýda zyýanly, ulgamsyz edip biler hem-de kodifikasiýanyň maksatlaryna ýetmäge päsgel berer. Şol sebäpli, kodifikasiýanyň dowamynda öň kanunçylykda görkezilmedik hukugyň täze kadalary kesgitlenilmeli, seljerilmeli we berkidilmeli. Bu kodifikasiýa prosesiniň hökmany düzüm bölegidir we onuň kömegi bilen kanunçylygy ulgamlaşdyrmanyň bu görnüşi kanunçylyk ulgamynyň täzelenmeginiň we kämilleşdirilmeginiň möhüm guraly bolup durýar.

**Kodifisirlenýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň gurluşynyň döredilmegi.** Kodifisirlenýän nama toplumlaýyn bitewi kanun bolup durýar, şol sebäpli hem onuň gurluşynyň özboluşlylygy bar. Kodeksiň tekstini düzüp başlamazdan öň, degişli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk gözegçiliginiň esasy ýörelgelerini kesgitlemek, esasy adalgalary we düşünjeleri düzmek, esasy hukuk shemalary we gurluşlary döretmek zerurdyr. Bularyň hemmesi geljekki kodeksiň umumy bölegi, ýagny onuň gurluşynyň birinji düzüjisi üçin esas bolup hyzmat eder. Umumy ýagdaýlar bitewi giňişlikde beýan edilmese gowy bolar. Kodeksiň umumy bölegi kodifisirlenýän kadalaşdyryjy hukuk namalar ulgamynyň esaslandyryjy başlangyçlaryny beýan edýär we onuň bölünmegi we kegitlenilmegi üçin hyzmat edýär. Soňra göni hukuk kadalaşdyrylyşynyň bar bolan kadalary belli toparlara, ýagny kodifisirlenýän namanyň geljekki bölümlerine bölünýär. Olar kodifikasiýa tarapyndan döredilýän namasynyň aýratyn bölegini düzýärler. Bu gurluş düzüjisi toplumlaýyn hukuk kadalaşdyrylma üçin niýetlenendir. Geljekki kodeksiň modelini oňünden düzmeklik – onuň ulgamlylygynyň we logiki bitewiliginiň girewidir.

**Kodifisirlenýän namanyň maddalaryny kesgitlemek.** Bu kodifikasiýanyň iň soňky tapgyry bolup, ulgamlaşdyrylýan hukuk kadalarynyň kadalaşdyryjy-tekstual görnüşinde bütinleý berkidilmegini aňladýar. Kodeksiň umumy böleginiň maddalary abstrakt usulda kesgitlenilýär, aýratyn bölegi üçin bolsa kazuistik usul ulanmaklyk talabalaýykdyr. Kodeksiň düzgünleri kesgitlenende görkezmeleriň beýan edilmeginiň ugrukdyryjy usulyny ulanmak amatlydyr, ýagny maddalar şol kodeksiň beýleki maddalaryna salgylanmalydyr. Bu göwrümi boýunça ýönekeý kanundan uly bolan we şol bir wagtyň özünde beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalara garanyňda ulgamlylygy, güýji we netijeliligi has ýokarda goýýan kodifisirlenýän namanyň ulgamlylygyny we bitewiligini üpçün edýär.

Galan zatlarda kodeksiň maddalarynyň tekstlerini düzmekligiň hiç hili özboluşlylygy ýok. Kodeksiň maddalaryny kesgitlemeklik onuň düzülişilini tamamlamaga mümkinçilik berýär.

## 9.5. Kanunçylygyň kodifikasiýasyny geçirmekligiň esasy tärleri we usullary. Kodifikasiýanyň görnüşleri

Kodifikasiýa kanundöredijiligiň aýratyn bir görnüşini göz öňünde tutýar. Kodifikasiýanyň dowamynda täze ýeke-täk toplumlaýyn nama döredilýär we öňden bar bolan dagynyk kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň uly göwrüminiň ornuny tutmaklygy, olarda bar

bolan ýetmezçilikleriň öwezi dolamklygy talap edýär we hukugyň kesgitli kiçi ulgamynyň esasy çeşmesi bolýar.

Dünýäde kodifikasiýa geçirmekligiň taryhy tejribesini seljerip, ony amala aşyrmaklygyň görnüşleriniň we usullarynyň tutuş hataryny bölüp aýyrmak bolýar. Bu prosese gatnaşýan subýektler işinde özleriniň maksatlaryna we ilkinjiligine görä belli bir usulyýeti saýlamaly. Şeýle-de, kanunçylyk materiallary ulgamlaşdyrmaga degişli hakyky ýagdaýyny hem göz öňünde tutmaly.

Kodifikasiýanyň usullarynyň ilkinji toparlara bölmeklik şeýle ölçegde amala aşyrylan kanunçylygyň ulgamlaşdyrmak görnüşini geçirmekligiň esasy maksady bolup, ol kodifikatorlar üçin ileri tutulan we kodifikasiýany geçirmekligiň öz çözgüdini kesgitleýär. Bu maksat ýa ulgamlaşdyrmada öňden bar bolan kanunçylyk materialyň maksadynda we ony kesgitli logiki görnüşe getirilmeginde bolup biler, ýa-da ol materialyň doldurylmagynda, onda bar bolan boşluklary doldurmakda, kadalaşdyryjy hukuk namalarynda, hukuk kadalarynyň berkitmelerinde öň üns berilmedik kanunçykaryjylar kanunçylykda aňladylmadyk kämilsizligi we ulgamsyzlygy öz yzyna eýerýär. Şeýle-de bolsa, kodifikasiýanyň dowamynda bu maksadyň ikisi-de bar. Ýöne kodifikatorlary gyzyklandyrýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň pudaklaryny kadalaşdyrýan kanunçylygyň ýagdaýyna baglylykda anyk kodifikasiýada olaryň manylary dürli-dürlidir. Olar ýa öňden bar bolan kanunçylyk materialyň düzgüne salynmagyna, ýa-da ýetmezçiligiň üstüni ýetirmek bilen olaryň doldurylmagyna we kämilleşmegine ýykgyn edip biler.

1. Fransiyada XVII–XIX asyrlaryň çäginde kabul edilen kodifikasiýanyň birinji taryhy usuly boldy. Bu kodifikasiýanyň has radikal görnüşi, ähli bar bolan we hereket edýän toplumyň resmi (döwlet tarapyndan kabul edilen we ulanylýan) hukuk çeşmeleriniň we toplumlaýyn kadalaşdyryjy hukuk namalaryň-kodeksleriň – olaryň düzüminden göni däl baglylykda, olarda hukuk kadalarynyň beýan etme usulyndan, kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň beýanynyň emele gelen düzüminden tutuş boýun gaçyrýar. Başgaça aýdylanda, öň üns berilmedik kanunçykaryjylaryň we ýazmaça hukuk ulgamynda berkidilmedik usulda amala aşyrylýan kodifikasiýada kadalaşdyryjy hukuk ulgamynyň täzelenmegine, resmi beýan edilmegine we hukuk kadalarynyň döredilýän kodifisirlenýän namasynda berkidilmegine esasy üns berilýär. Taraplaryň esasy maksady – ýazmaça hukuk ulgamynyň täzeden döredilmegi, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kesgitli ugruny kadalaşdyrnaklygy bolup durýar. Kodifikasiýanyň dowamynda hakyky bar bolan, ýöne kanunçylykda görkezilmedik ýa-da hukuk kadalaşdyrmanyň dowamynda hiç ulanylmadyk, ýa-da başga hukuk çeşmelerinde aňladylan kadalar ulgamlaşdyrylýar (şol sebäpden hem jemgyýetçilik gatnaşyklaryna ýokary derejede täsir edip bilmeýär).

Bu ýagdaýda, kodeks döredýän kodifikasiýanyň gatnaşyjylary kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleri täzeden düzýärler. Şeýlelik-de, hukugyň köne çeşmeleriniň mazmuny öwrenilýär. Ýöne ol täze kodifisirlenen görkezmeleriň beýan edilişine täsir etmeýär. Ulgamyň hukuk kadalaşdyrmanyň boşamagy köneleşen we aňlatma usulyndan we hukugyň kada pugtalandyrmasyndan, kämilleşmeden, ulgamlaşma we adamlaryň tertip-düzgünine mehanizmiň düzgüne salma hukuk täsiri, olaryň has hem kämilleri bilen orun çalyşmaklary esasynda amala aşyrmaklyk bolup geçýär. Elbetde, bu ýagdaýda köneleşen, sosial ösüş sebäpli öz hukuk häsiýetini ýitiren hukuk kadalary, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň dowamaty we ösüşi üçin amatlylygy kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň arasyndan aýrylýar. Kodifikasiýa çenli bar bolan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň anyk ýaýrawynyň hukuk kadalaşdyrmaklygyň shemasy geçmişe gidýär.

Täze kodeksiň we täze kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň esasy gaýtadan döredilen we täzeçe beýan edilen görkezmeler bolýar; hukuk kadalary obýektiw sosial hakykata baha bermeklikden, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylýan ugruna degişli ylmy hukuk işläp taýýarlamalardan ugur alnyp kesgitlenilýär. Soňkusynyň has möhüm ähmiýeti bardyr, sebäbi hukuk doktrinalar kodifikasiýanyň şeýle usulynda görkezmeleriň diňe bir düýp mazmunyny kesgitlemän, eýsem olary beýan etmekligiň görnüşini hem kesgitleýärler. Konseptual işläp taýýarlamalarda kodeksde berkidilen we onuň ýagdaýyny kesgitleýän, esasyny düzýän maksatlar, ulanylýan definisiýalar (resmi kanunçykaryjy kesgitlemä degişli ýörite adalgalar –

hukuk, tehniki we başgalar), hukuk ulgamlar we gurluşlar emele gelýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösüşiniň modelirlenmesi amala aşyrylýar we onuň esasynda tertip-düzgüniň kanunçylykda umumy hökmany diýlip berkidilen kesgitlemeler barada netijeler çykarylýar. Şeýle-de, hukuk kadalaşdyrmaklygyň we kodifikasiýalaryň daşary ýurt tejribesi hem ulanylýar. Elbetde, şeýle ýagdaýda, eger hukuk täsirleriň netijeleri oňyn bolsa, onda onuň soňy gürrüňsiz oňyn bolar we tejribäniň özi bolsa hukuk ulgamynda ulanylar. Hakykatdan-da, kodifikasiýanyň gatnaşyjylary hukuk kadalaşdyrmaklygyň esaslaryny we gös-göni hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň tertip-düzgünini kesgitleýän hukuk görkezmelerini hökmany gaýtadan işläp düzmelidirler.

Şeýle usulda kodifikasiýanyň gatnaşyjylary tarapyndan kodifikasiýa geçirmekde intellektual prosese, hukuk kadalarynyň many-mazmunyna, hereket edýän kanunçylykda görkezilmedik we işlenilýän kodeksde pugtalama zerur bolan, ýagny kanundörediji aňlatmaklyga esasy üns berilýär. Bu proses hukuk kadalasdyrmaklygyň ylmy delilli aňlatmanyň zerurlygyny, bu ugurda döredilýän obýektiw sosial zerurlygyň kadalaşdyrylmasyny, geljekki hukuk gatyşmaklygyň manysyny kesgitleýän, daşarky aňlatmanyň kesgitlenilişine we hukuk kadalarynyň resmi pugtalandyrylmagyna degişli modelirleme we bu kadanyň kadalaşdyryjy täsiriniň barlygynyň bolup biläýjek netijeleri we bu kadanyň aňladylmagy üçin kadalaşdyryjy hukuk nama tekstiniň döredilmegi çak edilýär. Kanundörediji aňlatma hökmany ýagdaýda esas bolup durýan islegleriň görkezmesine we dürli sosial gatlaklaryň we toparlaryň bähbitlerine, öz ulgamynda, öz jeminde jemgyýetiň bähbitlerine, şeýle-de, ösüşiň we üýtgetmekligiň jemgyýetçilik bähbitleriniň ol ýa-da beýleki ugurlaryň gözegçiligine esaslanmaly.[69]

Şeýle kodifikasiýanyň dowamynda öwrenmeklik, aň ýetirmeklik, döredijilikli gaýtadan işlemeklik we ylmy hukuk doktrinalaryň (kanunçykaryjylaryň işi adaty ylmy pikiri öňürtüleýär) giňden ulanmaklyk uly ähmiýete eýedir. Mundan başga-da, şeýle usulyýet boýunça kanunçylygyň ulgamlaşdyrylmasyny amala aşyrýan kodifikatorlar esasy ünsüni kazyýet tejribesine bermelidirler, sebäbi kazyýetler hereket edýän kanunçylykda hukuk ulanmak işiniň gidişinde boşluklary görýärler we geljekde professional derejede şeýle boşluklary tizden-tiz dolmaklary bilen gyzyklanýarlar, görkezmeleriň kanunçykaryjy berkitmelerine tejribe taýdan taýýar görnüşinde olary ýeňip geçmekligiň has netijeli görnüşlerini tapýarlar.

Bu usul hukuk täsir etmekligiň köne usullary bu ýagdaýa düýbünden laýyk gelmeýän we olary kämilleşdirmeklige hiç hili mümkinçiligiň we ähmiýetiniň bolmadyk ýagdaýynda, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli-bir ugruna kanunçylyk täsir etmekligiň tutuş mehanizminiň düýpli täzelenmegini göz öňünde tutýar. Hukuk kadalarynyň tutuş göwrüminiň kodifikasiýalary ýurtda hereket edýär, meselem, öň agzalyp geçilen, Fransiýada XIX asyryň başynda tutuşlaýyn hukuk täzelenmeler amala aşyrylan ýagdaýlar hem mälimdir. Olaryň arasynda hukuk kadalaryna kesgitli orun degişli we netijede uly, statiki, ulgamsyz, ýönekeý we kolliziýalar bilen baýlaşdyrylan hukugyň dürli görnüşli çeşmeleriniň jeminiň ornuna ýeke-täk, düzüwli, logiki taýdan dowamly we garşy bolmadyk kanunçylygyň ulgamy geldi. Düýpli işlenilen ylmy-hukuk konsepsiýalarynyň esasynda birnäçe ulgamlaýyn kodeksler olaryň esasy boldy (edil şonda hususy hukuk kadalaşdyrma üçin konseptual esas hökmünde rim nusgawy hususy hukugy ulanyldy). Hukuk kadalaşdyrylyşynyň täze ulgamynyň döremegine hiç hili täsir etmän, köne feodal çeşmeler galyndysyz geçmişe gitdi we kanunçylygyň täze ulgamy olaryň logiki mirasdüşeri bolmady.

Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk düzgünleşdirmekligiň jemi mehanizminiň tutuşlaýyn täzelenmegi üçin kodifikasiýanyň şeýle usulyýeti laýyk gelýär. Kodeksleriň döredilmegi, hukuk görkezmeleriniň manysyny ulgamlaşdyrýan, hukugyň kadalary, olary aňlatmaklyk görnüşi bilen bilelikde gysga wagtyň içinde tutuş hukuk ulgamyna düýpgöter başgaça häsiýet bermäge mümkinçiligi bar. Şeýle usulyň ulanylmagy subut edilendir. Haçan-da, ähli bar bolan hukuk görnüşiniň ulgamy umytsyz könelişen we sosial durmuşyň obýektiw realiýalaryna – onuň gadymylygy we statitliligi, onuň netijeli kämilleşmesini mümkin edip

[69] Has jikme-jik ser. Поленина С.В. Законодательство в России. М. 1996. Sah.77-79.

bolmajak görnüşine laýyk gelmeýär. Edil şonuň üçin kodifikasiýanyň has düýpli bu usuly kanunçylygyň has täze sowet ulgamynyň döredilmegi Sowet Soýuzynda kabul edilen bar bolan derejesine we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň häsiýetine kybapdaş edip bolmaýandygyny görkezip, täze döwlet köneden, rewolýusiýa çenli hukukdan (ýarym feodallygyň mazmuny we şekili boýunça) gutarnykly ret etdi. Sowet döwlet işgärleri kanunçylygyň täze ulgamynyň döredilmegine garaşyp bilmeýärdiler. Eýýäm 1918-nji ýylda Sowet döwletiniň ýaş hukukçylarynyň işleriniň netijesinde hossarlyga almaklyk we maşgala, nika hukugy, raýat ýagdaýynyň namalary hakynda kanunlaryň Kodeksi, Zähmet kanunlaryň Kodeksi çap edildi. Şeýle-de, bu iki kodeks diňe bir hukugyň bar bolan kadalaryny ulgamlaşdyrman (aýry-aýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda beýan edilenler, şeýle-de, şol wagta çenli kanunçylyga belli bolmadyk), eýsem özbaşdaklygy şol döwürde hukukçylaryň birnäçeleri tarapyndan kabul edilmedik hukugyň täze iki pudagynyň gutarnykly emele gelmegine mümkinçilik berdi – maşgala hukugy we zähmet hukugy. Raýat urşunyň tamamlanmagy bilen, geçen XX asyryň 20-nji ýyllarynda SSSR-de düýpli kodifikasiýa geçirildi. Kodeksleriň tutuş toplumy çap edildi we ýurt kanunçylygyň diýseň güýçli we netijeli ulgama eýe boldy.

Kodifikasiýanyň bu usuly häzirki zaman ýagdaýlarynda seýrek ulanylýar. Ol talap bildirilýän bolup çykdy, haçan-da, (jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň) belli we ýeterlik derejede wajyp toplumy kanunçylyk tarapyndan kadalaşdyrylmadyk bolupdyr (ýa-da kadalaşdyrylmadyk diýen ýaly). Beýle ýagdaý häzirki zaman köp hukuk ulgamlarynda kanunçylyk hukuk kadalaşdyrmanyň iň wajyp mehanizmi bolup, kanunçykaryjy özüniň üns merkezinden jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň gurşawyndan ýekejesini hem düşürmezlige çalşylan ýagdaýynda – bu uly seýreklikdir. Emma oňa garamazdan kodifikasiýanyň bu usulyýeti özne ulanmaklygy tapýar. Mysal üçin, hukuk gatnaşyklarynyň kesgitli ugrunda hukuk kadalaşdyrmasy diňe bir kadalaşdyryjy hukuk namalary kodifisirlemän, eýsem hakykatdan hem bar bolan, emma resmi taýdan aňladylmadyk we berkidilmedik hukuk kadalary täze pudagyň emele gelmeginde täzeden amala aşyrylmaly bolýan ýagdaýlarynda. Şeýle kodifikasiýasynyň esasy manysy jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kesgitli gurşawyny kanunçylyk kadalaşdyrmanyň geljekki ösüşiniň geljekde esasy boljak boş ýerde toplumlaýyn kadalaşdyryjy hukuk namanyň täzeden döredilmegi, kanunçylykda toplumlaýyn häsiýete eýe bolan möhüm boşluklary doldurmaklyk, kanunçylyk kadalaşdyrmada talaplary kanagatlanarly bolar.

2. Başga bir usulyýet eýýäm bar bolan kanunçylygyň giňden peýdalanylmagy bilen kodifikasiýany hukuk çeşmeleriniň döwlet tarapyndan resmi taýdan kabul edilen hereket edýän ulgamynyň esasynda geçirmekligi göz öňünde tutýar. Bu ýagdaýda eýýäm beýan edilen we resmi taýdan berkidilen kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleri ilkinji nobatda kodifiasiýa geçirýänleriň ulgamlaşdyrylan işine degişli bolýar. Kanunçylyk ulgamynda görkezilmedik hukuk kadalary kodekslere goşmaça hökmünde girizilýär, olaryň görkezilmegi kodifikasiýa işine gatnaşyjylaryň ikinji derejeli maksady bolup durýar we olaryň işinde esasy kömekçi ähmiýeti bardyr. Formal ulgamlaşdyrma boýunça işiň esasy bolup, eýýäm bar bolan kadalaşdyryjy hukuk materialyň aň ýetirilmegi we işlenip taýýarlamasy, oňa ylmy esasyň laýyk getirilmegi, gapma-garşylyklaryň ýok edilmegi we kanunçylyk kadalaşdyrmakdaky boşluklary doldurmaklyk bolup durýar. Kodifisirlenýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň maddasynyň mazmuny hereket edýän kanunçylygyň düzgünleriniň beýany bolup durýar.

Kodifikasiýanyň şeýle usulyýetini has kiçi radikalizmi tapawutlandyrýar. Görkezmeleriň bar bolan ulgamy saklanylýar, kodifikatorlar hukuk kadalaşdyrmaklygyň bar bolan esaslaryny ulanýarlar: hukuk kesgitlemeler, düzümler, shemalar, hukuk borçlaryň beýan ediliş gurluşy – bularyň ählisi üýtgäp kämilleşip biýärler. Ýöne täze kodeksiň (kodeksleriň) esasy bolup, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň bar bolan toplumy çykyş edýär. Döredilýän kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namanyň gurluşy, şeýle hem onda beýan edilýänleriň we berkidilýänleriň umumy ýagdaýynyň ulgamy eýýäm döredilen kanunçylyk tarapyndan kesgitlenilýär.

Bu usulyýet kodifikatorlaryň işleýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli-bir ugrunda hukuk kadalaşdyrmaklygyň hereket edýän ulgamynyň ýeterlik güýjüniň bar, esasy böleginde hukuk häsiýetini ýitirmedik, durmuşyň obýektiw şertlerine laýyk gelýän we jemgyýetiň hukuk

kadalaşdyrmaklyga talap bar bolan ýagdaýynda ulanylýar. Kodifikasiýanyň esasy maksady diňe tertibe salmaklyk, hereket edýän kanunçylygy anyk logiki ulgama getirmeklik bolar – onuň doldurylmasy bolsa ikinji derejeli, goşmaça maksat bolup durýar.

XIX asyryň ahyrlarynda Germaniýada German raýat kanunlaryň ýygyndysy döredilende, ilkinji gezek kodifikasiýanyň bu usulyýeti ulanyldy we işlenilip taýýarlanyldy. Şol döwürde özüniň bütinleý kämilsizliginde, düýpgöter üýtgemeleriň tutuş mätäçliginde Germaniýada bar bolan hukuk kadalaşdyrma ulgamy gaty könelişen, kämilleşmedik, zamanyň obýektiw isleglerine laýyk gelmeýän, emma kanunçylygyň german ulgamyna kesgitli işjeňlik berýän kanunçylyk namalaryň tutuş ulgamyny öz içine alýar (şol sanda, toplumlaýyn görnükli orta asyr ýygyndylary bolan Sakson aýnasy, Şwab aýnasy, Karolina). Şol sebäpli hem, nemes hukukçylary bar bolan kadalaşdyryjy hukuk materialynyň (we elbetde, onuň doldurylmagy, täzelenmegi we düzedilmegi) ulgamlaşdyrmaklyk we kämilleşdirmeklik ýoly bilen gitdiler. Bu materialy täze logiki gurluşa getirmeklik we onuň esasynda kodifikasion kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň täze gatnaşyklaryna has laýyk gelýän görnüşini döretmeklikdir.

Kodifikasiýa geçirmekligiň şeýle usuly, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň bar bolan ulgamynyň işläp taýýarlamaklyk işiň esasy usuly bolar diýip çak edýär. Kodifikatorlaryň işi umuman, ýagdaýlaryň, hukuk görkezmeleriň, hereket edýän kanunçylykda eýýäm beýan edilen we berkidilen derňewler bilen baglydyr. Şeýle bolsa-da, bu ýagdaý oňki ýagdaýdan, ýagny kanunçylyk kadalaşdyrmany emele getirmekde öz işiňi täzeden gurmak ýeňil däldir. Üçünji we dördünji tapgyrlar şeýle kodifikasiýanyň ähmiýeti boýunça esasylary diýlip hasap edilýär – ýagny, kodifikasiýanyň esasy pudak baha berilmegine laýyk gelýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň görkezilmegi (kanunçylygyň kodifisirlenen toplumyna girýän) we bu namalardan döredilýän kodeksde beýan edilmeli we berkidilmeli düýp mazmunyny we düzgünleri bu namalardan bölüp aýyrmaklyk. Hukuk namalarynyň kodifisirlenýän ulgamyna (hukuk pudagyna ýa-da başga kiçi ulgamyna) degişli, düzüminde hukuk kadalaryny jemleýän, kodifikasiýa degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan kanunçylygyň uly göwrüminden saýlap almaklyk kodifikasiýa gatnaşyjylarynyň ony şeýle usulda geçirmekliginiň esasy meselesidir. Bu ýagdaýda kodifikasiýanyň usulyýetiniň esasy kodifisirlenýän kanunçylygyň toparyny kesgitlemeklik bolar. Bölünip aýrylan kanunçylykdan hereket edýän düzgünler saýlanyp alynýar. Şonuň üçin kodifikasiýa degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň arasyndan formal ýatyrylan namalar (ýa-da olaryň aýratyn düzgünleri, bu namalaryň bölümleri), soňra – namalar (bölümler) formal ýatyrylmadyk ýöne hakykatda täze namalaryň döredilendigi sebäpli iş ýüzünde hereket etmeýän, şol bir jemgyýetçilik gatnaşyklaryny başgaça kadalaşdyrýan, soňra hukuk häsiýetini ýitiren (ýa-da hiç wagt şeýle häsiýeti bolmadyklar, mysal üçin, kanunçykaryjylaryň ýalňyşynyň netijesi bolan) we şonuň netijesinde jemgyýetçilik durmuşyna we jemgyýetiň ösüşine ýaramaz täsir edýär (ýa-da hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýektleri tarapyndan düýbünden ulanylmaýar) düzgünler aýrylýar. Hereket edýän kanunçylyga öň belli bolmadyk täze düzgünleriň kesgitlemesi, onda bar bolan boşluklary doldurmak babatynda aýtsak, onda bu iş hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ugur alýar, olar goşmaçalara zerurlylyk predmetine hem derňelýär. Kodifikasiýa geçirmekligiň subýektleri, ýokarda görkezilişi ýaly, kodifikasiýanyň birinji usulyny ulanmak bilen ýagdaýndakysy ýaly täze kadalary arassa kagyz ýüzünde kesgitlemeýärler. Olar ilkinji nobatda kanunçylyk namalarynyň eýýäm bar bolan ulgamyny bu ulgamyň aňryçäk kadalaşdyryjy netijeliligini gazanmaga päsgel berýän görkezmeleriň beýan edilmeginiň yzygiderliliginiň bütewiligini we logiki yzygiderliligini bozýan kemçilikleri tapmak bilen öwrenilýärler.

Häzirkizaman şertlerinde kanunçylygyň kodifikasiýasynyň şeýle usuly has ýygy-ýygydan ulanylýar, sebäbi köp ýurtlarda, häzirkizaman hukuk ulgamynyň köpüsinde ýazylan hukuk, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň toplumy hukuk kadalaşdyrmakda aýgytly (ýa-da iň bolmanda, esasy) ähmiýeti bardyr, şol sebäpli hem ol diýseň kämildir.

3. Daşky görnüşine meňzeş, emma maksatlary boýunça düýpgöter başga usulyýet täzeden kodifikasiýada – öň döredilen kodifisirlenen namanyň düýpli täzelenmegi we kämilleşdirilmegi. Bu ýagdaýda, hereket edýän kodeksiň esasynda täze kodeksiň döremegi bolup geçýär.

Sosial durmuşyň kesgitli gurşawynda hukuk kadalaşdyrmakda kodifikasiýany düýpgöter üýtgetmeleriň zerur bolan ýagdaýynda geçirilmekligi, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň güýçli üýtgän toplumlaryny kadalaşdyrýan, gabat gelýän ulgamlaryň esaslaryny üýtgemeklik maksadalaýykdyr. Täzeden kodifikasiýany geçirmek, gös-göni hukuk sazlaşdyrmanyň aýratyn täze ýagdaýlar bilen kodeksi zerur bolan ýagdaýynda adaty doldurmaklyk gerek bolmaýar. Hukuk kadaşdyrmanyň usuly, maksady we düýp mazmyny düýpli agzalanda, üýtgemeler kodifisirlenen namanyň umumy böleginiň düzgünlerine degişli bolanda, täzeden kodifikasiýa geçirmeklik subut edilendir. Şeýle-de bolsa, bu ýagdaýda hem kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň beýanynyň umumy gurluşy tutuşlygyna saklanylýar. Eýýäm bar bolan kodifisirlenilen nama köp ýagdaýda täze döredilýän kodeksi kesgitleýär, belli bir ýagdaýda onuň esasyny düzýär. Täzeden kodifikasiýa etmek öňki geçen kodifikasiýanyň netijelerini peýdalanmaklygy, öň döredilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň düýpgöter kämilleşdirilmegini göz öňünde tutýar. Bu ýagdaýda şu prosesi döredýän adamlara gaýtadan döredilýän namada beýan edilmeli kodifikasiýanyň predmetini, kadalar tarapyndan düžgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamyny kesgitlemek zerur däldir. Täze kodeksde bagyşlanmaly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň düzgünleşdirmekliginiň ugurlary, öňki geçen kodifikasiýanyň dowamynda eýýäm tapawutlandyrylan we deňeşdirilen faktorlaryny, olaryň ösüşiniň esasy kanunylyklaryny kesgitleýän bu sosial gatnaşyklarynyň arasyndaky baglanyşyk eýýäm kesgitlenen, jemgyýetçilik durmuşyň esasy, esasgoýujy bähbitleri we jemgyýetçilik durmuşyň bu ugrundaky ösüşler kesgitlenendir. Kodifikasiýa işiniň subýektleri ulgamlaşdyrmaga derek, diňe kanunçylygyň täsiri jemgiýetçilik gatnaşyk kadalaryny kämilleşdirmekdir, sosial ýagdaýda daş-töwerekde bar bolan üýtgetmeleri utgaşdyrmak, şeýle-de hukuk ulgamynyň iň soňky üstünliklerini görkezmekdir (eger olar bar bolsa). Şeýle kämilleşdirme kodeksiň umumy ýagdaýynda üýtgetmeleri ýüze çykarar: hukuk kadalarynyň maksatlary, ýagny wagtyň geçmegi bilen könelişip we sosial hakykatyň obýektlerine gabat gelmeginiň bes etmegi mümkin. Hukuk definisiýa (logiki kesgitleme) ylmy işläp düzmekligi kämilleşdirmegiň netijesinde üýtgäp bilmegi ýa-da kanuny beýanyndaky we gurluşyndaky üýtgetmeleri emele getirip biler.

Kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk nama üçin durnuklylyk we berklilik örän möhümdir, sebäbi onuň esasy ähmiýeti kanunçylyk ulgamynyň işinde, bütewiliginde, logiki özara gatnaşyklygynda, oňa girýän düzgünleriň ulgamlylygynda we kesgitlenmegindedir. Şonuň üçin täzeden kodifikasiýa geçirmek zerurlygy diňe kadalaşdyrylýan jemgiýetçilik gatnaşyklarynyň, we onuň netijesi bolan gelip çykmalaryň, maksatlaryň we olaryň hukuk häsiýetiniň düýpli üýtgetmeler bilen şertlendirilen wagty talabalaýykdyr.

Täzeden kodifikasiýa geçirmeklik dagynyk kanunçylyk namalarynyň ulgamlaşdyrylmasyny göz öňünde tutmaýar. Bu onuň esasy maksady däldir. Ony geçirmekligiň dowamynda bu prosesi ýerine ýetirijiler görkezmeleri beýan etmekligiň emele gelen logiki ulgamyna esaslanýarlar. Şu sebäpden, täzeden kodifikasiýa geçirmeklik, kodifikasiýanyň görnüşi hökmünde diýseň şertleýin seredilip bilner. Ony amala aşyrmakda köne kodeksiň hereket edýän döwründe başga kadalaşdyryjy hukuk namalarynda beýan edilen ýa-da bu kodeks tarapyndan amala aşyrylýan hukuk kadalaşdyrmakdaky ýüze çykarylan kemçilikleriň öwezini dolmak üçin köne kodeksiň ýerine täze kodeksiň täze düzgünlerini girizmek mümkindir. Görkezmeleriň beýan edilmeginiň logiki tetibiniň üýtgemegi hem mümkin. Täze kodeksde köne kodifisirlenen namanyň könelişen we özüniň hukuk güýjini ýitiren düzgünleriň bolmazlygy hem mümkin. Hat-da kodeksiň şeýle radikal üýtgetmeleri sözüň doly manysynda kodifikasiýa bolup bilmeýär.

Nähili bolanda-da, täzeden kodifikasiýany geçirýän şahslar özleriniň işlerini ozal geçirilen kodifikasiýanyň esasynda amala aşyrýarlar. Täzeden kodifikasiýanyň dowamynda eýýäm döredilen we barlanyp görlen kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň logiki gurluşy, ony toplamaklygyň usulyýeti, emele getirilmegi, täze döredilýän kodeksiň maddalarynda gözkezmeleriň formal beýan edilmegi we bekidilmegi ulanylýar. Düzgün bolşy ýaly, köne kodeksleriň umumy düzgünleri düýpli üýtgedilmeýär (olara täze üýtgetmeler girizilýän hem bolsa, olar seýrek ýagdaýlarda tutuşlygyna üýtgedilýärler ýa-da özleriniň aglaba

böleginde), kesgitleme namasynda beýan edilen ýörite adalgalar hem üýtgemän saklanylýar, (bellenip geçilişi ýaly, olaryň üýtgedilmegi iň ýokary derejede islenilýän däldir, sebäbi kanunyň kanunçylyk görkezmeleriniň belli-bir ulgamy üçin esasy bolan ýörite hukuk adalgalar, olaryň kesgitlemesi kanunçylygyň beýleki namalarynda ulanylýar, bu diňe bir ulgama degişli däl eýsem adalgalar kanunçylygyň tutuş ulgamy üçin hem birdir). Kodekse berkidilen umumy görkezmeleriň çalşyrylmagy ýa-da ýatyrylmagy başga kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleriň girizilmegine elter, bu ýerde şol namalaryň gözlegi uly mesele bolar.

Täzeden kodifikasiýa geçirmeklik, öňki geçirilen kodifikasiýa goşmaça hökmünde garamak bolar. Täzeden kodifikasiýany geçirmeklik, hereket edýän kodeksde bar bolan düzgünleriň güýjiniň barlagyny, olaryň täzeden işläp taýýarlanmagyny, gowulandyrylmagyny, öňki geçirilen kodifikasiýanyň netijeleriniň hökmany kämilleşdirilmegini aňladýar. Olaryň zerurlygy bolsa, jemgiýetçilik gatnaşyklarynyň yzygider çalt ösüşi netijesinde hil taýdan üýtgänligi we täze derejä geçenligi bilen şertlendirilýär – bu bolsa olaryň kanunçylyk kadalaşdyrylmagynyň üýtgetmeleriň zerurlygyny hem guman edýär. Şonuň uçin kodeksiň bolmagynyň zerurlylygy we onuň hukuk kadalaşdyrma ulgamyndaky aýratyn ähmiýeti, şu kodeksiň kadalaşdyrmaklygynyň predmeti, ulgamlaşdyrylmaly hukuk kadasynyň ulgamy, kodifikasiýa edilmeli hukuk kadalar ulgamynyň toparlaýyn degişliligi (prosessual ýa-da maddy hukuga, hususy ýa-da jemgyýetçilik hukuga) we şeýlelikde, bu ulgamda ulanylýan esasy jemgiýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk düzgünleşdirme usullary. Umumy düzgünler (iň bolmanda olaryň köpüsi), kodeksiň umumy gurluşy (düzgün bolşy ýaly) we kodifikasiýanyň esasy bolan köp başga meseleler kesgitlenendir.

Ondan başga-da, kodifikasiýalary geçirmekligiň usullarynyň toparlara bölünişini kodifisirlenýän kadalaşdyryjy hukuk materialynyň göwrümi ýaly şeýle ölçegiň esasynda geçirmek bolar.

**1) Umumyhukuk kodifikasiý** ýurtda bar bolan bütin kanunçylygyň kodifikasiýasydyr. Şeýle kodifikasiýanyň netijesinde ýurtda hereket edýän hukuk kadalarynyň ählisini özünde birleşdirýän bir kadalaşdyryjy hukuk nama galýar. Başga kanunlaryň ýa-da kanunasty namalaryň bolmagyna ýol berilmeýär, kanunçylygyň hemme täzelenmeleri, ýa-da üýtgetmeleri umumy hukuk kodeksde üýtgetmeleriň üşti bilen amala aşyrylýar.

Geçmişde umumyhukuk kodeksler örän meşhur bolupdyrlar. Rim hukugy şeýle görnüşli birnäçe global kodifikasiýalary başdan geçirdi. Pawlyň, Ulpiananyň kodeksleri uzak wagtyň dowamynda Pim hukugynyň ýeke-täk çeşmesi boldy. Ýustiniananyň kodeksi rim kodeksiniň ösmeginiň ahyrky we gutarnykly görnüşidir, muňa bolsa umumyhukuk kodifikasiýasynyň netijesi mysal bolup biler. Orta asyrlarda hem şeýle görnüşli ulgamlaşdyrma geçirilipdir, mysal üçin, “warwar Hakykaty”, bular bütewi we ýeke-täk kadalaşdyryjy hukuk nama has möhüm hukugyň kadalaryny jemlemäge synanyşmaga çalşypdyrlar. Russiýada umumyhukuk ulgamlaşdyrma has irki taryhy döwürlerde hem geçirilipdir: muňa mysal edip, Ybadathana kanunlar ýygyndysy (1648) we Rus Imperiýasynyň kanunlarynyň ýygyndysy (1832-nji ýylda döredilen; 1835-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda güýje girizilen). Bu namalaryň ikisi hem öz döwründe kanundöredijilik sungatyň ajaýyp nusgalary bolupdyr. Ybadathana kanunlar ýygyndysy işlenilip düzülende, bu bolsa Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasyndan öňki esasy Rus hukugynyň ulgamy bolupdyr, onda diňe bir Russiýanyň kanundöredijilik tejribesi ulanylman, eýsem Germaniýanyň, Polşanyň, Litwanyň we başga döwletleriň kanunçykaryjylyk prosesi ulanylypdyr. Kanunlar ýygyndysyny düzmek üçin I. Bentam tarapyndan işlenilip taýýarlanylan usulyýetleriň esasynda ilkinji gezek az-kem işlenilen kanunçykaryjylyk tehnikasynyň ulgamy ulanypdyrlar. Bu usulyýetiň esasy düzgünleri: kadalaşdyryjy hukuk namalaryň birnäçesiniň esasynda düzülen maddalar, başga namalardan goşundular we düşindirmeler bilen olaryň iň wajyplaryny we göwrümlilerini söz bilen beýan etmek, her madda özüniň esaslanýan kanunlar we kanunasty namalar barada maglumaty özünde jemlemeli, gapma-garşylyklaryň dörän ýagdaýynda maddany iň soňkysyna esaslandyrmaly; has çylşyrymly tekstleri gysgaltmaly, ýörite düşündirmesiz düşnükli bolar ýaly sadalaşdyrmaly.

Häzirki döwrüň şertlerinde umumyhukuk kodifikasiýalar eýýäm ulanylmaýar. Kanun çykaryjylar olar tarapyndan ulanylýan kanunçykaryjylyk tehnikasynyň nähili kämil bolsa-da häzirkizaman kanunçylygy şeýle çylşyrymly, köpugurly, göwrümli we çalt üýtgeýän bir kadalaşdyryjy hukuk nama ýerleşdirmek mümkin däldigine düşündiler. Birinjiden, şeýle nama göwrümi boýunça örän uly. Ondan baş çykarmaklyk kanunçylygyň ulgamlaşdyrylmadyk göwrümindäkiden ýeňil bolmaz. 15 jiltden ybarat bolan Rus Imperiýasynyň kanunlarynyň ýygyndysy köpsanly taryhy gapma-garşylyklaryň we olary bulaşdyrýan imperiýanyň kanunlary berjaý edýän tabynlykdaky adamlarynyň nägilelikleriniň esasy boldular. Ikinjiden, şeýle nama örän durnuksyz bolar. Hemişe, hukuk gatnaşyklarynyň ösüşi sähelçe-de togtadylmaýar, hereket edýän kanunçylyga üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmekligi talap edýär, bu zerurlyk hemişe umumyhukuk kodekse üýtgetmeler girizýär. Umumyhukuk kodifikasiýalryň taryhyny ýatlamak ýeterlik: nowellalar - (kanun ýygyndysyna soňky goşmaça) umumyhukuk kodeksleriň iň ähmiýetli bölegi, bu kodifikasiýa işi heňiz gutarmanka girizilendir. (Ýogsada, bu nowellalar, özbaşlaryna kodifikasion bir nusga getirilen däldirler.) Netijede kodifikasiýanyň ähli oňyn netijeliligi bolmaýar, umumyhukuk kodifikasiýa ösüniň maksatlarynyň birine-de ýetmeýär; ne kahunçylyk kadalaşdyrmanyň durnuklylygyna, jemgiýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak has netijeli bolup bilmeýär. Kanunçylygyň ulgamlaşdyrylmasy amala aşyrylmaýar. Häziki zaman şertlerinde umumyhukuk kodifikasiýasy gerek däl diýen netijä gelmek bolýar.

**2) Pudaklaýyn kodifikasiýa** hukugyň belli bir pudagyny kodifikasiýalaşdyrmakdyr, hukuk kadalaryny birikdirjek kanunyň döredilmegidir (ýa-da, özüniň manysy boýunça iň bir möhüm bolan bölegini), hukuk kadalarynyň usullaryny we umumy çeşmesini birleşdirmekdir. Pudaklaýyn kodifikasiýanyň netijesinde döredilýän kanun öz pudaklarynda esasy, merkezi (kähalatlarda bolsa ýeke-tägi – mysal üçin, Jenaýat Kodeksi) bolup durýar. Ol hukuk kadalaşdyrmaklygyň esasy ýörelgelerini beýan etmek üçin hyzmat edýär we hukuguň bu pudagynyň galan ähli çeşmeleri üçin esasysydyr. Ol başga kanunlaryň öňünde hukuk güýji boýunça artykmaçlygy ýokdur, pudaklaýyn kodekse garşy kanunlary döretmek maksadalaýyk däldir. Kanunlaryň biriniň kodekse gapma-garşy gelmegi hiç bir beýleki garşylygyn etmeýşi ýaly kanunçylygy ulgamsyzlaşdyrýar, bütin pudak üçin hukuk kadalaşdyrmaklygyň esaslaryny ýok edýär.

Pudaklaýyn kodifikasiýasy XIX-XX asyrlarda örän giňden ýaýrapdyr we üstünlikli amala aşyrylypdyr. Hut şolaryň amala aşyrylmagy, poman-german hukuk ulgamlarynyň düzülmegini tamamlapdyr. Jikme-jik meýilleşdirilen kodifikasiýa toplumynyň kömegi bilen XIX-njy asyryň başynda Fransiýada ulgamsyzlyk, tötänleýin, dinden we gapma-garşylyklardan jebir çekýän feodal hukuk ulgamy birnäçe ýylyň dowamynda kanunçylygyň berk we bütewi ulgamy bilen çalşyryldy, onuň netijelilgi uzak ýyllaryň dowamynda kanunçykaryjylar üçin nusga boldy. Şol kanunçylygyň bu ulgamynyň düzüm bölekleri (mysal üçin, meşhur Fransýanyň Raýat Kodeksi – Napoleonyň Kodeksi) düýpli üýtgeşmeler bilen şu wagta çenli hem ulanylýar. Kanunçylygyň ýeke-täk ulgamlaryny döretmäge pudaklaýyn kodifikasiýa geljekde birnäçe gezek serişdeleriň täsiri bolup hyzmat edipdir. Muňa mysal edip SSSR-iň kodifikasiýasyny almak bolar. Soňraky döwürlerde hem pudaklaýyn kodifikasiýa pudaklara dürs we berk bölünen kanunçylygyň bütewi ulgamynyň döredilmeginiň netijeli serişdesi bolup hyzmat etdi. Sowet döwleti kodeksleriň ulgamyny giňden ulanypdyr. Kodifikasiýanyň ilkinji tapgyry 1918-nji ýyldan başlap XX asyryň 20-nji ýyllaryň ortalaryna çenli bolup geçdi, şol döwürde kanunçylygyň esasy pudaklary kodeksleri, şeýle-de birnäçe dünýä kanundöredijilik tejribesine nämälim bolan birnäçe kodeksler kabul edildi (zähmet hakyndaky kanunlaryň, raýat ýagdaýynyň namalary hakyndaky, nika, maşgala we hossarlyk hakyndaky kodeksler), ikinji tapgyr 30-njy ýyllaryň ortalarynda, üçinji – 60-njy ýyllaryň başlarynda boldy. Ondan başga-da, biziň döwletimizde pudaklaýyn kodifikasiýa hökmünde birnäçe gezek kanunçylygyň esaslaryny döretmeklik geçirildi. Her gezek pudaklaýyn kodifikasiýanyň şeýle tapgyry sowet hukuk ulgamynyň düýpli täzeden gurmaklygyň daşky formal beýany boldy, onuň netijesinde bolsa kanunçylygyň bulaşyklygy we ulgamsyzlygy bolup geçmedi.

Köplenç, pudaklaýyn kodifikasiýa hukuk ulgamynyň täze pudagynyň emele getirilmegi bolup durýar, eýýäm emele gelen pudagyň özbaşdaklygynyň özboluşly resmi taýdan ykrar edilmegidir. Muňa mysal edip sowet kanunçylyk ulgamyna öň belli bolmadyk, täze, ýöne diýseň özbaşdak kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň bir nusga getirilmegi we ulgamlaşdyrylmagy üçin döredilen biziň ýurdumyzda hereket edýän Gümrük, Salgyt we beýleki pudaklaýyn kodeksleri görkezmek bolar.

Öň bellenilişi ýaly, pudaklaýyn kodeksler pudagyň hukuk kadalaşdyrmasynda esasy, kesgitleýji ähmiýeti bardyr. Bu olaryň aýratyn gurluşyny şertlendirýär. Pudaklaýyn kodekse iki bölüm girizmeklik maksadalaýykdyr. Birinji bölüm (hereket edýän kodekslerde adatça ol umumy diýlip atlandyrylýar) hukuk pudagynyň üçin ýeke-täk umumy düzgünleri beýan etmek üçin ulanylýar. Onda kodeksiň esasy kesgitlemeleri, hukuk pudaklarynyň hukuk kadalaşdyrmasynyň esasy ýörelgeleri, hukuk gatnaşyklaryna esasy gatnaşyjylarynyň sanawy, esasy hukuk shemalar we beýleki prinisipial görkezmeler beýan edilýär. Umumy bölümiň maddalary abstrakt usuly bilen beýan edilýär.

Pudaklaýyn kodeksiň ikinji bölümi (ol köplenç aýratyn bölüm diýlip atlandyrylýar) hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň özlerini alyp barmaklarynyň görkezmelerini gönüden-göni özünde jemleýär. Bu görkezmeler kazyal usuly ulanmak bilen amala aşyrylýar (bu esasan Jenaýat Kodeksinde aýdyň görünýär), emma abstrakt usuly hem ortadan aýrylmaýar.

Islendik kodeks öz pudagynyň ýeke-täk hukuk çeşmesi bolup bilmeýär, islendik pudaklaýyn kodeksiň aýratyn bölümi bu pudagyň anyk hukuk görkezmelerini doly berip bilmeýär. Muňa garamazdan, islendik ýagdaýda degişli pudagyň hukugynyň ähli beýleki çeşmeleri üçin esas bolan pudaklaýyn kodeksiň has mahsus, esasy gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar (kanunlar, şeýle-de kanunasty namalar üçin).

**3) Içerki pudaklaýyn kodifikasiýa,** hukugyň pudaga degişli edaranyň, institutyň ýa-da instituta degişli edaranyň çäginde hereket edýän hukuk kadasyny ulgamlaşdyraýjak kadalaşdyryjy hukuk namasynyň döredilmegidir. Häzirki wagtda, kanunçylygyň has güýçli depginde ösýän döwründe, diňe bir kadalaşdyryjy hukuk materialynyň göwrüminiň ösüşi bilen birlikde kanunçylygyň aýratyň çalt ösýän döwründe däl, eýsem hukuk pudaklarynyň gurluşynyň çylşyrymlaşýan döwründe bu kodifikasiýanyň görnüşi has köplenç amala aşyrylýar. Hukuk institutlary we pudak düzümine girýän beýleki hukuk toplumlary, hukuk kadalaşdyrmaklygyň has möhüm elementleri bolýar we kanunçylyk göwrüminiň ulalmagy we onuň gurluşynyň çylşyrymlaşmagy netijesinde, aýratyn ulgamlaşdyrylmagyna mätäçdir.

Içerki pudaklaýyn kodifikasiýa tehniki nukdaýnazardan kodifikasiýanyň iň adaty görnüşidir. Hukuk institutynyň hukuk ulgamynyň özbaşdak düzüjisiniň däldigi, özüniň düýbünden aýtaryn predmetiniň hem-de hukuk kadalaşdyrmaklygyň şahsy usulynyň ýoklugy, bu institutyň kodifikasiýasyny amala aşyrmak isleýän kanunçykaryjylaryň meselesini örän ýeňilleşdirýär.

Netijede, içerki pudaklaýyn kodifikasiýa kanun we kanunasty nama hökmünde döredilip bilner. Türkmenistanyň kanunçylygynda administratiw hukugyň institutlarynyň hukuk kadalaşdyrylmagyny birleşdirýän we kesgitleýän Sanitar kodeksi, Tokaý kodeksi we başgalar, Söwda deňiz ýüzüjilik kodeksi, we raýat hukugynyň aýratyn institutlaryny kodifisirleýän ”Döwlet notariaty hakyndaky” kanun we birnäçe beýleki kanunlar – institusion kodeksler Türkmenistanyň kanunçylygynda mysal bolup bilerler. Institusion kodeksiň roluny ýerine ýetirýän kanunasty namanyň mysaly hökmünde 2003-nji ýylyň 31-nji martynda Türkmenistanyň Prezidentiniň №6185 Karary bilen ykrar edilen Ýol hereketiniň düzgünlerini görkezip bolar. Ýöne, institusion kodeksiniň kanun derejesinde kabul edilmegi has talabalaýyk bolar.

Institusional kodeksiň iki bölekli gurluşy bolman hem bolar (ýokarda beýan edilen pudaklaýyn kodeksine meňzeş umumy we aýratyn bölümi bar). Şeýle-de, onuň düzümindäki umumy düzgünleri gönüden-göni hukuk görkezmelerinden aýratynlaşdyrmak maksadalaýyk bolar.

Häzirki döwrüň şertlerinde, kanunçylyk özüniň gurluş çylşyrymlylygy bilen hereket edýän namalaryň uly toplumynda tapawutlandyran ýagdaýynda, institusional kodifikasiýany

geçirmeklik has gowy hasaplanylýar. Talabalaýyk pudaklaýyn kodeksler, eger-de olar ýeterlik derejede doly bolsalar, olar örän göwrümli we çylşyrymly bolar, çünki kadalaşdyryjy hukuk materiallarynyň göwrümi häzirki zaman hukukda, edil düzgün ýaly örän uludyr. Galyberse-de, köp hukuk institutlary, özleriniň aýratynlyklaryna görä, bir pudakdan alnan birnäçe şeýle institutlaryň düzgünlerini köplenç bir ýeke-täk nama ýerleşdirmek mümkin bolmaýar, görşümiz ýaly şeýle nama diňe bir göwrümli bolman, eýsem dürli-dürli, ondan baş çykarmak örän kyn, logikanyň kadalaryny berjaý etmeklik kyn bolýar. Şonuň üçin, häzirki döwrüň şertlerinde institusional kodifikasiýalara bolan talap uly we belki ulgamlaşdyrmanyň hut şeýle toplumyň geçirilmegi Türkmenistanyň kanunçylygynyň pudaklarynyň tertipleşdirilmegi has netijeli bolar.

## 9.6. Häzirki döwrüň dürli hukuk ulgamlarynda ulanylýan kodifikasiýanyň esasy usulyýetindäki tapawutlylyklar

Kodifikasion işlerini ýerine yetirmeklik usulýeti uniwersal däldir, dürli ýurtlarda, dürli hukuk ulgamlarynda olar düýpli tapawutlanyp bilýärler. Şeýle tapawutlaryň sebäpleri, umuman hukuk kadalaşdyrmaklygyň, hususan-da kanundöredijiligiň usulyýetindäki prinsipial tapawutlylyklardyr.

Daşary ýurtlarda, esasanam, Fransiýada we Germaniýada umuman kanunçykaryjylyk tehnikasy bilen we hususan-da kodifikasiýa usuly bilen baglanyşykly meselelere adatça has köp üns berilýärdi. Daşary ýurt hukukýetçi alymlary bu kanunçykaryjy ulgamlary düýpli üýtgetmekligi amala aşyrmaklygyň usulyýetiniň iki görnüşini görkezýärler. Bu ulgamlary olaryň ulanylýan hukuk ulgamyny, şeýle-de kanunçykaryjylyk tehnikasynyň belli bir mekdebine degişliligini göz öňüne tutmak bilen **fransuz we german**[70] ulgamy hökmünde kesgitläp bolar. Bu usulyýetler kodifikasiýa gatnaşýanlaryň öňünde durýan meseleleri ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän özara baglanyşykly tärleriň we usullaryň gutarnykly ulgamlarydyr.

Elbetde, şeýle kesgitleme örän şertlidir we Fransiýada hem-de Germaniýada geçirilýän kodifikasiýanyň zerur alamaty hökmünde garamak bolmaz. Bu usulyýetleriň ikisi hem (şol ýa-da başga görnüşde, şol we başga derejede) kodifikasiýa geçirýänler olaryň artykmaçlyklaryny, olaryň ähli gowy taraplaryny ulanyp biler ýaly, köplenç biri-birini doldurmak bilen, dünýäniň köp ýurtlarynda kodifikasiýa tejribesinde ulanylýar.

Bellenilip geçilen usulyýetleriň her biri kanunçykaryjylyk tehnikasyna degişli doktrinal mekdebiň düzüm bölegi bolup durýar we bu şol mekdepleriň kanundöredijilik mehanizmini öwrenmekligiň umumy ugruna laýyklykda döredilýär. Kodifikasiýanyň tärleriniň we usullarynyň işlenip taýýarlanylmagy hemişe hukuk we kanunçykaryjylyk tehnikasy pudagyndaky ylmy derňewleri umymy häsiýetine we tendensiýalary, şeýle-de, kanundöredijilik tejribesine we dürli hukuk ulgamlarynda döredilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň toplumynyň ulgamlaşdyrylmagy hemişe ýakyndan baglanyşykdadyr.

Kodifikasiýa geçirmekligiň fransuz we german usulyýetleriniň arasyndaky tapawut olaryň kodifikasiýa geçirmekligiň esasy maksatlarynyň birini gazanmak üçin dürli ýollary hödürlemeklerindedir. Kodifikasiýa geçirýänler öz işleriniň gidişinde ilkinji nobatda eýýäm bellenip geçilişi ýaly, görkezmeleriň niýetlenýän adamlary üçin olaryň aýdyňlylygy, düşnükliligi bilen sazlaşýan hukuk kadalaşdyrmaklygyň dolulygyny üpjün etmeklige we aň yetirmekleri üçin elýeterli etmeklige, hukuk kadalaşdyrmaklygyň ähli subýektleri üçin olary birmeňzeş düşündirmäge çemeleşýärler – bu kodeks tarapyndan amala aşyrylýan hukuk kadalaşdyrmaklygyň netijeliliginiň, hukuk kadalaşdyrmakda oňa talap bildirilmeginiň zerur şertidir. Ýöne bu maksat dürli hukuk ulgamlarynda dürlüçe ýetilýär, kodifikasiýa geçirýänleriň ileri tutulýan maksatlary dürlidir.

[70] Ser. mes. V. Lasserre –Kiesow. La technique legislative//Etude sur les codes civils francaisat allemande. Paris. 2000. sah.26.

Kodifikasiýanyň fransuz usulyýeti esasan fransuz hukukçylary tarapyndan işlenilip taýýarlandy (häzirki wagtda hem taýýarlanylýar) we fransuz kanunçykaryjylyk tehnikasynyň mekdebiniň aýratynlygyny aýdyň görkezýär. Bu usulyýet XIX asyryň başlarynda Fransiýada döwletiň we hukugyň taryhynda ilkinji gezek talabalaýyk ahlumumy kodifikasiýanyň dowamynda synag edildi. Şondan bäri bu usulyýet dünýäde, esasan hem Günbatar Ýewropa ýurtlarynda örän meşhurdyr. Ondan onuň çäklerinde ulanylýan tärleriň we usullaryň ulgamynyň işlenip taýýarlanmagy işjeň dowam edýär.[71]

Usulyýetiň ähli aýratynlyklaryny kesgitleýän bu usulyýetiň has aýdyň häsiýeti onuň kodeksde görkezmeleri beýan etmekligiň ýeňilleşdirilen görnüşini şertlendirýän ahyrky pragmatizmi, kodifikasiýa geçirýänleriň işjeňligidir. Tejribelik ähmiýete, maksimal köpçülik üçin kodifikasiýanyň netijeleriniň hakyky ulanyp bilmek mümkinçiligine bolan isleg fransuz kanunçylary tarapyndan işlenilen we ulanylýan kanunçylygy ulgamlaşdyrmaklygyň tehnikasynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Fransuz kanunçylyk mekdebiniň nukdaýnazaryny goldaýan kodifikasiýa geçirijileriň esasy meýli döredilýän kodeksleriň ýeke-täk bolmasa-da, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli-bir ugruny düzgünleşdirýän agdyklyk edýän kanun çeşmesiniň bolmagyny gazanmakdyr. Kodeksler hukugyň beýleki formalaryny gysyp çykarmaly, olaryň ornuny bütinleý ýa-da iň bolmanda sosial prosesleriň aglaba bölegini kadalaşdyrmakda çalyşmaly. Muny gazanmaklygyň iň gowy ýoly şol nukdaýnazary goldaýan hukukçylaryň pikirine görä – hukuk görkezmeleriniň niýetlenen adamlarynyň özbaşdak, hiç kimiň kömegi bolmazdan özleriniň hukuk ähmiýetli alyp barmaklygyny kodeksiň düzgünlerine esaslanyp we kanuny, ylmy we professional düşündirilmegine mätäç bolmazdan modelirlemekleri üçin hukuk görkezmeleriň beýan edilmeginiň dolulygyny diňe kodeksde we diňe şonda üpjün etmeli.

Fransuz usulyýeti boýunça amala aşyrylýan kodifikasiýanyň şeýle pragratizmi, ilkinji nobatda kanunçylyk gatnaşyklarynyň ähli subýektlerini (ýörite kanuny taýýarlygy bolmadyklary hem öz içine almak bilen) kodeksiň düzgünleriniň umumy aýdyňlygyny, kodeksiň üsti bilen bolsa ýazylan kanunçylykda beýan edilen ähli görkezmeleriň aýdyňlylygyny üpjün etmekligiň meýlinde beýan edilýär. Şeýle usulyýet boýunça düzülen kodeksiň maddalary ýörite hukuk bilimi bolmadyk adamlaryň giň köpçüligine düşnükli bolar ýaly kesgitlenilýär. Bu düzgünler hiç-kimiň kömegi bolmazdan hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýektleri tarapyndan doly we takyk özleşdirilmeli we kanunçylyk görkezmeler bilen olaryň niýetlenilen adamlarynyň arasynda hiç kim durmaly däldir. Şeýle ýagdaýda kodeksiň maddalarynda beýan edilen hukuk kadalara hemme adamlar birmeňzeş düşünmelidirler.

Şu usulyýete laýyklykda döredilýän kodekslerde esasy üns kanunçylyk namanyň takyk ýazgylarynyň beýan edilişine gönükdirilendir, olar jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýarlar, özüňi alyp barmaklygyň berk kesgitli nusgasyny suratlandyrýar we olar mümkin bolan takyklyk we aýdyňlyk bilen beýan edilýär. Fransuz kodifikasiýa usulyýeti, kodeksiň kadalaşdyryjy hukuk görkezmelerini amala aşyrmaklygyň gidişinde olary düşündirmekligiň diňe iki ýoly ulanylmaly - *lingwistik* usul bolup, kanunçylyk namanyň maddalaryny diňe namanyň düzülen diliniň esasynda kadalaryň manysyny kesgitlemegi göz öňünde tutýan we *logiki* usul, bu usul görkezmeleriň manysyny olaryň arabaglanyşygyndan kesgitlemek üçin elementar logikanyň tärlerini esaslanandyr. Düşündirmekligiň şeýle usulyýetleri iň amatlysy we peýdalysydyr, sebäbi hemme dil bilýän we ýörite hukuk bilimi talap etmeýän şahsyýetleriň ählisi üçin elýeterlidir. Ýöne beýleki bir tarapdan, bu usulyýetleriň ulanylmagy howp bilen hem baglydyr, çünki kadalaşdyryjy hukuk namanyň düzgünleri kesgitlenende, olaryň dürli düşündirilmegine mümkinçilik berýän nätakyklygyň bolmagy mümkin.

Köpmanyly düşündirilmegiň şeýle howpy dürli hili düşünilmeginiň mümkinçiligini ýoldan aýyrýan kodekslerde hukuk görkezmeleriň jikme-jik we aýdyň düşündirilmegi arkaly ýeňilip geçilýär. Fransuz usulyýetini ulanýan kodifikasiýa geçirýänleriň esasy maksatlarynyň biriniň öz

[71] Ser. mes., Р. Кабрияк. Кодификация. М., 2007;G. Cornu. Codification contemporaine: valeurs etlangage// L'art du droit en quete de sagesse. PUF. 1998.

zähmetiniň netijelerini ulanmaklygyny ýeňilleşdirmekligi üpjün etmeklik, özüňi alyp barmaklygy kesgitlemek üçin döredilýän kodeksi özbaşdak ulanýan adamlaryň aňryçäk giň köpçüligini üpjün etmeklikdir. Jemgiýetçilik gatnaşyklarynyň belli toparynyň kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň esasy bolmaly kodeks hemmeler üçin elýeterli bolmaly görkezmeleriň niýetlenen adamlary olary gönüden-göni ulanmaga, olarda jemlenen hukuk görkezmeleriň manysyny düşünmäge we olary daşyndan professional hukukçylaryň kömegi bolmazdan olaryň esasynda özlerini alyp barmaklygyny modelirlemäge mümkinçiligi bolmaly.

Şunuň bilen baglanyşykly, kanunçykaryjylyk tehnikasynyň fransuz mekdebi, kodeksler düzülende maksimal düşnükli we aňsat sözleri we söz düzümlerini ulanmaga çalyşýar. Gös-göni görkezmeler şeýle kodeksleriň esasy bolup durýar, we mümkin boldugyça takyk beýan edilýär. Şeýle usulyýetiň esasynda düzilen kodeksleri umumy düzgünleriň uly bolmadyk sany tapawutlandyrýar. Hukuk we beýleki ýörite (meselem, ykdysady we tehniki) adalgalaryň, hukuk shemalaryň we gurluşlaryň ulanylmagy hem-de şeýle usulyýet boýunça amala aşyrylýan kodifikasiýanyň dowamynda beýleki umumy düzgünler iň minimal derejä getirilýär. Şu usulyýet boýunça düzülýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hukuk kadalaşdyrmaklygynyň ulgamlaýyn toplumlaryndaky hukuk kadalaşdyrmaklygyň pudak ýörelgelerinde hem köpsanly däldir we diýseň ýönekeýdir. Ýörite hukuk adalgalar seýrek ulanylýar we adaty sözlere gaty ýakyndyr, şeýle-de, olar düşnükli kesgitlemeler bilen üpjün edilendir (olar mundan beýläk hem namalaryň tekstinde gaýtalanyp bilner). Bu ýerde ýörite adalgalaryň ulanylmagy kodeksiň özünde şeýle kesgitlemäniň bolmak şerti bilen mümkindir, bu bolsa, şol adalga we hukuk kadalaşdyrmasynyň görkezmeleriniň arasynda ýaky many gatnaşygyny üpjün edýär.

Şeýle kodekslerde esasy üns hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň özüni alyp barşyna täsir edýän görkezmelerine üns berilýän, bu usulyýet boýunça işleýän kodifikasiýa geçirýänler umumy görkezmeleri mümkin boldugyça azaltmak isleýärler. Bu ýerde bar bolan umumy görkezmelere hem anyk häsiýet berilýär. Mysal üçin, şeýle usulyýet boýunça döredilen kodekslerde hut özi tarapyndan kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklara degişli hukuk kadalaşdyrmaklygyň umumy ýörelgelerini görkezmek örän kyn bolýar. Umumy düzgünler şeýle görkezmeleriň başlangyjyny kesgitleýän esaslary ýaly däl-de, olaryň üstüni doldurýan we göni görkezmeleri düşündirýänler hökmünde çykyş edýärler. Hukuk kadalaşdyrmanyň subýektleri kodeksiň tekstinden doly görkezmeleri alýarlar we olara goşmaça düşündirişler gerek bolmaýar.

Bu takyklyk we jikme-jiklik hukuk görkezmeleriniň hemmetaraplaýyn düşnüklilligini we aýdyňlylygyny üpjün etmekligi we şol görkezmeleriň birmeňzeş we dogry düşündirilmegini özüne maksat edinýär (bu aýratyn hem umumy düzgünleri ulanmaklygyň çäklendirilen ýagdaýynda has wajypdyr). Hukuk kadalarynyň elementleri näçe giň beýan edilse, şonça-da olary düşünmekde we aýdyňlaşdyrmakda şubhelenmeler az bolýar. Şol bir wagtyň özünde-de, görkezmeleriň beýan edilmeginiň jikme-jikligi fransuz usulyýeti boýunça döredilýänlerde bellenip geçilişi ýaly olary beýan etmek üçin ulanylýan söz düzümleriň, ýörite hukuk adalgalaryň we kanuny gurluşlaryň ýönekeýligi bilen ajaýyp sazlaşýar we ol hem seýreklikdir, ýöne olar hem ulanylýan ýagdaýlarda ýönekeý we düşnükli dilde beýan edilýär.

Fransuz kanunçykaryjylyk mekdebiniň kanundöredijiligiň we kodifikasiýa prosesleriniň esasy aýratynlygy kadalaşdyrylýan hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň her biriniň düşünmegi üçin kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň görkezmeleriniň elýeter bolmagyny üpjün etmek meýlidir. Bu subýektleriň arasyndaky deňhukuklylygyň netijesi we meýlididir, (bu bolsa, kanunda berkidilen ygtyýarlyklaryň deň elýeterliligine we ulanmaga bolan mümkinçiligiň deňligini göz öňünde tutýar) we kanunçylygyň bütewi ulgamyny döretmekligiň üsti bilen hukuk kadalaşdyrmaklygyň bütewiligini, berkligini we ulgamlylygyny üpjün etmäge bolan islegiň we halkyň arasynda kanuna bolan sylag-hormaty artdyrmak niýetiniň, şeýle-de hukuk aňynyň we hukuk medeniýetiniň has ýokary derejesine ýetmek isleginiň we başga-da birnäçe maksatlaryň netijesidir.

Adamalaryň giň köpçüliginiň aň ýetirmekligi üçin beýan edilen görkezmeleriň düşnükliligi we elýeterliligi kanunçylygyň islendik namasynyň kadalaşdyryjy netijeliliginiň iň wajyp şertidir. Emma kodeksleriň kadalaşdyryjy hukuk toplumyny ulgamlaşdyrýan bu häsiýetiň

uly ähmiýeti bardyr we şonuň üçin Fransuz hukukçylary adatça bu talaba uly ahmiýet berýärler. Kodeksiň düşnükliligi diňe onuň adamlaryň özüni alyp barmaklary üçin diňe özüne däl, eýsem, hereket edýän tutuş kanunçylygy giňden ulanylmagyna mumkinçilik berýär, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamyna şahsyýetleriň we adam toparlarynyň hukuk özlerini alyp barşyny kesgitleýän esasy (ýöne ýeke-täk däl) faktorydyr. Fransuz usulyýeti boýunça işleýän kodifikatorlar esasy maksady hut maksimal düşnükliligi gazanmakdyr. Kodeksler tarapyndan amala aşyrylýan hukuk düzgünleşdirmekligiň jikme-jikligi we gyzyklanyjylygy, başga kadalaşdyryjy hukuk namalaryny dogry özleşdirmäge we hakyky düşindirmäge mümkünçilik berýär (iň bolmanda, kanunçylygyň şol bir pudagyna degişli bolan meňzeş kadalary beýan edýänler), sebäbi, eýýäm bellenilişi ýaly, kodifikasiýanyň netijeleri, iş ýüzünde, jemgiýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir ugrunda kanunçylyk kadalaşdyrma üçin esasydyrlar. Fransuz hukukçylary kodifikasiýany jemgiýetçilik gatnaşyklarynyň kanunçylygy ähli, hat-da göwrümi boýunça ähmiýeti bolmadyklara hem girip bilmek ykybyny kämilleşdirmekligiň serişdesi hökmünde ulanýarlar. Subýektleriň giň köpçüligi üçin kodeksleriň kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň manysynyň düşnükliligi we elýeterligi - ähli adamlar üçin özlerini alyp baryşlaryny kesgitlemek üçin kanunçylygyň tejribe ähmiýetini üpjün etmekligiň, kabul etmekligiň we iş ýüzünde ulanmaklygyň guralygyr.

Şeýle-de bolsa, fransuz hukukçylarynyň özleri hem köplenç kadalaşdyryjy hukuk namalarda beýan edilen hukuk kadalarynyň manylaryna hemme adamlar tarapyndan doly düşünmekligiň (şeýle-de, kodifisirlenen namalarda-da) mümkin däldigini, umumy kodeksi döretmekligiň utopiýadygyny, ýagny gury hyýaldygyny belleýärler. “Fransuz däp-dessurlary onda bir tarapdan, adamalar üçin az elýeterli bolan kodeksleri döretmeklige bolan yzygiderli meýil, beýleki bir tarapdan bolsa şeýle meýil soňuna çenli amala aşyrylmaýar – ahyrky netije bolsa ilkibaşdaky meýillerden daşda bolýar”.[72] Olaryň pikirine görä, adalgalardaky kesgitsizlik, kazuallyga bolan meýil, görkezmeleriň bulaşyklygy, yzygider täzelenmeklige bolan zeryrlyk şeýle kodekslere mahsusdyr. Döredilen kodeksiň umumy elýeterliligine bolan meýil onuň delillendirilmedik logiki kynlaşdyrylmagyna, göwrüminiň giňelmegine, gurluşynyň çylşyrymlylygyna we netijede, görkezmelerdäki namalaryň manysyna adamlaryň köpüsi tarapyndan düşünip we aň ýetirip bolmazlygyna getirýär. „Häzirki zaman dünýäde gözegçilik edilýän hukugyň gürrüňsiz çylşyrymlaşmagy gutulgysyz reaksiýa hökmünde ilat üçin düşnükli kodeksleriň düzmekligine bolan islegi güýçlendirmän bilenok, ýogsam, kanunyň öňünde raýatlaryň deňlik ýörelgesine howp salynýar, ýöne, beýleki bir tarapdan bolsa, hukuk näçe çylşyrymly boldugyça, ony talabalaýyk beýan etmek boýunça meseläni amala aşyrmak hem kynrak bolýar.[73]

Bir tarapdan, şeýle pesimistik ýagdaý bilen belli-bir derejede razylaşyp bolar. Hakykatdan hem, kadalaşdyrylýan gatnaşyklardan bihabar, olaryň esasy häsiýetleri barada hiç zat bilmeýän adamlardan hukuk görkezmelerininiň manysyna doly düşünmeklerini gazanmak mümkin däldir. Aňy, medeniýeti, bilimi, hünär kämilliginiň ugry we derejesi dürli bolan (käwagt bolsa şahsy bolan) adamlardan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň tekstiniň düşündirişleriniň dogrulygyna we birmeňzeşligine garaşyp bolmaz. Kanunçylykda tekstual görnüşde beýan tapan hukuk kadalarynyň manysyna takyk, dogry we doly düşünmek üçin jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylýan ugry barada belli-bir bilimleriň, iň bolmanda taýýarlygyň iň pes derejesiniň bolmagy zerurdyr. Hakykatdan-da, jemgiýetiň ähli agzalary tarapyndan özleşdirilmegi üçin elýeterli – umumyhalk kodeksleriniň çap edilmegi (ýagny XIX asyryň akyldarlarynyň we döwlet işgärleriniň hem-de sosialistik hukuk ulgamyny döredijileriniň arzuw eden zadynyň) – şeýle namany döretmegi isleýänleriň iş tejribesindäki şowsuzlyklarynyň tassyklaýan utopiýasydyr, ýagny gury hyýalydyr.

Ýöne, beýleki bir tarapdan, şol kodeks bilen kadalaşdyrylýan gatnaşyklara gönüden-göni gatnaşýan adamlara düşnükli bolan kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň toplumaýyn, ulgamlaýyn

[72] Ser. P. Кабрияк. Кодификация. M.2007. sah.337.
[73] Ser. şol ýerde. sah. 339.

kadalaşdyryjy hukuk namanyň döredilmegi mümkindir. Hawa, ähli adamlar üçin bu kanun düşnükli bolmaz, ýöne hukuk kadalarynda beýan edilen bähbitleri bar adamlar bu gatnaşyklara gatnaşmak üçin, kodifikasiýa geçirilýän has takyk, ulgamlaýyn we doly hukuk kadalaşdyrma üçin başlangyç bilim gerekdir. Olaryň hukuk gatnaşyklarynyň kodeks tarapyndan kadalaşdyrylýan esasy gatnaşyjylar, olaryň orny we jemgyýetçilik durmuşynyň formalarynda olaryň gatnaşmagy, jemgyýetçilik durmuşynyň degişli ugrunda bolup geçýän esasy prosesler, olaryň häsiýeti, formalary we esasy kanunylyklar barada garaýşy bar. Köpsanly kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namalar tarapyndan kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň gatnaşyjylary bu gatnaşyklaryň hukuk düzgünleşdirmekligiň başlangyçlary bilen tanyş bolmalydyrlar. Olara kodeksde beýan edilýän esasy hukuk düzgünleriniň manysyny düşündirip bilmeýän doly habarsyz adamlar hökmünde seretmek bolmaz. Ulgamlaşdyrylan görnüşinde şeýle görkezmeler bu subýektleriň belli-bir ýagdaýda özlerini alyp baryşlarynyň jemgyýetçilikli peýdaly wariantyny jemlenilen görnüşde beýan edýän we özüňi alyp barmaklygyň bu warianty subýektlere tanyşdyr. Ýörite hukuk bilimi bolmasa-da, olar bu ugurdaky hukuk kadalaşdyrma barada düşünjesi bar, olar ulgamlaşdyrylan we jemlenilen hukuk görkezmelerini takyk, dogry we doly özleşdirmäge ukyplydyrlar. Kodifikasiýanyň dowamynda fransuz usuly ulanylýan bolsa, onda esasan hem muňa üns berilmelidir.

Şeýlelikde, hakykatdan hem hukuk kadalaşdyrylmasy zerur bolan adamlaryň gönüden-göni we bökdençsiz ulanmaklary üçin elýeterli, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ähli gatnaşyjylarynyň onuň görkezmelerini dogry we takyk düşünmegi üçin kodeksi döretmeklik mümkindir. Elbetde, şeýle kodeks görkezmeleri kesgitlemekligiň jikme-jik işlenilmegini, berk içki ulgamlylygyny, gurulmagyny talap edýär, sebäbi görkezmeleriň niýetlenen adamlarynyň hünär kämillegine, olaryň ylmy ýa-da formal-kanuny düşündirilmegine bil baglap bolmaz. Ýöne kodeksiň umumy elýeterliligini gazanylmagyna (ýa-da fransuz hukukçylarynyň aýtmagyna görä, halk) gönükdirilen häsiýeti – kanunçykaryjylyk tehnikasynyň fransuz mekdebiniň kodifikatorlarynyň öňünde goýýan maksadydyr.

Fransuz kodifikasiýa usulyýetine mahsus bolan köp häsiýetleri görkezmek bolar, onda mümkin boldugyça subýektleriň giň köpçüligi üçin, onuň pragmatizmini, kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen özlerini alyp baryşlaryny bütinleý we özbaşdak tabyn etmek üçin kanunçylyk ulgamlaşdyrmaklygyň bu görnüşiniň netijeleriniň has uly tejribelik talabyna islegi ýüze çykýar.

Kodifikasiýanyň bu usulynyň özboluşlylygyny onuň özüne laýyklykda döredilýän kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namalar aýdyň görkezýär. Bellenilşi ýaly, kadalaşdyryjy hukuk maglumatynyň doly beýan edilşiniň örän ýokary derejesini häsiýetlendirýär. Öwrenilýän usul boýunça döredilen kodeksiň maddalary örän uludyr. Bu olarda beýan edilen kadalaşdyryjy hukuk kesgitlemeleriň görkezmeleri kesgitlemegiň has jikme-jikligi we dolulugy bilen tapawutlanýandygydyr.

Hukuk görkezmeleriň emele getirilmeginiň şeýle jikme-jikligini onuň ýönekeýligine we hemmelere elýeterli bolmagyna bolan isleg bilen bilelikde kodeksleriň gurluşynyň özboluşlylygyny şertlendirýär. Bu usulyýet boýunça döredilýän ulgamlaýyn kadalaşdyryjy hukuk namalarda müňlerçe madda bardyr. Adatça, bu maddalar öz göwrümi boýunça uly däldir – bu olaryň manylaryny özleşdirmek üçin peýdaly. Bu göwrüm, öz gezeginde, şeýle kodeksleriň gurluşynyň aýratynlygyny hem öňünden kesgitleýär. Fransuz kodifikatorlar adatça kodeksleriň institusion gurluşyny ulanýarlar, ýagny öz gurluşy boýunça, görkezmeleriň toparlara bölmek usuly boýunça, olaryň beýan edilmeginiň tertibi boýunça, olaryň usulyýeti boýunça düzülýän kanunçylygyň kodifisirlenýän namasy kadalary bütewi, ulgamlaýyn we toplumlaýyn beýan edilýän kodifikasiýa geçirilýän ugurda hukuk pudagyny (ýa-da hukuk kadalarynyň başga ulgamyny) beýan edýär we gaýtalaýar. Şeýle kodeks umumy we aýratyn böleklere bölünmeýär. Şeýle kadalaşdyryjy hukuk namalaryň düzüjileri (düzgün boýunça, bölümler we baplar) kodifisirlenýän hukuk ulgamyna kanunçylyk kadalarynyň esasy aýratyn toparlaryna (hukugyň pudaga degişli edaralary, institutlar, institutlara degişli edaralar) laýyk gelýär. Şeýle kodeksiň gurluş birlikleri bu topara girýän görkezmeleriň hukuk kadalaryny toplumlaýyn beýan etmek

üçin niýetlenendir, ýagny, olaryň tekstual beýan edilen wagty bu görkezmeleriň arasynda logiki arabaglanyşyk takyk görkezilmelidir. Umumy düzgünleri kesgitlenmeligi we formal berkidilmegi üçin aýratyn gurluş düzümi berilmeýär – olar gönüden-göni baba goşulýär (düzgün boýunça, başyna), ýagny diňe babyň düzgünlerine degişli diýen netijä gelip bolýar. Bu bolsa has uly derejede kadalaşdyryjy hukuk namanyň şeýle kadalaşdyryjy täsirini aýdyňlaşdyrýar, ýagny onuň täsirini abstraklaşdyrmaga müminçilik bermän, ony düzgünleşdirýän özüni alyp barmaklyga gabat getirýär, ondaky bar bolan görkezmeleri özbaşdak düşündirmäge mümkinçilik bermeýär. Hukugyň kodifisirlenen gurluşyna laýyk gelýän kodeksiň institusion gurluşy, oňa girýän hukugyň pudaga degişli edaralary, institutlar, institutlara degişli edaralar hukuk görkezmeleriň logiki arabaglanyşygynyň we ulgamlylygynyň has ýokary derejesine, kanuny görkezmelerine ählumumy we birmeňzeş aň ýetirmekligi üçin olaryň düşnükliligine we elýeterliligine ýardam berýär.

Hukuk görkezmeleriň beýan edilişiniň düşnükliligi we jikme-jikligi fransuz kodifikatorlaryna olaryň döredýän kodeksleriniň belli-bir jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylýan ugrunyň hukuk formasynyň ýeke-täkligine çalyşmagyna esas bolýar. Bu usulyýet boýunça döredilýän kodeksler jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bu toplumynyň kadalaşdyrylmagy üçin başga hukuk çeşmelerine zerurlyk bolmaz ýaly, hukuk täsiriniň talabyny doly kanagatlandyrýan şeýle kadalaşdyrma diňe döredilýän kodifisirlenýän nama bilen kanagatlanar ýaly döredilýär. Munuň bilen baglanyşykly, Fransiýada we beýleki döwletlerde döredilýän meňzeş kanunçykaryjylyk tehnikasyny ulanýan kanunçylygyň ulgamlaýyn toplumlaýyn namalara agdaklyk edýänlerdir, kodifisirlenen kanunlardan başga kanunlar (umuman, kadalaşdyryjy hukuk namalar) azdyr.

Şunuň bilen baglanşykly ýene-de belläp geçmeli zadymyz, fransuz kodifikasiýa usulyýeti diňe kanunlaryň däl, eýsem dürli hukuk güýji bolan kanunçylygyň toplumlaýyn kodifisirlenen namalaryň döredimegini göz öňünde tutýandygyny bellemek gerek. Bu bolsa kodifikasiýanyň netijesiniň kömegi bilen ähli tapgyrlarynda hukuk kadalaşdyrmaklygyň dolulygy we ulgamlylygy üçin zerurdyr, kodifikasiýanyň şeýle usuly hukuk kadalaşdyrmaklygyň ulgamlylygynyň we dolulygynyň sazlaşygyny üpjün etmeklige niýetlenendir. Mysal üçin, Fransiýada reglament, sirkulýar we birnäçe başgalar ýaly namalar bardyr. Olaryň ýerine ýetirýän wezipesi - dar we aýratyn jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamlaýýn, doly we toplumlaýyn, mysal üçin, sosio-tehniki häsiýetli hukuk kadalaşdyrmakdyr. Şeýle kadalaşdyryjy hukuk namalaryň döredilmegi kodifikasiýa görnüşinde geçirilýär, emma, düzgün bolşy ýaly, hereket edýän kanunçylykda bütewi we doly beýan edilmedik hukuk namada kompilirlenýär we berkidilýär, onda diňe fragmentar, bölekleýin berkidilen, olaryň esasy bölegi bolsa kodifikatorlar tarapyndan formal dälleri hem öz içine almak bilen başga çeşmelerden alynýar: ylmy-hukuk doktrinalar, korporatiw kadalaşdyryjy toplumlar we başgalar. Şeýle-de bolsa, şeýle namanyň döredilmek prosesi hut kodifikasiýa, onuň gidişinde bolsa kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriň täze, başlangyç kesgitleme däl, beýan etme we formal berkidilme däl-de, hukuk tejribesine belli kadalaryň kompilirlemegi we ulgamlaşdyrylmagydyr, hukuk kadalaşdyrmakda haýsy hem bolsa bir görnüşde ulanylýan – ýagny resmi däl çeşmelerde hem-de kadalaşdyryjy hukuk namalarda (köplenç kanunasty namalarda).

Hukuk kadalaşdyrmaklygyň çylşyrymlaşmagyna, iş ýüzünde hereket edýän hukuk kadalaryň sanynyň artmagyna getirýän hukuk gatnaşyklarynyň çalt depginler bilen yzygider öşmekligiň şertlerinde, jikme-jik we erkin düşündirilmeli däl umumy elýeterli kodeksleriň döredilmegi agyr mesele bolup durýar. “Hukuk näçe çylşyrymly boldugyça, kodeksi elýeterli beýan etmek meselesini durmuşa geçirmek şonça-da kyndyr”.[74] Häzirki zaman şertlerinde fransuz usulyýeti boýunça döredilýän kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namalar diňe bir göwrümi boýunça uly bolman, eýsem gurluşy boýunça hem çylşyrymly, şol çylşyrymlylyk sebäpli hem olaryň manysy ýitirilýär. Hukugyň yzygiderli çalt ösmekligiň we çylşyrymlaşmagyň şertlerinde ýönekeýlige we umumy düşnüklilige bolan meýil garaşylan netijelere ters bolan

[74] Ser. Р. Кабрияк. Кодификация. М.2007. sah.337.

netijelere getirip biler – kodeksler ýygy-ýygydan üýtgedilýär we durnuksyz bolýar, şol sebäpli, düşnüksiz we hakykat bilen az baglanyşykly bolýar. Bu meseläni fransuz usulyýeti boýunça döredilýän kodeksler üçin häsiýetli bolan kodifikatorlaryň ýörite hukuk bilimi ýok bolan adamlara düşnüksiz bolan ýörite hukuk (we diňe hukuk däl) adalgalary ulanmakdan gaça durmak isleginiň netijesi bolan gowşak kesgitlenilmegi bu meseläni has-da güýçlendirýär. "Hazirki zaman fransuz "hukugyň üznüksiz kodifikasiýasy" bu ugra doly laýyk gelýär: olaryň döredijileri kodifikasiýanyň esasy meseleleriniň biri hem raýatlaryň hukuga bolan elýeterliligini aňsatlaşdyrmak diýip ykrar edýärler, olar şu maksat bilen hem kadalaşdyryjy hukuk namalaryň sadalaşdyrylmagy we kämilleşdirilmegi üçin çykyş edýärler, emma adaty ýaşaýjylaryň düşinmegi üçin düýbünden elýeterli bolmadyk hukugyň tehniki çeşmeleri kodifikasiýanyň netijeleri bolýar".[75]

Ýokarky beýan edilenler bilen baglanyşykly, kodifikasiýanyň fransuz usulyýetini ulanmak bilen kanunçylygyň ulgamlaşdyrylmagy hemişe üstünlik gazanyp bilmez diýip güman etmek bolar. Şeyle-de, öwrenilýän usul boýunça edilen kodifikasiýa hukuk kadalarynyň beýleki toplumlary bilen deňeşdirilende has durnuklylygy boýunça tapawutlanýan hukuk pudagynda geçirilmegi (hat-da ösüşdäki otnositel durnuklylyk umumam kodifikasiýanyň netijeliligi üçin hökmanydyr) maksadalaýyk diýlip güman edilýär. Mundan başga-da, şu usulyýeti ulanyp geçirilen kodifikasiýanyň has netijeli bolmaklygynyň şerti bolup kodifikasiýa edilmeli kadalaryň kiçiräk göwrüminiň bolmagy, öz içine şu kadalary alýan pudagyň mümkin boldugyça çylşyrymly bolmazlygy, onuň birtüýslüligi, ýönekeýligi, many birmeňzeşligi bolup durýandyr. Kodifikasiýanyň fransuz usulyýeti aýratyn hukuk institutlaryň kadalaşdyryjy hukuk görkezmelerini özünde birleşdirýän, şeýle-de ýöriteleşdirilen hem-de hukuk pudaklarynyň kadalarynyň az mukdaryny özünde jemleýän, hukuk kadalaşdyrmaklygyň obýektleriniň arasynda aýratyn orunda duran özboluşly jemgiýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk pudaklarynyň hukuk kadalarynyň uly bolmadyk mukdaryny öz içine alýan kodeksleriň döredilmegi üçin netijeli bolup biler. Global ylmy esaslandyrmany talap edýän göwrümi boýunça uly hukuk pudaklaryň formal esasy bolan kodeksleriň döredilmegi üçin bu usulyýeti ulanmaklyk mümkindir, ýöne şeýle kodifikasiýa zähmeti köp talap edýär, hukuk gatnaşyklaryň subýektleriniň giň köpçüligi üçin onuň doly we netijeli ulanylmagy diýseň şübheli bolar. Şeýle kodeks eýýäm „üznüksiz kodifikasiýa" diýlip agzalyp geçilen prosesde bar bolan düzgünleriň takyklanmagyny we has-da anyklaşdyrylmagyny maksat edinýän yzygiderli üýtgetmelere hemişe mätäç bolar. Mundan başga-da, şeýle kodeks bilen amala aşyrylýan hukuk kadalaşdyrmaklygyň uly meselesi onda hukuk kadalarynyň aýratyn toplumy (hukuk pudagy ýa-da kadalaryň başga bir toplumy) tarapyndan amala aşyrylýan we şeýle kadalaşdyrmaklygyň esasy maksatlaryny beýan edýän doktrinal düzgünleriň doly we ulgamlaýyn formal-kadalaýyn beýanynyň mümkin bolmazlygy bolup durýandyr. Pudak üçin esasy bolan kadalaşdyryjy hukuk namada doly göwrümde bolmadyk ulgamlaýyn we toplumlaýyn beýan edilen we berkidilen, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli bir ýaýrawyna hukuk täsir etmekligiň bütewiligini üpjün edýän kanunçylygyň konseptual bazasy öz wezipesini doly göwrümde ýerine ýetirmäge mümkinçiligi ýokdur. Hususan-da, hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri şeýle kodekse esaslanyp, onuň düzgünleriniň ylmy düşündirilişini berip bilenok, bu bolsa giňişleýin düşündirilmeli ýagdaýlarda aýratyn ýaramazdyr. Mundan başga-da, kodeks tarapyndan amala aşyrylýan hukuk täsir etmekligiň kodeksde beýan edilen ylmy başlangyçlaryň ýeterlik däl aýdyňlygy, dolulygy, we ulgamlylygy hukuk meňzetmäni ulanmaga mümkinçilik bermeýär – bu bolsa hukugyň çalt depginler bilen öşmekligiň netijesinde ýüze çykýan kanunçylykdaky kemçilikleri ýeňip geçmek üçin zerur bolýar.

Aýdylan zatlar fransuz hukukçylary tarapyndan işlenilip taýýarlanylan kodifikasiýany geçirmekligiň usulyýetiniň güýçli we gowşak ýerleriniň, položitel (kanagatlanarly) we otrisatel (inkär ediji) taraplary bar diýen netije gelmek bolýar. Sowet döwründe bu usulyýetiň uly bolmadyk we ylmy taýdan gowşak işlenilen hukuk kadalarynyň toplumlarynyň kodifikasiýasy

[75] Şol ýerde. Sah. 339.

üçin ulanylandygyny bellemek gerek – mysal üçin, maşgala (Nika we maşgala kanunlaryň Kodeksleri) we zähmet (Zähmet hakyndaky kanunlaryň Kodeksleri) gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kodeksler döredilende, şeýle-de örän ýöriteleşdirilen hukuk institutlaryny ulgamlaşdyrýanlar (Suw kodeksi, Tokaý kodeksi we başgalar).

Ýokarda öwrenilen fransuz usulyýetinden has tapawutlanýan kodifikasiýa işlerini geçirmekligiň ikinji usulyýeti nemes hukukçylary tarapyndan işlenilip düzilen kanunçykaryjylyk tehnikasynyň ulgamyna girýär, şertleýin ony german usulyýeti diýip atlandyryp bolar. Ol esasan Merkezi we Gündogar Ýewropa döwletleriniň hukuk ulgamlarynda meşhurdyr.

Kodifikasiýanyň usulyýetini işläp düzýän we ony tejribede ulanýan nemes hukukçylary jemgyýetiň ahli agzalarynyň dogry we doly düşünmekleri üçin elýeterli görnüşde kanunçylyk namalarynda dogry we doly beýan edip bolmajakdygyndan ugur alýarlar.[76] Olar kanundöredijiligiň dowamynda kanunyň tekstini (aýratyn-da kodifisirlenýän teksti) anglo-sakson hukuk ulgamynyň mysalynda anyk ýagdaýlar boýunça olaryň düşündirilişini hukuk goraýjy edaralara (ilki bilen kazyýetlere) bermek bilen, diňe umumy prinsipial düzgüneriň kesgitlemesi bilen çäklenmeli diýip pikir edýärler. Hukuk gatnaşyklaryň gatnaşyjylarynyň hukuklaryny we borçlaryny jikme-jik kesgitleýän hemmetaraplaýyn işlenilen kanunyň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň bütin çylşyrymly toplumyny kadalaşdyryp bolmajakdygy, positiwizmiň (kanunda dürli aýratyn ýagdaýlaryň jikme-jik kadalaşdyrylmagy[77]) kadalaşdyryjy-hukuk namalarynyň giňişleýin we erkin düşündirilmeginiň mümkin dälligi bilen utgaşyklylykda ulgamyna doly derejede gözegçilik edip bilmejekdigi baradaky pikirler orta atylýar. Ýene-de kanundörediji edaralaryň işleriniň köplüligine, ulgamsyzlylygyna, kazuallylygyna we hukuk kadalaşdyrylmagynyň zyýan çekijiligine getirýän diýen pikir bar.

Jemgiýetiň dürlüligini, onuň agzalarynyň hukuk aň ýetirmekliginiň dürli derejesini, olaryň hukuk medeniýetiniň, hukuk bilimleriniň göz öňünde tutup, kanunçykaryjylyk tehnikasynyň nemes mekdebini goldaýanlaryň köpüsi kanunçylygyň tekstual formasynda beýan edilen görkezmelerine mümkin boldugyça ýönekeýlik bermekligiň üsti bilen olaryň bütewi düşündirilmegini gazanmaklygyň mümkin däldigini pikir edýärdiler. Şeýle-de bolsa, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň wajyplygyny we elýeterliligine bolan islegi ykrar etmek bilen, olar kanun tarapyndan amala aşyrylýan hukuk kadalaşdyrmaklyk bilen onuň adatça gapma-garşy bolýandygyny belleýärler. Olaryň pikirine laýyklykda, şeýle gapma-garşylygyň ýok edilmegi, düşnüklilik däl-de takyklygyň haýryna ýerine ýetirmelidir.[78] Olaryň pikirine görä, kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň ähliumumy aň ýetirilmegi üçin elýeterliligi gazanmaklyga bolan meýil diňe bir geljegi bolman, eýsem zyýanlydyr, sebäbi kanunçylygyň gapma-garşylyk, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň içki logiki bütewiliginiň bolmazlygy, kanunçylygyň aýratyn elementleriniň arasynda many baglanyşygynyň bolmazlygy kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň çalt könelişmegi ýaly nogsanlyklara getirýär. Kanunçykaryjylyk tehnikasynyň german mekdebiniň tarapdarlarynyň pikirine laýyklykda, göräýmäge şeýle kemçilikleri düzetmek üçin niýetlenen kodifikasiýa olary diňe bir ýeňip geçmän, eýsem şol kemçilikleri güýçlendirýär.[79] Kanunçykaryjylyk tehnikasynyň fransuz mekdebine we onuň içine girýäň kodifikasiýa usulyýetine garşy çykaýanlaryň pikirine görä, kanunçylyk düzgünleriniň manysynyň hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylarynyň ählisi tarapyndan düşündirilmeginiň ähliumumy düşünilmegini we bütewiligini üpjün etmeklige bolan islegiň netijeleri kanunçykaryjy edaralaryň iş ýüküniň artyklygy, hat-da hukuga esaslanan institutlarynyň ýatyrylmagy we belli bir möçberde diktaturanyň dabaralanmagy bolup biler.

---

[76] Ser. mes. Dolle H.Von Stil der Rechtssprache. Tibigen. 1949.,Girrke O. Der Entwurf BGB ist das deutsche Recht. Berlin 1889., Kindermann H.Die Rechtlinien der Gesetzestechnik. Berlin.1978., Haney G.Grundlagen der Theorie des Sozialistisc we başgalar.

[77] Экштайн Карл. Законодательная техника. Регулировать детально или ограничиться общими принципами?//Вестние публичного права. № 2. Sah.5.

[78] Ser. Kindrmann H. Die Rechtlinien der Gesetzestechnik. Berlin.1978., sah. 25-26.

[79] Ser. Sol ýerde.

Şol sebäpli, german hukukçylary we kanunçykaryjylary tarapyndan hukuk kadalaşdyrmaklygyň dolulygyny düşnüklilik, hem-de kanunçylykda beýan edilen kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleri bilen utgaşdyrmaklygyň başga usulyýeti saýlanyp alyndy. Adaty german kanunçykaryjylyk tehnikasy munuň üçin kadalaşgyryjy hukuk namalarynyň we ilkinji nobatda hem kodifisirlenýän namalaryň doktrinallylygyň ýokary derejesini ulanýar. Kodifikatorlar görkezmeleri kesgitlemek üçin hukuk gatnaşyklaryň gatnaşyjylarynyň özlerini alyp barmaklygyň diňe bir gönüden-göni görkezmeleri bolup däl, eýsem başga kadalaşdyryjy hukuk namalary üçin kesgitleýji başlangyçlary hökmünde hyzmat etmäge niýetlenen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kodeksiň tekstinde has doly we dogry beýan etmekligiň serişdesi hökmünde uly üns berilýän ylmy esaslandyrylan umumy düzgünleriň (hukuk kadalaşdyrmaklygyň umumy ýörelgeleriniň, ýörite kanuny adalgalaryň, kanuny gurluşlaryň) uly möçberini ulanýarlar. German usulyýeti boýunça düzilen kodeks sosial durmuşyň dürli ulgamlarynda hukuk kadalaşdyrmany kesgitleýän ylmy-hukuk kadalaýyn beýany we formal berkidilmekligiň esasy formasy hökmünde çykyş edýär.

Bu ilki bilen, kanundöredilijigiň kodifikatorlar tarapyndan ulanylýan diliň kämilleşdirmekligiň ýokary derejesini öňünden kesgitleýär. Lingwistik düşündirmeklik üçin laýyk geýän ýönekeý adamlaryň giň köpçüligi üçin doly düşnükli etmek maksady bilen kodifisirlenýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň tekstini mümkin boldugyça sadalaşdyrmaklyga çalyşmaklygyň ýerine, german kanunçykaryjylary we kodifikatorlar adatça özleriniň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny (aýratyn hem kodekslerini) kodifisirlenýän hukuk kadalaşdyryş ulgamynda işleýän hukukçy hünärmenleriň çäklendirilen toparlary tarapyndan doly we dogry aň ýetirilmegini elýeterli etmekligini çalyşdylar. German usulyýetine laýyklykda döredilen kodeksler, esasanam, ýörite hukuk hünär ýa-da ylmy taýýarlygy bolan adamlar tarapyndan ýerine ýetirilýän professional düşündirilmegine niýetlenendir. Şonuň üçin kodeksiň ulanylmagy, öz alyp baryşlaryny dogry modelirlemäni başarmaýan ýönekeý adamlar bilen bilelikde şol prosese gatnaşýan hukugyň degişli ugrunda bilimi bolan hünärmeniň, hukukçynyň wajyplylygyny göz öňünde tutýar. Kodifikasiýa tehnikasyndaky şeýle esasy ýagdaý kanunçykaryjylyk tehnikasynyň german mekdebiniň düýbüni tutyjylar tarapyndan ynandyryjylykly goldanylýardy we hat-da resmi taýdan berkidilýärdi. XIX asyryň ahyrynda, German imperiýasynyň içeri işler ministirligi tarapyndan çap edilen kanunyň dili baradaky ýörite görkezmede şeýle diýilýär: “Häzirki zaman kodeksi tejribesi bolmadyk okyjy üçin özüniň ideýa mazmunyny bütin çuňlugy bilen açyp bolmajagy barada aýdylmanda-da, islendik gatnaşykda islendik adama düşnükli bolup bilmez”.[80] Resminamada berlen bu görkezme öňdebaryjy german hukukçylarynyň köpsanly aýdylanlary bilen gabat gelýär. Kanunçykaryjylyk tehnikasy boýunça belli nemes hünärmeni Otto Girke kodifisirlenýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň logikasyny, dilini we ýazylyş usulyny şeýle häsiýetlendirýär: “Ol hukukçylaryň abstrakt nemes dilidir, ol prototip däl-de, terjimedir, ol meşhur däldir, ol hiç zat bilmeýän adam üçin düýbünden düşnüksizdir, oňa güýç we düýplülik, aýdyňlyk, ynandyryjy dilewarlyk ýetmeýär, ol köplenç doktrinal, ownuk talapkär, bulaşyk, ondan başga-da lenç edilen, ýüzleý we birmeňzeşdir. Gynanç bilen heniz hiç bir kodekse edil şoňa ýaly halk kanunçylyk häsiýetiniň ýat däldigini bellemek gerek”.[81]

Şeýle garaýyşlar günbatar hukukçy alymlarynyň arasynda ýaýran “hukugyň ýazylyş usulynyň nazaryýeti” (“sungat üçin sungat” diýen nazaryýeti ýatladýan) bilen gabat gelýär, onuň postulatlaryna laýyklykda adamlaryň – kanunçykaryjylar hökmünde, şeýle hem şeýle görkezmeleriň subýektleriniň ösüşiniň pes derejesini kanunçylyk namalaryň maddalaryndaky hukuk görkezmeleriniň aýdyň formada beýan edilmegine mejbur edip biler. Bu baş ýörelge köp gezek kanundöredijilik we kodifikasiýa tejribesinde öz şöhlelenmesini tapdy. Mysal üçin, German Raýat kanunlarynyň ýygyndysy ýaly ähmiýeti boýunça (hukuk kadalaşdyrma, şeýle-de hukuk ylmy üçin) uly kodifisirlenen resminamany bilgeşleýn “...hemme raýatlara elýeter

---

[80] Alnan: Керимов Д. А. Законодательная техника. М. 2000. sah. 57-58.
[81] Girrke O. Der Entwurf BGB ist das deutsche Recht. Berlin 1889. sah. 28.

bolmadyk meşhur kodeksi, emma esasan hukukçylar üçin niýetlenen, arassa hukuk eseri işläp taýýarlamaga çalyşýardylar”.[82] German kanunçylygyň bu esasy namasynyň “juda abstraktlylygyny” we onda düşnüklilik, ýönekeýlik we aktuallyk ýaly häsitleriň bolmazlygyny bellemek bilen meşhur nemes kanunçykaryjy Gans Dole: “...käwagt kanunçykaryjy ondan boýun gaçyrdy we kodeksler ýönekeý adama däl-de, kaza niýetlenip döredilendir diýip pikir edýänleriň tarapyna geçdi; olaryň ähmiýeti bolsa diňe kaza düşnükli bolmak, ýönekeý adama bolsa onüň aýdyňlygy hökman däl diýen pikir meniň kelläme gelýär” – diýip belleýär.[83] Şeýle garaýyş mundan beýläk, mysal üçin, kodifikasiýanyň hut german usulyýetiniň tarapdary meşhur hukukçy K. Meýerson tarapyndan işläp düzülen hereket edýän Gollandiýanyň Raýat Kodeksi, şeýle-de Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde birnäçe beýleki kodeksler düzülende ulanylypdyr.[84]

German kodifikatorlaryň maksimal dolulyga we hemmetaraplaýynlylygyna, şeýle-de, şu hili namalar tarapyndan kadalaşdyrylýan hakyky hukuk häsiýete ýetmekligi has wajyp hasap etmek bilen, kodifisirlenýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň tekstleriniň düşnükliliginden ýüz döndürilenligi barada netije çykaryp bolar. Olar bu häsiýetleriň kodeksleriň manysynyň umumy elýeterliligi bilen gabat gelinmegini mümkin däl diýip hasapladylar. German kanunçykaryjylary tarapyndan kodeksiň düşnükliligi we umumy elýeterliligi kodeksde beýan edilen hukuk kadalary özbaşdak amala aşyrýan adamlaryň hünär kämilliliginiň we çäkliligiň netijesinde mümkin bolýan kadalaşdyryjy täsiriň gutarnykly häsiýetini we takyklygyny pida edýärler. Şeýle kodekslerde çylşyrymly ylmy esaslandyrmasy bar bolan köpsanly umumy düzgünler ulanylýar: ýörelgeler, ýörite kanuny düşünjeler, ýöne hukuk gurluşlaryň bolsa uly ähmiýeti bardyr. German usulyýeti boýunça döredilýän kodifirlenýän kadalaşdyryjy hukuk namalardaky umumy düzgünleriň esasy manysy bardyr, hut şolar kanuny görkezmeleriň bütewiligini, birmanylylygyny, ulgamlylygyny we logiki yzygiderliligini kesgitleýärler.

Ýokarda öwrenilen fransuz usulyýeti boýunça döredilen kodifirlenýän namalardan tapawutlylykda, german usulyýetine laýyklykda düzülen kodeksler olarda bar bolan görkezmeleri düşündirmekligiň usullaryny amala aşyrmakda ulanylmagyna niýetlenen. Şu kodeksler amala aşyrylanda, başga-da lingwistik we logiki (bu ýagdaýda örän uly ähmiýeti bolan) düşündirmeklikden başga-da, kanunçykaryjylaryň islegini beýan edýän tehniki-hukuk tärlerini we usullaryny göz öňünde tutýan hukuk ylmynyň we kanunçykaryjylyk tehnikasynyň ýörite hünär bilimlerine esaslanan düşündirmekligiň *formal-hukuk* usuly giňden ulanylýar. German usulyýetini ulanyp düzülen kodifisrlenýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hakyky manysyny dogry, anyk we doly düşünmek üçin ýörite hukuk adalgalaryny bilmeklik, şeýle-de şu hili kodeksleriň ýazarlary tarapyndan ulanylýan ylmy-hukuk baş ýörelgeler barada bilimler gerekdir. Şonuň üçin kanunçylygyň şeýle ulgamlaşdyrylýan namasy, düzgün bolşy ýaly, esasan ýörite hukuk taýýarlygy bar bolan professional hukukçylaryň (ýagny, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kodifikasiýa geçirilýän hukuk kadalaşdyrmaklygyň degişli ulgamynyň işinde ýöriteleşýänleriň) aň ýetirmekligi we ulanmaklygy üçin elýeterdir.

Umumy görkezmeleriň aýratyn ähmiýeti german usulyýeti boýunça döredilýän kodeksleriň gurlyşynyň aýratynlyklaryny öňünden kesgitleýär. Ýokarda seredilip geçilen kodifikasiýanyň fransuz usulyýeti boýunça döredilen kanunçylyk namalaryndan tapawutlylykda, nemes usuly boýunça döredilen kodeksler, düzgün bolşy ýaly, pandekt diýlip atlandyrylýan gurluşy bardyr. Olar iki bölege bölünýär: umumy we aýratyn. Umumy bölegi umumy düzgünleriň jemlenen beýany üçin hyzmat edýär, şeýlelikde, olar aýratyn bölekde jemlenen ähli göni görkezmeler bilen logiki arabaglanyşykly bolýarlar, olar hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýektleriniň aňynda haýsy hem bolsa aýratyn ýagdaý bilen baglanyşmaýar. Özüňi alyp barmaklygyň görkezilýän anyk nusgalary bilen logiki we ulgamlaýyn ýerleşdirmek üçin has köp bolan umumy düzgünler ýa-da, aýratyn bapda jemlenenler ulgamlaşdyrylýarlar we hukugyň aýratyn institutlaryny däl-de sosial durmuşyň belli bir ulgamynda hukuk kadalaşdyrmaklygy bütewi kesgitlemäge mümkinçilik alýarlar. Umumy görkezmeleriň ulgamlaşdyrmaklygyň we

[82] M. Pedamon. Le centenaire du BGB. Recueil Daloz-Sirey. 1997. sah. 107.
[83] Dolle H.Von Stil der Rechtssprache. Tubingen. 1949.
[84] Ser. Кабриак Р. Кодификации. M. 2007. sah. 340.

yzygiderli beýan edilmekligiň mümkinçiligi kodifisirlenýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň pandekt (ikibölümli) gurluşynyň ähmiýetli aýratynlygydyr. Şeýle gurluş umumy görkezmeleriň bütewiligini we olaryň arasyndaky ysnyşykly logiki baglanyşygy hem-de niýetlenýän adamlar tarapyndan umumy bölegiň görkezmeleriniň hukuk kadalaşdyrylyşy kesgitlemekde, umumy bölegiň görkezmeleriniň adresat tarapyndan aň ýetirmekligiň üpjün edilmeginde göni hukuk kadalaşdyrmaklygy kesgitlemekde olaryň uly netijeliligini üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Kodeksleriň pandekt gurluşynyň ulanylmagy öwrenilýän german usulyýeti boýunça işleýän kodifitorlara hukuk görkezmelerini beýan etmekde logiki ulgamlylygynyň ýokary derejesine ýetmäge, hukuk kadalasdyrmaklygyň umumy görkezmeleriniň çäklerinden çykman, şu görkezmeleriň giňişleýin düşündirmäge hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýektlerine üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Kodeksiň umumy böleginde beýan edilen görkezmeler diňe bir kodeksiň özi üçin däl, eýsem birmeňzeş gatnaşyklary kadalaşdyrýan başga-da kadalaşdyryjy hukuk namalaryň esasy başlangyçlary bolup çykyş edýär.

Şeýlelik-de, öwrenilýän german usulýetiniň esasynda kodeksiň döredilmegi, bu kodeksiň üstüni doldurýan we takyklaýan, many taýdan diýseň özbaşdak kanunçylyk namalaryň kodeksinden başgalaryň hem bolmagynyň mümkinçiligini hat-da zerurdygyny güman edýär. Hut şeýle kanunlar (we başga-da kadalaşdyryjy hukuk namalar) kodeksiň görkezmelerini has doly, şol bir wagtyň özünde hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň özüni alyp barşyny hökmany kesgitlemek üçin has takyk, doly kesgitlenilen edýärler. Şeýle şertlerde kodeks bell bir pudakda ýeke-täk ýa-da agdyklyk edýän däl-de, eýsem jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň degişli ugrunyň hukuk kadalaşdyrylmagyny ugrukdyryjy hukugyň esasy çeşmesi bolup çykyş edýär. Kodifikasiýanyň netijesi şeýle kadalaşdyrmaklygyň esasy, logiki, formal-hukuk we ylmy esasy bolup durýar. Hukuk kadalaşdyrmaklygyň kodeksleri tarapyndan amala aşyrylýan hukuk kadalaryny beýan etmekligiň beýleki görnüşleriniň maksatlaryny, manysyny we artykmaçlyklaryny kesgitlemek üçin kodeksde bar bolan umumy görkezmeleri ulanmak mümkinçiliginiň üsti bilen gazanylýar. Şeýle kodeksler jemgyýetçik gatnaşyklarynyň toplumyny doly gönüden-göni kanunçylyk kadalaşdyrylmagy üçin niýetlenen däldir, ýöne iş ýüzünde ol şeýle hukuk kadalaşdyrmasyny beýleki çeşmeleriň üsti bilen kesgitleýär.

German usulyýeti boýunça döredilýän kodeks belli bir hukuk pudagynyň hukuk görkezmelerini beýan etmeklikde monopoliýa dalaş etmeýär – hukugyň beýleki çeşmeleri onuň üstüni dolduryp bilýärler we hökmany ýagdaýda doldurmalydyrlar. Şeýle hem bu kodifikasiýanyň fransuz usulyýetiniň öňünde wajyp artykmaçlykdyr, sebäbi kanunçylyk namalar (şol sanda kodifisirlenýänler hem), hemme hukuk gatnaşyklaryny netijeli düzgünleşdirip bilmeýärler, olaryň käbirleri (ýöne roman-german hukuk maşgalasy şertlerinde olar azdyr) başgaça beýan edilmegini talap edýär. Mysal üçin: kanunçylyk tarapyndan getirilýän durnuklylygyny we berkligini göz öňünde tutulmaýan yzygiderli çalt üýtgeýän gatnaşyklar üçin köplenç halatlarda (elbetde hemişe däl) olaryň hukuk düzgünleşdirilmegi üçin, mysal üçin, hukuk adatlarynyň ulanylmagy has netijeli bolup çykýar. Muny dürlüligi bilen tapawutlandyrýan we şunuň bilen baglanyşykda olaryň dolulygy üçin ýitgisiz geçip bilmeýän, kodifikatorlaryň özüni ödemeýän uly tagallalarsyz, olar tarapyndan döredilýän kanunçylygyň gurluşynyň göwrümini artdyrman we çylşyrymlaşdyrman standartlaşdyrmak bolmaz. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň giňişleýin düşündirilmekligiň mümkinçiligini hasaba almazdan döredilen kadalaşdyryjy hukuk namalardan durýan kanunçylyk bu gatnaşyklara ýeterlik netijeli oňyn täsir edip bilmeýär, bu bolsa belli bir derejede onuň kadalaşdyryjy mümkinçiliklerini peseldýär. Şeyle-de bolsa, öwrenilyän usulyýet boýunça döredilýän kodeks kadalaşdyryjy hukuk namalaryň toplumynyň hukuk kadalaşdyryş predmetiniň umumylygy bilen baglanyşykly esas bolsa, onda ol (onuň bilen birlikde kanunçylyk namalarynyň umumy düzgünlerine esaslanan beýleki kanunçylyk namalar hem), iň bolmanda olaryň hukuk kadalaşdyrylmagynyň umumy ugurlaryny, maksatlaryny, ýörelgelerini kesgitlemek bilen şol gatnaşyklara täsir etmek mümkinçiligini döredýär.

Kodifikasiýanyň german nusgasynyň ýene bir aýratynlygyny bellemek gerekdir. Kodeksi doldurýan kanunlar hukuk kadalarynyň (hukuk pudaklary, hukuk instituty) kodifisirlenýän

ulgamyň hukuk kadalaşdyryşynyň predmetine girýän, emma uly aýratynlygy bilen tapawutlanýan gatnaşyklaryň toparyny kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýär. German usulyýeti boýunça döredilen kodeksleriň bolmagy kanunçylygyň ulgamlylygyny, onuň elementleriniň arasyndaky many baglanyşygyny saklap, hukuk pudagyny (ýa-da, seýrek ýagdaýlarda, ýöriteleşdirilen instituty) kesgitleýän ýöriteleşdirilen kanunlaryň umumy düzgünlerine logiki tabynlygy üpjün edip, hereket edýän kanunçylykda hukuk kadalaşdyrmaklygyň aýratynlyklaryny ýeterlik derejede doly, takyk we obýektiw görkezmäge mümkinçilik berýär. Bu ýerde hukuk kadalaşdyrmaklygyň aýratynlygy tutuş hukuk pudagynyň ulgamlylygyny, gurluş syratlylygyny bozmaýar, ol hukuk täsir etmekligiň toplum häsiýetini has-da aýdyň görkezýär.

Öwrenilýän german usulyýetine laýyklykda, döredilýän kodeksdäki umumy düzgünleriň aýratyn ähmiýeti bu usulyýetiň has maksadalaýyk öwrenilýän şertlerini öňünden kesgitleýär. Ilkinji nobatda, kodifikasiýa geçirilýän hukuk kadalaşdyrmaklygyň pudagynyň ylmy taýdan işlenip taýýarlanmagynyň ýokary derejesini, german nusgasyna laýyklykda döredilýän kodeksiň umumy bölüminiň düzgünlerine esaslanyp biljek hukuk doktrinal işläp taýýarlamalaryň we hukuk baş ýörelgeleriniň ýeterlik sanynyň bolmagy şeýle şertlere degişli edip bolar. Hukuk kadalaryň kodifisirlenýän toparynyň pudagyndaky konseptual netijeler we kararlar hukuk kadalaşdyrmaklygyň esasy pudak ýörelgelerini has doly, ulgamlaýyn, takyk we obýektiw kesgitlemäge, ýörite hukuk adalgalary döredip, olara takyk we doly kesgitleme bermäge, hukuk shemalaryny birmeňzeş, ulgamlaýyn we doly gurmaklyga, iň esasy zat hem, olara hukuk häsiýetini bermäge, durmuşyň belli pudagynda jemgyýet durmuşynyň we ösüşiniň hakyky bähbitlerine hukuk kadalaşdyrmaklygyň hakyky maksatlaryna doly we takyk laýyklygyny üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Bu ýerde jemgyýetçilik gatnaşyklaryň kodifisirlenýän pudagynda ylmy işläp taýýarlamaklygyň gadymy taryhynyň bolmagy, ylmy işläp taýýarlamaklygyň sanynyň köp bolmagy, kodeksiň umumy düzgünlerini kesgitlemegiň esasy hökmünde ulanmaklygy göz öňünde tutulan esasy ylmy netijeleriniň hakykylygy wagt bilen barlanylmagy, hukuk kadalaşdyrmaklygyň tejribesi, ylmy garşydaşlaryň tankydy, köpsanly pikirlenmegi we aň ýetirilmegi bilen (bu baş ýörelgäniň awtorlary we onuň taraplary, şeýle-de garşydaşlary tarapyndan durmuşa geçirilip bilner) tassyklanylmagy örän wajypdyr. Bu diňe bir kodeksiň umumy düzgünleriniň güýjüniň, eýsem, olaryň dolulygynyň, logiki baglanyşygynyň, obýektiwliliginiň we kodeksde (kodeksi ýerine ýetirmek üçin kabul edilen beýleki kadalaşdyryjy namalarynda) beýan edilen hukuk kadalarynyň tutuş ulgamyna bolan talabynyň, jemgyýet durmuşynyň belli-bir böleginiň bütin hukuk düzgünleşdirmegini netijeli kesgitlemek mümkinçiliginiň kepili we şertidir. Ýaramaz ýagdaýda, german usulyýeti boýunça işleýän kodeksi döredijiler umumy düzgünleri kesgitlänlerinde synanyşyklar we ýalňyşlar usulyýetinde işleýänleriň ýagdaýynda bolmak howpy bolýar. Döredilýän kodeksiň görkezmeleriniň ylmy esaslandyrmasynyň ygtybarsyzlygy, olaryň barlanmandygy, kanunçylyk giňişligiň hukuk däl häsiýetine (diňe bir kodeksiň özüniň däl) getirip biler, bu bolsa hukuk kadalaşdyrmaklygyň tutuş toplumy üçin zyýanly bolup biler. Hukuk ylmy we tejribesi tarapyndan barlanylmadyk konseptual-hukuk doktrinalaryň elementleriniň umumy düzgünleriň esasy hökmünde ulanmak ýokary derejede ygtybarsyz we howpludyr. Şonuň üçin german usulyýeti boýunça kodifikasiýa köp wagtyň dowamynda hukukçy-alymlaryň ünsüni çekýän hereket etmekligiň we öwrenmekligiň uzak taryhy bolan, hukuk kadalaryny beýan edýän kadalaşdyryjy hukuk namalary babatynda kodifikasiýa ýerine ýetirilende has netijeli bolup çykýar. Hukuk institutyň çäklerinde kodifikasiýa üçin bu usulyýeti asyl ulanyp bolmaz, sebäbi hukugyň aýratyn pudagy bolmadyk, hukuk kadalaşdyrmanyň aýratyn maksady bilen tapawutlanmaýan umumy düzgünleriň hukuk kadalar toparynyň çäklerinde dürs görkezmeklik, olaryň aýratyn ylmy esasyny düzmek mümkin däl. Edil şonuň ýaly, bu usulyýeti ýaňy döredilen we ýeterlik derejede ylmy taýdan işlenilip düzülmedik hukuk pudaklarynyň kodifikasiýasynda bu usulyýet ulanylmaly däldir, özem, kodifikasiýa geçirilýän döwletiň hukuk mekdebinde – daşary ýurt alymlarynyň işläp taýýarlamalary hemişe kömek berip bilmeýär, olaryň milli hukuk kadalaşdyrmanyň aýratynlygyny görkezýänliginiň hiç-hili kepili ýokdur.

Mysal üçin, Türkmenistanyň kodifikasion tejribesinde, Jenaýat we Raýat Kodeksleri döredilen wagty, asyrlar boýy aň ýetirilýän hukugyň iň gadymy pudaklarynyň kadalaryny beýan edýän kodifikasiýanyň german usulyýeti ulanyldy. Şol bir wagtyň özünde, mysal üçin, salgyt hukugynyň kodifikasiýasy geçirilende, german usulyýetini üstünlikli diýip kabul edip bolmaz, sebäbi döredilen kodeks durnuksyz bolup çykdy. Onuň kabul edilen 2005-nji ýyldan bäri oňa birnäçe onlarça (eger ýüzlerçe bolmasa) üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi, onuň ulanylmagy we düşündirilmegi bolsa yzygiderli tehniki häsiýetli uly meseleler bilen duş gelýär. Bu salgyt hukugynyň – diýeseň täze pudakdygy we hukuk ylmynyň jenaýat ýa-da raýat hukugy babatyndaky ýaly ugurlaryndaky ylmy işläp taýýarlamalar bilen öwrenip bilmeýänligi bolup geçýär.

Mundan başga-da, köpüsi çylşyrymly we birmeňzeş bolmadyk köpsanly hukuk kadalaryny özünde jemleýän göwrümi boýunça hukugyň uly pudaklarynyň kodifikasiýasy geçirilende öwrenilýän german usulyýetiň has laýykdygyny bellemek gerek. Elbetde, sany boýunça az we jemgyýetçilik gatnaşyklaryň aýratyn dar ugruny kadalaşdyrýan kadalary bolan uly bolmaly pudagy kodifikasiýa geçirmek üçin bu usulyýetiň saýlanyp alynmagy hem uly ýalňyş bolmaz. Ýöne, bu ýagdaýada, döredilýän nama diýseň çylşyrymly (gurluş we logiki jähtden) bolar, şunuň ýaly umumy görnüşde az sanly görkezmeleri kesgitlemegiň manysy ýok, bu ýagdaýda hukuk kadalaşdyrmaklygyň doly göwrümliligi we ulgamlylygy kodeksiň düzgünleriniň giňişleýin düşündirmek mümkinçiligi bolmazdan hem gazanyp bolar.

Ýokarda beýan edilen zatlaryň ählisi, öwrenilen usulyýetleriň her biriniň özüniň güýçli we gowşak taraplarynyň, artykmaçlyklarynyň we ýetmezçilikleriniň barlygy barada netijä gelmäge mümkinçilik berýär. Kodifikasiýa geçirilende dürli kanunçykaryjylyk mekdepleriniň wekilleri tarapyndan ulanylýan tärleriň we usullaryň düýp mazmunynyň, olar tarapyndan döredilýän kodeksleriň kadalaşdyryjy mümkinçilikleriniň aýratynlyklary, olar tarapyndan geçirilýän kodifikasiýalaryň tejribesini derňemek bilen häzirki döwrüň kodifikasiýa tejribesinde bu usulyýetleriň ikisiniň hem ulanyp bolýanlygy barada netijä gelmek bolýar, bu ýerde kodifikatorlaryň saýlap alan usulyýeti kodifisirlenen kanunçylyk giňişliginiň aýratynlygy we bu kanunçylykda beýan edilýän hukuk kadalar ulgamynyň aýratynlyklary bilen kesgitlenilip bilner.

Ýokarda berlen esasy kodifikasiýa usulyýetleriň häsiýetnamasyny jemlemek bilen öwrenilýän usulyýetleriň ikisiniň birini saýlap alynmagyny kesgitläp biljek birnäçe häsiýetnamalary – ýokarda edileninden has anyk, gysga we pragmatik kesgitlemek (elbetde, şertlendirmeler bilen) bolýar.

Şu aşakdaky şertlerde kodifikasiýa üçin fransuz usulyýeti has göwnejaý bolar:

- göwrümi boýunça kodifisirlenmeli kadalaşdyryş giňişligi uly däl, bu ýa uly bolmadyk hukugyň aýratyn pudagy ýa-da bu pudaga girýän beýlekilerden öňe saýlanýan hukuk instituty;
- kodifisirlenmeli kadalaşdyryjy hukuk namalar toplumynyň öz içki gurluşy boýunça ýönekeýligi;
- bu toplum ýaňy-ýakynda saýlanyldy we aýratyn boldy;
- kodeksde beýan edilmeli hukuk kadalar ulgamy entek düýpli we köptaraply ylmy taýdan aň ýetirilmedik, bu ugurdaky doktrinal netijeler uly bolmadyk taryhy bar, olar wagt bilen barlanylmadyk.

Kodifikasiýa geçirmekligiň german usulyýetini saýlap almaklygyň öňünden kesgitleýän şertler, göniden-göni garşydyr. Olara şu aşakdakylar degişli;

- kodifikasiýa göwrümi boýunça uly we gurluşy boýunça çylşyrymly hukugyň pudagy boýunça geçirilýär;
- kodifisirlenýän kanunçylyk namalaryň giňişligi birwagt saýlanyldy we aýratyn boldy, ösüşiň, ulanmaklygyň we aň ýetirmekligiň uzak taryhy bar;
- hukugyň kodifisirlenýän pudagynyň oňat akademiki ylmy esaslandyrmasy, onuň bilen baglanyşykly hukuk baş ýörelgeleri bar, olar oňat işlenilip taýýarlanylan, olaryň hakykylygy uzak aň ýetirmeklik, tankyt, şeýle-de jemgyýetçilik gatnaşyklaryň iş ýüzünde kadalaşdyrylmagy üçin ulanyş tejribeligi bilen tassyklanylýar.

## 9.7. Kodifikasiýanyň netijeleriniň aýratynlyklary. Kodifikasiýa bilen baglanyşykly esasy tehniki meseleler

Kanunçylygy kodifisirlemegiň netijelerini - kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namalaryny aýratyn seredip geçmeli. Olar kodifikasiýanyň düýp manysynyň we esasy wezipesiniň aýdyň beýanydyr we kanunçylygyň işinde uly ähmiýeti bardyr. Şunuň bilen baglanyşykda, şeýle kodifisirlenen namalaryň hukuk gatnaşyklaryň subýektleriniň özüni alyp barşyna täsir etmekligiň aýratyn häsiýeti bardyr, olar formasy boýunça özboluşly we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalardan üzül-kesil tapawutlanýarlar.

Kodifisirlenýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň aýratynlygy onuň hukuk kadalarynyň belli toplumy üçin ulgamdörediji häsiýeti bilen şertlendirilendir. Şeýle nama kanunçylygyň belli-bir gurluş düzümindäki hukuk kadasynyň ulgama degişli böleginde, pudaga degişli edarada, hukuk institutynda, kesgitleýji (kähalatlarda bolsa ýeke-täk) formasydyr. Kodifisirlenen nama diňe bir kanunçylygyň ulgamlaşdyrylýan giňişliginde bar bolan hukuk görkezmeleriniň bileleşmeginiň netijesi, jemlenilen beýany däldir. Kodifikasiýanyň netijesinde döredilýän kadalaşdyryjy hukuk nama, birinjiden, kodifisirlenýän kanunçylyk namalar toplumynyň logiki gurluşyny, içki manysyny, onuň komponentleriniň arasyndaky gatnaşygy görkezýär.

Ikinjiden, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, umumy düzgünleriň ulgamynyň üsti bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryň degişli ugrundaky hukuk kadalaşdyrmaklygyň esaslaryny jemlenilen görnüşinde kesgitlemäge, şeýle-de wajyp bolan, formal beýan etmäge we kadalaşdyryp berkitmäge mümkinçilik berýär. Kodifisirlenýän kanunçylyk namalarynyň hukuk kadalaşdyrmaklykdaky aýratyn ähmiýeti we formasy kodifikasiýanyň netijesiniň gönüden-göni kadalaşdyryjy hukuk görkezmelerinden başga-da, belli bir kadalaşdyryjy hukuk ulgamyndaky esasy nama hökmünde has umumy düzgünleri, beýanyny we kadalaşdyryjy berkidilmegini öz içine alýanlygy bilen şertlendirilýär, bu bolsa kodifikasiýanyň öz maksatlaryna doly ýetmäge mümkinçilik berýär. Hukuk kadalaşdyrmaklygyň şeýle fundamental esaslary, ýörelgeleri, usullary we başga umumy düzgünleri kodifikasiýanyň netijesinde döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň örän wajyp bölegini düzýär, olar bolsa bu namanyň kadalaşdyryjy hereket prosesinde, şeýle-de kanunçylygyň onuň bilen baglanyşykly elementleriň işinde we olaryň ösüşinde aýgytlaýjy ähmiýeti bardyr. Bu düzgünler kodifisirlenýän kadalaşdyryjy emele gelmeleriň ähli üçin (kadalaşdyryjy hukuk görkezmeleriniň ulgamlary – pudaklar, pudaga degişli edaralar, institutlar, institutlara degişli edaralar) hukuk kadalaşdyrmaklygyň ýörelgelerini, kanuny düşünjeleri we adalgalary, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň has wajyp gatnaşyjylarynyň hukuk derejesiniň esaslaryny, kanuny shemalary we gurluşlary bolup durýarlar. Olar jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň degişli ugrunda bütin hukuk kadalaşdyrmany kesgitleýärler.

Gynansakda, Türkmenistanda kodifikasion kanunyň formasynyň kadalaşdyryjy kesgitlemesi ýok. Nazaryýet nukdaýnazardan, kodifikasion nama adaty kadalaşdyryjy kanuny hem öz içine almak bilen islendik görnüşde çap edilip bilner. Emma, kodifikasiýa tejribesi kadalaşdyryjy hukuk giňişligiň kodifikasiýanyň netijelerini kadalaşdyryjy beýan edilmegi üçin ulanyp boljak birnäçe formalaryny görkezip bolar, myasl üçin, kanunçylygyň esaslary, kodeksler, tertipnamalar we başgalar. Kodifikasion namalaryň her görnüşiniň aýratynlygy onuň maksady, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň hukuk kadalaşdyryş ulgamynda onuň wezipeleri bilen kesgitlenilýär – ony kodifikasiýa geçirilende göz öňünde tutmak hökmandyr.

Kanunçylyk namalaryň maksadyna, olaryň kadalaşdyryjy wezipelerine bagly bolmadyk, kodifikasiýanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ähli formalary üçin häsiýetli bolan umumy alamatlary tapawutlandyrmak zerur.

Birinjiden, kodifikasion kadalaşdyryjy hukuk namalaryň düzüminde aýratyn umumy düzgünleri görkezmeli. Ýokarda görkezilişi ýaly, olar jemgyýetçilik gatnaşyklaryň gönüden-göni kadalaşdyryşy bolup çykyş etmeýärler, olar adamlaryň özüni alyp baryşlaryna belli-bir talaplary bildirmeýärler, olar başga kanunçylyk görkezmeleriniň beýleki ähmiýetini kesgitlemäge

niýetlenendir. Umumy düzgünleri adaty kanunlarynda hem gabat gelip bolýar (olarda şeýle düzgünler gurluş taýdan aýratyn görkezilen, şeýle-de, aýratyn bapda ýa-da bölümde berilmezden, olar hukuk kadalaşdyrmaklygyň görkezmeleriniň arasynda „ýitip gidýänleri“ hem bar). Şeýle-de bolsa, kodifikasiýanyň netijesi bolmadyk adaty kanunlaryň umumy düzgünleri, düzgün bolşy ýaly, diňe şol kanunyň düzgünlerine ýaýraýandyr, şeýle düzgünler başga kadalaşdyryjy hukuk namalar tarapyndan amala aşyrylýan hukuk kadalaşdyrmany kesgitläp bilmeýärler (iň bolmanda gönüden-göni). Kodifikasion namalaryň umumy düzgünleri jemgyýetçilik gatnaşyklaryň anyk ulgamyna edilýän hukuk täsiri kesgitlemek üçin niýetlenendir, olar hemmelere degişli we doly bolup, olaryň täsiriniň toplumlaýyn häsiýeti bardyr. Bu bolsa kodifikasion kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň formasynyň wajyp aýratynlygy bolan şeýle düzgünleriň kesgitlemekligiň we berkitmekligiň häsiýetinde we usulyýetinde beýan edilýär.

Ikinjiden, kodifikasiýanyň netijesinde ýerine ýetirilýän hukuk kadalaşdyrmanyň toplumlaýyn häsiýetiniň bardygyny bellemek zerurdyr we bu kodifikasion kadalaşdyryjy hukuk namalaryň formasyna anyk aýratynlygy berýar. Kodifikasion namalara mahsus we olaryň funksional maksadynyň beýany bolan toplumlaýyn häsiýeti, logiki gutarnyklylyk, many bütewiligi, kanunçylygyň bu düzümleriniň formasyna, olaryň gurluşyna täsir edýär. Başga kanunlardan tapawutlylykda, kodifikasiýanyň kadalaşdyryjy-hukuk netijelerini jemgyýetçilik gatnaşyklaryň belli-bir özbaşdak toplumyny kadalaşdyrmaga çalyşýarlar, şonuň üçin olar many taýdan bütewi we düzgün bolşy ýaly, olaryň awtorlarynyň ýeterlik hünär başarnygynda goşmaçalara mätäç däldirler (bu bolsa olaryň soňraky takyklanmasyny hukuk kadalaşdyrmanyň predmetiniň has jikme-jik we düýpli düzgünleşdirilmesini ret etmeýär). Kodeksiň ýa-da başga bir kodifikasion namanyň gurluşy kodifisirlenýän hukuk namalaryň umumy toplumyny olaryň predmetiniň birjik-de elementini (iň bolman-da iň umumysyny) düzgünleşdirmezden beýan edýär.

Kodifikasion kadalaşdyryjy hukuk namalaryň aýratyn formasy olara wezipesini ýerine ýetirmäge, jemgyýetçilik durmuşynyň belli-bir ugrunyň hukuk düzgünleşdirmesiniň ulgamdörediji başlangyjy bolup çykyş etmäge mümkinçilik berýär. Şeýle formasy bolmadyk başga kanunlar olaryň wezipesini ýerine ýetirip, olary çalşyp bilenok. Tejribe hukuk kadalaşdyrmany ulgamlaşdyrmak we tertipleşdirmek üçin, sosial gatnaşyklaryň we prosesleriň belli-bir toparyna bütewi hukuk täsir etmekligiň esasysyny (bazasyny) döretmek üçin edilen synanyşygyň şowsuz tamamlanýandygyny görkezdi. Adaty kanun kodifikasion namany netijeli çalşyryp bilmeýär, adaty kanundöredijilik kodifikasiýanyň wezipesini ýerine ýetirmäge ýagdaýy ýokdur.

Gynansak-da, häzirkizaman hukuk ylmynda kodifikasion namalaryň aýratynlygynyň meselesi gowşak işlenilip düzülen. Bu kanunçylyk ulgamynda kodifikasiýanyň kadalaşdyryjy netijeleriniň ornuny kesgitlemekligi, hem-de şeýle namalary döretmekligiň usulyýetini ylmy taýdan işläp taýýarlamaklyga we kadalaşdyryjy-hukuk berkidilmegine päsgel berýär, şeýle-de, hukuk ulanmaklygyň we kanunçylyk ulgamyny kämilleşdirmekligiň gidişinde belli-bir kynçylyklary döredýär.

Kodifikasion namalaryň derejesiniň, olaryň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen gatnaşygynyň, kanunçylyk ulgamynda ornunyň anyk bolmazlygy häzirki zaman kanundöredijiligiň uly meselesidir. Şeýle namalar bilen kadalaşdyrylýan meseleleriň, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň görnüşleriniň (örän seýrek ýagdaýlarda kodeksler hukuk kadalaryň belli-bir toparynda ýeke-täk formal çeşmesi bolmak bilen, sosial aragatnaşyklaryň belli toparlarynyň ähli gatnaşyklaryny kadalaşdyrýarlar) göwrümi kesgitlenilmedik. Kodifikasion namalaryň jemgyýetçilik gatnaşyklaryň haýsylaryny kadalaşdyrmaga “mynasypdygy“, kodeksleriň başarnyklarynyň çäkleriniň nirededigi anyk däl. Şeýle gatnaşyk – jemgyýetçilik durmuşynyň degişli bütin pudagyny kesgitleýän merkezi, esasy bolmalydygy düşnükli. Emma, bu mesele kadalaýyk ýeterlik anyk derejede kadalaşdyrylan däldir.

Netijede, häzirkizaman kodifikasiýa tejribesinde kanuna degişli kadalaşdyryjy hukuk namasynyň derejesi bar bolan kodifikasion kanunasty namalaryň döredilmek mümkinçiligi ýoldan aýrylanok. Emma, şeýle namalary hut kanun formada döredilmegi has göwnejaýdyr.

Kanunasty kodifikasion namanyň çap edilmegi islenilmeýär, sebäbi, şeýle nama, eýýäm bellenilip geçilişi ýaly, manysy we kadalaşdyryjy ähmiýeti boýunça hukugyň belli-bir pudagynda (pudaga degişli edarada, institutda) esasy bolup durýar. Hut kanun jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň belli-bir ulgamynda hukuk kadalaşdyrmaklygyň esasy bolmalydyr, belli-bir kanuna laýyklykda we ony ýerine ýetirmek üçin çykarylýan, sosial durmuşyň esasy, kesgitleýji meseleleriň kadalaşdyrylmagy üçin laýyk gelmeýär, munuň sebäbi bolsa olaryň diňe bir hukuk güýji däl, eýsem manysy boýunça hem ikinji derejeli bolmagydyr. Özüniň funksional, kadalaşdyryjy häsiýetleri bilen hut kanunlar kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kodifisirlenýän bolup bilýärler. Logiki we kadalaýyk kodifisirlenýän nama özbaşdak, beýleki namalaryň ýerine ýetirlmegi üçin niýetlenen bolmaly däldir. Kodeks diňe bir kadalaşdyryjy hukuk nama – Konstitusiýa laýyklykda, hukugyň belli pudagy üçin onuň düzgünlerini takyklap çap edilip bilner.

Mundan başga-da, beýleki kanunçylyk giňişliginiň arasynda kodifikasion namalaryň, tutýan ornunyň, olaryň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen gatnaşygynyň anyk dälligi uly mesele bolup durýar. Hukuk güýji boýunça kodeksler biziň ýurdumyzda adaty kanunlardyr (käwagtlar bolsa, eýýäm bellenip geçilişi ýaly, kanunasty namalardyr) we olar bilen deň güýji bolan beýleki namalardan artykmaçlyklary ýokdur. Täze döredilýän kanunçylygyň kodekslere bolan gapma-garşylygy diýseň islenilmeýän zatdyr, sebäbi, kodifikasiýanyň ähli netijeleriniň ähmiýeti ýitýär, kodifikasion nama öz berkligini, durnuklylygyny we takyklygyny ýitirýär. Pudagyň (pudaga degişli edaranyň, institutyň) umumy prinsipial düzgünleri sorag astyna alnyp bilner. Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, şeýle namalaryň jemgyýet durmuşynyň belli pudagynda kesgitleýän, bu babatda beýleki namalar üçin esasy bolmak bilen, hukuk kadalaşdyrmaklygyň prosesinde aýratyn orna eýedir. Onuň hukuk kadalaşdyrmaklygyň ulgamdörediji başlangyçlaryny özünde jemleýän umumy düzgünler, şeýle namanyň has durnuklylygynyň zerurdygyny onuň umumy tertipde şol bir gatnaşyklary kadalaşdyrýan we wagty boýunça olary kabul edýän adaty kanunlar tarapyndan üýtgedilmeginiň işlenilmeýändigini öňünde kesgitleýär. Bu kodifikasion namalaryň aýratyn derejesini kesgitlemek üçin örän wajypdyr.

Hut şonuň üçin häzirkizaman kanunçylykda hukuk güýji boýunça deň kanunlaryň (haçan-da täze kabul edilen nama öňki bar bolan we täze kanuna gapma-garşy bolan namany ýatyrýan ýagdaýynda) gapma-garşylygyny çözmekligiň adaty usulyndan daşlaşmak we kodeksiň artykmaçlygyny berkitmeklik meýilleri bar. Soňky wagtlarda, kodeksiň tekstinde onuň düzgünleriniň täze döredilýän kanunçylygyň namalaryna garşy çykan ýagdaýynda kodeksiň düzgünleriniň hereket edýänligi barada görkezmäniň barlygy tejribeligi ýeterlik derejede ýaýrandyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň hereket edýän Zähmet kodeksinde (2 bölüm, 2 Madda) zähmet hukugyny özünde jemleýän Türkmenistanyň kanunlarynyň we beýleki Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Zähmet kodeksine garşy gelmeli däldigi barada kesgitlenendir. Meňzeş düzgün Türkmenistanyň Salgyt kodeksiniň 1-nji bölüminiň 2-nji maddasynda hem bar, bu kodeksiň salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň şu kodeksiň esasynda kabul edilýändigini we onuň düzgünlerine gapma-garşy bolup bilmeýändigini, ýöne şeýle gapma-garşylygyň bolaýan ýagdaýynda bolsa Kodeksiň düzgünleriniň ulanylýandygyny kesgitleýär.[85]

Köplenç hukuk güýji boýunça kodifikasion nama artykmaçlygyna gytaklaýyn görkezme ulanylýar. Türkmenistanyň Jenaýat-ýerine ýetiriliş kodeksiniň 1-nji maddasynyň 1-nji bölümine laýyklykda, jenaýat-ýerine ýetiriş kanunçylygy Kodeksiň özünden we bu pudakda onuň esasynda kabul edilen kadalaşdyryjy-hukuk namalardan düzülen, ýagny, bu düzgün kanunyň (ýa-da başga namanyň) kodekse laýyklykda kabul edilmändigini, hukugyň degişli pudagynyň düzümine girmeýändigini we hukuk güýjüniň ýokdugyny düşündirip biler. Kodeks döredilende öz hukuk güýji bilen deň bolan beýleki namalaryň hukuk artykmaçlyklaryny görkezýän beýleki hukuk gurluşlar ulanyp bilner: „kanunçylyk şu Kodeksden we oňa laýyklykda kabul edilýän beýleki

---

[85] Şeýle-de seret. Türkmenistanyň Sanitar Kodeksiniň 2-nji maddasynyň 3-nji bölümine, Türkmenistanyň „Durmuş üpjünçiligi hakynda“ Kodeksiniň 2-nji maddasynyň 3-nji bölümine, Türkmenistanyň „Ýer hakynda“ Kodeksiniň 2-nji maddasynyň 3-nji bölümine.

kanunlardan ybaratdyr“, „beýleki kanunlarda bar bolan hukuk kadalary şu Kodekse laýyk gelmelidir“, „Kodeks bilen başga kanunlaryň arasynda gapma-garşylyk ýüze çykan ýagdaýynda, Kodeks ulanylýar“ we ş.m.. Şeýle özbaşdaklygyň formal mümkinçiligi, hukuk ulanylyjylygy jedelli sorag bolup galýar, sebäbi ne Türkmenistanyň Konstitusiýasy, ne „Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakyndaky“ Kanuny kanunlaryň görnüşleriniň biriniň çäginde köpbasgançaklygy ýola goýmaklyk mümkinçiligini göz öňünde tutmaýar, ýöne namanyň tekstiniň özünde artykmaçlygyň berkidilmeginiň bolup bilmejekdigini çak etmesine esas ýokdur. Şonuň üçin, ylmy jemgyýetlerde bu barada jedeller dowam edýär.[86] Emma kodifikasion namalara şeýle artykmaçlygy hakykatdan berilmekligi ýokarda görkezilen sebäpleriň güýjüne esasly we maksadalaýyk bolar diýlip çak edilýär.

Şeýlelikde, kodifikasion namalaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kanunçylyk kadalaşdyrmaklygyň mehanizmindäki aýratyn orny, olaryň aýratyn formasy we bu ähmiýetiň beýany hökmünde bu ähmiýet tarapyndan kesgitlenilýän kanunçylyk ulgamyndaky orny barada netije çykaryp bolar.

---

[86] Seret, mysal üçin. М.И.Брагинский. О месте гражданского права в системе «право публичное-право частное»// Проблемы современного гражданского права: Сб.статей.М., 2000.sah.73; И.Е.Фарбер, В.А.Ржевский. Вопросы теории советского конституционного права. Вып.1. Саратов, 1967. sah.70; Ю.Тихомиров. Курс административного права и процесса. М.,1998. sah.145-146; О.Е.Кутафин. Источник конституционного права Российской Федерации. М.: Юрист, 2002. sah.24; Российского законодательства: проблемы и перспективы/ Отв.ред. Л.А.Окуньков. М.:Бек, 1999. sah.80; С.В.Поленина. Взаимодействие системы права и системы законодательства в современной России// Государство и право. 1999. №9. sah.9; В.С.Якушев.Гражданское законодательство и законодательство субъектов Федерации.// Российский юридический журнал.2001.№1 sah.41we başgalar. Olaryň hemmesi kodeksiň düzgünleriniň artykmaçlyklary baradaky tezisden gelip çykýar. O.I.Krasowyň bolsa gapma-garşy nukdaýnazary bar, ol kodeksi adaty kanun diýip pikir edýär. (seret. Актуальные проблемы земельного и экологического права.(Материалы научно-практической конференции// Государство и право. 1995.№12. sah.136).Şeýle meňzeş pikiri V.V.Briskow hem aýdýar (О юридической силе кодифицированных федеральных законов. Журнал Российского права.2003.№8. sah.27) we başga alymlar.

# NETIJE

Kanunçykaryjylyk tehnikasynyň usulyýet toplumyny düzýän kanundöredijiligiň tärleri we usullary olary kesgitleýän berk kesgitlenilen funksional wezipeleri bardyr. Kanunçykaryjylyk tehnikasynyň wezipeleri hukuk institutynyň hereket etmekligini, onuň gurluşyny, şeýle-de bu instituta girýän esasy usullarynyň mazmunyny öňünden kesgitleýär. Hususan-da, şeýle wezipeleriň iň esasylarynyň, iň wajyplarynyň hataryna şu aşakdakylar girýär:

- kanunçykaryjylyk prosesine gatnaşyjylara jemgyýetçilik durmuşynyň we jemgyýetçilik ösüşiniň esasy bähbitlerini we kanunylyklaryny jemlenilen formada beýan edýän hukuk kadasynyň hakyky manysyny kadalaşdyryjy hukuk namalaryň maddalarynda berkitmek üçin takyk kesgitlemekleri üçin kömek etmeklik;
- kanunçylygyň hakyky hukuk häsiýetini,döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň mazmunynyň jemgyýet durmuşynyň we ösüşiniň esasy bähbitlerine doly laýyklygyny, hukuk däl faktorlaryň (kanunçykaryjylaryň şahsy meýilleri, jemgyýetçilik durmuşynyň we ösüşiniň umumy ugruna garşy bolýan kiçi sosial toparlaryň bähbitleri, syýasy gurluş, populistik meýiller we ş.m.) bu sosial kadalaşdyryjynyň emele gelmegine täsir etmeklik mümkinçiliginiň ýoldan aýrylmaklyk;
- hukuk kadalarynyň we diňe hukuk kadalarynyň döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynda takyk we doly görkezilmegine ýardam bermeklik;
- kanunçylykda beýan edilen görkezmeleriň hukuk kadalaşdyrmaklygyň subýektleriniň has giň köpçüligine düşnükli bolmagyny üpjün etmeklik;
- kanunçylyk namalarynyň dürli düşündirilmeginiň mümkinçiligini ýoldan aýyrmaklyk, ondaky görkezmeleriň manysyna ýeke-täk düşünilmegine ýardam bermeklik;
- fiziki we hukuk taraplaryň kanun ähmiýetli özüni alyp barmaklygyň has laýyk we amatly nusgasy hökmünde kadalaşdyryjy hukuk namalaryň durmuşa geçirilmegine ýardam bermeklik;
- hereket edýän kanunçylygyň dolulygyny, ulgamlylygyny we logiki bütewiligini gazanmaklyga ýardam bermeklik, kemçilikler we kadalaşdyryjy hukuk namalarda beýan edilen görkezmeleri gaýtalamak bilen göreşe hemaýat bermeklik;
- hereket edýän kanunçylygyň kämilleşdirilmegi: täzelemeklik, ulgamlaşdyrmaklyk, ýetmezçilikleri düzetmeklik üçin amatly şertleri döretmeklik;
- döredilýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryň mümkin boldugyça güýjünde galmagyna, olaryň hukuk häsiýetiniň saklanylmagyny we mümkin boldugyça uzak wagtyň dowamynda hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň özüni alyp barmaklaryna täsir etmeklige hakyky mümkinçiligi üpjün etmeklik.

Kanunçykaryjylyk tehnikasynyň ýokarda görkezilen wezipeleri usulyýet hökmünde kanundöredijiligiň ylmy taýdan işlenilip düzülen we esaslandyrylan tärlerini we usullaryny ulanmaklygyň maksatlary hökmünde seredilip bilner. Olar kanunçykaryjylaryň işlerinde kanunçykaryjylyk tehnikasynyň ähmiýeti bazada netije çykarmaga mümkinçilik berýär.

Kanundöredijilik usulyýeti bir ýerde duranok, onuň yzygiderli ösüşi hukugyň ösüşiniň beýanydyr, onuň tarapyndan amala aşyrylýan hukuk kadalaşdyrmaklygyň usullarydyr. Şonuň üçin diňe bir kanundöredijilik işi üçin däl, eýsem ýöne hukukçylary taýýarlamakda hem kanunçykaryjylyk tehnikasynyň ulgamlaýyn öwrenilmegi hökmandyr. Bu işde şu gollanmaýň kömek berip biljekdigine ynam edýäris.